*Berdi Kerbabaýew*

# SAÝLANAN ESERLER

# TÄSINJE OGLAN

«Boljak oglan bolşundan belli» diýlen nakyl, elbetde, tötänden däldi. Käbir çaga goýazy bolup, çagalykda-da köpüň ünsüni özüne çekip bilenok. Käbir çaga doga gaharjaň bolup, çagajykka-da urşup aýrylyşan ýaly, birsyhly gaşyny çytýar. Käbir çaganyň bolsa diňe bir hereketi ýa geplişi däl, hatda gözjagazlaryny güldürip garaşy-da töweregindäkileriň ünsüni özüne çekýär.

Bäşim şeýleje çagalar kabylyndandy. Ol örän oýunçydy, oýnamagy, degişmegi örän gowy görýärdi. Bäşim geplemegi kemally başarmaýan ýumruk ýalyjak çagajykka-da, eljagazyny galgadyp, gözjagazyny oýnadyp, töweregindäki çagalary içini gyjyklaýan ýaly jykyrdadardy, ejesini, kakasyny güldirdi. Ol heniz iki ýaşyna ýetmänkä, myssyjak elleri bilen çapak-çapak edip, gözjagazlaryny agdar-düňder oýnadardy-da, töweregindäkileri gyzylgyran ederdi.

Bäşim ýaňy nan-çörek diýmäge dili öwrülenden soň bolsa, özüniň sözüne gülüşýänlerini aňlap, wyjyr-wyjyr ederdi-de, dilini aýnydardy, özünden has ulurajyk oglanlary-da öz ýanynda ýüpsüzje daňardy.

Ol atasynyň göwnüni almak üçin, ejesine öýkünerdi, ýüzjagazyny torsardardy: «Git aňry!» diýip, eljagazyny silkerdi. Ol ejesini özünden razy etmek üçin bolsa, kakasynyň gözüne güýdüşip, ejesine herrelişine öýkünerdi:

— Heý sen gyrnak!.. — diýip, gözjagazyny alardardy.

Bäşim özüne käýelmejegini aňlan wagty öýüň törüne geçip, özi ýaly çagalar bilen çalamünder oýnardy, kä geýimini ýyrtdyrardy, kä birininňkini ýyrtardy, käte biriniň tenini sypjyrardy ýa özüniňkini sypjyrdardy. Şolaryň hemmesi oýun bolany üçin, käte iki-üç bolup üstüne münseler, käte mazalyja myncgasalar-da ynjamazdy.

Bäşim mazaly dil çykaryp, saýrap başlandan soň, çagajyklar hemişe onuň daşyna egrilişerdiler. Ol çagajyklary hemişe güldürip ýöreni bilen kanagatlanman, käte olary «döw» ýaly bir zady aýylganç suratlandyryp, gorkuzardy, käte käbirini agladardy.

Bäşim birgezek iki eliniň barmaklaryny biri-biriniň içinden geçirip, külbikgelerini, süýem hem başam barmaklaryny galdyryp, ýanyndaky oturan gözi möleje bir oglana sowal üstüne sowal berdi:

-Ýaýlym, herekmaýa münjekmi?

Düýä, eşege münmäge çagajyklaryň haýsy biri höwesjeň däl? Ýaýlym-da oňa ilgezik jogap gaýtardy:

— Münjek.

— Çopana çörek eltip berjekmi?

— Berjek.

— Öňüňden alaja-mulaja zat çyksa gorkjakmy?

— Gorkjak däl.

Birdenkä duýdansyz ýerden Bäşim oňa:

— Haw! haw! — edip, iki elini gezände, Ýaýlymjyk «Wä!» diýip, gygyranyny-da duýman galdy.

Bäşim Ýaýlymy gorkuzany üçin, çigit ýalyjak hem müýnürgemän, gaýta:

— Baý, oglan-a batyr eken-ow! — diýip, oňa gyjalat berdi. Bir az salym dymandan soň bolsa, uly adam ýaly gürrüň etdi.— Zyýany ýok. Bu gün gorkuzanym üçin, gorksaň — teniň bekär, öwrenişersiň. Ertir eýmenç bir zat öňüňden çyksa-da, özüňi ýitirmän, şoňa gerekli gaýtawul berersiň!

Ýöne oturandan her zat edenini gowy görýän Bäşim çendan çagalar bilen «kim dürtdi» oýnardy. Ol sag eliniň aýasyny gerip:

— Her haýsyňyz şunuň üstüne süýem barmagyňyzy goýuň! — diýip, talap etdi.

Onuň eliniň aýasynyň üstünde barmajyklaryny goýan çagalar örän eserdeň garaşýardylar: sähel bir zat syzsalar, barmajyklaryny çalasyn çekip aljakdylar.

Bäşim sanamaga durdy:

— Çilim çitir, gülüm getir. Çilim çitir, gülüm getir. Ýat obadan gelin getir. Ýat obadan... Ýaramezan, çitlewük!

Bäşim eliniň aýasyny çalasyn ýumanda, Tüňňi atly posalajyk oglanyň etlije barmagy eliniň aýasynda galdy. Oýnuň şertine görä, barmagy tutulan oglan eşekçi bolmalydy. Şonuň üçin Tüňňüjik başyny aşak salyp, ýeňsesini tüňňerdip oturdy. Onuň daşynda egelenip oturan çagalardan, biri onuň ýeňsesine dürtdi. Bäşim ondan sorady:

— Kim dürtdi?

Gözlerini giň açyp, töweregindäkilere göz gezdiren Tüňňi Bäşimiň ýylgyrýanyny saýgaryp:

— Sen dürtdüň! — diýdi.

— Ýok! Ýaňadandan egil.

Tüňňi eşekden çykýança, onuň ýeňsesini mazalyja gyzartdylar.

Bäşim müçesiniň kiçiligine garaman, basalaşardy, göreşerdi, güýjüniň öz göreşýäninden asgyndygyny syzsa, ýykyljak ýerine serederdi, güýjüniň sähel ökderäkdigini aňlaýsa, onuň ahmalyna garap, pylçap urardy-da, jykyrdap gülerdi.

Ýykylan oglan bir ýeri agyryp ýa ondan ynjap, aglarly bolsa, Bäşim derrew onuň daşyna geçerdi.

— Päheý, sen-ä oýna-da çydaňok.

Ol ýaňadandan onuň bilinden ýapyşyp, göreşmäge mejbur ederdi-de, göwnüni awlamak üçin, ýykylan bolardy.

Bäşimjigi özi ýaly çagalar örän oňat görerdiler. Ol olardan käbirini atanlykda ynjytsa ýa aglatsa, derrew onuň göwnüni tapmaga çalşardy.

Bäşim diňe ýekeje özi bolanda tukatdy. Şonuň üçin hem oglanlar onuň daşynda hemişe egeledi. Şonuň üçin hem ony örän oňat görýärdiler.

## PIONER ÖÝ HOJALYGYNDA

Ertiriň sap howasynda uzakdan şaňňyja bir ses ýaňlanýardy:

— E-e-eý-ý ho-o-o-ý!

Kiçijik bir nokat ýaly bolup, obadan uzakda bir oglanjyk aýak aldygyna ylgaýardy. Onuň özüne meňzeş çagalar oňa «Nazar» diýip at berýärdiler.

Nazaryň bütin agzasy dynuwsyz hereket edýärdi: elleri

guşuň ganaty ýaly galgaýardy, dabanlarynyň aşagy taýly gezek ýalpyldap görünýärdi, boýnundaky gyzyl ýaglygy egniniň üstaşyry pasyrdaýardy-da, şemal degen gülälek ýaly öwüşgin berýärdi.

Nazar düýesiniň yzyndan ylgaýardy.

Kiçijik hojaýynynyň höküm ediji sesini eşiden düýe gysgajyk ädimlerini saklap, egri boýnuny gaňryp, yzyna bakan seredýärdi. Onuň perwaýsyz garaşynda kinniwanja oglany äsgermezlik ýaly bir zat duýulsa-da, keýerýän gulaklary «Eý ho-oý» diýen sesden heder edýänini habar berýärdi. Şonuň üçin hem ol uly göwresini kiçeldip, etagat ediji bir ýagdaýda yzyna öwrülip durdy.

Nazar düýäň duşagyny çözüp, egri boýnuna iltedi. Ondan soň şol boýna oralan owsar bagyny çözüp, düýä ýalbarman, sala salman, yzyna bakan ädip ugrady. Dagyň bir bölegi ýaly mähnet düýäniň özüniň kellesi ýalyjak bir göwräniň yzyna eýerip gelmegi geň ýaly görünýärdi. Emma Nazarjyk ony duýman, özüni hakykatdan-da häkim saýýardy. Eger-de Nazar öz göwresi bilen düýäňkini deňäp kimiň kime höküm edýänini akylyna getirse, hiç kimsiz çöl meýdan bolmagyna garaman, keýp edip gülerdi.

Emma Nazaryň küýi häzir başga ýerdedi. Ol näme üçindir gyssanýardy: ol gysgajyk aýaklaryny çalasyn gyrmyldadyp, howlukmaç ädim urýardy. Şol ýagdaýda başga-da bir geň zat bardy: hersi Nazaryň boýuna iki esse uzyn dört aýagy bilen, düýe onuň yzyna eýerip bilmeýärdi, egri boýnuny uzadyp, ýalbaryjy bir ýagdaýda gözgyny ädim urýardy. Emma Nazar ony hem syzmaýardy. Ol alňasaýardy: çepiksije elleri bilen düýäniň owsaryny silkip-silkip goýberýärdi. Düýe öz hojaýynynyň gyjydyna düşünse-de, uzyn aýaklary gowuşgynsyz bolany üçin, hojaýynynyň islegini ýerine ýetirip bilmeýärdi.

Umzügini birsyhly ileri atýan Nazar çendan başyny ýeňsesine öwrüp, ýüzjagazyny ýokaryk galdyrýardy-da, garaja gözleriniň agyny köpeldip, düýäň ýüzüne çiňerilýärdi, igenýärdi:

— Heý namart!.. Sen şu boýuň, şu göwräň bilen näme üçin meniň yzyma eýereňok? Utanaňokmy?...

Tumşugyny uzadyp, dodaklaryny müňküldedýän düýä gözi düşende bolsa Nazar öz ýanyndan keýp edip güldi. Onuň göwnüne gelşine görä, düýe-de öz hojaýynyna gyjalat berýän ýalydy: «Sen şujagaz müçäň bilen meniň şu göwräme höküm etmäge utanaňokmy?» diýýän ýalydy.

Hakykatdan-da düýäniň mähnet gözleri:

— Hany seniň ynsabyň nirede? diýip, sorag berýän ýaly balkyldaýardy.

Nazaryň göwnüne bolmasa, düýäniň igenjinde bir hakykat bar ýaly syzyldy. Ol sakga daýanyp, düýäniň maňlaýyny sypalady-da, seňriginden ogşady, öz ýanyndan hümürdedi:

— Gözüňe döneýin gyzyl erkegim, men seni ähli haýwanlaryň hemmesinden gowy görýändirin. Men seni hiç wagtda horlaman. Ýazyna selmäniň, gyşyna küde ýandagyň daşyndan ertir-agşam goşa nogalany menden al!..

Nazar öýlerine golaý geldigiçe şähdi açylýardy. Onuň burny ýemşigräk ýaýbaňja ýüzüne ýaňyjyk ýerden saýlanan günüň öwüşgini düşüp, içki duýgusy keşbinde oýnaýan ýaly ýylpyldaýardy. Ol ýylgyranda, ýaňaklary tümmerip, giňje maňlaýy

iki ýan çekgesine bakan giňäp gidýän ýaly görünýärdi. Ol ýalt-ýult edip, töweregine garanjaklanda, uzynja kirpikleri ýygy-ýygydan salamlaşýardy.

Nazaryň gelmegine garaşyp duran kakasy Atahanyň uly göwräniň kiçijik müçä mutyglygyna gözi düşende, bir hili ýylgyrdy, eýsem-de bolsa şol görnüş bilen gözi öwrenişeni üçin, geňirgenmän, ogluna sowal berdi:

— Nazar, ýaman kän eglendiň-le?

— Kaka, düýe aýaklarynyň duşakly bolmagyna garaman, gidende örän çalasyn gidipdir. Gaýdanda bolsa, şu uzyn aýaklary bilen meniň yzyma-da eýerenok.

— «Eşegiň ýüki ýeňil bolsa, sojar» diýen nakyl bardyr. Düýede, belki, şondan sapak alandyr. Sen munuň üstüne münüp, taýajygyňy galgadaýsaň bolmadymy?

— Ýok, kaka, men düýäni urasym gelenok.

— Näme üçin?

Näme üçin diýýämiň?.. Meniň garşyma gitmeýäni, buýrugymy ýerine ýetirýäni üçin. Bu meniň berenimi iýýä, uran ýükümi göterýä, tur diýsem, turýa, otur diýsem, oturýa.

— Örän gowy. Hany onda düýäňi çöker.

Nazar düýäniň owsaryny gysgarak tutup, ýüzüne çiňerildi-de, höküm etdi:

— Hyh, çök!

Kiçijik hojaýyna mutyg mähnet göwre çökmäge synandy. Emma çökjek ýerine şübheli garap, iki öň aýagyny taýly gezek göterdi-de, ýaýdandy: Ýer örän gatydy. Nazaryň pikiri başga ýerde bolany üçin, onuň näme sebäpli ýaýdanýanyna düşünmän, ýaňadandan düýäniň owsaryny silkdi-de, şaňňyja sesi bilen batly gygyrdy:

— Hyh, çök diýýän!

Nazaryň ýersiz ýere sabyrsyzlyk edip, başyny gödekleç silkeni oňa ýaraman, düýe naýynjar ýňryljyrady. Ol şonuň bilen: «Hojaýyn, sen maňa rehim et: meniň dyzlarymyň hamy näçe galyň bolsa-da, olar daşdan däl-de, meniň öz janly tenim!» diýip, ýalbarýan ýalydy.

Emma Nazar oňa-da düşünmän, kinniwanja aýaklary bilen düýäniň dyzyna depdi-de:

— Hyh, çök! — diýip gygyrdy.

Kiçijik hojaýynyň rehimi unudanyny, gazaba münenini aňlan düýe şondan soň ýňryljyraman, närazy bir garaş bilen gözlerini tegeledi. Onuň şol garaşynda: «Dostum, sen ýas-ýaňyja meniň maňlaýymdan ogşaýardyň, meni ynjytmajagyňa wada berýärdiň, häzir bolsa meniň döşümi daşa urmak isleýärsiň. Saňa birden näme boldy?» diýip gyjalat berýän ýalydy. Emma Nazar ony hem syzman, dördünji gezek höküm edenden soň, düýe ýaýdana-ýaýdana, iki öň dyzyny ýere goýdy-da ýňryljyrady: gaty ýer dyzlarynyň hamyny sypyrmasa-da, azasy beýnisine urany mälimdi, ondan soň ullakan butlaryny sandyradyp, iki art aýagyny hem epdi-de, dyzlaryny il ýerik süsňedip, ynjalyp oturdy.

Şondan soň Atahan oglunyň başyny sypady-da, nesihat berdi:

— Oglum, ajyny-süýjini, gatyny-ýumşagy saýgarýan jandyr. Haýwanda-da jan bardyr. «Ody özüňe bas, ötmese, kesekä» diýen

nakyl bardyr. Şu daş ýaly gaty ýere dyzyny gütledip ur diýseler, sen göwnemersiň. Duýäniň hem dyzy demirden däl. Sen «çök» diýeňde, düýe janawar näçe yňryljyrady. Sen onuň sesini eşitmediň. Ol iň soňunda saňa gözlerini alardyp seretdi, sen ony-da syzmadyň. Häzir düýäniň dyzynyň hamyny sypyryp görseň, teni gan uýandyr, awusy bolsa gör baryp onuň niresine ýetendir. Sen düýäni şunuň ýaly gaty ýerde çökermän, anha hon ýaly ýumşak ýerde çökermelidiň. Şonda düýe ne yňryljyrardy, nede saňa gözlerini tegeläp serederdi. Sen şony unutma!

Nazar şondan soň, düýäniň maňlaýyndan ýaňadandan sypady. Emma bu saparky sypanda, onuň keşbi örän gaýgylydy: kirpikleri bimamlaňky ýaly gyrpyldap, gözlerinde çala çyg görünýärdi. Şonuň özi bolsa eden işine ökünýänini, kakasynyň tabşyrygyny berk tutjagyny wada berýärdi.

Düýäniň bakjaklaýan gözleri bolsa: «Dostum, seniň diňe bir müçäň däl, entek akylyň hem keltejik. Şonuň üçin men seniň günäňi ötýän» diýip, şatlykly habar berýän ýalydy.

Göwni aram tapan Nazar bökjekläp, içerik girdi, biline kemer baglanyp, aýagyna çepek geýip, çogdaja çäkmenini egnine atyp, daşaryk çykdy.

Atahan onýança düýäni howutlap, iki öň goluny galdyrdy-da, hatabyň aşagyna çöp goýdy, çemberini pugta çekdi, ondan soň gapdalyndaky duran iki bogdagyň birini göterip, düýäniň howudynyň gapdalyna goýdy-da:

— Nazar, hany hanym, sen şuny dire! — diýdi.

Nazar eýýäm kakasynyň gapdalyndan sokulyp barypdy. Ol aýagynyň aşagynda goýan töňňesiniň üstüne çykdy-da, sag egnini çuwala diräp, dyrjaşdy. Atahan ikinji bogdagy göterip, howudyň gapdalyna ýelmedi-de, iki çuwaly düýäň üstünde çalasyn baglady. Atahan şeýle çalasyn hereket etmedik bolsa, Nazar bogdakly çuwaly öz üstüne alyp gaýdýardy. Eýsem-de bolsa ol öz agyr ýagdaýyny mälim edip, kakasyny aljyraňňylyga salmady.

Şonça wagtyň içinde gara ýeriň gämisi bolan düýe bir oturyşyndan butnaman, gözlerini tegeläp, garanjaklap oturdy: eger ol gymyldaýsa, bogdagyň biri Nazaryň, beýlekisi kakasynyň üstüne eňjekdi.

Nazarjyk çogda çäkmenini iki çuwalyň arasyna oklady. Ondan soň düýäniň owsaryny eline alyp, düýäniň dyzyna, yzy bilen boýnuna basyp, üstüne dyrmaşyp çykdy. Düýäniň çöküşi, galşy özüne mälim bolany üçin, ol bir eli bilen howudyň çomakaýyna, ikinji eli bilen hatabyna ýapyşdy:

— Haýt, çüw! — diýdi.

Düýe başyny egip, ardyny galdyrdy-da, ümzügini ileri atdy: Nazaryň eli çomakaýdan sypsa, şol ýagdaýda başaşak togalanyp gidýärdi. Ondan soň düýe öň aýaklaryny taýly gezek galdyryp, paşmaklaryny epdi-de, emaý bilen aýak üstüne galdy. Düýäniň gödekleç göwresine garaman, şeýle ukyplylygyna hatda Nazar-da haýran galdy.

Nazar özünden uly gyz doganyna:

— Çeper, hol çybygy maňa alyp ber! — diýip gygyrdy.

Ýaňy gulpagyny ören uzyn köýnekli gelşiklije Çeper çalak-çulak pasyrdap ädimledi-de, Nazara çybyk alyp bermekçi boldy. Emma düýe birden depäýmesin ýa gapaýmasyn diýen

howatyr bilen gorkuly keýerjekledi. Çeperiň gorkanyny aňlan Nazar oňa gyjalat berdi:

— Heý gorkak! Şojagaz janjagazyňy eýsem ejeň bukjasynda gizläp saklarsyň-da!

Çeper özüni aklamaga çalyşdy:

— Aýu, oglan, gorkmaz ýalymy näme? Seret, onuň gözüni alardyşy näteňet? Ol meni dört aýagynyň biri bilen çalaja kaksa, çym-pytrak etjek ahyry!

— Janjagazyň toşaba dönder bakaly! diýip, Nazar güldi-de: — Ýok, asyl maňa çybygam gerek däl! diýip, düýesine buýruk berdi:

— Haýt, çüw!

Nazar düýäniň başyny gapdalyna öwrüp, kakasynyň yzy bilen ýola düşdi. Şol wagtda bolsa ejesi onuň yzyndan gygyrdy:

— Aýu, Nazar jan! Telpegiňi alyp gitsene, ýogsam kelläňe gün urdurarsyň!

Nazar düýäniň başyny çekmän, kinniwanja kellesini yzyna bakan aýlady-da, ejesine jogap berdi:

Ýok, eje, telpek gerek däl. Gün düýäň kellesine näme edýä, meniň kelläme eder ýaly!

Baýtalçanyň üstünde telpegini hekgerdip geýen Atahan adaja hiňlenip barýardy. Nazar aýdym aýtmasa-da, kakasyndan hem belentde bolany üçin, keýpi örän sazdy. Ol gürrüňçiň häsini berýän ýaly, arkan-ýüzin yranyp, birsyhly başyny egýärdi. Nazar yrananda, onuň boýnundaky gyzylja galstuk-da herekete gelýärdi: onuň çowluja ujy kä garnyna degse, käte egniniň üstaşyry arkasynda pasyrdaýardy.

Olar ep-esli wagt göm-gök bugdaýlygyň arasyny söküp gitdiler. Şol barmana Nazaryň gözüne tanyş ýerler uçrady. Şol ýerler geçen güýz hem selçeň çoganly meýdandy, Nazar şol çygly meýdanda ýegdekläp, baýtalçanyň başyny iýdipdi, onuň yzyndaky azal tutup gelýän kakasy bolsa çendan «Gel!» diýip, ony yzyna dolaýardy. Şol günler ýadyna düşüp, Nazar kakasyna çalasyn sowal berdi:

— Kaka, a kaka, şu bugdaýlyk biziňki dälmi?

— Hawa, biziňki

— Bä, bugdaý eýýäm başlaýan ogşyýa!

— Tüweleme diý, hanym, ýogsam, birden gözüň degäýmesin?

Nazar mekdepde okanda, mugallymy olara: «Ownuk-uşak yryma, wehim-hurapata ynanmaň. Olar asylsyz zatlardyr» diýip, öwüt berýärdi. Şol sözler ýadyna düşen Nazar kakasyna jogap gaýtarman, myssa ýylgyrdy. Emma göwnüne müňkürlik giden Atahan öz ogluna hyrydar çiňerildi-de:

— Ýeri, nämä gülýäsiň? diýip sorady.

— Kaka, «Babaarabyň taňra minneti ýok» diýýän seniň özüň dälmidiň näme? Meniň aňlyşyma görä, ekiniň jany diňe suw bolup, oňa diňe guraklygyň gözi degýämikän öýdýän.

Nazaryň manyly sözüne Atahanyň pisindi oturdy. Eýsem-de bolsa, öz düşünjesine görä ogluna jogap berdi:

— Ol-a dogry welin, Nazar, «yrym-yrym, ýom-ýom» diýlen nakyl hem bardyr. Ata-babaň eýerip gelýän adaty seniň

üçin hem kanundyr.

Nazar kakasyna jogap gaýtarmasa-da, atalar adatyna eýermän, alan terbiýesine hyzmat etjegini ýürejigine mäkäm baglapdy. Ol belentde oturany üçinmi ýa düşünjesine görämi — giň jahana kakasynyň depesiniň üstaşyry garaýardy.

**1929**

## MELEJE

Şöhlesi öçen mähnet gün labyryny aşak atyp, ýere bakan eňip barýardy. Onuň ölügsi çylgymlary gök ýapraklaryň ýüzünde ýylpyldap, agaçlaryň aşagyna alebeder kölge salýardy.

Şol miweli bagyň içindäki ýoda bilen kiçijik bir göwre gyrmyldaş gelýärdi. Şojagaz göwre golaý geldigiçe ösýärdi. Şol gelýän Melejedi.

Melejäniň öz öňünden gelýän kölgesi ýaňyja naýçalan eriklere, üljelere dyrmaşýardy, horazyň kekeji ýaly gyzaran bägülleri gujaklaýardy, ýaldyrawuk ýapraklaryny ýazan üzümleriň üstünden aşýardy. Gülleriň burk urýan näzik ysy onuň burnuna urýardy. Dürli dilde saýraýan enaýyja guşlaryň jürrüldisi gulagyna ilýärdi. Emma şol görnüşleriň, şol saz-söhbetleriň hiç biri Melejäniň pikirini üýtgedip bilmeýärdi.

Meleje öz agasy Baýmyrat hakynda oýlanýardy. Baýmyrat bolsa frontdady...

Meleje mekdepden gelende, Baýmyrat onuň hat ýazyşyna, hasap çykaryşyna, alan belliklerine seredýärdi, kyn sapaklaryna kömekleşýärdi, bäşlik alan wagty, oňa owadanja galam ýa başga bir zat sylag alyp berýärdi. Ylaýta-da baýram günlerinde Melejäni baýrama laýykly geýindirýärdi.

Ertir baýramdy...

Emma bir ýyldan bäri Baýmyrat onuň ýanynda ýokdy.

Ejesi oňa nähili mähriban bolsa-da, öýlerine baranda, doganynyň ýeri gädikdi.

Meleje şol ýatlamalar hem agyr oýlar bilen öýlerine ýetende, ejesi onuň öňünden çykdy:

— Hä, Mele jan, geldiňmi? — diýip sorady.

Meleje ysgynsyz ses bilen:

— Hawa diýip, göwünsiz jogap gaýtardy-da, bukjasyny ýerinde goýdy.

Melejäniň ejesi onuň keşbinde bir gamgynlyk, sesinde bir ysgynsyzlyk syzdy-da:

— Mele jan, saňa näme boldy? — diýip sorady.

— Hi-iç zat.

— Näme ajykdyňmy?

— Ýo-ýok.

— Ýa mugallymyň käýedimi?

— Näme üçin käýesin?

— Onda näme ýüzüň beýle salyk?

Meleje ejesine jogap gaýtarman, kynlyk bilen ýuwdundy. Emma ejesi janygyp sorady:

— Melejan, saňa bir zat bolupdyr. Sen öňki Meleje däl. Ýa biri

bilen uruşdyňmy?

Melejäň sesi ynjyly çykdy:

— Näme urşubermeli bormy?

— Onda näm bolýa? Aýtsana, guzym!

Meleje özüni gozgalaňa salýan zady ejesine aýdyp bilmedi. Onuň bogazy doldy, gözüniň ümezlänini ejesine görkezmezlik niýeti bilen, ýüzüni bir gapdalyna sowdy.

Oglunyň agyr halyny aňlan ejesi onuň boýnundan gujaklady, maňlaýyny sypalady, ogşady:

— Mele jan, sen özüňi ynjydýan syry ejeňden gizläp, kime aýtjak? Göwnüňi biynjalyk edýän zady gizleseň, ol seni horlar. Näme kemiň bolsa, aýt, balam, aýt!

Melejäniň näzijek gözlerinden goşa düwme ýaş togalandy. Ol özüni gozgalaňa salýan zady göni aýdyp bilmän, dürli bahana arady:

— Ertir baýram ahyry! — diýip sojady.

Ejesi onuň gaýgysyna düşünmän, Melejäni bagryna basdy:

— Wiý, balam, baýramda oýnamak, şatlanmak, gülmek ýerine, sen aglaýamyň? Utanaweri!

Ejesiniň gyjydy Melejäni şatlandyryp bilmedi. Ol naýynjar şumjaryp: — Men nämäme şatlanaýyn? Meniň öz deň-duşlarym baýramda täze geýim geýýärler, a men... diýip, gözüniň ýaşyny süpürdi.

— Wiý, Mele jan, bar kemiň şol bolsa, ertirden aýdaýsaň bolmadymy! Men saňa hemmeje zady taýynlap goýdum ahyry! — diýip, ejesi onuň ýüzüni, gözüni süpürdi.

Ondan soňra sandygyndan çykaryp, keşdeli tahýa, täzeje atlaz köýnek, ak jalbar, akja jorap hem çalymtyk tufli çykardy:

— Ynha, balam, seret, seniň eşigiň kimiňkiden kem?

Meleje özüne laýyk geýimleri alyp synlanda, ýüzi bir az açyldy, emma töweregine garanjaklanda, Baýmyrada gözi düşmänden soň, ýene ujypsyz bahana tapdy:

— Hany munuň kemeri?

— Kemeri?.. Şon-a, hanym, unudypdyryn.

Meleje nähili aýdanyny hem duýman galdy:

— Baýmyrat bolsa unutmazdy!..

Melejäniň ejesi ony ynjydan zadyň nämedigini Baýmyradyň adyny tutandan soň bilip galdy. Meleje içiniň joşgunyny dökdi:

— Baýmyrat bolmansoň, meniň sapagyma-da üns berýän ýok. Meniň üçlük alanym bilen bäşlik alanym —hiç kimi gynandyryp-begendirenok. Baýmyrat barka, bäşlik alýan wagtym meni teatra äkitýädi.

Baýmyradyň adynyň tutulmagy Melejäniň ejesini hem gozgalaňa saldy. Oglunyň boldumly göwresi, edermen sypaty, oýnaklap duran gözleri görejiniň öňüne geldi: bogazy dolup, gözleriniň öňi ümezledi. Eýsem-de Melejä öz ýagdaýyny duýdurmazlyk isläp, ownuk-uşak zada güýmenen kişi boldy-da, özüni bir az rastlady. Ondan soň bolsa Melejäni rahatlandyrmaga çalyşdy:

— Baýmyrat işallam, duşmany tar-mar edip, at gazanyp geler. Ondan soň ol saňa näme gerek bolsa alyp berer, okuwuňa-da kömek eder. Ýöne weli, Mele jan, sen unutma: uruş wagtynda hemme dokuzyňy dolduryp bolmaz. Sen indi, balam, ep-esli ýigit bolupsyň, ownuk-uşak ýetmez zatlary dillenip durmak aýyp

bolar. Sen indi asyl oňat düşünmelisiň: ýagyny tiz ýeňmek üçin, Baýmyradyň atyna iým, tüpeňine tükeniksiz ok-däri gerek ahy-ry. Men-ä galla ýetişdirýän, pagta ekýän. Front üçin sen näme edýäsiň?

Ejesiniň gyjytly sözi Melejäniň ünsüni bütinleý üýtgetdi. Ol otlukly gözlerini balkyldadyp, ejesine çiňerildi:

— Hä, näme edemok! Döwük-ýenjik demirlerden akly-sary-ly bürünçlerden mekdebiň howlusyny küde eden kim? Metal ýygnamakda görelde görkezeni üçin, mekdebiň diwar gazetinde suraty çap edilen kim?

Onuň ejesi:

— Berekella, guzym! — diýip, Melejäni gujaklanda, poçtalon ýigit hat getirip berdi.

Melejäň ejesi bukjaly hatyň eýlesini-beýlesini agdaryşdyryp, gaýyk möhrüň içindäki «frontdan» diýen haty dürtünip okandan soň:

— Mele jan, hany al, oka! - diýip, haty ogluna uzatdy:

Meleje bukjadan çykan dört eplem kagyzy alyp, okamaga durdy:

«Köpden-köp salam bolsun, kim men Baýmyradyň dilinden ejeme, Melejä hem ähli dost-ýarlara, dogan-garyndaşlara. Biz munda gazap bilen uruş edýäs. Faşistleri çagba degen sypal ýaly ýatyrýas. Duşmanlar köp ýerlerde masgara bolup gaçýarlar, gaçmadyk ýerlerinde biz olary terne ýaly dograýas. Sowet obalaryny ýyrtyjy möjeklerden arassalaýarys. Zynjyrlanan eneleri, kapasa düşen çagalary azat edýäs. Pagtanyň köp ekilýänini, Melejäniň otliçno okaýanyny eşitsem, güýjümiň, duşmana bolan gazabymyň ýene bir näçe gezek artjagyna men sizi ynandyrýan. Sizi dabaraly maý baýramy bilen gutlaýan!

Baýmyrat».

Oglunyň saglygyndan, edermenliginden habar alan enäniň ýüzüne şatlyk nury çaýyldy:

— Hernä şeýle bolawersin-dä? — diýip begendi.

Meleje elindäki haty şatlyk bilen galgatdy:

— Eje, aý eje! Meniň otliçno okaýanymy, metal ýygnaýany-my, samolýot modelini ýasanymy hem geljekde lýotçik bolmak isleýänimi mälim edip, Baýmyrada hat ýazjak. Aý, eje, seniň adyňdan näme ýazaýyn?

Enäniň gözleri uçganaklady:

— Mele jan, zähmet frontunyň hem uruş fronty bilen deň barýanyny ýaz. Watan üçin janyny aýamaýan balama guwanýan-ymy ýaz. Baýmyrat jany men hiç wagtda unutmaýanymy ýaz, gijelerine düýşüme girýänini-de ýaz. Ony hemişe hemme zat bilen üpjün etjegimi ýaz. Duşmanyň tizden derbi-dagyn edilmegini isleýänimi, azat ülkämiziň gülzara aýlanmagyny arzuw edýänimi hem dabaraly duşuşyga sabyrsyz garaşýanymy ýaz. Janymyz sag, keýpimiz kök diýip ýaz!

Çyranyň ýagtysyna Melejäniň galamy ak kagyz ýüzüne çylşyrymly hat çyrmandan soň, ertirki dogjak günüň aladasy bilen uka gitdi.

Meleje düýşünde ýene metal ýygnady. Lýotçik bolup asmana

galdy. Duşman ordasyna ot ýagdyrdy. Faşistik soldatlaryň ýaraglaryny taşlap, aljyraňňy ökje göterişlerine keýp etdi. Bedew atly Baýmyradyň faşistleri nähili tar-mar edýänine begendi. Onuň döşündäki edermenlik nyşanyna buýsandy. Ol süýji oýlar içinde, ertiriň tämiz howasynda oýandy. Duşman bilen urşanyny, Baýmyrat bilen görşenini ejesine şatlykly gürrüň berdi.

Ejesi ony:

— Şeýle-de bolar, inşallam! Seni, Mele jan, şu günki baýram hem ýeňiş bilen gutlaýan! — diýip ogşady.

Meleje toý esbabyny geýindi. Ol dury asmanyň çetinden dury gün gyk gözi bilen garap galanda, mekdep oglanlarynyň arasynda peýda boldy.

Boýunlary gyzyl ýaglykly, baýrama laýykly geýnen çagalar gözel baglaryň gülleri bilen bäsleşýärdi. Çagalaryň şowhuny mekdebiň diwarlarynda ýaňlanýardy.

Emma Baýmyradyň şol wagtda duşman bilen aýgytly söweş edýäninden, hatda ýeňiljek ýara düşüp, gospitala eltilenden Melejäniň habary ýokdy. Onuň göwnüne, Baýmyrat hem al atyň üstünde al baýdagy pasyrdadyp, baýram edýän ýaly duýulýardy.

**1942**

## NÄRAHAT GYLYK

### 1

Goňşudaky aýalyň ynjalyksyz sesi ertirine-de, agşamyna-da ýaňlanýardy:

— Aman!.. Aman jan-u-u-u!..

Şol aýal öz ýanyndan pessaýja zeýrenýärdi:

— Wah, bujagaz çagadan hözir barmy näme!.. Ynha görersiň, ol bütin tozana, hapa, çyrşaga bulaşyp geler, ýa balajygyny sal-sal ýyrtdyryp geler, ýa-da maňlaýyny aşyk ýaly çişirip geler.

Şol aýalyň sesi ýene ýaňlanýardy:

— Aman-u-u! Aý, Aman jan-u-u-u!..

Enäniň «Aman! Aman jan!» diýýän çasly hem zaryn sesi howa ýaňy ýagtylanda-da, gün gyzanda-da, hatda iňrik garalanda-da köçäniň boýuny syryp ýaňlanyp gidýärdi.

Iki ýyl mundan ozal, Aman dört ýaşyny dolduryp-doldurman, çiriň-miriň gözden ýitýädi. Goňşular goňşa kömek etmek üçin—Towşanyň oguljygyny tapyp bermek üçin, dumly-duşa ylgaýardylar. Indi bolsa, «Aman! Aman jan!» diýen tanyş sesi eşidenlerinde, diňe ýylgyrýardylar: bujaga ykmandajygyň hiç ýere gitmejegini hökman tapyljagyny kemsiz bilýärdiler.

Şol düşünje, elbetde, dogrudy: Aman göýä diýersiň hiç bir zat ýüze çykmadyk ýaly ýyljyraklap gelýärdi, Onuň bir ýan ýaňagynda gyzgylt, beýleki çekgesinde ýaşyl çyrşak reňk bardy. Onuň şeýle dürli reňke bulanyp bilmeginiň özi geň zatdy! Onuň balajygy menek-menek çyrşakly tot-tozandy, köýneginiň ýakasy juwwan ýyrtylyp, tozanlyja gursagy açylyp ýatyrdy, börüginden bolsa derek ýokdy.

Ejesinden bir az heder edýän Aman bimamla bir görnüşde gizlenjiräp gelýärdi, ejesiniň bir söý bilen daş çykmagyny gözetläp,

pursatdan peýdalanýardy-da, içerik kürsäp urýardy, ondan soň stoluň üstünde çommalyp oturýardy-da, aýna garap öz keşbini synlaýardy.

Onuň garşysynda ýyrtyk geýimli hortaň bir çaga otyrdy. Onuň garamtyl ýüzünde garaja gözleri ýeserlik bilen balkyldaýardy. Onuň bir ýaňagy pomidor ýaly gyzarsa, beýleki ýaňagy bişmedik burç ýaly ýaşyl-gök öwüsýärdi. Onuň bulaşyk gara saçlarynda agaç ýonutgysy, gamyş tozgasynyň übtügi hem başga dürli-dümen zatlar görünýärdi.

Aman şol geň-enaýy çaga höwes bilen çiňerilýärdi, birdenkä eljagazyny galgadyp, çagajygyň burnuna ýapyşýardy: aýnanyň ýylmanak ýasy ýüzünde barmak yzynyň menekleri tagma bolup galýardy. Aman keýpihon gülüp, garşysyndaky çagajygyň gulagyndan ýapyşýardy.

Aman şonuň ýaly çynlakaý işe meşgul wagtynda ejesi üstüne gelýärdi. Şondan soň bolsa... kürşerýärdi.

Aman arassaja ýuwnup, akja köýnek, gökje balajyk geýnip, stuluň üstünde çommalyp oturanda, ejesi oňa bir az igenýärdi. Olaryň gürrüňi käte ep-esli wagta çekýärdi.

— Aman jan, sen hemişe şeýle çyrşak, hapysa gezseň, seni hiç wagtda mekdebiň gapysyna-da goýmazlar. Saňa hemmeler el çarpyşyp gülşerler-de, yzyna bakan kowup goýbererler. Özüň ýaly çagalar okarlar, kitaba gyzygarlar, dünýäde bar üýtgeşik zatlaryň hemmejesini bilerler, sen bolsaň hiç zatdan habarsyz burnuňy tutup galarsyň.

Aman özüňiň akja köýnegine, gökje balagyna, arassaja ellerine höwesjeň garap:

— Men näme hapamy? — diýip hümürdeýärdi.

— Aý, sammyjak, men seni ýaňyja ýuwundyrdym, täzeje geýindirdim ahyry! Sen öýe gaýdyp geleňde nähilidiň?

— Men oýnadym ahyry! — Aman bir hili haýran galyjylyk bilen sowal berdi. — Eýsem oýnamaly dälmişmi?

— Oýnamaly. Ýöne weli, kirşene bulaşman, çyrşaga oýkanman oýnamaly.

Aman çynlakaý ynanç bilen mälim etdi:

— Ýok, ol bolmaz. Men bilgeşländen edemok ahyry!

— Sen iň ýagşysy bilgeşländen arassalyga, hapalanmazlyga çalyş. Aman jan, şony başarmak boljak ahyry. Mekdepdäki çagalar näme dynç wagtynda oýnamaýandyrlar öýdämiň? Sen seredip gör, öýlerine gelenlerinde, şolaryň seniň ýaly çyrşakly gelýänleri barmy? Beýleki çagalar näme senden gowumy? Şolaryň başaranlaryny sen başaryp bilmen öýdýämiň?

Aman uly adamlar ýaly köýnejiginiň gasynlaryny düzedişdirip, epinlerini ýazyşdyryp, epeý jogap gaýtardy:

— Bolýa, eje. Aý, eje, sen gaharlanma, men indikile kirşene bulanman.

Aman ertesi gün öýlerinden çykanda, geýiminiň hiç ýerine menek gondurman, eline-ýüzüne çyrşak ýokdurman, arassaja dolanyp gelmek niýeti bilen gidipdi. Onuň şeýle bolmagy-da mümkindi. Oňa heý şek getirip biljek adam barmydy näme? Ýöne weli, Amanyň göwnüne gelmeýän zatlar peýda bolýar: Amanlaryň golaýyndan geçýän, uzakdan-uzaga uzap gidýän şosse ýoly häzir remont etmek nämä gerekdi? Ana gör, ýoluň ugrunda ul-

lakan gazan getirip goýupdyrlar. Gör nähili geň-enaýy zat! Oňa golaý-golaý seretmezlik, onuň içini barlap görmezlik heý mümkinmi? Höwesjeň Aman şonuň ýaly özüne çekiji zadyň garşysynda, elbetde, ejizdi: öz garşysynda peýda bolan sowallara çalasyn jogap bermegi onuň düşbüje akyly talap edýärdi.

Aňyrsyna göz ýetmeýän sowallar, näçe gerek; bolsa, şonça bardy! Her bir zady jikme-jik hem örän çalasyn bilmek isleýän Aman ýoluň ugrunda daýanyp, her bir gelip-geçene dürli sowal berdi:

— Daýy, a daýy, aýtsana: tomzak näme üçin uçýa?

— Daýy, a daýy, serçe näme üçin ýöremän, hemişe towsup gezýä?

— Düýäň örküji soky ýaly bolup, eşegiň gerşi näme üçin pyçagyň arkasy ýaly.

— Ýaprajyklar göm-gök-de, güller näme üçin gyzgylt?

— Çyra näme üçin ýanýa?

— Suw näme üçin ýananok?

«Näme üçin? Näme üçin? Näme üçin?..» diýen dürli sowallar Amanyň daşyny birsyhly gabap alýardy. Şolaryň hemmesiniň üstüne anha ullakan gazana seret: onuň içinde näme baryny bilmezlik heý mümkinmi?..

Bu gün Amanyň akja köýneginiň reňkini-de saýgarar ýaly däldi, ýüzüniň haşamy bolsa ala bulutly günüň kölegesine çalym edýärdi, garaja saçlary bolsa edil çyryşlanan ýaly biri-birine ýelmeşipdi. Şonuň üçin hem ol bu gün torsarylyp gelýärdi, günä özünde bolany üçin, sulhy örän öçükdi.

Aman bu gün ejesiniň igenjine garaşman, aýyply bir ses bilen özi uzur ötünip başlapdy:

— Eje, aý eje, bu gün meniň günämi öt. Çypbakaý çynym, men şundan soň arassalykda hemme çagalara görelde bolaryn. Şu sapar meniň iň soňky, iň soňky çyrşakly gelşim. Şundan soň Amany sen edil ardylanja käşir hasap edäý!

Ertesi bolsa onuň ejesiniň sesi ýene öňküliginde dowam edýärdi:

— Ama-a-a-n! Aman jan-u-u-u!

Ykmandaja çaga gör nirede ýitdikä?

Bu gün Amanyň bagty tüýs getiripdi, oňa bu gün toý bilen baýramdy! Aman hemişe köçede bolany, dürli çagalar bilen oýnaýany üçin, rus diline-de düşünýärdi.

Ekin meýdanynyň bir ýerinde traktor durdy. Onuň içinden çykan uzynak, gaharly bir adamynyň «zaýelo» diýen sözüni Aman öz gulagy bilen eşidipdi. «Bä, traktory «gemirýän» zat nämekä?» diýip oýlapdy. Ýogsamam, traktordan çykan adam-da Amandan arassa däldi, onuň hem köýneginiň egni ýyrtykdy. Diýmek, kimem bolsa traktoryň bir ýerini gemripdir. Aman «bä, möjek iýer ýaly, traktoryň guýrugam-a ýok» diýip oýlandy. Traktoryň bir ýerini iýip, ony saklan zat gör nähili geňdi! Aman onuň golaýyna bardy, daýandy, çiňerildi, bütin zatlaryna üns berdi. Emma «ä-häý oglanjyk, aýak arasynda çolaşyp ýörme!» diýen duýduryş oňa bir az päsgel berdi. Ol hiç bir ýere çolaşman, iki aýagy bir ýere çüýlenen ýaly durdy. Hawa, ilki gelen badyna maşynyň aşagyna girjek bolup, bir-iki gezek synanypdy, emma ony kowupdylar. Onuň ýönekeý duran ýerinde «aýak astyna

çolaşma» diýlen söz bir az ýokuş degýärdi. Eýsemde bolsa ol hemmeje zady görýärdi: tigirlerini synlaýardy, gapagynyň aşagyndaky çarhlara göz gezdirýärdi. Gör ol nähili geňdi. Ylaýta-da onuň nebit ysy nähili oňat burkurýardy! Emma ýaman ýeri, onuň sowallarynyň hiç birine hiç kim jogap bermeýärdi. Traktory bejerýän gaharjaň adamdan Aman bir az heder etmän hem durmaýardy. Şeýle-de bolsa Aman onuň içine giresi, çarhlarynyň arasyndan emedekläp geçesi gelýärdi.

Traktor ilki tark-tark edip, ondan soň arlap ýola düşende, Aman hem onuň yzyna düşüp ugrapdy. Birdenkä bolsa göwnüne başga bir zat gelip, öýlerine bakan ylgapdy.

Onuň kiçijik başynda sansyz sowal güž bereni üçin, geýiminiň hapalygyny, eliniň-ýüzüniň çyrşaklygyny hem unudypdy. Ol tüweleý ýaly kürsäp urup, içerik girip-girmän, gykylyk edipdi:

— Eje, aý eje, bizde möjek bamy?

Onuň sowalyna geňirgän ejesi gözlerini mölerdip seredipdi:

— Möjek? O nähili möjek?.. Al gerek bolsa! Sen nirede beýle çyrşak zatlara miýesser geldiň? Näme garaýagly gazana oýkandyňmy?

— Eje, aý eje, dur entek! Sen maňa aýt: bizde möjek bamy?

— Bizde möjek näme işlesin! Bar sen...

— Arslan, ýolbars nähili?

— Ýolbars näme işlesin! Bar derrew ýuwun.

— Dur entek, eje jan, dur! Eýsem traktory gemren kim?

— Seniň samraýan zadyň näme?

— Men samramok! Traktorçynyň «traktory gemripdir» diýenini men öz gulagym bilen eşitdim. Heý demrem iýip bomy? Oňa kimiň dişi ötjek?

— Bar derrew ýuwun-da, geýimiňi çalşyr. Traktor barada bolsa, mekdebe okamaga baraňda, saňa hemmesini düşündirerler.

— Men mekdebe haçan giderin?

— Arassalygy, tagşytlylygy kemsiz öwrenen wagtyňda. Men sana öňem aýdypdym: seniň ýaly çyrşaklary mekdebe goýberenoklar.

— Traktor barada sen özüň maňa düşündirip bilmezmiň?

— Ýok, Aman jan, meniň traktordan habarym ýok.

— Eýsem erteki aýdyp berermiň?

— Iş-alada gutarandan soň, erteki barada agşam gürrüň ederis.

— Emma ertekini traktor barada aýdarsyň, ýagşymy?

## 2

Mekdebe gatnaýan çagalar Amanyň ünsüni özüne çekýärdi. Olaryň suratly okuw kitaplary, çyzykly depderleri, başaşak tutanda, dökülmeýän syýa çüýşeleri, her dürli reňkde bulduraýan görnükli galamlary, belli-beter-de tutawaçly, kiçijik portfelleri ony gyzykdyrýardy.

Özünden uly çagalar sapaklaryny okamaga oturanlarynda, Aman olara gün bermeýärdi. Bir gezek galamlaryny alýardy, bir gezek kitaplaryny agtarýardy, bir gezek depderlerine ýapyşýardy, mekdep barada, okuw hakynda dynuwsyz sowal berýärdi, kowsalarda gitmeýärdi. Käte özünden uly çagalar ony

myncgaýardylar. Emma Aman olara gaharlanman, gaýta jykyr-jykyr gülýärdi. Oňa geregi şoldy!..

Bir gün Amanyň özünden uly agasy bilen uýasy mekdepden gelip, iýip-içip, dynç alanlaryndan soň, sapaklaryny okamaga oturdylar. Aman hem özüniň reňkli galamyny, depderini alyp, olaryň stolunyň biriniň çetinde oturdy. Gardaşynyň depdere hat ýazyşyna göz gezdiren Aman hem özüniň gök galamy bilen egrem-bugram ullakan çyzyklar çyzyşdyrdy.

Aman kagyzyň ýüzüni egrem-bugram çyzyklardan doldurandan soň, ýerinden turup, öz işine uzagrakdan göz gezdirdi, ondan soň gapdalyndan seretdi, ýaňajyklarynyň dylmyraşyna görä, öz eden işinden hoşallygy göründi. Ondan soň ol öz uýasyna habar gatdy:

— Maýsa, sen maňa kitapçaňy ber.

— Aman, azar berme, men sapagymy okaýan.

— Men sana azar beremok. Sen maňa kitapçaňy ber diýýän.

— Aman, çekil diýdim, çekil!

— Kitapçaňy berseň, çekileýin.

Maýsa ýerinden galyp, Amany halynyň üstüne agdardy-da, gülki bilen myncgady:

— Ýene-de azar berermiň? Berermiň? Berermiň?

— Ýok! Ýok! — diýip, çygylýan Aman Maýsa ýerinden galyp-galmanka:

— Päşgel bererin! Bererin! Bererin!— diýip jykyrdady.

Öz ýerinde oturan Maýsa çynlakaý sorady:

— Saňa nähili kitapça gerek?

— Mekdebe alyp gidýän kitapçaň.

— Ýok, Aman, berip biljek däl. Sen ony ýyrtarsyň, hapalarsyň.

— Hapalaman! — diýen Aman elleriniň çyrşagyny görkezmezlik niýeti bilen arkasynda gizledi.

— Hany onda elleriňi görkez!

Aman:

— Ine derrewjik! — diýdi-de, gapynyň aňyrsynda özüni gizledi.

Bir minutdan soň dolanyp gelen Aman elleriniň aýasyny ulumsylyk bilen gerdi:

— Ine seret!

Amany diwanyň üstünde oturdan Maýsa oňa geografiýa okuw kitabyny berdi-de, şeýle diýdi:

— Sen munuň suratlaryna seret. Ýöne weli wawwaly ýaly örän esewan agdaryşdyr. Birdenkä ýyrtaýma, bolýamy?

Aman çynlakaý suratda kitaba üns berip başlady.

Ertir Maýsa özüniň pioner galstugyny tapmady. Gardaşy oýan-buýany agtaryp, öz bukjasyny nähak gözledi, bir salymdan soň onuň formaly papagynyň ýiteni-de mälim boldy.

Şol zatlaryň hemmesi bir salymdan soň Amandan tapyldy. Aman galstugy bolar-bolmaz baglap, papagy gyşyk goýup, portfeli zordan göterip, derwezä ýetip barýardy. Ony diňe enesiniň eserdeň gözi saýgardy:

— Aman! Aman jan! Ýeri sen nirä barýasyň? — diýip gygyrdy.

Aman arkaýyn jogap gaýtardy:

— Mekdebe.

— Hany onda sen derrew bärik gel!

— Men onda mekdebe gijä galaryn.

— Aman! Gel diýdim, derrewjik geläý!

Aman göwünsiz yzyna dolandy.

Ejesi ondan:

— Oglum, sen näme çagalaryň geýim-gejimlerini aldyň?

Aman öz düşünjesine görä ynjyly jogap gaýtardy:

— Men eýsem bularsyz nähili mekdebe gideýin?

— Sen kim, mekdep nirede! Sen entek, ynha seret, gulagyňy ýuwmagy hem öwrenmänsiň. Wagty gelende, mekdebe gerek zatlaryň hemmesini kakaň saňa özi alyp berer. Sen entek ösde ulal.

Aman ynjyly bir ses bilen:

— Eýsem traktor barada kim maňa gürrüň berer?— diýip sorady.

Kakasy agşam agronomlar ýygnagyndan gaýdyp gelende, Aman çynlakaý bir sypatda kakasyna ýüzlendi:

Kaka, sen maňa traktor barada gürrüň bersene!

— Oglum, men onuň nämesini gürrüň bereýin?

— Meselem, onuň guralyşy nähili? Onuň bir ýeriniň oý, bir ýeriniň çukurlygy, tigriniň ululygy näme üçin? Ony gemirýän kim?

Kakasy onuň sowalyna keýp edip güldi:

— Aman, sen häzir oňa düşünmersiň. Ynha sen ulalarsyň-da, mekdebe gidersiň, şonda hemmesini kem-kemden öwrenersiň.

— Men indi ullakan ahyry.

— Aý ýog-a?

— Dogrym kaka. Sen maňa kitap, depder hem portfel alyp ber. Men mekdebe gitjek.

— Saňa nähili kitap alyp bermeli?

— Nähili diýýäniň näme? Okalýan kitap.

— A! Harplyk alyp bermeli, şeýlemi?

— Hawa, hawa!

— Bolýa, alyp bererin, oglum.

Aman ýerine girenden soň hem mekdep barada oýlanyp ýatyrdy, birdenkä ýene bir zerur zat ýadyna düşdi-de, ýatan ýerinden gygyrdy:

— Kaka, a kaka! Eşidýämiň, syýa çüýşesinem alyp ber. Birdenkä syýa çüýşäni ýadyňdan çykaraýmagyn!

## 3

Amanyň başyna iň soňunda täze hem adatdan daşary zähmetli bir durmuş gelip ýetdi. Amanyň ýatýan ýerindäki kiçijik stolun üstünde bir näçe günden bäri arassa harplyk, depderler, portfel hem egeňde dökülmeýän syýa çüýşe ýatyrdy. Aman her gün ertir ir bilen mekdebe gitmek küýüne münýärdi. Emma her gün ertir ony siňe synlaýan ejesi dürli bahana tapýardy:

— Aman jan, seni mekdebe goýbermezler. Sen gulaklaryňy örän ýaramaz ýuwupsyň! — diýýärdi. Ýa-da:

— Sen dişiňi beri arassaladyňmy? Ýeri sen şu bolşuňa mekdebe nähili gitjek! — diýýärdi Ýa-da:

— Sen köýnejigiňi nähili hapaladyň! — diýip igenýärdi.

Gulaklary kemally ýuwlanda, dişleri kemsiz arassalananda, köýnegi täze ýuwlan ýaly tämiz galanda bolsa, Aman ýatyp galypdy. Iň ýamany hem şoldy. Ertir irden turaryn diýip ýatanda, ýene uklap galýardy. Aman şoňa nähili çäre görjegini bilmän, ünjä düşýärdi. Ejesine ýalbarýardy, emma ol dürli bahana bilen ony turuzmaýardy. Ýatyp galmazlyk üçin, eý-sem nähili çäre görmelidi? Şonuň çäresini öwreden beri tapylsady! Her gün ertir oňa şeýle şowsuzlyk garaşýardy: Aman her gün ertir gözüni açan badyna:

— Eje, men mekdebe gitjek! — diýýärdi.

Ejesi bolsa:

— Oglum, sen ýatyp galypsyň, indi giç bolar — diýýärdi.

Gijesine ünjüli ýatýany üçin, Aman bir gün örän ir oýandy: penjiräň yşlaryndan heniz oňly ýagty-da girmändi, heniz aýak üstüne galan-da ýokdy, öýdäkileriň hemmesi rahat ýatyrdy. Uky Amanyň hem gözüni bürýärdi, beýlesine agdarylyp, ýaňadandan ýene pişik ýaly myrlasy gelýärdi, emma çynlakaý aýgyt edijilik üstün çykdy. Aman aýaklaryny krowatdan aşak sallap, dikelip oturdy. Ol gözlerini owkar-döwker edip, ukudan açylandan soň, emaý bilen turup, assyrynja ýöräp, kuhnýa bakan gitdi. Kemsizje ýuwundy, dişlerini örän oňat arassalady, dişlerini hem ýüzüni ýaňadandan gaýtalap ýene ýuwdy, geýindi, portfelini aldy, kitabyny, depderlerini, syýa çüýşesini, galamyny içine saldy. Ondan soň emaý bilen öýden çykdy. Howa bir az ýagtylsa-da, gün heniz dogmany üçin, wagtyň irdigini ol bilýärdi. Emma ol öz ýanyndan: «Hemmeler aýak üstüne galsalar, meni mekdebe, belki, ýene goýbermezler. Men iň ýagşysy mekdebiň golaýynda garaşaýyn» diýen karara gelipdi.

Köçede hiç kim ýokdy, dym-dyrslykdy. Eger itler bilen towuklar hem örmedik bolsalar, Aman üçin örän tukatlyk bolardy, sözleşmäge, degişmäge-de hiç kim tapylmazdy...

Aman gyssanman, howlukman, mekdebe bakan gitdi. Mekdebiň entek ýapyklygyny aňlany üçin, howlynyň bir ýerinde haýata ýaplanyp durdy. Amany ýekesiretmek islemeýän ýaly, şelaýynja bir güjük onuň töwereginde guýrugyny bulaýlaýardy, dilini ýalmandyrýardy, penjesini uzadýardy: Aman bilen bälçireşýärdi...

Ilki bilen mekdebiň gapysyny gelip açan onuň garawulydy. Emma Aman oňa ýeke-täk giresi gelmedi. Aradan salym geçmäkä bolsa, şatlykly oglanlar toplanyşyp başlady. Aman hem şolaryň arasyna sümlüp, mekdebe girdi, töweregine garanjaklady, partalaryň birindäki boş ýerde arkaýyn oturdy. Jaň urlan soň, mugallym gelip girdi.

Amanyň ýanyndaky oturan oglan oňa çiňerilip:

— Sen kim aýt? Sen bu ýerik nähili düşdüň?—diýip sorady. Emma ol oglan mugallymyň klasa girenine gözi ilenden soň, jogaba garaşman, ýüzüni aşak saldy.

Mugallym öz adatyna görä klasa göz gezdirdi, birden onuň görejine nätanyş bir oglanjyk ildi. Daşky görnüşine görä çaga alty ýaşyndan artyk bolarly däldi, emma örän gopbamja bolup, töw-

eregindäkileriň hiç birinden üýşenmän, kitabyny, depderlerini, egeňde dökülmeýän syýa çüýşesini çykarýardy...

Mugallym oňa habar gatdy:

— Aý, oglanjyk!.. Hawa, hawa, saňa diýýän! Hany bärik gel!

Aman äwmän ýerinden galdy, özüne üns berilýänine ulumsylanyp, epeý bir görnüşde mugallymyň ýanyna geldi.

Oňa siňe sereden mugallym ýylgyrdy-da, sowal berdi:

— Seniň adyň näme?

— Aman.

— Ýeri Aman, näme, okamaga geldiňmi?

— Hawa okamaga geldim!—diýip, Aman ulumsy jogap gaýtardy-da, bir az oýlanandan soň, dowam etdi.

— Eger kyn görmeseňiz, siz maňa şu günüň özünde traktoryň gurluşyndan gürrüň beriň. Ony nämeden gurapdyrlar, näme üçin gurapdyrlar?

Aman töweregine gahar bilen göz gezdirdi... Klasdaky oglanlar nämä gülüşýärler? Aman şeýle gülkünç bir zat aýtdymy? Ýa onuň gulagy kirlimi? Geýiminde çirik barmy?

Mugallym oňa ýene sowal berdi:

— Aman, sen näçe ýaşyňda?

— Alty.

— Näme diýsene, Aman, mekdebe diňe ýedi ýaşyny dolduranlar gelýär. Sen bir az howlugypsyň. Onuň hem üstüne sen ýüzüň ugruna üçünji klasa gelipsiň. Anha görýämiň, bu ýerde dokuz, on ýaşly ullakan oglanlar okaýarlar. Sen entek okuw ýaşyňa ýetmänsiň. Aman, şonuň üçin bir az garaşmaly bolsaň gerek.

Aman özüni çynlakaý ynjydylan hasap edip, ýüzjagazyny ýokary tutdy-da, ulumsy sowal berdi:

— Kiçijikleriň näme okamaga haky ýokmy? Näme üçin?

Amana öz aýdan sözüniň näçe ýokuş degenini aňlan mugallymyň kiçijik oglana haýpy geldi:

— Aman, görýän weli, sen örän çynlakaý, işeňňir bir oglan. Men seniň bilen örän şadyýan gürleşerdim. Emma weli, görýämiň, men ynha sapaga başlamaly. Aslynda bizde umuman düzgün şeýle: kim okamak islese, ilki bilen mekdep direktorynyň ýanyna barýar-da, mekdebe kabul edilmegini haýyş edýär. Men seni onuň ýanyna özüm alyp barardym weli, görýämiň, ynha gyssagly işim bar. Sen, hanym, kitaplaryňy, depderleriňi ýygnaşdyr-da, direktoryň ýanyna bar, şonuň bilen gürleş.

Amany gapa elten mugallym hyzmatkär aýaly onuň ýanyna goşup goýberdi.

Aman direktoryň ýanyna girende, mekdebe girişindäki ýaly dogumly däldi, ondan bir az çekinýän ýalydy, eýsem-de bolsa onuň göwnünde yza çekilmek niýeti ýokdy.

Emma direktor hem oňa mugallymyň aýdan sözlerini aýtdy: Amanyň entek ýaşlygyny, häzir mekdebe kabul edip bolmajagyny mälim etdi. Ol Amana nesihat berip:

— Aman, sen entek öýüňizde oka — diýdi. — Seniň kakaň, ejeň barmy? — diýip sorady.

Aman:

— Hawa, bar — diýdi. Soňra bolsa: —Bir gardaşym bilen uýam hem bar — diýip artdyrdy.

— Örän gowy. Sen olardan haýyş et, goý olar saňa kitaby seslenip okap bersinler. Sen şonluk bilen öýde bir salym okarsyň weli, wagtyň nähili geçenini hem duýmarsyň, birden görseň, eýýäm okuwa, mekdebe gitmeli wagtyň ýetip geler.

— Olar maňa suratly kitaplary onsuzam okap berýäler. Men bir näçe goşgyny ýatdan hem bilýän. Isleseňiz, olardan bir näçesini okabam bereýin.

Aman soňky sözüni aýratyn ynanç bilen aýtdy: kim bilýär, belki, direktoryň göwni teselli tapar-da ony mekdebe kabul eder!

— Sen nähili goşgulary gowy bilýäsiň?

— Mihalkowyňkyny, Marşagyňkyny, Pommaňkyny hem Puşkiniňkini.

— Sen olaryň haýsyny gowy görýäsiň?

— In gowy görýänimmi? — Ol bir az oýlanandan soň: — Ynha gowy görýänim — diýdi-de, özüni bir az rejeläp, kellesini gaýşardyp, döşüni pökgertdi-de, okamaga durdy:

U lukomorýa dub zelenyý...—

diýip, rusça okady.

Amanyň şaňňyja sesi örän ynamdar çykdy. Oňa gulak asýan direktor ýylgyrdy:

— Aman, örän oňat okadyň! Örän oňat okadyň! — diýip gaýtalady.

— Meni onda mekdebe kabul edermisiňiz?

Direktor mylaýym ses bilen sypaýyçylykly sözledi:

— Ýok, dostum, Aman. Seni entek mekdebe alyp boljak däl. Sen ýene birneme sabyr et. Ondan soň seniň garşyňda hemme ýol açyk bolar.

Mekdebi özüniň belent derejesi hasap eden Aman iň soňky aýgytly, tutalgaly deliline tutundy. Ol bir eli bilen gulagyny gerip, beýleki eliniň aýasyny direktora bakan ýaýyp, sandyrawuk ses bilen sözledi:

— Bu nähili beýle bolýa!.. Siz meniň tämizligime garaň. Ejem maňa: «Sen arassa, tygşytlyja bolsaň, seni mekdebe kabul ederler» diýýärdi ahyry!

— Hökman kabul ederis, Aman, hökman. Sen ýöne bir az sabyr et. Ýöne weli, sen dogrujaňdan gel: haçandan bäri sen şeýle arassa hem tygşytlyja bolduň?

Şol sowal Amany bir az aljyratdy:

— Eýýämden bäri... ýöne weli onçakly uzagam däl.

— Nähili eýýämden bäri? Iki gün, üç gün? Şeýle Dälmi, Aman?

Aman başyny aşak saldy-da:

— Şeýle —diýip, jogap gaýtardy.

— Ana gördüňmi! Ýöne weli, sen ýüzüňi sallama. Sen özüňi häzire çenli alyp gelşiň ýaly, örän ruhubelent tut. Şonda wagtyň nähili geçenini duýmarsyň-da, mekdebe kabul edileniňi bilmän galarsyň. Ýöne weli, Aman, men senden bir zat haýyş edesim gelýär. Seniň şygyr okaşyň meniň hoşuma geldi. Ýakyn günlerde ýaş çagalar üçin bizde üýşmeleň boljak. Sen ýene bir-iki sany şygyr öwren-de, şol üýşmeleňde ony biziň çagalarymyza okap ber.

Ýagşymy?

— Ýagşy.

— Ber eliňi?

— Al bäri.

— Häzir bolsa sen öýüňize gaýt. Ejeň, belki, seni gözleýändir. Dogrumy? Bolýar onda, Aman, sag bol!

— Sag bol.

Aman gapa baranda, saklanyp, direktora bakan aýlandy-da, ynamsyz, emma çynlakaý ýalbaryş bilen sözledi:

— Belki, men uzyndan uzak bir şygyr öwrenerin? Belki, men ony sakynman okaryn? Belki, meniň elim, gulagym hemişe arassa bolar... Şonda siz maňa traktor barada gürrüň berermisiňiz? Traktoryň nähili işleýänini, näme üçin işleýänini aýdarmysyňyz?

Direktor ýylgyryp jogap berdi:

— Hökman aýdarys!..

Aman direktoryň ýanyndan çykanda, ol günki traktoryň arryldysy gulagyna geldi.

**1956**

## ATASYNYŇ OGLY

Mekdepden çykan oglanlar agyldan boşan owlak-guzy ýaly, biri-birine degşip, biri-birini dürtüşip, biri-birini kowalaşyp, ala gopgun bilen köçäni dolduryp barýardylar.

Emma ol şagalaň on bir ýaşly Myrady şowhunlandyrmaýardy, ol gopgun onuň gulagyna ilmeýärdi. Adatda bolsa, şol şagalaňy başlaýanlardan, çendan basalaşyp, käte dalaşyp, ýakasyny ýyrtdyrýanlardan, käte ýyrtýanlardan biri, elbetde, Myratdy.

Myrat içi kitaply, tutgujy üzülen portfelini goltugyna gysyp, öz oýy, öz küýi bilen ýüzüni aşak salyp barýardy. Onuň ötgür gara gözleri adatça köçäniň ol ýüzünden ýöreýänleri, hatda ikinji kwartaldan barýanlary-da saýtarýardy. Ol özüniň çagalygyna garaman, köçe adamlaryndan çekinmän, özüniň ýogyn sesi bilen:

— Ora-az!.. Annaýar! — diýip gygyrýardy.

Emma bu gün asfaltly köçäniň trotuaryndan ýöreýän adamlary hem seljermän, olardan käbirine jebis gelende, ukudan oýanan ýaly ýalta seredýärdi ýa-da üýtgeşik hiç bir zat bolmadyk ýaly, ýüzüniň ugruna sowlup geçýärdi.

Ol şol barmana arkasy ýükli hasanaklap gelýän gyssanmaç bir aýal bilen çaknyşdy. Ol aýalyň elindäki çüýşe ýere gaçdy-da döwüldi, jyňňyrdady, asfaltyň ýüzüne nebit ýaýylyp gitdi.

Şol aýal akyp barýan nebitine nebsewürlik bilen garandan soň, Myradyň yzyndan seretdi, ynjyly bir ses bilen:

—Aýu, jigi ja-an! Gözüň ýokmudy!—diýip igendi.

Emma aýalyň igençli sesi Myradyň gulagyna ilmedi.

Ol adatda bolsa, şol aýala, belki, ötgünräk jogap gaýtarardy.

— Ýagşy, meniň gözüm görmeýän ekeni, seniň gözüňe näme bolupdyr? — diýip, öteräk sanaşardy; aýalyň gaharynyň gelenini bilse, gaýta hahahaýlap gülerdi; onuň has gara çynydygyny aňlasa, elindäki portfelini bulaýlap, ökje götererdi.

Emma Myratda bu gün beýle şäht ýokdy.

Myrat ýöreýän ýoluny, sowuljak köçesini ýalňyşyp, ikinji bir köçä düşdi, Ol öz ýoluny ýalňyşanyny, ikinji köçä barandan soň duýup, köçäni kesip geçmekçi boldy.

Myrat ýetip gelýän ýükli maşyny saýgarmady. Onuň edil alkymyndan «guk-guk» edip, yzly-yzyna gygyranyny gulagy eşitmedi. Aňyrdan batly gelýän maşyn zarbyny saklap bilmedi...

Köçeden barýanlar allaniçigsi üşerişdiler. Aýallar aýylganç ses bilen gygyryşdylar. Maşynyň ýelgini Myradyň ýüzüne-gözüne uranda, ol mähnet tigriň aşagyna düşerli bolup aljyranda, gapdalyndan ylgap gelenleriň biri onuň goltugyndan tutup alyp gaçdy.

Emma şeýle ýagdaý hem, dumly-duşdan berilýän sowallar hem, gyjalatlar hem Myrady aýratyn aljyraňňylyga salmady. Ol näme bolanyna, gürrüňiň näme hakda gidýänine hem düşünmän galdy. Ol töweregine üýşýen adamlara diňe elek-çelek garady-da, hiç birine jogap hem gaýtarman, böwşeňräk bir ýerden sümüp gitdi.

Gorkuly ýagdaýdan haýygan aýallar onuň yzyndan hyrydar seredişdiler-de, öz aralaryndan, janygyp gürrüň edişdiler:

— Bu oglanyň akyly ýerinde dälmikä?

— Neressejik ýeldirgäýdimikä?

— Enesi-atasy onuň ugruny idemeýärmikä?

— Mugallymyndan käýinç aldymyka?

Myradyň ýoly şol barmana bagyň üstünden düşdi.

Salkyn bagyň içinden ösýän ýazyň mylaýym şemaly onuň açyk başyndaky gara saçlaryny emaý bilen darady; onuň giň maňlaýyny ýalap geçdi.

Emma Myrat ony syzmady. Bagyň içindäki al öwüsýän güller dumly-duşdan oňa şan berdiler. Emma häzir ol gözellik Myradyň gözüne ilmedi, gülleriň hoşboý ysyny häzir onuň burny almady.

Gök ýapraklaryň aralary bilen geçen gün şöhleleri ýol üstüne ýazylan apbasy-çapraz ýaly ýylpyldy bilen oýnaýardy. Emma Myradyň ýiti gözleri tegelek teňňeleri häzir saýgarmady. Gül ýşkynda perwaz urýan bilbilgöýäleriň jak-jak urýan gülküsi Myrady häzir şowhunlandyrmady.

Bagyň içinden Myrat, adatda, asuda geçip bilmeýärdi. Ol, enaýy saýraýan sargylt bilbili görmek niýeti bilen, ondan-oňa ylgaýardy. Bag bilen reňkdeşräk kiçijik bilbili gür ýapraklar oňa görkezmeýärdiler. Ol “Bilbili uçanda görerin” diýen niýet bileň yzly-yzyna daş salýardy. Emma bilbiliň özi hem görünmän, uçany hem saýgarylman, gaýta, olar oňa dumly-duşdan jakgyldaşyp gülüşýärdiler. Myrat şonluk bilen käte sagatlarça gijigýärdi. Käte bagbanyň gözüne güýdüşüp, al-elwan güllerden desse baglaýardy. Ol käte bagbanyň demine-de düşýärdi. Şonluk bilen, käte kitabyny, käte papagyny galdyryp gelýän wagtlary hem bolýardy.

Myrat aýratyn şatlykly, şowhunly bir oglandy,

Emma soňky günlerde aýratyn bir ýagdaý kiçijik Myradyň ünsüne eýelik edipdi. Onuň çuňňur oýuny, agyr pikirini gül hem, bilbil hem bölüp bilmeýärdi Ol öz göwnüniň açylmagyny diýseň isleýärdi! Bagyň içinden geçmegi hem şonuň üçindi...

Myrat öýe gelende, onuň ejesi Nabat okara-çemçelerini stoluň üstünde goýuşdyrýardy.

Myrat portfeliňi tumboçkanyň üstüne oklap, sesini çykarman, diwanyň üstünde gyşardy.

Nabat öz oglunyň ýadawlygyny görende, onuň ýüzüne hyrydar çiňerildi-de:

— Myrat jan! Näme, ýadadyňmy? — diýip sorady.

Myrat ejesine seretmän, bir keşbini üýtgetmän:

— Ýok! — diýip jogap gaýtardy.

Ejesi Myradyň jogaby bilen kanagatlanman:

— Näme, oglum, janyň sag dälmi? — diýip sorady.

Myrat şol öňki ýatyşyndan üýtgemän:

— Ýok! — diýip, ýene öňki jogabyny gaýtalady.

Nabat Myradyň ýüzüniň näme üçin salykdygyny

äşgär bilýärdi: onuň şeýle ýagdaýy ýeke şu gün bolman, ol bir näçe günden bäri dowam edýärdi. Çagasynyň şol ýagdaýyna enäniň agyryly ýüregi beter awaýardy. Ol ony şeýle ýagdaýda görende, hiç durup bilmeýärdi, rahatlanyp bilmeýärdi, şonuň üçin ýene dürli sowallar ýagdyryp başlady:

— Myrat jan, biri seni ynjytdymy?

— Ýok!

— Ýa mugallymyň käýedimi?

— Ýok

— Ýa biri bilen uruşdyňmy?

— Ýok-la, eje! Näme üçin urşaýyn!

Eýsem saňa näme bolýa?

— Hiç zadam bolanok.

Ejesiniň soraglary Myrady, bir ýanyndan ýadatsa, ikinji ýandan, onuň agyr oýuny ýene güýçlendirdi. Şonuň üçin ol, ejesiniň soňsuz sowallaryndan dynmak, onuň janygyp seredýän gözünden ýüzüni üýtgetmek niýeti bilen, kellesini diwanyň ikinji gapdalyna bakan aýlady.

Myrat üýtgeşik oglandy.

Myrat köplenç wagt ýa ezenegini ýyrtdyryp, ýa ýüzüni bir az dyrnadyp, ýa-da «Almytyňy alaýmadyňmykaň!» diýip, edermenlik bilen hasanaklap gelerdi. Ol ejesiniň käýinjine, igenjine-de onçakly gulak asmaýardy, ony ýüzüne-de almaýardy. Ol ýönekeý geçen gününi huruşsyz iýen tagamy bilen deň saýýardy. Ol çynlakaý uruşmaýardy. Onuň ýüreginde gahar-gazap hem ýokdy. Ol düýnki çekeleşeni bilen bu gün gülüşýärdi. Ol şonuň ýaly şowhunly durmuşdan lezzet alýardy. Hatda ejesi çendan magazine iberende, pulunyň hasabyny ýitirip gelýän wagtlary hem bolýardy. Ejesi oňa onuň üçin käýemeýärdi: onuň ogurlyk etmeýänini, humar oýnamaýanyny bilýärdi, belki, öz ýoldaşlaryndan birine bäş-üç şaýy berendir-dä diýip oýlaýardy.

Öňki Myrat bilen häzirki Myradyň arasyndaky tapawut örän uludy.

Jenjelleşmek, çekeleşmek beýlede dursun, ol indi hiç kime, hatda ejesine-de bir agyz hem agramly söz aýdanok. Myrat indi asyl uly adam ýaly gürrüň edýär, her bir meselede aýratyn üns berip sözleýär.

Ejesi onuň tanalmaz derejede üýtgänine öz ýanyndan haýran galdy.

Eýsem-de bolsa, Myrat bu gün Nabadyň gözüne aýratyn gamly, pikirli, gaýgyly, aladaly bolup göründi. Çagasynyň şatlygy

onuň guwanjy, tukatlygy onuň janyny heýjana salyjy bolany üçin, ýene-de durup bilmän, onuň ýagdaýyny bilmäge çalyşdy:

— Myrat jan, saňa bir zat bolýar, oglum. Sen näme üçin öz ejeňden syryňy ýaşyrýarsyň?

Ejesiniň özi üçin jan berýäni, elbetde, Myrada bellidi. Bir söý bilen ejesini şatlandyryp bilse, onuň hem armany ýokdy. Emma häzir onda şeýle gurp, şeýle şäht, şeýle ukyp ýokdy. Eýsem-de bolsa, ol diwanyň üstünde dikelip oturdy, pallaýan şekilinde uludan dem aldy. Ondan soň kirpikmen gabaklaryny galdyryp, içini dökjek ýaly, üýtgeşik bir gürrüň berjek ýaly göründi. Emma ejesiniň soragly gözüne garandan soň, ýene ýüzüni beýläk sowdy, sypalga agtardy.

— Içeri örän dymyk, eje.

— Wiý, balam, sen nähili gürrüň edýäsiň! Şindi onçakly yssy ýok ahyry! Onuň üstesine, anha görmeýärmiň, penjireler hem açyk, bagyň astyndan ösýän sowujak şemal hem gelýä.

Şol wagt, hakykatdan-da, penjireden salkynjak şemal urýardy: penjireleriň iki ýanyndan sallanýan ýukajyk tutularyny bir az galgadýardy. Howry öçen günüň şöhlesi bolsa penjireden ötüp, nagyşly şkafyň ýüzünde oýnaýardy: aýna degip gaýdan şöhleler towsaklaýardy...

Şeýle-de bolsa, Myrat üçin howa yssydy.

Myrat iýmite-de göwünsiz ýapyşdy. Ejesi bir näçe gezek ündänden soň, ol stoluň başyna geçip oturdy. Gaýnamy kemsiz ýeten etli, kartoşkaly çorba Myradyň agzyna tagamsyz, duzsuz ýaly degdi. Her halda ol ejesiniň göwni üçin bir az tamşandy.

Nabat nahar başynda gyzykly gürrüňler etdi. Myradyň göwnüni bir az açmak, onuň ünsüni başga bir ýana sowmak üçin, gülküli ertekiler hem aýdyp berdi. Emma Nabadyň ertekilerini Myrat perwaýsyzlyk bilen diňledi. Onuň gulagy ejesinde ýaly bolsa-da, küýi başga ýerdedi. Nabadyň ertekisiniň iň gyzykly ýerinde ol birdenkä ejesiniň sözüni kesdi.

— Eje, aý eje! Men näme üçin dünýä mundan on ýyl öň gelmändirin?

Nabat oslagsyz sowala aňka-taňka boldy. Ol öz ýanyndan: «Bu nähili sowal? Munyň näme diýildigi boldy?.. Neressejigimiň akyly üýtgäp ýören bolmasa-da biridir!» diýen howatyr bilen onuň sowalynyň sebäbini soraman:

— Aý, hanym, herki zadyň özüniň wagty, sagady bardyr-da!— diýen jogap bilen ony kanagatlandyrmak isledi.

Emma Myrat onuň bilen kanagatlanmady, has ötgünräk sowal berdi:

— Eje, aý eje! Uruş näme üçin on ýyl mundan soň turmadyka?

Onsuz hem ünji-azary özüne ýetik Nabady «uruş» sözi birdenkä hopukdyrdy. Ol demini haşlap alandan soň jogap berdi:

— Wah, balam! Şol hazan uran uruş kime gerek? Maňa galsa şol hiç wagt-da turmasa, şonça gowy bolardy. Garaz, iň soňy turman dynmajak bolsa, on ýyl öň turanda näme, on ýyl soň turanda näme?..

— Ýok, eje, beýle däl!

— Näme üçin?

— Uruş on ýyl soň turan bolsa... kakam oňa çenli garrardy,

men ulalardym: urşa kakamyň ýerine men giderdim.

Nabat joşup gelen göz ýaşyny Myrada görkezmän süpürmäge çalyşdy, sözlände, onuň sesi garyljyk çykdy:

— Jan ogul, onuň näme tapawudy bar? Onda men kakaň ýerine seniň derdiňi çekmeli bolardym-da!

— Beýle däl, eje! Men kakama görä has çalasynrak ahyry!

Nabadyň ýüregi näçe awasa-da, Myrada syryny bildirmezlik üçin, özüni rahat saklamaga çalyşdy:

— Kakaňyň tejribesi, hanym, seniňkä garanda has köpräkdi. Ol özüniň ýaşlygyna garaman, graždanlyk urşuna-da gatnaşypdy. Seniň habaryň ýokdur, biziň şu gözel ülkämizi doýmaz holtumyna dykmak üçin, şol wagtda şu ýere iňlis maýadarlary gelipdi. Seniň kakaň şol söweşlere-de gatnaşypdy. Şol wagtda onuň müçesi kiçijik bolany üçin, şol wagtyň frontunda oňa «Jonnuk-Gylyç» diýip at beren ekenler. Onuň kiçiligine garaman, gylyç ýaly ýitiligine boýun ekenler...

Şol sözler (kakasy barasynda edilýän gürrüň) Myradyň gulagyna ýaraýan ýaly duýlandan soň, Nabat sözüniň soňuny Myradyň kakasynyň edermenligine bakan öwrüp, onuň şol uruşdaky başyndan geçen bir wakasyny gürrüň berdi.

Myrat ilki bada şol gürrüňe hakykatdan-da gyzykdy, onuň kakasy gözüniň öňüne geldi... Şondan soň Nabadyň gürrüňi onuň gulagyna ilmän geçdi. Ol stoluň töweregine, oturgyçlara, her bir goş-golaňlara aýratyn üns bilen göz gezdirdi; ondan soň diwaryň ýüzüne garady. Onuň agtaryjy gözleri kakasynyň diwaryň ýüzündäki asylyp duran suratyna düşdi. Ol oňa uzak garap, çendan ara kynlyk bilen ýuwdunandan soň, Nabadyň sözüni keseni ni hem duýman galdy:

— Eje, aý eje! Seniň ýadyňda barmy: biz nahar iýenimizde, kakam ynha — şu ýerde otury̆ardy; men ine — bu ýerde oturýardym. Ol, öz okarasyna omaça düşende, ýiligini maňa kakyp berýärdi: Myradym, köpräk iý-de, tizräk ulal! — diýýärdi.

Nabat şol agyr gürrüňi — hem Myrady, hem Nabady aljyraňňylyga salýan gürrüňi başga ýana sowmak, Myradyň näzik ýüregine bir az dynç bermek isledi.

— Myrat jan, näme haýallaýasyň? Işdä bilenjik iýsene!

Myrat ejesiniň sözüne gulak asman, eşitmediksireýän ýaly, öz gürrüňini dowam etdi.

— Seniň ýadyňda barmy: men has kiçijikkäm, kakam meni gujagyna alyp towusdyrýardy. Bir gezek meni ýokaryk zyňyp, ýene gapanda, seniň ýüregiň agzyňa gelip hem kakama, hem maňa ýapyşanyň ýadyňda barmy?..

Nabat bir zada güýmenýän kişi bolup, beýlesine aýlandy-da, gözüniň ýaşyny süpürdy. Myrat ony duýman, gürrüňini dowam etdi:

— Sen bilýämiň, kakam meni boýunmündük hem edýärdi... Men onuň bilen çendan düýe-düýe-de oýnaýardym... ynha, ynha, edil şu ýerde, kakam meni arkasyna mündürip, «Bö-ö, bö-ö» edip emedekleýärdi. Men «Haýt! Çüw!» diýip debseýärdim...

Nabat onuň gürrüňini nähili başga ýaňa sowjagyny bilmän:

— Myrat jan, iýsene! — diýip gaýtalady.

Myrat dürtgüji eline alyp, iýmite sançjak ýaly etdi-de, ýene gürrüňini dowam etdi:

— Men çendan urşup gelemde-de, kakam maňa seniň ýaly käýemeýärdi. Gaýta, «Berekella, oglum, urlup gelmeseň bor!» diýip, meniň arkama kakýardy. Ol ony diňe meniň göwnümi ýykmazlyk üçin aýdýardy. Soňra arkaýynçylyk wagtda bolsa: «Myradym, uruşmak, sögüşmek aýyp bolar. Sen edepli, dilli bolgun, hanym!» diýip, akyl öwredýärdi...

Nabat ýene bir bahana bilen onuň sözüni kesmek islände, Myrat janygyp ejesine bakdy-da, gürrüňini dowam etdi:

— Eje jan, ýadyňda barmy, kakam bazara çykanda-da meni öz ýany bilen bile alyp gidýärdi, magazine baranymyzda: «Myradym, bally kemput alyp bereýinmi ýa şokolady gowy görýärmiň?» diýip soraýardy...

Nabat Myradyň gürrüňine artyk çydamady: aňyrdan joşup gelen göz ýaş ony bogdy, göwresinde sandyrama emele getirdi. Ol öz göz ýaşyny Myrada görkezmezlik niýeti bilen, bar-ýok zady bahana etdi-de, goňşularyna bakan çykyp gitdi.

Myrat oturan ýerinden butnaman, kakasy barasynda ýene bir näçe zady ýadyna saldy... Ol birdenkä-de ýerinden turup, şkafyň ýanyna bardy: onuň ýokarky çekerini çekip, ejesiniň köne gapjygyny aldy. Ol şol gapjygyň içinden bir näçe hat çykardy. Şol hatlara bir ýanyndan çalt-çalt göz gezdirip başlady. Birdenkä bir hata bar ünsüni berip seredişdirdi-de, sesli okady:

«Myrat jan! Meniň janym sag, keýpim kök! Söweşde abraý alýaryn. Seniň hem okuwda otliçno boljagyňa ynanýaryn. Sagaman gaýdyp baranymdan soň, men saňa uruş hakynda gürrüň bererin. Häzir sag bol. Seni gujagyma gysyp, mäkäm ogşaýaryn! Kakaň...»

Şol haty okanda, Myradyň gözleri gülümsiredi, emma aşaky gabaklarynyň ownujak tisginmegi, onuň keşbinde gynanç ýaly, agy ýaly bir alamat hem saýgartdy.

Myrat ikinji bir hata göz gezdirenden, onuň gözleri peträp, seslenip okap bilmedi. Onuň şol hata ne dili öwrüldi, ne-de sesi çykdy. Ol oňa diňe setirme-setir göz gezdirdi, dodaklaryny müňküldetdi. Ol hat kakasynyň gulluk edýän bölüminden gelen hatdy. Onda şeýle ýazylypdy:

«Hormatly Nabat Nazarowa! Siz özüňize nätanyş bir kapitany bagyşlaň! Men size aýylganç ajy bir habary mälim etmäge mejbur boldum. Meniň hatym Siziň suňňüňizi gagşadar, Sizi bir bada aldym-berdime salar. Şeýle-de bolsa ýazmazlyga çäräm ýok... Siziň adamyňyz leýtenant Gylyç Nazar gyzgyn söweşde... wepat boldy... Biz ony öz elimiz bilen jaýladyk. Rota söýgüli komandiriniň hormatyna salýut berdi... Elbetde, Siziň üçin bu adatdan daşary agyr habar. Şeýle-de bolsa, öz adamyňyzyň mertligine görä, mertlerçe geçirmegiňizi haýyş edýärin. «Iki aýakly — iki günde» diýen türkmen nakyly bar. Siziň ogluňyz Myrat haý diýmän ýetişer. Ol öz kakasynyň ornuny tutar. Siz artyk gaýgy çekmäň. Siz öz adamyňyzyň edermenligine hemişelik guwanyň. Batyr leýtenant Gylyç Nazar türkmen oglunyň kimdigini ýigrenji duşmana bir näçe gezek görkezdi. Siziň adamyňyzyň ady biziň esgerlerimiziň agzyndan hiç wagtda düşenok. Biz Gylyç Nazaryň aryny eýýäm bir näçe gezek aldyk. Ýene onlarça gezek aljagymyza, duşmany ýer bilen ýegsan etjegimize, Size wada berýäris. Size tutanýerlilik, mertlik, gaýratlylyk isleýän. Kapi-

tan...»

Myrat şol hat bilen bile kakasynyň ölümi hakynda, harby komissariatdan gelen bildiriş kagyzyny hem aldy. Myradyň gara gözlerinden ygtyýarsyz ýaş akdy. Ol kakasynyň frontdan iberen suratyny ýaşly gözleri bilen synlady. Myradyň gözüne kakasynyň gara gaşy hem, üns bilen garaýşy hem, bütin keşbi hem, edil öňküsi ýaly bolup göründi. Emma şol göreçlerde bir goýazylyk, şol garaşlarda bir gazap syzylýan ýalydy. Onuň diňe geýimi üýtgeşikdi: ol harby geýimdedi. Onuň eginlerinde pogonlary hem bardy. Onuň döşünde Watançylyk urşunyň ordeni, Gyzyl Ýyldyz ordeni hem-de «Edermenlik üçin» diýen medal ýalpyldaýardy.

Myrat öz kakasynyň suratyny döşüne gysdy, sessiz silkinip aglady, özüni diwana goýberdi. Gapydan gelen aljyraňňy Nabat ony:

— Balam! Myrat jan! — diýip gujaklady.

Myrat kakasynyň, uruşdan ozalky gulluk edýän edarasyna bardy. Edara başlygynyň bardygyny bildi. Sekretaryň üsti bilen onuň ýanyna girmäge ygtyýar aldy.

Myrat bir az ýygryljak ýaly etdi. Ol gapynyň söýesine söýenip, bir salym daýandy. Sekretaryň göwnüne bolmasa, ol ikirjiňleýän ýaly, girmezlige meýil edýän ýaly, belki, yzyna dolanmak küýüne düşýän ýaly göründi. Şonuň üçin sekretar oňa mylakatly söz aýtdy:

— Myrat, näme dursuň? Onuň ýanynda hiç kim ýokdur. Ýeke özüdir. Giriber!

— Girsem...

Myradyň çekinýänini aňlan sekretar onuň egnine ýapyşdy, başyny sypalady:

— Myrat, sen bu kabinete ýeke şu gün girmeli däl ahyry. Sen bu ýere alty-ýedi ýaşyňdakaň hem gelýädiň. Ýadyňda barmy, ýaňy-ýakynda-da bir gezek giripdiň ahyry. Direktor seni örän şatlyk bilen kabul eder.

Sekretaryň hemme aýdýanlary dogrudy: Myrat ol kabinete kän giripdi. Emma ol wagtda, şol kabinetde... onuň öz kakasy bardy. Häzir bolsa...

Myradyň häzir göwnüni ikä bölýän ony ikirjiňledýän şol meseledi. Ol ýöne bir ikirjiňlemek däl, diwanyň üstündäki bolşy ýaly, ýüzüni iki eli bilen tutarly, ýene şol ýerdäki diwana ýykylarly göründi. Emma sekretaryň hoşamaý sözi ony bir az gurplandyrdymy ýa asyl ol şol bolşy özi üçin namys bildimi, birdenkä gapyny açdy, stoluň syrtyndaky oturan adama aýgytly garaş bilen seretdi:

— Girmek bolýamy?

Edara başlygynyň:

— Hä-ä, Myrat! Gel, hanym, gel! — diýen sesini eşidenden soň, içerik girdi.

Myrat ilki bada nämeden söze başlajagyny bilmedi, töweregine ýaltaklady, nämedir bir zady göresi gelýän ýaly, şol zat bolsa onuň gözüne görünmeýän ýaly duýuldy.

Onuň şol ýagdaýyny aňlan direktor, oňa ýygrylmaga, çekinmäge, asyl oýlanmaga mümkinçilik bermän, ony gürrüňe gyzykdyryp başlady:

— Tüweleme! Myrat, sen-ä ullakan ýigit bolup giden ekeniň...

Keýpiň kökmi? Janyň sagmy?

— Hawa, gurgun.

— Okuwy nähili okaýarsyň?.. Otliçno? Berekella!.. Okuwy gutararsyň, kanikul bolar. Seni Pöwrizä pionerler lagerine iberer-is. Sen şol ýerde gezersiň, oýnarsyň, dynç alarsyn, okuwa täze güýç bilen başlarsyň. Şeýle dälmi?

— Hawa, ol aýdanyň-a şeýle...

— Näme ysgynsyz jogap berýärsiň?. Ýa Pöwrizäni makul bilmän, Kawkaza ýa Kryma, Artege gitmek isleýärmiň?

— Aý, ýok.

— Onda näme? Sen asyl keýpinemi ýa habarlyjamysyň?

Myrat ýüzüni aşak saldy, uzynja barmaklary bilen stoluň üstündäki begresiň kiçijik düwünjigini dyrmady, birden başyny galdyrdy, başlygyň ýüzüne seretdi:

— Meni Daşkente Suworow uçilişesine ibermegiňizi haýyş edýän!

Oslagsyz sowal başlygy bir az geňirgendirdi. Ol Myradyň ýüzüne hyrydar seretdi. Onuň näzik ýüzünde, ynamly gözlerinde aýgytly bir sypat göründi. Ol ýaş oglanlaryň adatdaky boluşlary ýaly, ýüzüni eýläk-beýläk sypjatmady, bir bolşuny üýtgetmedi, asyl ol gymyldaman, sarsman oturdy. Onuň gaşlarynyň arasy bir zatdan ynjan, ýaşy ýeten ýigidiňki ýaly çytyldy. Onuň bütin bolşunda, görnüşinde akyly goýalan, edýän talapyna kesgitli jogap almaga ymtylýan adamyň sypaty göründi. Onuň ýönekeý geldi-geçer sowal bermän, tutanýerlilik bilen çürt-kesik jogaba garaşýanyny başlyk kemsiz aňlady. Şeýle-de bolsa, ony mazaly synap görmek isledi:

— Myrat, sen, hanym, şindi ýaşajyk ahyry!

— Suworow uçilişesine ýaşlar kabul edilýär.

— Daşkende gitmän, şu ýerde okaňda bolmaýarmy?

— Bu ýerde Suworow uçilişesi ýok.

— Başga mekdepler kän ahyry. Ol hökmanmy näme?

— Hawa, hökman!

— Näme üçin?

— Men... kakamyň aryny almak isleýän!

— Sowet halky seniň ýeriňe duşmandan on esseläp ar alýar ahyry!

— Ýok. Men öz elim, öz güýjüm bilen hem almak isleýän. Duşmanlaryň meniň ýüregime salan ýarasy diňe şonda biter diýip oýlaýaryn.

— Sen entek ar alardan ýaş ahyry.

— Suworow uçilişesini gutarýançam ulalaryn.

Onýança.., belkem, şu ýyl uruş gutarar.

— Uruş gutarandan soň hem Watany goramak gerek ahyryn.

Başlyk oňa näme jogap gaýtarjagyny bilmedi. Ol elindäki galamy bilen ak kagyzyň ýüzüne nämedir bir zat ýazandan soň, ýene Myradyň ýüzüne seretdi.

— Ejeň näme diýýär? Razy bolýamy?

Aý, eje diýeniň näme, ejedir-dä! Ol öz ýanyndan, öz gözüniň astyndan aýyrmajak bolýa. Ol maňa: «Sen meniň ýeke çagam. Sen hem çykyp gitseň, meniň günüm nähili geçer. Sen akylly bol-da, şu ýerde» öz gözümiň alnynda okaber» diýip, ýok tükezzibanlara tutýar.

— Dogry aýdýar... Ulyny aglatmak kiçä ýaraşmaz.

— Ejem bir aglar—bir goýar. Men adam bolup ýetişenimden soň, ol hemişelik güler.

— Şeýle-de bolsa, ejeňi agladyp, Daşkende gitjek bolmaňy men-ä makul bilemok hanym.

— Ýok, ejem hem indi razy boldy. Ynanmasaňyz, çagyraýyn, özüňiz sorap göräýiň.

Nabat Myradyň sözüni tassyklady.

— Kakasynyň ölüm habary gelen günden bäri, Myrat jan bütinleýin üýtgedi. Onuň edýän oýy, aýdýan sözleri, çekýän azaby oglanyňky diýip, ynanar ýaly däl. Ol öz arzuwyna ýetmese, rahatlanyp bilenok, maňa-da gün berenok. Eger ýagdaýy bolsa, oňa kömek edip, gitjek bolýan ýerine ibermegiňizi men hem sizden haýyş edýän.

Başlyk harby komissara telefon urup, Myradyň öz ýanynda onuň bilen gepleşmäge durdy.

Myradyň ýüzi ýagtyldy. Ol ornundan gozgananyny hem aňlaman, telefon trubkasyna, başlygyň agzyna aý görjek ýaly seretdi.

Başlyk trubkany goýandan soň, Myrada bakan ýüzlendi:

— Eşitdiň gerek?

— Siziň sözüňizi eşitdim, jogabyny eşidemok.

— Harby komissar «Suworow uçilişesine kabul edişlik gutarypdyr» diýýär.

Myradyň ýüzi ýene gamaşdy. Ol başlyga närazy garaş bilen çiňerildi:

— Dogry däldir. Iň bolmanda bir adamy-ha kabul edip bilerler!

Myradyň sözi başlygy bir az ynjytdymy ýa ol Myrady bir az rahatlandyrmak isledimi, her halda oňa bir az igendi:

— Näme, harby komissar ýalan sözleýändir öýdýämiň? Ýa meniň sözüme ynam edeňokmy? Eger şeýle bolsa, ynha, telefony bereýin, özüň gürleş-de göräý!

Myrat ýüzüni aşak saldy. Onuň dodaklary bir az kemşerdi. Ony şeýle ýagdaýda gören başlygyň ýüregi awady, özüniň oňa igenç bilen aýdan sözlerine ökündi, şol sekuntda bolsa, Myradyň kakasy Gylyç Nazaryň gylygy onuň ýadyna düşdi. Gylyç bir ýana eňňit edenden soň, ony kes-kelläm gaýtaryp bolmaýany onuň gözüniň öňüne geldi... Basmaçylyk döwründe Daşhowzuň uzak bir raýonynda Gylyç ikisi bir ýerde gulluk edýärdi. Birdenkä, golaýjakda, obaň töwereginde galtaman bar habary geldi. Raýonyň milisionerleri, bir näçe ýolbaşçylary başga bir toparyň yzyndan kowalaşyp gidipdiler. Atly-ýaragly onlap galtamana taý gelerlik raýonda şol wagt güýç ýokdy. Emma Gylyç oňa garaman: «Ýörüň! Atlanyň!» diýip, derrew şaýyny tutmaga durdy. Töwerekdäkilerden käbiriniň iki göwünli bolanyny, käbiriniň haýal-ýagal depreýänini gören Gylyç: «Bolýar. Siz tohumlyk galaýyň!» diýip, ýeke özi atyny gamça basdy-da, gözden ýitdi. Ýeke atlyny— Gylyjy gören galtamanlar onuň üstüne hüjüm edipdirler. Gylyç atyny noburyň içinde daňyp, galtamanlara ýeke özi gaýtawul beripdir. Olardan ikisini urup ýykypdyr. Üçünji biri noburyň içi bilen pyýadalap gelip, galtamanlara bakan atyp ýatan Gylyjyň üstüne özüni oklapdyr. Onýança raýon tarapyndan gelýän atly-

lary görenden soň, galtamanlar ökje göteripdiler. Uruş sowlandan soň, Gylyç bilen bir galtamany gana bulaşyp ýatan ýerlerinde tapypdyrlar. Şol kartina gözüniň öňünden geçen başlyk Myrada gaýtalap göz gezdirdi.

Myradyň dodaklary bir az kemşerse-de, barmaklary stoly dyrmaşdyrsa-da, gözlerinden ýaş çykanok.

Gaýta ynjyly, agramly bir ýagdaý onuň gaharyny getirýän ýaly görünýär. Onuň gözlerinde uçganaklar ýylpyldaýar. Ol gamly başyny birdenkä aýgyt edijilik bilen galdyrdy, başlyga çiňerilip seretdi:

— Onda maňa hat beriň-de, özüňiz iberäýiň!

— Han ogul, sen nähili gürrüň edýärsiň? Suworow uçilişesi harby mekdep, ony harby komissar ibermese, biziň hatymyza kim sereder?

— Eýsem, iki barmak kagyzyňyzam gysganýarsyňyz-da?

— Gep kagyzda däl diýip, men aýtdym ahyry!

— Ýok, siziň maňa kömek edesiňiz gelenok... Kakam bolan bolsa, elbetde, bir tärini tapardy. Kömek edesiňiz gelmese, etmäň. Men hem öz ýolumy taparyn. Bilet alyp bermeseňiz, men Daşkende piýada giderin.

Myrat ýüzüniň ugruna tasanjyrap çykyp gitmekçi boldy. Ondan öňürti turup, stoluň beýlesine aýlanan başlyk, onuň öňüni gabady, egnine elini goýdy, mylaýym sözledi:

—Myrat, beýle dar gursak bolmazlar. Her bir meseläni ýüz oýlap — bir çözen gowudyr. Gahar adamyny çaşyrar, sowuk ganly bolmak gerek. Sen öňi bilen maňa aýt: okuwda alýan bahaň nähili?

Myradyň keşbi oňly düzelmese-de, sesi örän batly çykdy:

— Hemmesi bäş!

— Hemmesi bäş? Tüweleme! — Başlyk ýylgyrdy-da, oňa degdi. — Sen maňa aýt. Daşkende piýada gitseň, okuw başlanar wagtyna ýetişermikäň?

Emma Myrat özüni ýitirmän:

— Piýada giderin, gruzowige münerin, her ederin-hesip ederin weli, ýetişerin! —diýip, ýene gapa bakan ýüzlendi.

Başlyk ony saklap, ýaňadandan hyrydar syn etdi. Ol ortadan ýokary, süňklek bir oglan. Emma onuň ýüzüniň agraslygynda, gara gözleriniň düşünje bilen hereket edişinde bir üýtgeşiklik saýgarylýar. Başlyk öz ýanyndan «Bu oglan edil öz atasynyň ogly. Ine gerek bolsa, saňa gylyk! Ýok, ýöne bir gylyk hem däl-de, batyrlyk alamaty. Çagasy şeýle gylykly bir halky heý-de ýeňip bolarmy?!» diýip oýlandy.

Başlyk şondan soň Nabada ýüzlenip, kagyzyň ýüzüne bir zatlar ýazyp başlady:

— Näme diýsene, Nabat, siz Myrat bilen bile oňa gerek dokumentleri taýynlaň. Nähili dokument geregini men ynha, şujagaz kagyza ýazýaryn. Men özüm polkownigiň ýanyna baryp, onuň bilen sözleşeýin, aňrujy ýagdaýy bolsa, bir çäre ederis. Juda bolmasa, Suworow uçilişesiniň naçalnigine ýörite hat ýazarys. Her halda umydy goldan bermäliň, belki, bir zat bolar.

Myrat özüne bakan uzyn kagyzy hoşallyk bilen gysymlanda, onuň gözlerinde minnetdarlyk hem umyt öwüşgini ýalpyldady.

Otagyň bir künjündäki tegelejik stoluň üstünde dürli kagyz

ýaýrap ýatyrdy.

Şol kagyzlaryň her birinde aýratyn üns bilen ýazylan, emma yzy gutarman, ýarymçyk galdyrylan sözlemler görünýärdi.

Kagyzlaryň käbirini ýel galgadany üçin, Myrat ýerinden turup, eýwan taýdaky gapyny ýapdy. Onuň keşbinde adatdan daşary çynlakaýlyk görünýärdi, ýaňajyklary gyzýan ýaly duýulýardy. Ol öz oýlan sözlemini kebşirläp ýazyp bilmeýärdi. Onuň göwnüne bolmasa, öz takdyry häzirki ýazýan zadyna bagly ýaly duýulýardy.

Ol öz ýerinde gelip oturanda, ýürejigi tarsyldap urýardy, şeýle-de bolsa, ol özüni ýitirmeýärdi. Ol Suworow uçilişesiniň naçalnigine arzany özi ýazmakçy bolýardy. Şol arzany ýalňyşsyz, örän tygşytly ýazjagyna, hatda oturyna, iki nokadyna çenli-de unutmajagyna ynanýardy. Ony örän owadan hem gelşikli sözlemler bilen ýazjagyna umyt baglaýardy. Ol şonuň ýaly arzany uly adamlaryň nähili ýazýanlaryny göz öňüne getirmäge çalyşýardy. Onuň göwnüne bolmasa, arzalaryň hemmesi şeýle başlanýan ýaly, ýagny: «Şu arzany ýazmak bilen...» ýa-da «Şu arzadan meniň maksadym...» diýip, soňra öz islegiňi mälim edäýmeli ýalydy.

Emma ol stoluň syrtynda oturyp, kagyz-galamyny ykjamlap:

«SUWOROW UÇILIŞESINIŇ NAÇALNIGINE

Bäşinji klasyň okuwçysy<br>Myrat Nazarowdan

**A r z a**

Şu arzadan meniň maksadym...» diýip ýazandan soň, yzyny nähili alyp barjagyny bilmedi.

Ol öz akylyndan her hili oýlary geçirip, sözlemi gutarmaga çalyşsa-da, näme ýazsa-da, Myradyň göwnüne görä oňly bolman, gaýta ýaramaz bolup çykdy. Onuň öz ýüreginden gaýnap çykýan sözler göwnejaý ýaly bolsa-da, kagyz ýüzüne geçenden soň, bir hili suwuk ýaly, öli ýaly göründi. Belki hem, ol, naçalnik öz arzasyny okan badyna «Myrat nähili akylly, düşünjeli oglan ekeni» diýip, derrew kabul edäýer ýaly ýazmaga ymtylany, şony hem oňly başarmany üçindir. Her halda Myrat näçe ýazsa-da, onuň ýazanlary göwün diýen bolup çykmady. Ol özüni bir hili ýitirdi, ýazan kagyzlaryny mynçgalap, stoluň astyna taşlasy geldi.

Ol öz ejesini tapyp, ondan kömek sorasy gelýän ýaly duýdy, emma ol niýeti göwnünden turman, näme-de bolsa, men özüm ýazmalydyryn diýip düşündi.

Ol eýwan taýdaky gapydan howlynyň içine çykyp, hoşaly üzümler sallanyşyp duran dalbaryň aşagynda durdy. Çüýşe ýaly sarymtyl bulduraýan terbaşdan bir dänesini ýolup, agzyna salanda, ondan hiç bir tagam tapmadyk ýaly duýdy. Ol haýal ädim bilen dalbaryň astynda gezim edenden soň, aýaklaryny açybrak durdy-da, urşa taýynlanýan ýaly, ýumrugyny düwdi, gaşlaryny gerip, nirädir çiňerildi. Myrat şonuň ýaly arzany öz kakasynyň nähili ýazjagyny göz öňüne getirmäge çalyşýan ýaly, şondan görelde almaga ymtylýan ýaly duýdy. Onuň göwnüne bolmasa, şol niýeti örän makul ýaly duýuldy. Öz kakasynyň keşbini göz

öňüne getirende, ol oňa şeýle görkezme berýän ýaly göründi: Myrat, sen arza-parza diýip resmilige ýüz urma-da, meniň saňa ýazyşym ýaly, ýönekeý hat ýazaý...

Ýeňillik bilen dem alan Myrat, şondan soň öz stolunyň başyna geçdi-de, çalasyn galam ýöretdi...

Myrat bir näçe gün göýä diýersiň ümürde ýörän ýaly, gümürtik ýagdaýda gezdi. Ol Suworow uçilişesinden çakylyk geljegine ynam etmän, köplenç wagt gaýgylandy, özüniň umytsyzlygyny çendan ejesine-de duýdurdy. Ejesi oňa çendan göwünlik berdi, käte bolsa töwelli etdi:

— Myrat jan, kakaň näme Suworow uçilişesini gutarypmydy? Saňa gerek okuwy şu ýerde-de berip bilerler ahyry. Sen şu ýeriniň mekdebini gutaranyňdan soň, isleseň, ýokary harby mekdebe gidersiň.

Myrat meseläni üzül-kesil goýýardy:

— Ýok. Men Suworow uçilişesine giderin!

Nabadyň razylyk bildirmekden ýa sesini çykarman oturmakdan başga çäresi ýokdy: oglunyň gylygy enesiniňkiden üstün çykypdy.

Myrat dürli žurnallardan Suworow uçilişesinde okaýan oglanlaryň suratlaryny ýygnady, olaryň harby geýimdäki syratly keşpleri ony guwandyrdy. Ol aýnanyň öňünde durup, döşüni gaýşardyp, ýeňsejigini pökgerdip, şolaryň durşuna öýkündi, öz ýanyndan: «Men hem şular ýaly suratymy aldyryp, ejeme ibererin» diýip buýsandy.

Myrat şol suratlary käte mekdep oglanlaryna görkezip güjeňledi:

— Ynha görüň, nähili oňat! Men hem şularyň mekdebine gidýän. Baranymdan soň, suratymy aldyryp, size-de ibererin.

Oglanlaryň köpüsi Myradyň sözüni üns bilen diňledi, onuň görkezen suratlaryny höwes bilen synlady. Olardan bir näçesi «Men hem şol mekdebe gidýän bolsam bolmaýarmy» diýip, arzuw etdi. Emma oglanlaryň içinde dürli gylyklylary, käbir çylkasyzlary-da ýok däldi. Özüne göwni ýetýänje, kesirje bir oglan Myradyň gaňryşyna gaýdyp, onuň sözlerini ýaňsa aldy, temejigini tyzzyldatdy, güldi:

— Hawa, gardaş, ýagmasaň hem, gübürdeýşiň-ä ýaman däl!

Myrat oňa bakan gözlerini çüýjertdi:

— Näme, okuwa gitmez öýdýämiň?

— Äkitseler, gidersiň.

— Äkitmeseler hem giderin.

— Bolsady ekeniň bilen gögerýän bolsa, men hem okaman, tejribe geçmän, lýotçik bolardym.

— Men näme, şo taýda okamaz öýdýämiň?

— Okarsyň hem öýdemok.

— Ýa duşmandan heder eder öýdýämiň?

— Hawa, duşmanyň elini-aýagyny daňyp goýsalar, seniň eliňe-de ýarag berseler, elbetde, tarkyldadarsyň, onda-da gözüňi ýumup.

Myrat birdenkä bolmajyny bolup, hemişeki Myrada öwrüldi. Ol şojagaz oglanyň üstüne abananda, gözlerinde uçganak göründi:

— Halypa, men özüň ýalylar ýaly buduny saňňyldadyp, «Waý, eje-leý!» diýip, zörletjekleriň hilinden däldirin. Men atamyň ogludyryn! Sen ony unutma!

— Ýeri, çikjeren bolmasana, sen hem belli tanalman duraňok.

— Ynha tanasaň!

Myrat ýumrugyny göterip, şol oglandan eňtererli bolanda, kakasynyň berýän öwüdi, edara başlygynyň «Ganygyzgynlyk ýaman zatdyr» diýeni ýadyna düşüp, birdenkä elini aşak goýberenini, ýumrugynyň nähili ýazylanyny, utançly ýüzüniň nähili aşak sallananyny duýman galdy. Birdenkä-de ol garşysyndaky oglanyň egnine elini goýdy:

— Bagyşla, gardaş!

Kakasynyň ölüm habary gelenden soň, Myradyň hemişekiligini ýatlany, şu birinji gezekdi. Belki hem, ol iň soňky gezek bolar. Mekdep ýoldaşyndan ötünç sorap, Myrat her halda şeýle düşündi.

Myrady ugratmaga wokzala çykanlar geň galarlyk derejede kändi.

Mähriban enesi Nabadyň öz ogluny öz eli bilen ugratjagy, elbetde, hemmelere aýandy. Tä uludan-kiçä olaryň goňşulary hem gelipdiler. Lagerlerden dolanyp gelen mekdep ýoldaşlary hem wokzala çykypdylar. Myradyň bir wagtda bir näçeleri bilen ýüzlerini dyrçanaklaşanlary, bir näçeleri bilen ýersiz ýere ýumruklaşanlary, käbirleri bilen çynlakaý tersleşenleri hem gelipdir. (Hawa-da, çagalykdaky bolup geçen bimazalyklar, suw degen duz ýaly, ýüzüniň ugruna ýuwlup gidýärdi.) Hatda Myradyň kakasynyň dosty — Häzirki edara başlygy-da gelipdi.

Myradyň şatlykly gözleri aýsyz gijäniň mähnet goşa ýyldyzy ýaly balkyldaýardy. Emma iň soňky minutda, soňky gezek jaň urlanda, oglanlar biri-birlerini itekleşip, onuň bilen ýene bir gezek gujaklaşjak, hoşlaşjak bolýan wagtynda, onuň gözleriniň öňi bir hili ümezlän ýaly göründi. Myrat ejesi bilen ogşaşanda, gözleri ýaşly Nabadyň göreçlerine bolmasa, Myradyň ýaňaklaryndan goşa monjuk togalanan ýaly göründi. Ejesine aýtjak sözüni aýdyp bilmän, diňe dodaklarynyň müňküldeýäni hem şony tassyklaýardy.

Edara başlygy Myradyň şol ýagdaýyna gözi düşende: «Myrat, sen, hanym, kyn ýagdaýda bozulýan diňe özüňdirin öýtme. Seniň ejeň bilen hoşlaşanda, seniň kakaňda-da seniň häzirki keşbiň bardy» diýesi geldi. Emma kakasynyň aýrylyşygy bilen Myradyň hoşlaşygy gözüniň öňüne gelende, ol şol pikirinden döndi-de, Myrady gujaklap öpdi:

— Bar, oglum, bar. Ataňyň ornuny kemsiz tutjagyňa hiç bir şübhäm ýok!

Parowoz gugurandan soň, wagonlaryň tigirleri emaý bilen gymyldap başlady...

Ejesiniň gujagyndan sypan Myrat wagonyň tamburina dazyrdap çykdy. Kimler ellerindäki ýaglyklaryny, kimler papaklaryny, käbirleri bolsa tahýalaryny bulaýladylar. Dürli ses ýaňlandy:

— Myrat, sag bol!

— Myrat, okuwyň şowly bolsun!

## 1944

# ERTEKI DÄL, HAKYKAT

Men öýden çykamda, agşam sagat dokuzlar çemesidi. Hiç ýerden ýel ösmeýärdi. Howa örän mylaýymdy. Bulutsyz asmanyň ýaňyjyk ýylpyldaşyp başlan ýyldyzlary şäheriň çyralary bilen bäsleşýärdi. Köçelerde maşyn hereketi azalany üçin, adamlar asuda gezim edýärdi. Ejesiniň, kakasynyň bir gezek o ýanyna, bir gezek bu ýanyna geçip ýa-da elinden tutup, çalasyn ätleýän, enaýyja wüjürdeýän çagajyklar-da görünýärdi. Nirededir aýdymsaz sesi ýaňlanýardy. Şäher bagyndan ýaňyjyk goýberilip başlan raketalaryň uçgunlary asmanda pytraýardy...

Şonuň ýaly seýle çykyp, oýan-buýan gezim edenimden soň, meniň öz dostlarymdan biriniňkä barmak häsiýetim bardy. Emma kimiňkä barmalydy? Häzir kimi öýünde tapmak mümkindi?.. Şeýle nämälim oý bilen men şäheriň orta gürpündäki bir howla girenimi duýman galdym. Howlynyň içi dym-dyrslykdy. Hatda şol ümsümligi bozmak islemeýän ýaly, togalajyk alaja güjük-de, hemişeki gylygyna görä, şaňňyja ses bilen üýrmän, diňe tanyşlyk berýän ýaly, howlynyň içi asudadyr diýip duýdurýan ýaly, temejigini çommaldyp, guýrujagyny bulaýlaýardy. Otaglaryň hiç birinde çyra ýanmaýany, açyk gapydan hiç kimiň çykmaýany— meniň dostumyň öýde ýoguny, aýaly bilen kino ýa biriniňkä myhman gidenini habar berýärdi.

Emma howlynyň içi boş däldi.

Çyra ýagtysyna salkym üzümleri buldurap sallanýan gür ýaprakly dalbaryň astyndaky giň tagyň üstünde üýtgeşik bir görnüş bardy. Garry enäniň garşysynda çugdamlanyşyp oturan çagajyklar töwerekdäki ýagdaýlary bütinleýin unudyp, onuň agzyndan aý görjek ýaly seredişýärdiler. Alkymlary gasyn atyp, saçlary çalaran garry ýygyrtlaşan gabaklaryny aşak sallap, böwrüni diňirgenýärdi. Garry Jahan, durguşan ýüreginiň gatlaklarynda gizlenen taryh sahypalaryny agtarýan ýaly, çuňňur oýa çümüp otyrdy. Şonuň ýaly görnüşde onuň gyzykly bir ertekä başlaýany maňa mälimdi. Şonuň üçin şol görnüş meniň-de ünsümi özüne çekdi.

Meniň baranymy saýgarmadyk çagalar öz golaýlarynda baryp süýnenimi-de duýmadylar. Dogrusy, men hem edil ogurlyk edýän ýaly ýapyrylyp, pişik ýörişini edip barypdym.

Emma garry Jahan äwmeýärdi. Onuň hiç bir hereketsiz, soky ýaly somalyp oturmagy agtyklarynyň sabyrlaryny ellerinden alýardy. Emma olaryň hiç biri dillenip bilmän, sen aýt-da, sen aýt diýýän ýaly, biri-birlerini ýuwaşja tirsekleşýärdiler. Iň soňunda, mele gulpakly ekabyrja gyz dillenmän durup bilmedi:

— Ene, aý ene! Sen erteki aýdyp berjek diýip, bizi kökene gerdiň-de, özüň dymaýdyň-la!

Kempir gabagyny galdyryp, haýal-ýagal çiňerildi-de, agtygynyň başyny sypalady:

— Maýsa jan, bisabyrlyk saňa däl, diňe biziň

Alabaýymyza gelşer!.. Onsoňam, meniň pikirimi böleniňden, gaýçy bilen barmagymyň damyny gyýyp alanyňy gowy görerin!..

Garry ýaňadandan eňegini eliniň aýasyna diräp, öňki oýunyň dowamyna gark bolanda tegelek ýüzli, ýiti gözli, burny bir az düwünlije oglan Maýsany tirsekläp, ýuwaşja pyşyrdady:

— Hä, Maýsajyk, aldyňmy almytyňy?.. Degme, päsgel berme diýip, men saňa näçe gezek göz ümledim?

Maýsajyk oňa geňirgeýji çiňerilip, edil özüniňki ýaly pyşyrdady:

— Enemiň şeýle ýokuş görjegini sen nireden bilýädiň?

Ýeserje Aman gözleriniň birini gypyp, beýlekisini ýylpyldatdy-da, pyşyrdy bilen jogap gaýtardy:

— Men çöregi dişim bilen çeýneýän ahyry!

— A men?..

— Sen?.. Kentlewügiň bilen!

Maýsajyk burnuny myssyldatdy:

— Hymm!.. Bolduň meň başyma adamyň içindäkini daşyndan saýgarýan köpbilmiş!..

Aman Maýsaň gulajygyna barmagyny degirdi:

— Seniň ynha şunyň epenegi ýok, epenegi!

— O näme diýdigiň boldy?

Garrynyň wagty bilen herekete gelmejegi anyk bolany üçin, Amanyň ekiz taýy — edil şonuň özi ýaly, diňe burny bir az çowlurak Zaman-da gürrüňe goşuldy:

— Maýsa, ynha meselem, seniň bujagaz gulagyňdan giren ojagaz gulagyňdan ötüp gidýä.

— A seniňkiden?

— Amanyň gulagam, meniňkem edil agzy gözelen horjun ýaly.

Maýsa onuň maňlaýyna barmagy bilen kakdy:

— Zaman, seniň şujagaz ýeriň pakgy bolsa, gulagyň doly pagtaň bahasy bir pul!

Aman Zamandan öňe düşdi:

— Ýok, Maýsajyk, Zamanyňky däl, seniň beýniň lakgyja.

— Ony nireden bilýäsiň?

— Enemiň duýduryşy Zaman ikimize sapak bolanda, saňa näme üçin täsir edenok?

Maýsajyk diňe şondan soň öz akylyna aýlandy. Ol diňe bir enesine beren sowalyna däl, doganlaryna beren igenjine-de ökündi. Özüniň şu günki durumsyzlygyna bir» hili haýrangaldy. Hemişe şonuň ýaly ýagdaýda jigilerine özi görelde bolup, bu gün özüniň näme üçin şeýle gülkünç ýagdaýda galanynyň sebäbini tapyp bilmedi. Birdenkä-de goňşularynyň güjügi «habb» edende, «wä» diýip, ökje götereni ýadyna gelip, «men hakykatdan-da beýnimdäki guşjagazy uçurypdyryn» diýen karara geldi. Şol sekuntda:

— Anha guşjagaz! — diýen şaňňyja ses hemmäniň pikirini bozdy, hemmäniň ünsüni özüne çekdi.

Ol meniň öz uçuran guşum bolaýmasyn hasap eden Maýsajyk:

— Hany? Nirede? — diýip, çynlakaý soranyny-da duýman galdy.

— Anha, bar, tut! — diýip, ondan-oňa, gaýmalaýan ýarganata bakan elini uzadan posalajyk oglan jakgyldap güldi.

Aman bilen Zaman onuň iki gapdalyndan çalaja symsyklap,

pyşyrdy bilen igendi:

— Çary, sen utanaňokmy?

— Çary, sen näme üçin enemiň pikirini bozýasyň?

Çaryjyk burnuny tyzlatdy:

— Aý, enem namaz okanok ahyry!

— Sen onuň keýpini bozduň, keýpini!

— Aý, hepbik guran ýaly çugdunyşyp oturmaga, meniň-ä kararym ýetenok!

Aman saçlyja pyşyrdady:

— Kararyň ýetmese, burnuňy dişle!

— Burnuňy?.. Ene, aý ene! Amanyň sammyklygyna seret-le! Men heý burnumy dişläp bilerinmi?

Agtyklarynyň hiç bir zatdan aladasyz özara pyşyrdylaryna, ylaýta-da soňky degişmelerine keýp eden garry:

— Bilersiň, ballym! — diýip tassyklady.

— Burnumymy?

— Hawa.

— Geň zat?

— Dünýäde geň zat kändir, guzym!.. Men ynha size bir erteki aýdyp birin weli, siziň hemmäňiz burunlyklanana dönersiňiz!

Zaman gürje kirpiklerini üşerdip, gulajyklaryny gymyldatdy:

— Ene jan, sen ertekä başlaýançaň, biziň burnumyz ýiriläýmese-de biridir!..

Agtyklarynyň ünsüni özüne çekip, kemsiz gyzykdyran garry iň soňunda gürrüňe başlady:

— Bir bar eken, bir ýok eken...

Enesiniň sözbaşyny kemsiz ýat tutan Çaryjyk onuň agzyndan alyp, baryny birden çalasyn sarnap çykdy:

— Bir bar eken, bir ýok eken. Iýmäge-içmäge zar eken. Tammanjygynyň agzy dar eken. Ulusyna gargar eken, kiçisine sargar eken. Bary birden dargar eken...

— Gadymy eýýamda iliň görýän gününi it görse, gözi agarar eken!.. Hawa, hawa. Şeýle bir döwri men öz gözüm bilen görüpdim.

Bir gözüni gypyp, beýleki gözüni gyrpyldadan Aman oňa çiňerildi:

— Ertekinimi?

— Hawa.

— Bä, ene jan! Sen onda o dünýäden gelen bolaýma?

— Hawa, ballym, men iki dünýäniň adamsy ahyryn!..

Çaryjyk gözlerini tegeledi:

— Bä, men-ä, ene jan, onda senden gorkmanam duramok!.. Birden ýeke gözli döwe aýlanyp, biziň barymyzy birden lak-luk ataýma!

— ýok, ballym, ýok!.. Görgüli dünýäniň ýaşy, eşretli döwrüň garrysy bolan eneňiziň keşbi diňe gara ýere dulananda üýtgär!

Maýsajyk dodajyklaryny kemşerdip gepledi:

— Ene jan, Çaryjyk oýun edýä ahyry!

— Bilýän, ballym, bilýäň!.. Baý, baý, şol döwür eýmençdow!.. Ol wagtda okuw, kino, teatr, oýun-şagalaň siziň ýaly çagalaryň düýşüne-de girmeýärdi. — Garry «al, meni agzyňa

sal» diýýän ýaly, bulduraşyp görünýän üzüm salkymlaryna nebsewür göz gezdirdi. — Ol zamanda bolsady ekende, şeýle eşretler kimiň akylyna gelýärdi!..

Aman oňa ynamsyz garady:

— Ene! Ertekide aýdylyşy—ullakan elpe-şelpelik ahyry!.. Döwleriň gat-gat köşklerini, tylla tagtlaryny gürrüň beren özüň dälmi näme?

— Şeýle baýlyk, janym, adamlaryň etini iýýän, ganyny sorýan diňe döwlerde, süýthorda, ganhorda bardy. Emma köpçülik jemagat ertirligini tapsa, agşamlygy hyllallady. Şol döwrüň aýylganç ýagdaýyndan kiçijik bir wakany men siziň gözüňiziň öňüne getireýin.

Enesiniň soňky sözüni geňirgän Maýsajyk oňa çiňerildi:

— Ene jan! Näme kartinde görkezjekmi?

— Hawa, ballym, gulak asyň!..

Göýä diýersiň garrynyň agzyndan kino lentesi aýlanyp çykjak ýaly, çagalaryň hemmesiniň göreji oňa direldi. Garry Jahan çynlakaý bir sypatda hekaýa başlady:

— Gadymy eýýamda bir dul gelin bardy. Ýaşlygynda zyýan ýeteni üçin, onuň sag aýagy bir az agsaýardy...

Maýsajyk onuň sözüni kesenini duýman galdy:

— Ene jan, seniň öz aýagyň ýalymy?

— Hawa, ballym, edil meniň öz aýagymyň agsaşy ýaly agsaýardy. Asyl onuň özi-de maňa meňzeşdi, adam meniňki bilen atdaşdy...

— Onuňam ady Jahanmydy?

— Hawa. Ýöne... ol ýaşdy. Men bolsam, ynha görüp otyrsyňyz — garry... Hawa, onuň Zaman jan ýaly bir oguljygy bardy. Onuň ady Borjakdy...

Aman onuň sözüni agzyndan aldy:

— Borjak?.. Olam biziň kakamyz bilen atdaş ekeni!..

— Hawa, onuňam burnunyň gapdalynda siziň kakaňyzyňky ýaly garaja meňjagazy bardy. Emma ol çepiksije, iglije çagajykdy. Siziň kakaňyz bolsa, tüweleme, gör, nähili daýaw adam!.. Hawa, iglije Borjagyň teýli nahar, ir-iýmiş diňe ýatanda düýşüne girýärdi. Ol ýönekeý çörekden bir gün doýsa, bir hepde ýalmanyp galýardy. Şonuň üçin pökgüje garny hemişe eljuk diýýädi. It hinine giden gözleri elmydam açdy. Süýji, şireli iýmite ymsynýany üçin, diňe dodaklaryny ýalaýady. Şonuň üçin hem oňa Borjak ýalama at galypdy...

Şol wagtda üzüm hoşasy gözüne ilen Çaryjyk öz pikirini mälim etdi:

— Bä, başga süýji zat tapmaýan bolsa, üzüm iýäýse bolmyýamydyk?

— Üzüm, ballym, Borjagyň ümezlänje gözlerine diňe salgym bolup görünýädi.

Gürrüňi yhlas bilen diňleýän Zaman hem oturyp bilmedi:

— Men-ä, şeýle-de bolsa, dodagymy ýalamazdym...

Enesiniň gürrüňine maý bermäni üçin, Aman Zamanyň özüne sowal berdi:

— Eýsem näderdiň?

— Bal ýalardym!

— Baly ejeň golçasynda bolsa ýalarsyň-da.

— Bolmasa... — Zaman söz tapmady.

— Bolmasa... — diýip, Aman elini uzatdy. — Ynha meniň ýumrujagymy ýalarsyň!

Kellesi sary kädi ýaly, boýny onuň sapagy ýaly, garny garpyz ýaly, injikleri çöp ýaly, yranyp ýöreýän, ysgynsyzlyk zerarly düzje ýerde büdreýän naýynjarja çaga gözüniň öňüne geleni üçin, Maýsajyk hem özüni saklap bilmedi:

— Ene, aý ene! Ýeke çagasyny idetmän, onuň ejesi Jahan näme işleýädikä?

Garry agtygynyň gulpagyny sypalady:

— Meniň melejäm! Seniň eneň eli ýaly, Borjagyň ejesiniň eli uzadan ýerine ýetmeýärdi: seniň eneň Jahan ýaly, Borjagyň ejesi Jahan bol-telki zadyň eýesi däldi. Borjagyň gözüne gül öwsüp görünýän nan hemişe atly gaçýady, Jahan onuň yzyndan agsak aýagy bilen pyýada kowýady, enteýädi, ýetip bilmän, ýykylýady, agzyndan-burnundan gan akýady... Borjak diňe şonuň ýaly wagtda: «Eje jan, aglama! Men ajygamok» diýip, dodajyklaryny tamşandyrýady, gözjagazlaryny mölerdýärdi, ejesini gop berip galdyrýady. Käte-de gözlerinden paýyr-paýyr ýaş goýberip, naýynjar zerleýärdi...

Borjagyň halyna haýpy gelen Aman Zamany çala tirsekledi:

— Borjagyň nähili bal ýalaýanyny gördüňmi?

Borjagyň gözlerindäki düwmejikler edil özüniňkiden damýan ýaly, Zaman sesini çykarman, kynlyk bilen ýuwdundy.

Borjagyň hossarsyzlygyna ýürejigi awan Çaryjyk dodajyklaryny kemşertdi-de, enesine gysmyljyrady:

— Ene, aý ene! Borjagyň seniň ýaly enesi ýokmudy?

— Borjagyň, jany sag aýagy agsak, hor-homsy ejesinden başga hiç kimi ýokdy. Jahanyň-da durmuşy, elbetde, köpçülik halkyňkydan üýtgeşik däldi. Olaryň towugyň ketegi ýaly çatmalarynyň üzügi eleşan ýyrtyk bolany üçin, belet pişik üstünden ýörejek bolanda, içine patlap gaçýady. Ýagyş daşarda däl-de, edil çatmalarynyň içinde ýagýan ýalydy. Tomus gününiň gyzgyn şöhlesi, ynha şu ýapraklaryň arasy bilen geçýän çyra ýagtysy ýaly, çatmanyň içinde ýer tapmaýady. Gyşyň aýazy Borjagyň endamyny ýag garynjasy ýaly dişleýädi. Jahanyň dört aýaklydan towar owlagy bolman, diňe Borjagyň bir küleje towugy bardy. Onuňda ýumurtga berýän çagyndan kürk bolýan wagty kändi...

Maýsajyk şol ýagdaýy geňirgedi:

— Ene, aý ene! Jahan aýlygy meniň ejemden az alýamydy?

— Wah, balam, aýlyk nirede?.. Zähmet ol wagtda örklüdi. Edere iş ýokdy. Jahan şol obada Hally hars diýen bir süýthoryň gyrnagy hökmünde jebir çekýädi: suwlaryny getirýädi, küllerini atýady, kirlerini ýuwýady, keçe edişýädi, gyzlaryna haly dokaşýady, hatda çagalarynyň arlyklaryny-da tämizleýädi. Emma onuň almyty gargyş, iýmiti zäherdi. Onuň günde on alty köpük hakyny Hally hars dürli bahana bilen alty köpüge getirýädi. Alty köpük ikibaş maşgala näme bolýady?.. Hatda Hally hars bir gezek haram ölen baggoýnuny: «Sen onuň boýnuny sybyzgy daňansyň, boglup ölendir» diýip, Jahanyň boýnuna ýykdy-da, bahasyny arly ýyllap onuň zähmet hakyndan tutdy.

Aman onuň soňky sözüni geňirgedi:

— Alty köpükdenmi?

— Wah, ballym, Jahanyň eline möhürli teňňe degýämidi näme? Hally hars ýeke put bitlän ununa pylança manat diýip, baha kesýädi. Şonuň üçin Borjagyň köýneginiň ilki matasyndan diňe ýagyrnişligi, balajygynyň bolsa çermegi galypdy. Ol eglende, syrty açylýany üçin, horja oňurgalaryny ýeke-ýekeden sanabermeledi, dikelende bolsa, suwluja garny çalja garpyz ýylpyllaýady. Onuň ökjeleriniň jaýrygynda guş höwürtge edinäýmelidi. Sabyn garasyny görmeýäni üçin, elleri hemişe çorly, ýüzi bolsa çyrşajykdy...

Zaman enesiniň sözüni kesenini duýman galdy:

— Borjaklaryň öýünde biziňki ýaly wannalary ýokmudyka?

— Balam, olaryň çatmalarynda kyrk ýama gara meşik bilen agzy döwük taňkadan başga suw gaby bolmasa nädersiň?

Çaryjyk hem şol ýagdaýy öz ýanyndan geň hasap etdi:

— Borjak beýle kirli gezip ýörmän, ejesi bilen hammama baraýsa bolmaýamydy?

— Çary jan, ol wagtda hammamyň ady bolmasa nätjek!..

— Onda Hally harsyň çagalary nädýädikä?

— Olaram garagäzdi. Emma olaryň garynlary dokdy. Olar agyzlarynyň gyllygyny akdyryp, çebiş etini çepbe çeýneýädiler, «hä-ä, tapsaň senem çeýnärsiň» diýip, omaçany Borjagyň gözüne güjeňleýärdiler. Süýthoryň çagalary süýt-gatykdan ýüz öwürýädiler, eneleriniň gözlerine güýdüşip, okaralaryndakyny serpip toýberýädiler.

Amanjyk şol ýagdaýy gelşiksiz hasap etdi:

— Süýdi özleriniň işdäsi almaýan bolsa, Borjaga beräýseler bolmaýamy?

— Wah, balam, olaryň göreldesi şol. Borjaga nähili berýänlerini bolsa men saňa ynha gürrüň bereýin. Bir gün ir bilen kölegede iýip-içip oturan Hally hars kiçijik ogluna agaran hödürledi. Ol seňrigini ýygryp, başyny ýaýkady. Men onuň nireden peýda bolanyny duýman galypdyryn: agarana ymsynan Borjagyň agzyndan suw akýady. Süýthorda rehim-şepagat ýoguny Borjak kemsiz bilse-de, ýürejigi ytygsap durany, agaranyň nämedigini bilesi geleni üçin bolsa gerek: süýthor bilen oglunyň arasyna düşenini, aç gözleriniň tabakdaky agarana direlenini duýman galdy. Şol wagtda gulagynyň düýbüne degen şarpyk onuň dilenji gözlerinden uçgun syçratdy, entäp ýykylanda bolsa, burnundan akýan gan ýeri hem eliniň aýasyny gyrmyzy reňke boýady, dodajyklaryny kemşertdi, emma gözlerinden ýaş çykmady. Hally hars bolsa:

— Görünme gözüme, itiň güjügi! — diýip, agzyndan köpük syçratdy. Ýykylan ýerinde urnup, galyp bilmedik ganly çagasyny Jahan baryp gujaklanda, süýthor oňa-da agzyndan gelen gygyny pürkdi:

— Şundan soňra seniň şol çyrşakly güjügiň şu gapylarda gernäýse, seniň özüňem ýere sokaryn!..

Eneleriniň hekaýasy agyr täsir edeni çagalaryň hemmesiniň keşbinde mesaňa mälimdi. Ylaýta-da Maýsajyk öz gazabyny içine sygdyryp bilmedi:

— Heý, ylahym, ol süýthoryň öz öýüne gan çaýkansyn!

Zamanjyk başga hili düşündi:

— Jahan näme üçin milisiýa habar bermedikä?

— Wah, ballym, ol wagtyň ütülip ölmüş emeldarlary diňe Hally harsyň bähbidini goraýardylar.

Zamanyň islegi has-da üýtgeşigräk bolup çykdy. Ol ýumrugyny düwüp, azm urdy:

— Borjagyň ýerinde men bolan bolsam, pil sapyny aýlap bir salardym weli, süýthoryň kellesi jöwenbaşy ýaly pytrardy!..

Çaryjygyň sesi has-da zarply çykdy:

— Men bolsam, onuň gursagyndan awtomadymy tutardym-da, tatyrr ederdim!.. Ýogsamam, Maýsa, hany meniň awtomadym nirde?

— Balam, Çary jan! Ýagdaý bilen!—diýen garry-da özüni saklap bilmedi. Emma burnunyň suwuny, gözüniň ýaşyny çagalaryny duýdurman süpürdi-de, agramly ses bilen dowam etdi:

— Şol döwür baý, baý aýylgançdy-ow!.. Halkyň köpüsiniň görýän güni Jahanyňky bilen Borjagyňka kybapdaşdy... Hally harsyň tikenli şarpygyndan, eýmenç sesinden gorkany üçin bolsa gerek, Borjak şondan soň agyr syrkawlapdy. Endamy ot ýaly gyzýany üçin, ýalama dodajyklaryna uçuk gaýnapdy. Gansyz gabaklary börtüp, garaja gözleriniň reňki çalarypdy. Neressejik has-has edip, demini sanap alýady. Jahanyň göwnüne bolmasa, ýekeje perzendi elinden sypyp gidip barýan ýalydy...

Demini alman diýen ýaly diňleýän Aman onuň sözüni kesdi:

— Ene, aý ene! Näme üçin ol doktor çagyrmandyr?

— Wah, ballym, ol wagtda dugtar bamydy näme? Diňe hiç zat manysyny bilmeýän tebipsumaklar dürli derman salgyberýärdi. Biri: «Seniň ogluň eýjejik bolany üçin, göz degendir, sen oňa kyrk adamyň tüýküligini ýygnap içir» diýse, beýlekisi: «Beýnisi aýnandyr. Dilinden gan aldyr» diýýädi.

Maýsajyk içini çekdi:

— Kyrk adamyň tüýküligi?.. Şonuň özünden başga ölüm gerekmi?

— Dertli bolsaň, başga çäräň näme?.. Hawa, üçünjisi: «Içi ýörýän däldir. Itiň ýalagyndan suw içir» diýse, dördünjisi: «Arwah-jyn kakandyr. Işandan doga-tumar al» diýip ündeýädi...

Zaman onuň soňky sözüni geňirgedi:

— Arwah-jyn diýýäniň näme?

— Döw diýen ýaly, ugur-utgasyz hurapatlar... Hawa, olaryň haýsy biriniň diýenini etjegini bilmedik Jahan: «Wah, itiň dertli bolmasyn!» diýip, ýürek urýady. Jahanyň göwnüne bolmasa, çagasyna şorja çorba, şirelije et berse, gutulaýjak ýalydy. Emma et nirede?.. Küleje towuk bireýýäm çommaltmadan ölüpdi. Bir ýerden jüýjejik satyn alaýaýyn diýse, pul nirede?.. Jahan iň soňunda ýaman gün üçin gizläp saklaýan birden-bir üçgoşma bilezigini satmak kararyna geldi. Golaý-goltumda bazar hem başga hyrydary bolmany üçin, ony Hally harsa hödürlemekden başga çäresi ýokdy. Süýthor goşa bilezigi ol eline bir aldy, bu eline bir aldy, sallarlap gördi, gaşlaryny, dişlerini barlady. Iň soňunda: «Maňa bu zadyň geregi ýok. Emma ýörite hödürläniň, üstüme getireniň, pula mätäç bolanyň üçin, almaga mejbur. Şonuň bilen bile, gyzgyny özüme basyp, gymmat nyrh kesýän: bilezigiň bahasy üç manat. Hawa, iki ýarym manady baggoýnuň bahasyndan. Ynhada sana ýarym manat» diýip, bir ýüzi Nikolaý patyşa suratly tege-

lek pul oklady.

Enesiniň aýtmagyna sabry takat bermedik Zaman oňa sowal berdi:

— Ýeri onsoň? Borjak gutulypmydy?

— Borjak ol keselinden gutulsa-da, ballym, garny aç bolany üçin, gözi çyrçykdan açylmandy... Baý, baý, şol döwür ýamandy-ow!.. Zulum ody ýalyn ýaly çabraýady. Galaklyk, garaňkylyk dünýäni gaplap alypdy...

Şu ýyl mekdebe gitmek niýeti bilen depder;galamlaryny, kitaplaryny, portfelini taýynlap ýören Çaryjyk birdenkä howatyrly sorady:

— Ene aý ene! Şol wagtda mekdeplerem garaňkymydy?

— Ol wagtda, janym, mekdep niräň gürrüňi!.. Birine hat ýazdyrmak ýa bir ýerden gelen haty okatmak üçin, obadan-oba aýlanmalydy, ýurt aşmalydy... Hawa, obaň adamlary müwessa goýup, bir ýyl bir molla tutup, ýer döle gazdylar-da, mekdep açdylar...

Maýsajyk ony geňirgedi:

— Erdöleden mekdep?

— Maýsa jan, ol wagtda tam diýen zat diňe Hally harsda bardy. Hawa, ýerdöle çagadan doldy. Aga-gara kemkäs düşünsin diýen niýet bilen, menem Borjagy eltdim-de, özgelerden eşidişime, öwrenişime görä:

— Molla aga, ynha şujagaz çagaň eti seňki, süňki meňki! — diýip tabşyrdym.

Enesiniň soňky sözüne düşünmedik Aman onuň sözüni agyzyndan aldy:

— Ene jan, o näme diýdigiň boldy?

— O, ballym, «molla aga, çagany näçe ursaň, näçe horlasaň hakyň bar, diňe süňňüne zyýan ýetmese bolýa» diýildigi... Hawa, çagalary daşyna egrip, ortada oturan sakgaly çemçetorba ýaly çişik mollaň bir penje çigar çybygy bardy. Şol çybyklary taýly gezek patladyp, çagalara haýbat atýady: «Heý peläketler, okaň!» diýip hemle urýady...

Bir zatdan heder eden ýaly geňirgän Çaryjyk ýanyndakyny tirsekläp, pyşyrdy bilen sorady:

— Zaman, mollaňyz sizem urýamy?

— Urmaga näme haky bar? Men-ä mugallymlaryň hiç birinden ajy sözem eşidemok.

Ýeri onsoň, ene?

— Hawa, ol wagtda oňly depder-galam bolman, el ýaly tagtaň ýüzüne ýazylan haty çagalar ýat tutýadylar. Çagalaryň hemmesi uzak gün çeke düşüp oturyp, agyzlaryna gelenini sarnap, alazenzele seslenip okaýadylar. Olar sesini sähel peseldäýse ýa biri çalaja güläýse, molla olary ýüň saýýan ýaly saýgylaýady. Bir gezek oglanlardan biri çydaman, aýagyny uzadany üçin, molla oňa:

— Heý peläket! Düýäň aýagy aşagyna sygýa, seniňki syganokmy? — diýip, şeýle bir urdy, şeýle bir urdy, çybygyň ujundan uçan pyçak ýaly gyçagy gelip, Borjak janyň çekgesine çümdi.

Maýsa içini çekdi:

— Hiýh!.. Ene, aý ene! Ýogsamam, şonuň ýaly bir zadyň ýarasy biziň kakamyzyň çekgesinde-de bar. O nämedenkä?

— Hawa, ballym, siziň kakaňyz ullakan adam, onda diňe ýaraň yzy bar. Emma Borjak kiçijik bolany üçin, çekgesinden akan gana tap getirmän usurgapdy...

— Heý, ylahym, şonuň ýaly mollany ýer ýuwutsyn!

— Balalarym, siz bagtly döwrüň çagalary! Dünýäniň bütin eşredi siziň üçin. Emma Borjagyň hem onuň ejesi Jahanyň gören gününi heý ýöne goýaý!.. Haram hars nebsine haý bermän, Jahany özüne dördünji aýal edinmek küýüne düşdi. Ol barada guran dürli hileleri peýda bermäni üçin, bir gün Jahanyň çigninden penjeläp: «Sen meniňkisiň. Men seni hökman alaryn!» diýip, gujagyna gysmakçy boldy. Özi üçin başga çäre galmanyny syzan Jahan onuň dulugyna şapbat urdy, ýüzüni dyrnady. Emma haram hars onda-da sypdyrman, Jahany şagal penjesine düşen horaz ýaly myncgalady. Jahanyň diňe:

— Borjak jan, ýeteweri! — diýen naýynjar sesi çykdy.

Şol demde bolsa göwne gelmez bir ýagdaý peýda boldy: Borjak ýerde ýatan tokmagy göterip, bar güýji bilen süýthoryň depesine gütletdi. Beýnisi sarsan haram hars düýbi kesilen agaç ýaly güpläp gitdi...

Borjagyň hereketine hoşal galan çagalar yzly-yzyna seslendiler:

— Elhöpus hakyndan çykypdyr-ow!

— Molodes Borjak!

— Ýaşasyn Borjak!

Emma Maýsajygy howatyr gaplap aldy:

— Süýthor ölmedik bolsa...

— Wah, janym, onuň öljek gümany barmy? Haram harsyň jany itiňkiden berk bolsa nätjek!..

— Onda ol Borjagy...

— Hawa, ol Borjagy ejesi Jahan bilen bile ýere bulajakdy. Emma betpäl niýetine ýetmedi...

— Niýetine ýetmedi?.. Näme boldy?

— Birdenkä demirgazykdan göterilen ýalkym bütin jahana şöhle saçdy. Gök gübürdeýän ýaly şeýle bir gümpülli turdy, göýä diýersiň bütin dünýä agdar-düňder bolana döndi. Ýatanlar ördi. Gullar aýak üstüne galdy. Taýaklar tüpeňe, tüpeňler topa öwrüldi. Şeýle bir çaknyşyk boldy, şeýle bir çaknyşyk boldy—dünýe lerzana geldi. Depesinden howp inen Hally hars hem şoňa meňzeş haramylar öňküden beter guduzlan köpege döndüler, çem geleni ýaraladylar, parçaladylar, iň soňunda, öz çiginlerini özleri gemirdiler.

Dawa-jenjele köhi gelýän Zamanjyk çökünegalyp, keýp etdi:

— Eri onsoň?

— Gümmürdiler sowlup, gowga-jenjel gutarandan soň, dünýä ýagyşdan soň parlap çykan gün ýaly gül öwüsdi!.. Şondan bäri, eýjejiklerim, göni kyrk ýyl geçdi!..

Aman bilen Zaman yzly-yzyna seslendi:

— Hä, rewolýusiýa!

— Hä, Oktýabr şöhlesi!

Maýsajyk hem öz gezegini aldy:

— Hä, azatlyk baýdagy!

Emma Çaryjygy başga bir ýagdaý gyzykdyrdy:

— Hany Borjak nirede galdy?

— Borjagyň depesine, ballym, bagt guşy gondy...
— Bagt guşy?
— Borjagyň garşysynda päsgelsiz giň ýol açyldy. O-da siziň ýaly okuwa ýüz urdy: obada okady, Aşgabatda okady, Meskewde-de okady. Haýbatly, jogapkärli işlerde işledi. Iň soňunda bolsa...
— Eri iň soňunda bolsa?
— Minissir boldy.
Çagalaryň hemmesi birden geňirgendi:
— Ministr?.. Biziň kakamyz hem ministr ahyry!
— Borjak jan hem edil siziň kakaňyz ýaly minissir!
Wakanyň soňuna bir az düşünişip başlan çagalar biri-birleriniň ýüzlerine çiňerilişdiler:
— Bä, bu nähili beýle bolýa?
— Bä, bir hili ümürde ýörän ýaly?
— Soňy bir hili aýdyňlaşýan ýaly?
Birdenkä-de çagalaryň hemmesi birden enelerine çiňerildiler:
— Ene jan, munyň erteki däl ahyry!..
Garry Jahan agtyklarynyň baryny gujagyna gysyp, hoş owaz seslendi:
— Dogry aýdýasyňyz, balalarym!.. Erteki däl... hakykat!
— Hakykat?!
Şol sekuntda aýaly bilen tirkeşip gelen ogluna gözi düşen garry agtyklarynyň ünsüni şoňa bakan sowdy:
— Anha Borjagyň özi geldi. Galanyny size onuň özi gürrüň berer!
— Hä, erteki däl-de, hakykat diýsene!..
— Hakykat, köşeklerim, hakykat!

**1955**

## MEN OLARY SÖÝÝÄRIN

Taýjagazym towsaklap,
Bimazalyk kän etdi.
Temejigne ýel berip,
Hyzzynlap bökdi gitdi.

Aždar atly güjügim
Kowdy onuň yzyndan.
Ýetse ýapyşmakçydy
Guýrugyndan, dyzyndan.

«Aždar, bas!» diýip gygyrdy
Meniň kiçijik jigim.
Emma taýyň yzyna
Eýermedi güjügim.

Taýçanagym myçýardy
Ýeriň ýüzüni gyrdap.
Taý dolanyp gelensoň,
Ýetdi güjük gagyrdap.

Taýçanagma «gap!» diýip,
Güjügime «bas!» diýýän:
Men şolara guwanyp,
Ikijigni hem söýýän.

Taýyň bili bekänsoň,
Atlanaryn üstüne.
Awa öwrenen köpek
Ýoldaş bolar destine

# BATYR

## Birinji baş

— Salamälik! — diýip, şaňňy sesi bilen kürsäp uran garry aýaly öý eýesi Dursun ýitirip tapan ýaly garşylady. Ol oňa uzak wagtdan bäri sabyrsyzlyk bilen garaşýany üçin, gadyr bilen görüşdi, amanlyk-saglyk soraşdy, hoşamaý söz urdy:

— Geleweri, Bossan eje!.. Saňa garaşyp, üç günden bäri gözüm ýoldady.

Bossan mürähede mähetdel, öýüň oňaýly ýerine geçdi, oýjarylyp oturdy, agzyny-burnuny towlady:

— A gyz, Dursun, meniň ýagdaýymy özüň bilýäň ahyry: öz öýümde tegelek gün arkaýyn oturýan wagtym barmy näme!

— Hawa-da, seni idäp gelýän dertli-azarly bendeler kändir.

Bossan burnuny çekip, özüni öwmäge durdy:

— Hawa, gyz: «Bossan eje, seniň eliň haýyrly... Bossan eje, seniň demiň düşgür» diýip, gelýän adamlar kileň tanyş ýüzler. Men olaryň haýsy biriniň göwnüni ýykaýyn, gyz!

— Wiý, näsini aýdýasyň, Bossan eje, özüň ýaly şypaly tebip setanda-seýranda bir tapylýar ahyry. Ýüzüň diýip aýtdygym däl, Bossan eje, seniň aýagyň düşen ýerde kesel duranok. Seniň demiňde şypaly derman gatanjy bar bolara çemeli. Hernä entekler il bendäniň derdine derman bolup ýöreweri-dä!

Bossan ulumsylyk atyna atlandy:

— Hawa, janym, men ýogsam öýümden düýn däl, öňňün çykdym. Meniň ýüregime düwen niýetimi ýüz ýerde bozýarlar:nirä barsam, nireden geçsem, dumly-duşumdan gadyrdan ýaly ýapyşýarlar. Hawa, Gijenleriň kiçi gelniniň kiçijik çagasynyň kiçi dili ýykylypdyr. Owunjak çyrçyklaryň meniň ýanymda manysynyň ýoguny özüň bilýäň. Hawa, gyz, şeýle bir syladylar, şeýle bir syladylar. Wiý, gyz, ýene bir sylamagam däl, meniň gitjek ugruma goýbermän, gije-gündiz hezzetlediler.

Dursundan hem aýratyn sylaga göz diken Bossan gürrüňini uzadyp, özüne aýratyn hormat goýdurmaga çalyşdy. Emma Dursun oňa düşünmän, onuň sözüni kesenini hem duýman galdy:

— Sözüň agzyňda, Bossan eje, çaganyň häli-şindi kiçi dili ýykylýar, hemişe tebibem miýesser gelip duranok. Ýogsamam, Bossan eje, çaganyň kiçi dilini nähili galdyrýanyňy men senden soramakçy bolup ýördüm.

Ähmiýetli ýerinde sözi kesilen Bossan ynjyly jogap gaýtardy:

— Ol her tebibiň öz ukybyna degişli.

— Hawa, hawa, şeýledir-le.

— Men-ä onuň ýaly owunjak çyrçyga ähmiýedem beremok-da, erinlek ak köpegiň ýalagyndan suw içiräýýän.

— Wiý, gyz, ol, heý, akyla geljek zatmy!

— A gyz Dursun, sen ony geň görme. Dert beren ýaradanyň özi gerekli ýerinde dermanyňy hem salgy berýär ahyry. Aslynda tebip şekilli tebibiň diýeni—derman, aýdany — em bolmalydyr,

— Şeý diýsene! — diýip, elini agzyna tutan Dursun: — Düzdür — diýip hümürdedi.

— Hawa, onsoňam... hä, ýadyma düşdi. Gyrnagyň gyzynyň

göbegi çözülen ekeni. Düýn uzak gün şolarda boldum.

Sag eli bilen garnyny sypal oturan Batyr, agzyny burnuny towlap, gürrüňini uzadýan garrynyň gelşiksiz, elhenç ýüzünden gözüni aýyrman seredýärdi. Batyr zehinli okuwçy bolsa-da altmyşdan agan garrynyň ýygyrt atan ýüzündäki oýnaklap duran gözleriniň syrlaryndan many aňlap bilmedi. Bossanyň öz öýüne gelen ýaly gapböwre geçip, eýemsiräp oturyşyny, hyrydar gözleriniň üýtgeşik bir zat agtarýan ýaly alakjaýşyny Batyr geňirgedi. Garrynyň diliniň dek durmaýşy ýaly, düwünli barmaklarynyň hem mydama hereketdeligi Batyra ýaramady. Ol öz ýanyndan garryda bir ýigrenjilik syzdy: ony özüne golaýlatmasy, ondan has gaçarak durasy geldi. Ýöne weli, içinden tutýan symyljyk agyry ony öz erkine goýmady. Ejesi Dursunyň «Ynha, basym tebip geler, Onuň eli Lukman hekimiň elidir. Onuň edeni em bolmalydyr» diýýän sözlerine-de bir az imrindi.

Dursun bilen Bossanyň uzaga çeken gürrüňi iň soňunda Batyryň keseliniň üstünden düşdi.

— Bossan eje, indi ýyldan artdy, ine şu oglan birsyhly «içim» diýip ýör. Munuň özi ýata hassa-da däl, seniňmi diýen sagat hem däl. Munuň içi agyrrak ýük göterse-de agyrýar, ylgasa-da agyrýar, gatyrak ýörese-de agyrýar, gawun-garpyz iýse-de agyrýar, köpräk suw içse-de agyrýar, aý garaz, başyňy agyrdyp nädeýin, batlyrak üsgürse-de agyrýar.

Onuň sözüni geň galyjylyk bilen diňlän Bossan:

— A gyz, ýyly ýeteläp agyry etmediňmi? — diýip sorady.

— Waý, agyry etmän nämemişin?

— Näme, peýda etmedimi?

Bir az böwrüni diňirgän Dursun bir gezek Bossana, bir gezek Batyra garap, sözüni dowam etdi:

— Bossan eje, alladan ýaşyrmadygymy senden ýaşyryp näme edeýin: doga-tumar haýyr etse ederdi weli, bu oglanyň özi bir hili ýoknasyz, kes-kelläm oňa razy bolanok. Bilmedim, muňa mekdepde öwredilişi şeýlemi ýa asyl munuň özi şeýle kesirmi? Özüne duýdurman, assyrynlyk bilen bir ýerine doga dakanymy syzaýsa, içgili ýaly ýolýa-da, eliniň tersi bilen zyňyp goýberýär.

Batyryň ýüzüne çiňerilen Bossan:

— Wiý, gyz, nalaç edeýin!—diýip, içini çekdi.

Bossanyň kirpikleri selçeňlän gözleriniň symgylt garasynyň ornuny hem bir salym mäzleşik ak eýeledi, şol mäzleşik göz onuň keşbine has-da aýylganç sypat berdi. Onuň beýnisinde emele gelen hile, söze salym ýok, ýene onuň ýüzüne ýyljyraklap galdy. Ol şol keşbi bilen Batyryň göwnüni göterer ýaly ýa-da müýnürgeder ýaly bir söz aýtmaga taýynlandy.

Emma onuň şol halyny saýgarmadyk Dursun sözüni dowam etdi.

— Men munuň gözüne güýdüşin, Amyderýadan alty geçen Aman işanyň ellerini ýuwduryp, suwuny içirdim. Munuň garnyna sary ýaga bişen çapady ýapdyrdym. Kyrk tüýkülik ýygnap, süýjüli suwa garyp içirdim. Munuň böwrüne eşek tezegini, sygyr paçjasyny hem ýapdym. Garaz nätjek, oglana etmedik emim galmady. Emma hiç birinden peýda bolman, bu birsyhly «içim» diýip towlanyp ýör. Bossan eje, sen özüň geldiň, indi işallam gutular.

Bossan «hym-m» edip, burnundan ses çykardy-da, barmaklarynyň bogunlary ýumralan eli bilen agzyny tutup oturdy, öz içinden pirim oýlady. Ondan soň gözlerini örtüp duran galyň gabaklaryny emaý bilen galdyryp, tüňňi maňlaýynda ýygyrt emele getirdi. Garrynyň ýüzünde çylşyrymly çyzylýan syrly hatlardan Batyryň many aňlap bilmedikleriniň biri-de şoldy.

Bossan çalaryp selçeňlän zülplerini sypaşdyryp, aýylganç ýüzüne aýgytly sypat bermäge çalyşdy-da:

— Bossanyň henize çenli abraý alman giden ýeri ýokdur. Hudaý dos diýenini etse, gutular işallam! — diýip, öz ýanyndan «welilik» satdy.

Bossan ondan soň Batyryň içine seretmekçi bolup, ony arkan ýatyrdy-da, köýnegini ýokary serpdi, ýeňlerini çermeşdirip, gapdalynda çöke düşüp oturdy:

— Meniň elim däl, Lukman hekimiň eli! — diýip, agaç ýaly gaty barmaklary bilen Batyryň garnyny sypaşdyryp başlady.

Bossanyň tagaşyksyz barmaklary sag böwrüne golaýlanda, Batyr tisgindi, gaýtalap gatyrak bosanda bolsa towlanjyrady.

Dursun wagtly-wagtynda demini alman, dört göz bilen Bossanyň hereketini, elleriniň nirelere baryp ýetýänini synlaýardy. Ol öz ýanyndan «Batyr janyň iç agyry keseli körüň eline düşen büre ýaly, Bossan ejäň eline düşer, juda bolmasa, onuň syňraklarynyň arasyndan sypyp, gelmesiz gapa bakan ümdüzine ökje göterer» diýip oýlanýardy. Batyr tisginende, belli-beter hem towlanjyranda, «Bossan onuň agyrysyny çekip alandyr» diýip düşündi. Şonuň üçin onuň göwni hem, göwresi hem Batyryň göwresi bilen bile hereket edip, gözleri Bossanyň eliniň yzynda ýyljyraklap gezdi.

Bossan Batyryň agyryly böwrüniň üstüne elini goýup, ýeke dyzynyň üstünde otyrdy. Dursun sabyrsyzlyk bilen garady. Bossanyň Dursuna ýyljyraklap sereden süzgek gözleri buşluk mälim edýän ýaly ýylpyldady:

— Dursun, seniň ogluň içinde gezme ýel ýok... Hawa hiç bir ýerinde çiş-piş hem mälim bolanok...

Dursun onuň sözüni gutarmagyna maý bermän, öz şatlygyny duýdurdy:

— Ogluň gutuldy diýip buşlasana. Bossan eje!

. — Gutular işallam... ýöne...

Dursunyň şatlykly ýüzüne aljyraňňylyk alamaty gondy:

— A gyz, howply bir zat barmy?

— Ýok. Howply-howatyrly üýtgeşik bir zat ýok. Ýöne oglany ynjalykdan aýyrýan gümürtik bir zat mälim bolýa.

— Bossan eje, ol nämekä?

— Munuň sar böwründe bir şikesjik bar.

Bossanyň şol sözi Batyryň ýüreginden turdy. Ol

şol sekunda çenli Bossana ynamsyz garan bolsa, häzir ol Bossanyň pikiri bilen razylaşdy, göýä Bossan özüniň keselini bilýär diýip düşündi.

Emma Dursunyň ýüregi suw üstünde bolany üçin, Bossanyň «şikes» diýen sözi onuň ýüreginden iňňe bolup sanjyldy, ol allaniçiksi tisginjek ýaly etdi, şol sekuntda Batyryň «dogry» diýip tassyklamagy. onuň ýaraly ýüregine bir az melhem boldy. Dursun dodaklarynda ýasama ýylgyrmak emele getirip, Bossana ýüzlen-

di:

— Bossan eje, oglanyň keselini tapdyň, melheminiň hem seniň eliňden geljegine men kemsiz ynanýan.

Keşbine ulumsylyk şöhlesi çaýylan Bossan:

— Geler işallam! — diýip, iki elini ýere pat-pat kakdy-da: — Daglara git, daşlara git! — diýip, kesele «ýol salgy berdi.

Bossanyň şähdi bilen şähtlenen Dursun:

— Ylahym şeýle bolsun — diýip, onuň alkyşyna goşuldy.

Bossan sag eliniň aýasyny maňlaýyna goýup, öz ýanyndan on çümdi. Batyr köýnegini aşak goýberip, dikelip oturdy-da, derdiniň dermanyny tebipden soramak küýüne düşdi. Emma Dursun ondan öňe düşüp, Bossanyň elini maňlaýyndan aýyrmagyna mähetdel:

— Bossan eje, oňa näme em oýladyň? — diýip sorady.

Bossan bogazyny arçandan soň:

— Hawa, oglanyň derman eder ýaly iç kesel-ä ýok — diýip, bir barmagyny ýumdy.—Melhem eder ýaly görnüp duran başam ýok — diýip, ikinji barmagyny ýumdy.— Munuň böwründe, hawa, gypjynmakdan galan bat bar! — diýip, iki barmagyny hem birden ýazdy.

Dursun onuň nähili keseldigine düşünmän:

— «Bat?...» — diýip gaýtalady.

— Hawa, janym, ba-at.

Batyr hem ondan hiç bir zat düşünmedi. Dursun ýene gaýtalap sorady:

— Bossan eje, bat nähili kesel bolýa?

— Bat diýmek, Dursun jan, ýel diýmekdir. Hawa, nähoşuň keseli nähili gelşiksiz-de oňa haklydyr: adamyň içi ýelleneňde-de, ynjalykdan aýyrýar ahyry. Bu oglanyňky bolsa bütin töweregini barda alan, gidere ýol tapman, gizlenip galan ýel. Hawa, oglany ynjalykdan aýyrýan hem şol.

Dursun sabryny giderdi:

— Bossan eje, onuň emi näme?

— Onuň birden-bir emi... daglamakdyr.

Dursun geň galyjylyk bilen:

— Daglamak?.. — diýip gaýtalady.

— Hawa, daglamak.

Yzly-yzyna çykan daglamak sözi Batyryň gulagyna goşa ýumruk bolup degdi, nähili tisginenini-de duýman galdy. Ol özüni bir az raslandan soň, «Tokmak» žurnalynda gören suraty ýadyna düşdi. Onda bir oglanyň elini, aýagyny tutduryp, Ogultäç atly bir aýal onuň maňlaýyny daglaýardy. Batyr şol suraty gözüniň öňüne getirip, gözleriniň agyny ygtyýarsyz köpeltdi-de, Bossana çiňerildi. Bossan onuň gözüne «Tokmakdaky» Ogultäç bolup göründi, özüni-de maňlaýy daglanýan oglandyryn diýip düşündi. Ol, duzakdan sypmak isleýän towşanyň urnuşy ýaly, özüni gaýrarak siltedi-de, Bossana ýigrenji göz bilen garap:

— Daglatjak däl! — diýip gygyrdy.

Dursun iki ot arasynda galan ýaly ör-gökden gelip, Batyry haýalçyratmak küýüne düşdi:

— Wiý, Batyr jan, sen nähili gürrüň edýäň? Ýetginjek ýigit çykypsyň, utanaňokmy? Tebibiň diýenini etmek dertliniň borjudyr! Goýaweri, masgara bolmaweri, balam!

Şol söz öz ömründe gören garşylyklarynyň birinjisi bolmany üçin, Bossan oňa darykmady:

— Hawa, hanym, «Ot assynda bela galmaz» diýlendir. Otdan ötgür derman bolmaz.

Batyr oňa kesgin jogap gaýtardy:

— Oda çydan göwre-de bolar öýdemok.

Dursun naýynjar bir garaýyş bilen ogluna ýalbardy:

— Han ogul, sen indi akylyňa aýlanarça bolupsyň, düşünmezlik etme. Bossan ejäň «daglamak» diýeni — bela-beter ürküzmek diýdigidir. Ýogsam, men näme, seniň teniňe tiken dürtülmegine razy bolarynmy? Sen, janym, nähak ýere özüňi onda-munda urma-da, Bossan eje näme diýse, hoş diý!

Kejine kän gaýdylmaýan, gaýdylaýanda-da, diýeniniň üstünde berk durýan Batyr ejesiniň sözüne gulak asman, öňki sözüni gaýtalady:

— Ýok, daglatjak däl!

Bossanyň keýpiniň bozulmagyndan, raýynyň gaýtmagyndan heder eden Dursun ogluny köşetmegiň küýüne düşse-de, Batyra aýdan sözüniň orun almajagyny aňlany üçin, dilini dişlemekden başga çäre tapmady. Emma Bossan oňa darykman, bir oturyşyny üýtgetmän, Dursundan sowal sorady:

— A gyz, Dursun, seniň ogluň ady näme?

— Batyr.

— Onuň ady-ha gowy ekeni, özem ýaman ýigit däl ýaly. Ýöne men bir zada düşünemok: munuň batyr bolany haýsy, beýle ýel ýürek bolany haýsy?

Bossanyň gyjydy Batyry müýnsüretmän, gaýta ýüregine ot bolup ýapyşdy.

— Men batyram bolsam, gorkagam bolsam, seniňki ýaly adamyň tenine ot basmaga-ha ýüregim takat bermez.

Oglunyň ajy sözi Bossanyň ýüregini bular, gaharyny getirer diýip, Dursun ýene durup bilmedi:

— Batyr jan! Ejeň-ä seniň üstüňde jan berýä. Men seniň rahadyňy isläp, bütin ynjalykdan aýrylýan. Seniň derdiňe derman tapyp bilerin diýen niýet bilen, men geleni geçirmän, geçeni saklap, melahat soraýan. Bossan ejäni men nähili günler bilen tapdym. Sen bolsa onuň gadyryny bilip, hormat goýmaly halyňa, gaýta ýoknasyz sözüň bilen ynjydýaň. Diýmäýin diýsem, seniň okadygyňça, yzgytsyzlygyň artýa. Näme, siziň mollaňyzyň öwredişi şeýlemi? Ýa-da eneň-ataň saňa ýamanlygy bardyr öýdýämiň? Sen aklyňa aýlanarça bolupsyň, oňlurak bolaýsaň bolmaýamy?

Batyryň kakasy Annamyrat gürrüň başlanaly bäri sesini çykarman, dymyp otyrdy. Onuň Batyra rehimi indimi ýa Dursunyň gidişini gatyrak gördümi, ep-esli salym dodaklaryny müňküldedip oturandan soň, dillendi:

— A-how, sen oglana artykmaç azar berip durmasaň näderkä?

Batyry ýaňyjak haýalçyradandyryn hasap eden Dursuna Annamyradyň sözi ýokuş degdi. Ol ärine gyjytly garady:

— Aýu, saňa diýýän, seniňki näme? Sen beri öňki oturyşyň ýaly dymyp otursaň bolmaýamy? Sen adam şekilli adam bolýan bolsaň, oglanyň azary maňa galarmydy?

Annamyradyň keşbinde görnetin närazylyk duýulsa-da, aýalyna jogap gaýtarmady. Onuň ýaňaklary utançly ýaly çekeleşýän ýüzi aşak sallandy, barmaklary bolsa bir zat agtarýan ýaly ýer dyrmalady, Kakasynyň sözüniň şonuň bilen gutaranyny gören Batyr kakasynyň ýerine ejesine özi jogap berdi:

— Eje, sen geleni geçirmişiň ýaly, maňa hiç içirmän galdyran zadyň boldumy? Sen her bir ötegçiniň gepine gidip, meni ölüm pillesine ýetirdiň. Hawa, eje, maňa öwredilişi şeýle: aldawçylaryň gepine gitmän, gaýta olaryň garşysyna göreş etmeli. Emma seniň ynanjaňlygyň zerarly, men öz borjumy ýerine ýetirip bilemok... ýok men daglatjak däl, daglatjak däl!

Batyryň gany gyzmagyndanmy ýa ejesine gahar edip, birdenkä gobsunyp galjak bolmagyndanmy — içiniň agyrysy tutdy, bilini bükdi. Ol iň soňunda elini ýere diräp galdy.

Batyryň gyjytly sözleri ejesine ok bolup degse-de, oglunyň ýanyny ýere bermegi Dursunyň ýüreginiň başyndan tutdy: Batyry gujaklasy, bagryna basasy, ýüzünden-gözünden ogşasy geldi. Emma onuň şol meýline maý bermedik Bossan tasanjyrap galdy. Ol:

— «Idelen ýerde irinme, gadryň bilinmedik ýerde görünme» diýlendir—diýip, atalar sözüni öz peýdasyna gyşardyp aýtdy. — Ideldim — geldim, gadrym bilinmedi — gidýän! — diýip, ýüzüniň ugruna ugramaga taýynlanan ýaly göründi.

Dursun iki ýalyn arasynda galdy: haýsyny öçürip biljegine bir bada akyly çatmady. Ol Batyryň derdini paýlaşsynmy, Bossanyň göwnünden tursunmy? Iki ýalnyň ikisi bir wagtda Dursunyň daşyna geçdi. ýaşly gözüni tutup, Bossanyň gujagyna özüni goýberdi. Onuň ýüregi ot bolup lowlady. Ol göýä öz oduny öçürmäge kömekçi agtarýan ýaly, naýynjar gözleri bilen bir gezek Batyra, bir gezek Bossana garady, olaryň haýsynadyr bir zat aýtmak isleýän ýaly, ýumry dodaklarynda müňküldi emele getirdi. Emma bogazy doldy-da, dili diýen etmedi. Onuň gözleriniň agy-garasy tapyşyp, görejiniň öňüni buz reňkli ümez aldy: ýaz gününiň ýagşy ýaly, şol gözlerden biriniň yzyndan ikinji damjalar togalandy. Dursunyň şondan soň dik durmaga-da mejaly galman, bir eli bilen gursagyny tutdy.

Annamyrat kirpikmen gabaklaryny galdyryp, Dursuna garady-da, oňa baryp ýapyşjak ýaly ýa Bossana bir zat aýtjak ýaly, ýa-da onuň ýeňsesinden südürlejek ýaly göründi, hatda ýerinden hem gobsundy, emma ýerinden galman, dilini ýarman, ýene şol sekundyň özünde rahatlanyp oturdy.

Batyr öz azary bilen ejesiniň derdini ýa-ha syzan däldir, ýa-da syzmak islän däldir — onda gymyldy peýda bolmady.

Emma iki syrkawyň arasynda galan Bossan iň soňunda Dursuny köşetmäge mejbur boldy.

## Ikinji baş

Bossanyň alakjaýan tamakin gözleri Dursunyň öýüniň içinde ondan-oňa at çapsa-da, göreji eglener ýaly mähirli zadyň üstünden barmaýardy. Annamyradyň ata-enesinden, belki, babasyndan miras galan zürrüjek garaja öýüň gurumlan uklary gyşaryşyp ýatyrdy, tärimleriniň kökleri gyrlany üçin, käbir ýerinden arkaýyn

sümäýmelidi, durluklaryna näçe ýamag basylan bolsa-da, deşiklerinden görünýän yşlaryň sany ýokdy. Bossan öz ýanyndan: «Ýagyş ýaganda, bu öýüň içi bilen daşynyň tapawudy barmykan» diýip oýlanýardy. Seçekleri gyrlyp, ýüzlerini gurum basan çemçe torbalar göz-gülban asylyşyp durdy. Gözenegiň iki gapdalyndaky gyzyl çuwallaryň garynlary pökgi görünse-de, içindäki har-hamyrlaryň gyzan bazarda bir pula geçmejegini Bossanyň synçy gözleri kemsiz aňlaýardy. Içerdäki düşekleriň diňe terdäki gülli keçeden özge hemmesi garaja öýüň özi bilen ýaşdaşdygyny habar berýärdi: iki ýa üç arka aýlanan palasyň erňekleri gemrilen bolsa, göwresi çapgy ýassygy ýaly kertim-kertimdi. Keçeleriň-de haýsy döwrüňkidigi mälim bolman, diňe oýmur-oýmur deşikleri, tüýjeren ýüňleri saýgarylýardy. Bossan öz ýanyndan: «Men nirä gelip düşdüm? Anna baýlaryň çakylygyna barman, näme üçin ýer urup, ýerde galan Dursunyňka geldim?» diýip, özüne igenýärdi.

Döwrüň deňsizlik kanunyna görä, şol öýüň maşgalasy çagalygyndan bäri örän hor ýaşaýardy. Annamyrat gyşyň aýazyna, tomsuň howruna parh goýman, ömrüni daýhançylyk bilen geçirse-de, öýüniň eşigini däl, hatda ýylda bir gezek maşgalasynyň geýimini-de täzeläp bilmeýärdi. Dursunyň-da biderek oturýan çaş ýadyna düşmeýärdi: öý işiniň, çaga-çugasynyň aladasyndan başga, ýylda juda bolmasa bir halyça dokap satýardy. Şeýle-de bolsa olaryň gara gün üçin artdyrýan zatlary bolman, gaýta gündelik iýmitleri sowulmaz aladady: olaryň zähmetleri özlerine dälde, özgelere siňýärdi...

Şol öýüň içindäki goşlarda Bossanyň gözüniň egleneni — ýüňleri çykyşyp duran ýyrtyk ýorganlaryň aşagyndaky iki sany doly çuwaldy. Bossan diňe şol çuwallara gözi düşende, ýenillik bilen dem alypdy. Şol çuwallar-da şol öýde diňe şu ýyl ýagny bir müň dokuz ýüz ýigrimi altynjy ýyldaky ýer-suw reformasyndan soň peýda bolupdy. Annamyrat agyr oýuny, göwün hoşuny, gaýgysyny, şatlygyny daşyna çykarmaýan, ýetmezine zeýrenmeýän, buýsanjyny dillenmeýän bir adam bolany üçin, öýüň içindäki doly çuwallara—bol çörege guwanjyny diňe Dursun öz içinde saklap bilmeýärdi. Ol öz şatlygyny, durmuşdan razylygyny goňşy-golamlaryň ýanynda häli-şindi gaýtalaýardy:

— Hudaýa şükür, biziň hem zähmetimiz indi özümize siňýä, iýjek nanymyz indi öz ýerimizden emele gelýä. Biziň hem indi hiç kime mätäçligimiz ýok. Ýaşasyn sowet hökümeti!..

— Şol çuwallar häzir Bossany-da Dursundan az guwandyrmaýardy. Ol öz ýanyndan göwün ýüwürdýärdi: «Men, elbetde, ýalňyşmandyryn. Diňe syňragyndan syzanyny ýalaýan Anna baýlara baramda, maňa şyrryk çal bilen gaty çörekden başga näme hezzet ederler öýdýäsiň. Aklyk diýip hem, ujuna bir gyran düwlen iki garyş bizi berer, wessalam. Ogluna em edenim üçin, Dursun maňa şol çuwaldaky gallalaryň birini beräýse gerek. Şeýle bolanda, meniň pul düwünçegim, ep-esli galňaýsa gerek. Dogrusyny aýtsam, Dursunyň häzir oglundan başga dünýä maly gözüne görünýän däldir. Men özüm ejap etmesem, ol maňa çuwaldaky gallanyň ikisini hem hödürläwersin... Ýöne weli, sesini çykaraýsa, gorpa ýykylaýjak ýaly syzyp; ümüş mal ýaly dymyp oturan Annamyrada meniň pisindim oturanok. Göwnüme bolmasa, bu örän gysgançdyr: ýüzüne ören gyllaryň ýekejesini-de

ýolmany şoňa şaýatlyk edýär. Beýle önjeýli zada bu dözmez. Çagasyny janyndan eý görýän Dursun eçiläýmekçi bolsa, Annamyradyň, belki, dili açylar: «Dursun, Bossan bize ýer sürşen däldir, orak orşan däldir, sen ony unutma» diýer. Men nebsime haý bermän, öteräk gidäýmekçi bolsam, belki, ýeňsämden südürlär. Hawa-da, meniň hem belli emgegim köýüp duranok, çuwalyň dolusy bol maý ýarysy bolanda näme, meniň içime depýämi!..»

Şol çuwallardaky dänäni emele getirmek üçin Annamyradyň ýyly ýete zähmet çekenini, şol dänäni öýüniň bezegi, maşgalasynyň gurby hasap edýänini nebsi öňüne düşen Bossan ýadyna-da salmaýardy: Annamyrat onuň bir gysymyny Bossanyň dolmaz holtumyna dykandan, aç guşlara sepenini ýüz esse eý görýäninden onuň habary ýokdy. Annamyrat bilen Dursun ýeneki ýyllarda-da az-azdan artdyryp, öýlerini hem onuň içiniň goşlaryny täzelemek küýüne düşýärdiler.

Emma almyta adatlanan açgöz Bossan bolsa Batyryň derdine em etmek üçin çalasyn taýynlyk görýärdi.

Ýörite ýakylyp, kesindileri köze aýlanan oduň içinde köne orak täze dogan aý ýaly gyzaryp ýatyrdy. Ol çuwalyň arkasynda kän wagtdan bäri ýatany üçin, çygdan, zeýden alan posuny endamyndan sypyryp, ilki ýasalyşyndaky ýaly tämiz polada aýlanypdy-da, gyzyl köz bolup lowurdap ýatyrdy.

Awa gözi ilen tazynyň göreçleriniň höwesjeňlik bilen ýalpyldaşy ýaly, otdaky oraga gözi düşen Bossanyň ýüzi barha ýagtylýardy. Onuň ýeser gözleri gülümsiräp, küti dodaklaryndа ýylgyrma emele gelýärdi. Şol orak onuň girdeji akymlaryň iň şowlularyndan biridi.

Annamyradyň oda seretdigiçe, gaşlary çytylýardy. Onuň hem Batyr ýaly ýetginjek çagynda çakyza zerarly maňlaýy daglanypdy. Şol dag ýadyna düşende, onuň maňlaýy heniz hem awap duran ýalydy. Şol orak onuň kejebesini garyşdyrany üçin, ýerinden turarly, oraga ýapyşarly, eliniň tersi bilen dazyrdadyp zyňyp goýbererli göründi. Ol öz aýtmak isleýän zadyny aýdyp bilmeýşi ýaly, etmek isleýän zadyny hem çendan wagty bilen ýerine ýetirip bilmeýärdi. Şol agyr häsiýeti zerarly, häzir hem ol sesini çykarman, azaryny öz içine salyp otyrdy. Birdenkä bolsa, häzirki taýynlanýan ýigrenji zady hem öz oglunyň azabyny görmezlik niýeti bilen, «görmez arkasy güýçli» nakylyna görä, ýerinden galdy-da, iki elini arkasynda tutup, çykyp gitdi.

Bossanyň tebipligine bütin ýüregi bilen ynanýan Dursun bolsa ot ölçerýän wagtynda, otdan göterilýän uçgunlary «gorkan öňürder» nakylyna görä, Batyry azara goýýan, onuň içinden göterilip gidýän beladyr diýip düşündi. Şonuň üçin hem gyzaran oragy has ökderäk gyzartmaga çalyşdy.

Şol ot Batyryň gözüne hakykatdan-da ýandyryjy ýaly, köýdüriji köz ýaly bolup görünýärdi. Ol ilki bada oňa näçe garşylyk görkezse-de, aýrylmaz içagyry hem ejesi Dursunyň üznüksiz zary öz göwresini Bossanyň erkine bermäge mejbur etdi.

Batyry çep gapdalyna ýanyn ýatyryp, köýnegini ýüzüne bürediler. Batyr oňa garşylyk görkezjek ýaly etse-de, dürli ündewler täsirindenmi ýa öz endamynda ot bolup oýnajak oragy görmek islemändigindenmi, haýsyndan hem bolsa, öz ýüzüniň

örtügini arkan serpmedi. Onuň töweregindäki gaýmalaşýan aýallar, Bossanyň tabşyrygyna görä, ellerini, aýaklaryny mäkäm tutdular.

Göreşe girjek ýaly, bilini gyňajy bilen bogan Bossan sapsyz oragy esgi bilen tutup, Batyryň sagyndan bardy. Gyzgyn oragyň gyzyl şöhlesi Batyryn agajet näzik endamynda ýylpyldap gezdi: gonjak bolýan garaguşuň maslyk töwereginde oňaýly ýer agtaryp, pelpelleýşi ýaly, egri orak hem näzik teniň üstünde bir näçe sekunt pelpelledi. Bossanyň nazarynda maslyk bilen Batyryň endamynda hiç bir tapawut bolmany üçin, oňa örän dözümli darady.

Gyzyl orak näzik tene göz ilginsiz degip galdy. Batyr özüni bileli bäri Dursun onuň «wah» diýen sesini eşitmändi. Batyryň birdenkä «Eý wä-äk!» diýip, gygyran çasly sesi gulagyna ilende, Dursun allaniçigsi tisgindi. Dursun tisginende, onuň tirsegi Bossanyň orakly eline kakdy. Onsuz-da sypjap duran gyzgyn orak Bossanyň elinden sypdy-da, ýyldyrym ýaly ýylpyldap, näzik tene jazyrdap düşdi.

Hakykatdan hem ýere ýyldyrym düşene döndi.

Gyzyl közüň jazyrdysy Batyra elektrik togunyň kuwwatyny berdi. Ol ýatan ýerinden aýratyn bir güýç bilen ýokaryk zyňdy. Onuň şol wagtky hereketi dinamit ýarylandan enaýy däldi. Batyryň ellerini, aýaklaryny tutup oturan aýallar yzan-çuwan arkan serreldi, olaryň börükleri pökgi ýaly togalandy. Nähili güýç, nähili zarba degeni mälim bolman, Bossan-da ýumak ýaly togalandy. Onuň eti gaçan tumşugy dokma gazygyna degip, ikbaş ýaly çişdi, burnundan bolsa ik ýaly gan zogduryldy. Düşen ýerini tütedip barýan gyzgyn oragyň üstünden basan bir aýal taňkadaky suwy eňterdi.

Dursun Batyryň täze ýarasyna em etjegini, Bossanyň burnuna esgi dykjagyny bilmän, iki arada sergezdan galdy.

Teniniň awusyna çydamadyk Batyr öýüň içinde towsaklady. Burnunyň ganyny saklap bilmedik Bossan bolsa iňňilli bilen ýassyga gyşardy.

## Üçünji baş

Batyryň ýagdaýy Bossan ony daglandan—tenine otly orak gaçandan soň has hem ýamanlaşdy: içiniň agyrysy ýygy-ýygydan tutdy. Ejesiniň tebipli gürrüňini eşidende, indi ýüregi bulandy; okuwyna-da oňly ýaramady.

Mekdepde arakesme wagtynda okuwçy oglanlar çendan şagalaň turuzýardylar: degişýärdiler, gülüşýärdiler, kowalaşýardylar. Emma Batyr şol keýpden mahrumdy. Onuň şol şowhuna näçe ýüregi atygsasa-da, keseli oňa mümkinlik bermeýärdi, Şonuň üçin ýa-ha bir burçda böwrüni tutup oturýardy, ýa-da aýak üstünde olaryň oýnuny synlaýardy.

Bir gün ol oglanlaryň oýunlaryna gyzygyp durna, kowalaşýan oglanlardan biri şoňa bukulmak üçinmi ýa hüjümden özüni goramak üçinmi, atanlykda Batyryň egninden ýapyşdy-da, ony gömelteý silkdi. Onsuz-da böwri sanjyp duran Batyr pyçak urlan ýaly tisginip, ýüzüni çytdy-da, özüni aşak goýberdi. Özi bilen deň-duş oglanlar onuň keselinden habardar bolsalar-da,

mugallym onuň şeýle agyr ýagdaýyny birinji gezek görýärdi.

Mekdep täze bolup, obanyň iň gözel jaýlaryndan biri hasap edilse-de, mugallymlar entek galapyn köne adamlardy: ýokary bilimli täze mugallymlar şindi ýetişmändi. Şonuň üçin obalarda okuwlaryň gidişi-de onçakly öwerli däldi. Häzirki Batyryň ýanyna gelen mugallym köneden çala sowatly-bolup, diňe gysga wagtly mugallymlar kursuny gutaran sakgally-murtly daýaw bir adamdy. Onuň barasynda «aý köne mollamyş, doga berýämiş» diýen ýaly ýaşlar arasynda her hili myjabatlar-da gidýärdi. Onuň gürrüňdeşleri garry adamlar bolup, ýygnaklardan gaçarak durmagy hem şol pikiri goldaýardy. Şonuň üçin Batyr öz ýanyndan «belki, mugallym maňa-da doga-tumar hödürlär» diýip oýlanýardy. Emma mugallym onuň agyr ýagdaýyny aňlandan soň, Batyryň göwnüniň keçjesine atalarça maslahat berdi:

— Meniň, elbetde, tebiplikden habarym ýok. Ýöne weli, Batyr, seniň keseliň oýunjak däl bolara çemeli. Keseli, ogul, bejeren ýeňer. Kim ony äsgermezlik etse, öküner. Dert-azary doga-tumar bilen «bejerilýän» wagt yzda galdy. Seniň keseliň içiňde bolany üçin, oba tebipleriniň hem ondan başy çykmaz. Sen başarsaň, ejeň ýa kakaň bilen Aşgabatdaky uly doktorlara git, juda bolmasa, häzirlikçe feldşere bar. Isleseň, eneň-ataň bilen men özüm sözleşeýin. Her halda, meniň aňlaşyma görä, seniň keseliňe tizräk çäre görmek zerur.

Mugallymyň sözi ýönekeý sada, ýaly bolsa-da, Batyra ol nähili ýakymly hem örän dogry eşidildi. Şeýle ýakymly sözi ol henize çenli öz kakasyndan-da eşitmändi. Oglunyň agry halyna Annamyradyň ýüregi, belki, beterräk awaýandyr. Emma onuň çuňňur ýüreginden gaýnap çykýan gyzgyn mährini mälim etmäge agyr dili mümkinlik bermeýärdi. Batyr öz mugallymy baradaky «myş-myşlaryň» barynyň ýerliksizdigini aňlady, şeýle myş-myş habarlary ýaýradýan adamlara öz ýanyndan ýigrenç duýdy. Geljek okuw ýylyndan Aşgabatdaky rabfaga geçmek üçin Batyra arza ýazmagy ündän-de şol mugallymyň özüdi ahyry...

Özüni doktora görkezmek barada deň-duşlary-da Batyra maslahat berdiler.

Uzynak şiňňil bir oglan agzyny pakgyldadyp gepledi:

— Täze açylan dugtorhana gelen pilşir diýýäler

weli, men-ä şony dugtormykan öýdýän. Baýak içim agyranda, maňa bir derman berdi weli, sanly salymyň içinde edil ýolnup zyňlana dönderdi!

Togalak, burny ýemşik bir oglan onuň aýdany bilen razylaşman, seňrigini ýygryp gepledi:

— Näme diýseňem, meniň-ä şoňa pisindim oturanok.

Ol gün meniň injigim sypjyrylanda, toşap ýaly goýy goňur zat çaldy weli, men-ä aýagyma ot basaýdymykan öýdüpdim. Göwnüme bolmasa, injigim heniz hem awap duran ýaly.

Çepiksi bir oglan iňňä sapaýmaly inçemik ses bilen sözledi:

— Ýok, dogry däl. Meniň gözümiň agyrap, bir hepde okuwdan galanymy hemmäňiz bilýänsiňiz. Bäş günüň içinde men ne ýatyp bildim, ne-de rahatlandym. Iň soňunda feldşer gözüme bir derman damdyrdy weli, gözümiň agyrysy tarpa-taýyn gutulyp, iki gije-gündiz oýanman ýatdym. Men-ä, göwnüme bolmasa, şol adam ýönekeý dälmikän öýdýän. Belki hem, ol profi-

sor diýilýänidir. Batyr, sen hiç kimiň sözüne gulak gabartma-da, özüňi hökman şoňa görkez.

Şol öwüt-ündewler Batyryň öz niýeti bilen birikdi.

## Dördünji baş

Batyr özüne gezek gelip, gapydan girende, aňyrsyny bakyp duran uzyn ak geýimli bir adama gözi düşdi. Ol Batyryň girenini ýa-ha duýmady, ýa-da ähmiýetli bir zat bilen meşgul bolany üçin, dolanyp seretmäge mümkinlik tapmady.

Derman ysy Batyryn burnuna urup, gaňşyrawugyny tütetdi-de, birdenkä asgyrdy. Feldşer ýalta bärsine garanda, egnini gysyp duran Batyra gözi düşdi. Ol burnunyň üstündäki äýnegini ýokarrak galdyryp, eserdeň çiňerildi-de:

— Eri, ogul, näme kemiň bar?— diýip sorady.

Feldşeris ýogyn murtlary Batyryň sussuny basdy.

Şonuň üçin onuň keşbini only saýgarman, ýüzüni aşak saldy-da:

— Içim... içim... — diýip hümürdedi.

— A-ha... içiň niresi agyrýa?

Batyr sag eli bilen böwrüni tutup, ýarym-ýalňyş rusça jogap gaýtardy:

— Jibot.. jibot.

— A-ha. Diýmeli, içiň agyrýar.

— Hawa, ýoldaş dugtar, hawa.

Feldşer barmaklarynyň hereketi bilen Batyry öz ýanyna çagyryp, goşaryndan tutup gördi, damarynyň urşuny barlady. Ondan soň gabaklaryny çöwrüp, aşak-ýokary seretdirdi:

— Meniň gözlerime dogry seret — diýdi.

Feldşer ondan soň: «Şeýle, şeýle» diýip hümürdedi-de, dermanly çüýşelere ýapyşdy.

Feldşer onuň içini barlamany üçin, Batyr öz ýanyndan, belki, bu meniň gözüme derman taýynlaýandyr diýip düşündi. Ol Gadymy gürrüň kitaplaryndan birini okanda, bir kesselliniň tebibe baryp: «Içim agyrýa» diýenini, tebip ondan «näme iýdiň» diýip soranda, «ýanyk çörek iýdim» diýip jogap berenini, tebip «Onda seniň agyryň içiňde däl, gözüňde» diýip, gözüne melhem etmekçi bolanyny ýadyna saldy. Şonuň üçin Batyr feldşerden soramakçy boldy, emma feldşer oňa «seniň içiňde däl, gözüňde» diýer öýdüp çekindi. Eýsem-de bolsa, ýanyk çörek iýmänini, özüni bilip, gözüniň agyrmanyny ýadyna salyp, ikirjiňledi-de:

— Dugtar aga... — diýdi.

Öz işi bilen meşgul feldşer «A-a» edip, başyny galdyrdy, Batyrdan jogap bolmandan soň bolsa:

— Hä, näme? — diýip sorady.

Batyr näme aýtjagyny bilmän sakyndy-da:

— Jibot, jibot! — diýdi.

— Bilýän, bilýän. Derrew.

— Dugtar aga, meniň gözüm agyranok ahyry.

— Bilýän, bilýän.

Feldşer ýene öz işi bilen meşgul boldy.

Feldşeriň gözüne derman taýynlaýanyna Batyryn indi şübhesi galmady: «Meniň içim agyrýa, bu bolsa düýäň sinohor kese-

line dag basylyşy ýaly, meniň gözüme derman taýynlaýa» diýip oýlandy. Ynjalykdan aýrylan Batyr nähili aýdanyny-da duýman galdy:

— Dugtar aga, ýok etdirjek däl!

Feldşer Batyryň nämeden boýun towlaýanyna düşünmän:

— Nämäni etdirjek däl? — diýip sorady.

— Nähili nämäni?.. Gözüme derman etdirjek däl?

Feldşer Batyryň nämeden howatyr edýänine oňly düşünmän, onuň ýüzüne seretdi: oglanyň gansyz ýüzünde aljyraňňy bir ýagdaýyň baryny saýgardy. Şonuň üçin ýaňadan sowa-jogap başlandy:

— Eri ogul, sen nämeden howatyr edýäsiň?

— Men gözüme derman etdirjek däl diýýän.

— Gözüme derman?!

— Meniň gözüm agyranok ahyry!

— Kim seniň gözüň agyrýa diýdi?

— Onda näme derman taýynlaýasyň?

— Aý sen gyzyk oglan! — diýip, feldşer keýp edip güldi-de, oňa degdi. — Şu saýgaryşyň bilen, oglum, hakykatdan-da seniň gözüňe derman etmeli.

Batyr onuň ýaňsa alýanyna düşünmän:

— ýok, etdirjek! — diýip gaýtalady.

— Aý, ogul, men bu dermany seniň üçin däl, başga biri üçin taýynlaýan.

Batyr utanjyndan ýüzüni aşak saldy.

Feldşer ondan soň Batyry kuşetkanyň üstünde ýatyryp, emaý bilen içini barlady. Onuň böwründäki sanjynyň ýönekeý ýel ýa iç gatamadan däldigini aňlady, emma onuň nähili keseldigini dogrusy aňlap bilmedi. Ol öz ýanyndan «belki hem, kör içegedir» diýip düşündi. Eýsem-de bolsa, ol pikirini Batyra mälim etmän, oňa ata hökmünde nesihat berdi:

— Oglum, sen bu keseliňden tiz saplanmak isleseň, kakaň bilen şähere git-de, özüňi şäher doktoryna görkez. Keseliň ornaşmagyna maý bermän, öňünden çäre gören, elbetde, ýagşydyr.

Feldşer onuň derdine däri-derman edip bilmedik hem bolsa, aýdan ýakymly sözleri Batyryň göwnünde şol adama bir hili söýgi galdyrdy. Ol hatda çykyp gidende, ak ýürek bilen seslendi:

— Dugtar aga, sag bol!

## Bäşinji baş

Feldşeris «Şähere git» diýen maslahatyny Batyr ejesine mälim edende, ol elden-aýakdan düşdi.

— Ýo-ge-ý, bolmaz, oglum, bolmaz!.. Adam kesýän dugtara-da heý, jan ynanyp bormy?.. Kim bilýä, belki, ol seniň garnyňy keser? Wa-eý, hudaý görkezmäwersin!.. Sende şeýle uly keseliň ýoguny men bilýän ahyr! Sen bir az sabyr et. Ynha eli ýeňil tebip taparys. Işallam, derrewjik gutularsyň!..

Annamyrat Dursun ýaly uly garşylyk görkezmese-de, şäher oňa bir hili garaňky geldi. Dursunyň «keserler» sözi onuň-da gulagyna ýaramady.

Ejesiniň haýýarlygyna garaman, Batyr näme-de bolsa feldşeris maslahatyny makul bildi.

Emma içagyry oňa ynjalyk bermedi.

Batyryň kakasy Annamyrat söze gysganç bolsa-da, işe gezek gelende, iki paý ýalydy. Ol ýer-suw reformasyndan ýeten ýerini kemsiz bejereni üçin, bol hasyla garaşýardy. Gawun-garpyzyň-da boýy ýeteňkirläp barýardy. Ol öz ýanyndan «Gawun ýetişse, Batyryň içi gutulaýsa gerek» diýip oýlaýardy.

Emma gawun-garpyz-da, süýt-gatyk-da Batyryň içine peýda etmedi. Ol wagtal-wagtal içim diýip gyşardy, reňkine-petine gelmän, ýüzi bir hili sargylt öwüsdi, ynjalykdan aýryldy.

Dursun oglunyň keseline näme çäre etjegini bilmedi, gelenden-geçenden maslahat sorady. Biri «ötledir» diýse, beýleki biri «dalakdyr» diýýär. Onuň keseline her kimiň her hili düşünişi ýaly, her kim oňa her hili derman salgy berýär. Biri «Ötledir, ol tutan wagty onuň çep çignini mäkäm saratmak gerek» diýse, ikinji biri «Dalakdyr, tutan wagty mazalyja owkalatmak, tapan-tupanyňy üstüne üýşürip, kemsiz derletmek gerek» diýýär, üçünji biri bolsa «Ol hökman kakyn-silkindir, tutan wagty ýa-ha porhan oýnatmak, ýa-da Garahojama ýykmak gerek» diýýär.

Dursun kimiň sözüne gulak asjagyny, näme etjegini bilip bilmeýär, edeýin diýenini edip biljegine-de ynanmaýar. Garahojama äkideýin diýip, agzap-da biljek däl. Batyr onsuz-da Garahojama gargap ýör. Belki, ol bu wagta güýçden hem düşendir, belki, düşürendirler. Porhan oýnatmaga Batyr hasap hem däl, oba guramalary hem oňa ygtyýar berjek däl. Olar Bossany hem eýýäm çörekden kesipdirler.

Iň soňunda şol çäreleriň hemmesinden amatlyrak bir habar Dursunyň gulagyna ildi. Döwletmyrat diýen bir adam şonuň ýaly içagyry keselleri owkalap gutarýarmyşyn... «Ol nähili oňat zat?.. Emma ony nähili getirip boljak? Ol hem hökümetden gorkusyna tebipçilige gezmesini goýanmyşyn. Bardy-geldi, ony bir söý bilen ele salaýanda-da, Batyry oňa razy edip boljakmy ýa-da ýokmy? Şol hem belli däl...»

Dursun janserek bolup galdy.

Dursun iň soňunda ýakyn tanşynyň, dostunyň üsti bilen Döwletmyrady getirmegiň ýoluna düşdi. Ol Batyryň hem taryna kakyp gördi. Emma Batyr oňa göwnemedi. Batyryň dostlarynyň, deň-duşlarynyň üsti bilen hem aýtdyryp gördi. Onuň tebipçiliginiň dine-şerigata hiç bir dahylynyň ýokdugyny hem ynandyrmaga çalyşdy.

Içagyry Batyry hem az oýlandyrmaýardy. Ol ony birsyhly ynjalykdan aýyrýar. Onuň iýenini ýokduranok. Oňa bir gün azar bermese, ikinji gün rahat berenok. Şu gidişde gitse, elbetde, okuwa-da ýarajak däl. Okuwdan galmak Batyr üçin nähili haýp!..

Bir ýandan içiniň azary, ikinji ýandan ejesiniň zary Batyry ýene öz erkine goýmady. Şonuň bilen bile, owkalamak dag basan ýaly aýylganç bolup görünmedi.

## Altynjy baş

Annamyrat bilen tirkeşip gelen Döwletmyratdy.

Dursun ony gadyrly garşy aldy.

Süýji sözli, açyk ýüzli Dursuny gören aksakgalyň peşeneli ýüzi has hem aýdyňlandy. Ol saglyk-amanlykdan soň, sakgalyny

sypap:

— Hudaýa şükür! dilimize düşýän dostlukly adamlara-da duş geldik! — diýip, mys-mys güldi.

Dursun aksakgalyň sözüne derrew düşünip ýylgyrdy:

— Wiý, näme, Batyryň kakasy bilen gürrüňiňiz birikmedimi?

— Birikme niräň gürrüňi! Asyl ondan on sowalyňa bir jogap hem alyp bolmasa nätjek? Beýle-de bir gysganç adam bolar ekeni?

— Hawa, Batyryň kakasy kän geplemsek däldir.

— Az sözli adamlary hem, türkana adamlary hem görüpdik. Biz-ä heniz şuňa meňzeş adam gören däldiri:. Bu edil bir gurruk guýy ýaly-la!

— Hawa, onuň sözi tygşytlydyr.

— Aý, gelin, ýumarlajak bolmasana! Ol hatda «bar», «ýok» diýen owazy çykarjak bolanda-da, edil ýüň iýen güjük ýaly, suw içim salym gerjeşip durýa.

Annamyrat Döwletmyradyň gyjydyna jogap gaýtarmaýşy ýaly, onuň ýüzüne-de seretmän oňdy, emma onuň soňky sözi Annamyradyň dodaklarynda-da ýyrşarmak emele getirdi.

Ýaşulynyň şowhunly gürrüňi Batyra ýagşy ýarady. Ol öz kakasy Annamyradyň söze gysgançlygy hakynda onuň aýdanlaryna hahahaýlap güldi. Batyr onuň ýüzüne hyrydar göz bilen seretdi. Onuň gyradeň sakgalynyň duw ak bolmagyna garaman, ýüzüniň ýekeje-de ýygyrt atan ýeri ýokdy. Onuň ýüzi edil çirtibermeli bolup, ýagjymak ýaňaklarynda gan görünýärdi. Batyr onuň ýyljyraklap duran sada gözlerinde bir az gödeklik syzsa-da, şol göreçlerde hile damarynyň baryny seljermedi. Onuň degişgen, şorta gürrüňleri Batyryň göwnüni açdy, ony özüne öwrenişdirdi. Batyr Döwletmyradyň keşbinde Bossanyňky ýaly ýigrenjilik syzmady.

Ýaşulynyň Annamyrat barasyndaky gürrüňi ep-esli dowam etdi. Iň soňunda gürrüň Batyryň keseline aýlandy. Onuň içiniň agrysynyň taryhy barasynda Dursun oňa jikme-jik gürrüň berdi.

Döwletmyrat Batyra derrew ýapyşman, özüniň tebipçilik edişinden, käbir adamynyň ondan gorkuşyndan gyzykly gürrüň berdi, şol wäşi sözleri bilen ol Batyry öz täsirine aldy.

Döwletmyrat Batyryň içagrysyny: «Tutgaýly ötle» diýip mälim etdi. «Tutgaýly» sözi Dursunyň ýüregine jüňküldedi, Batyryň hem maňzyna damdy. Ol keseliň Batyry wagtal-wagtal tutýanyny hatda Annamyrat-da bilýärdi.

Dursun onuň «Tutgaýly ötläni» nähili gutarjagyny bilmek niýeti bilen, oňa sorag berdi:

— Döwletmyrat aga, onuň emi näme bolar?

— Aý, gelin, onuň emi elde bolar.

Dursun «elde» diýen sözden elini açygrak tutmaly, eçilmeli, köpräk emlemeli diýen many aňlady. Şonuň üçin:

— Tebipden elimizde baryny aýamarys — diýdi.

Şol jogaba Döwletmyrat keýpihon güldi.

— Aý, gelin, sen meniň sözüme keçje düşündiň.

Elde diýenim — meniň elimdedir diýdigimdi. Men ele garaýan, şondan çörek iýmek üçin gezýän tebiplerden däl. Meniň oňa mätäçligim hem ýok. Men onuň dermanyna-da pul harç

edemok. Men diňe şol käriň keýpine düşen bir adam. Birine peýdam degse, begenýän, zyýanym bolsa ýeter öýdemok.

Öz aýdan jogabyna utanan Dursun eňegine düşen ýaşmagyny ýokarrak galdyrdy. Döwletmyrat özüniň hünärini bilmeýän adam bardyr öýtmeýärdi, Dursunyň ondan habarsyzlygy ony haýran galdyrdy. Şonuň üçin öz aýdan sözlerini kime-de bolsa tassyklatdyrmak isläp:

— Şeýle dälmi aýt, Annamyrat? — diýdi.

Annamyrat oňa jogap ýerine, diňe gabagyny galdyryp seretdi-de, ýene ýüzüni aşak saldy. Annamyratdan ses-üýn çykmazlygy, öz sözüni tassyklamazlygy tebibiň gonjuna gor guýdy, ol oňa gyjytly göz bilen seredip:

— Pä-heý! Adam diýip, muňa seret-le! Haýwanam çagyrsaň, juda bolmasa mäleýändir, yňraljyraýandyr. Mundan o-da ýok aýt!.. Şeýle dälmi, han ogul?

Batyr onuň sözüni:

— Dogry! — diýip tassyklady-da, hahahaýlap güldi. Dursunyň ýylgyrýan dodaklary ýaşmagyny çeýnedi...

Döwletmyrat ilki gelende, gyzykly gürrüňe başlanda, Batyr öz ýanyndan: «Bu-da Bossan ýaly daglarmyka? Ýa-da has aýylganjyrak bir zat taparmyka?» diýip oýlanýardy. Emma onuň ol oslaglarynyň hiç biri hem çykman, tebibiň «emi elimdedir» diýeni Batyryň göwnüne makul geldi. Batyr ondan heder etmedi.

Döwletmyrat neşelenip tikilen, tygşytly geýilýän gyzgylt silkme telpegini çykaryp, ýabadan asdy, ýaňy ysgyny gaçan içi pagtaly ýüpek donuny çykardy. Ol der bilen bir az garalan, ak ezýaka köýneginiň ýeňlerini çermeşdirdi. Batyryň gözüne bolmasa, söweşe girjek ýaly taýynlyk gördi.

Döwletmyradyň syrkawa seredişi özge tebipleriňkiden, doktoryňkydan üýtgeşigräk boldy. Ol Batyry ýüzin ýatyrdy. Hatda onuň köýnegini hem arkan serpmedi.

Ýeke Dursun däl, Batyr hem onuň özüne etjek bolýan emini geň gördi. Birdenkä bolsa, ýene «synahoryň dagy» ýadyna düşdi. Şeýle-de bolsa, Döwletmyrada ynanany üçin, sesini çykarmady. Emma Dursun durup bilmedi:

— Döwletmyrat aga, Batyr janyň azary içindedir — diýip ýatlatdy.

Döwletmyrat:

— Aý, gelin, sen ondan arkaýynja bolaý! Içinde bolsa daşyna çykararys! Tutgaýly ötläni öteräk tutmalydyr — diýip, Batyryň üstüne aýtlaýyn mündi. Ondan soň güýçli gollary bilen ikiýan boýun damarlaryndan tutup başlady.

Ol ilki bada ýuwaşrak tutdumy ýa Batyr özüni mertlige saldymy, garaz onuň burgusyna çydady. Emma weli aradan salym geçmänkä, eýläk-beýläk burlup başlady. Döwletmyrat öz hünärine gyzykmak bilen, durdugyça özüni tijäp, hyrçyny dişledi-de, oglana içgili ýaly ýapyşdy. Batyr oňa çydaman, her tutanda: «Wah! Waheý!» diýip seslendi. Emma Döwletmyrat oňa garaman, durdugyça berkräk ýapyşdy, elinde bar güýji bilen ony mynçgap başlady. Onuň ýagyrnysyndan köýneginiň daşyna der çykdy. Batyr «Eý wa-eý!» diýip, bogazyna sygdygyndan gygyryp başlady. Emma tebibiň äpet elleri onuň näzik damarlaryny sypdyrmady, agyr göwresi ony ýekeje-de butnatmady.

Batyryň gykylygyna soňa bakan Dursunyň ýüregi takat bermedi. Ol emdirenini elinden aldyran boz maral ýaly garanjaklady. Batyryň gykylygy ahyrynda onuň ýüregine düşdi. Ol gözlerini elek-çelek edip:

— Aýu, oglany öldürdiň! — diýip gygyrdy.

Uruşda ökdelän itiň gykylyga garaman aşagyndakyny beter çekeleýşi ýaly, Döwletmyrat hem olaryň hiç biriniň gykylygyna gulak asman, Batyry it alan sanaja dönderdi.

Batyryň çendan ara:

— Waý, eje! Öldürdi-le! — diýen çasly sesi çykdy.

Dursun elini, aýagyny ýitirip, gözlerinden ýaş akdyrdy-da:

— Aýu! Çaganyň janyny aldyň! Goýber! — diýip, aýylganç seslendi. Döwletmyrat onuň ýüzüne-de seretmän:

— Bir gygyrar, bir goýar — diýip, maňlaýyndan akan derini sakgalyndan syrykdyryp, ýene has berkräk ýapyşdy. Batyryň iki egninden başlap, ýagyrnysy zady bilen myňçgalady-da, türresine baryp ýetdi, ýene şol hereketi bilen yzyna gaýtdy. Ol şol aýylganç hereketini ikiýanlaýyn dowam etdirdi.

Batyryň ysgyny gaçan, garyljyk, güňleç sesi çykdy:

— Waý, kaka!.. Öldüm-le!.. Alsana!

Annamyrat, galyň gabaklaryny bir galdyryp seretdi-de, uludan dem aldy. Onuň aşaky gabaklarynda, tumşuklarynda gahardandygy, şatlykdandygy syzylmaz bir zat emele geldi. Ol özünde henize çenli görülmedik üýtgeşik bir hereketdi. Ol gobsundy, galkynjak ýaly etdi, emma ýene sesini çykarman, butnaman oturdy.

Dursunyň aýagy oda bişen ýalydy. Onuň ýüregi ýarylan ýaly bolup, gözleriniň ýaşyny saçdy-da, Batyryň daşyna ýedi aýlandy, oňa hiç bir taýdan kömek edip bilmän, iň soňunda Annamyradyň üstünden düşdi, onuň egninden silterläp gygyrdy:

— Oglany öldürtdiň-le, doňgara daş!..

Annamyrat ýene sesini çykarman, butnaman, diňe

aýylganç gözleri bilen tebibe seretdi. Onuň gözlerinde gan çylgymlary görnüp, ikiýan egni bir az herekete geldi, birdenkä oturan ýerinden dazyrdap galdy. Ol edil ýolbarsyň awa agyz urşy ýaly, Döwletmyradyň iki çigninden mäkäm ýapyşgp, göz ilmez çaltlyk bilen ony ýokary galdyrdy, dikeltdi. Annamyradyň şol garaýşy, tebibiň owurdyna goşa ýumruk goýarly göründi, tebip hem ondan şoňa garaşan ýaly, der basan gyzyl ýüzüni bir az sowdy. Emma Annamyradyň penjeleri, kemsiz ornaşan çeňňel ýaly, ýapyşan ýerlerinden butnaman durdy.

Iki egindeşiň ikisi hem iki eginlerinden dem aldylar.

Annamyradyň penjesiniň awysy Döwletmyradyň ýüregine baryp uran bolara çemeli, ol siltenjiräp, onuň elinden sypmaga çalyşdy, emma Annamyradyň çeňňekleri ony butnatmady. Onuň gözlerindäki gan çylgymlary tebibiň has-da sussuny basdy. Tebip özüni ikiýanlaýyn gapjan gyýçak gara daşyň arasynda ýaly syzdy. Ol sözüni şelaýynlyga salyp, Annamyradyň ýüzüne ýasama ýylgyryş bilen garady.

Gözlerinden gyzgyn ýaşy seçelenýän Dursunyň iki egindeşe gözi düşmän, diňe özüni bilmän haslap ýatan Batyra düşdi. Onuň ýüzi gök dalak gögerip, gözleri gabaklarynyň ýelgini bilen gömlüp, agzyndan gyllyk akýardy.

Dursunyň huşy başyndan uçdy, ýüzi ak tam ýaly agardy, naýynjar gözlerinden boýur-boýur ýaş akdy, dodaklary agy müňküldisi bilen herekete gelip:

— Batyr jan, Batyr ja-an! — diýip seslendi.

Batyrdan ses çykmady. Ol hatda gözlerini açyp hem seretmedi.

Batyryň bolup ýatyşy Annamyrada-da adatdakydan artygrak täsir etdi, Döwletmyrada ýaňadandan gazap bilen garanda, ony parçalarly göründi, emma tebibiň günäkär sypatyna, müzzerýän ýüzüne gözi düşende, öňki küýünden dänen ýaly bolup, Batyra göz gezdirdi-de, äwmez bir ses bilen:

— Usurgapdyr — diýdi.

Oglanyň bolup ýatyşy Döwletmyradyň gözüne ilmese-de, dilini ýaramaga Annamyratdan heder etse-de, özüni oda-köze urýan Dursuna kömek edip bilerin, şonlukda öz günämi ýeňlederin diýen niýet bilen:

— Görýärmisiňiz? Oglanyň agyrysy aýrylypdyr. Ol indi rahatlanypdyr, indi gutuldygydyr, işallam — diýdi.

Dursun oňa: «Çaganyň azarly ýeri bilen azarsyz ýerini deňlediň, ony gök daş edip taşladyň, dilden galdyrdyň» diýip çeýnäsi geldi, emma dili diýen etmedi, başy aýlandy, Batyry gujaklady...

## Ýedinji baş

Döwletmyradyň eminden soň, Batyr bir hepdeläp ýassykdan galman ýatdy. Onuň endam-janynda azarsyz ýeri galman, bütin göwresi soka salnan ýaly bolupdy, bütin ýagyrnysy zerzawdy. Ol ilki bada boýnuny hem towlap bilmeýärdi, elleri ysgynsyz gymyldaýardy, dili peltek ýaly garyşyk gepleýärdi.

Dursun ony okuwdan alyp galmakçy, öz gözüniň öňünde saklamakçy boldy. Emma Batyr özüni tutup, öňki tabyna gelenden soň, ejesiniň sözüne gulak asman, Aşgabada okuwa gitdi.

Aşgabat Batyryň gözüne örän uly şäher bolup göründi, ilki batlarda azaşmagyndan heder edip, ýeke özi köçelere-de çykyp bilmedi. Ylaýta-da onuň täze okuw jaýy rabfak ony geň galdyrdy. Bu ýeriniň okuwy-da, düzgün-tertibi-de obaňka hiç meňzeş däl. Rabfakda respublikanyň dürli ýerlerinden gelen iki ýüze golaý oglan okaýar. Her üç-dört oglana bir otag. Her kimiň-de özüniň krowady, tumboçkasy bar. Bu ýeri gör nähili arassalyk. Iýmit gör nähili süýji. Okuwlar gör nähili tertipli gidýär. Bu ýerde okuwçydan talap hem başga. Mugallymlar gör nähili bilimli, salyhatly adamlar.

Rabfakda agşamlaryna her hili kružoklar-da dowam edýär. Bu ýerde henize çenli görmedik oglanyň bilen derrew dostlaşmak-da mümkin. Marydan gelen Nury Myradow gör nähili oňat oglan. Batyr onuň bilen sanly günüň içinde nähili dostlaşanyny-da duýman galdy.

Batyryň göwnüne bolmasa, indi içiniň agyrysy-da ýeňlän ýaly: rabfaga geleli bäri bir aýa golaý wagt geçse-de, heniz bir gezek hem tutanok. Belki, arassalykdan, iýmitiň oňatlygyndandyr? Belki, dostlaryň mähirliginden, keýpiniň sazlygyndan, wagtynyň hoşlugyndandyr? Belki, ol eýýäm gutulyp gidendir? Sag adamynyň göwni nämeler islemeýär? Kružoklara gatnaşmak,

aýdym aýtmak, saz çalmak, tans öwrenmek, gör, nähili oňat zatlar!..

Batyr heniz içiniň agyrysy güýjemänkä, ýaz aýlary çöle çykanda, bogazyna sygdygyndan aýdym aýdýardy, onuň şaňňyja zowwam sesi geriş-geriş gumlaryň üstünden aşyp gidýärdi. Göwnüne bolmasa, ol özüni örän hoş owaz, heňini bolsa örän ýakymly duýýardy: «Utanjaňlyk zerarly köplükde men sesimi çykaryp bilemok, ýogsam meniň hem bagşy bolup gitmegim mümkin» diýip oýlaýardy.

Bu ýerde bolsa bütinleýin başga: oglanlar biri-birlerinden utanman, aýdym hem aýdýarlar, her hili oýunlar hem edýärler, biri-birlerine kömek hem berýärler. Batyr näme üçin öz hünärini, özünde bar sungatyny barlap görmeli däl?

Hakykatdan-da, Batyryň owazy diňe bir özüne däl, hatda ýoldaşlaryna-da gowy ýarady. Dogry, ol ilki bada utandy, ikirjiňledi, emma sanly günde däl, bir gijäniň özünde adatlanyp gitdi. Aýdyma batly ses bilen gygyranda-da, Batyryň içi agyrmady. Sazsyz aýdym bir hili jalbarsyz penjege meňzeýän ýaly. Mümkinlik bar wagtynda sazy näme üçin öwrenmeli däl? Batyryň göwnüne bolmasa, balalaýkanyň perdelerine basmagyna, kirişlerine kakmasyna barmaklary adatlanyp barýan ýaly, onuň tiňňildisi özüniň adajyk sesine goşulýan ýaly. Ýok, onuň göwnüne däl, Nury Meredowyň aňlyşyna görä-de şeýle.

Batyr ejesine hat ýazanda, içiniň gutulanyny, okuwda otliçnikligini, keýpiniň köklügini hoşallyk bilen ýazdy.

Ýaşlygyň höwesi çekdirmezek at ýaly, birsyhly öňe dyzaýar. Özüň ýaly oglanlar tans edenlerinde, bökjekleşenlerinde, ýönekeý gapdaldan synlap durmak aňsatmy? Batyryň hem tans öwrenesi gelýär ahyry.

Batyryň gulaklary sazyň ritmasyny bir az syzsa-da, adatlanmadyk aýaklary ilki bada oňly hereket edip bilmedi. Ol aýagyny süýräp alanda, hatda entände, hiç kim oňa gülmese-de, ol öz ýanyndan özüni başarnyksyz saýyp, bütin durmuşy bilen aýaklaryny sazlamaga ymtyldy, hatda ýadanyny, derlänini-de duýmady: «Meniň indi janym sag, elim, aýagym kimiňkiden kem? Özüm ýaly oglanlardan yza galmak meniň üçin utanç dälmi neme?» diýip oýlandy.

Ýadawlygyndanmy ýa birdenkä entäp, elini ýere diremekçi bolany üçinmi onuň «köne» keseli duýdansyz täzelenip gitdi — içiniň agyrysy ýaňadandan tutdy, ýöne bir tutmak däl, hatda oňa aýak üstüne galmaga-da mümkinçilik bermedi.

Ony öz otagyna, öz krowadyna Nury bilen ýene bir oglan goltugyndan söýget berip eltdi.

Batyryň içiniň agrysy şol günden başlap ýygy-ýygydan tutdy.

Içiniň agyrysy Batyry ýazmady. Ony bütinleýin ýadatdy. Ol her bir zada kaýyl boldy. Ol öz deň-duşlaryndan, dost-ýarlaryndan maslahat sorady. Olaryň hemmesi oňa ökderäk doktora görünmek maslahadyny berdiler.

Batyryň ýagdaýy komsomol ýaçeýkasyna-da, mekdep müdirine-de mälim boldy. Ony çagyrdylar, halyndan habar aldylar, göwünlik berdiler, ýanyna adam goşup, şäher keselhanasyna, uly hirurga iberdiler.

Meşhur hirurg — orta boýly, saçy, sakgaly, murty syrylgy,

mähirli bir adam. Ol Batyry öz ýanynda oturtdy. Onuň keseli barada zat soraman, ilki bilen obanyň ýagdaýyndan, çagalyk döwründen, ejesinden kakasyndan, ekin-tikinden hemaýyn gürrüň etdi, bir az degişdi, gülüşdi, Batyryň göwnüni açmaga çalyşdy.

Batyr öz ýanyndan ony geňirgedi: «Bä, bu adamyn başga işi ýokmyka? Oba ýagdaýy bilen, meniň çagalyk döwrüm bilen, iýýän-içýän zadym bilen munuň näme işi barka? Ýa bu ýönekeý kömekçi bolup, doktor gelýänçä, bu adam meni güýmemekçi bolýamyka?» diýip oýlandy.

Batyryň oýy dogry çykmady.

Professor onuň keseliniň taryhyna geçdi: nähili ýagdaýda beter agyrýanyny, nähili zatlaryň ýakmaýanyny sorady. Ony oturtdy-turuzdy, egildirdi, göneltdi, ýatyrdy, mylaýym elleri bilen garnyny, agyrýan ýerlerini emaý bilen sypady, barlady, bütin töwerekleýin derňedi. Batyryň keseliniň ýönekeý ýel, iç gatama, ötle bolman, düýpli bir zatdygyny — derdiniň böwregindedigi aňlady. Şeýle-de bolsa professor öz eden aýgydy bilen kanagatlanman, onuň jikme-jigine ýetmek üçin, Batyry rentgen kabinetine içiniň suratyny aldyrmaga iberdi.

Batyr rentgene baranda, öz kakasy bilen bile bardy: Dursun onuň gulagyny kamata getirip, Batyryň yzyndan iberipdi.

Annamyrady obada hiç bir zat geň galdyrmaýan bolsa-da, şäher durmuşy: ikiýanlaýyn üstüne abanyşyp duran tamlar, dürli agaçlar, goşa atly paýtunlar, iki-ýeke üýtgeşik maşynlar hem başga hereketler onuň bir hili gözlerini tegeletdi...

Batyr doktora gatnamak bilen öwrenişipdi. Ýöne «Içiň suratyny aljak» diýen habar ony bir az ynjalykdan aýyrdy. Kim bilýär: içiň suratyny ýönekeý bir tilsim bilen aljakmy ýa Döwletmyradyňky ýaly usurgadyp aljakmy? Onuň şeýle aýylganç ýagdaýlardan ozal gözi gorkupdy. Rentgen kabinetinde bolan ýoldaşlarynyň ony arkaýyn etmegine ynansa-da, nämälim bolany üçin, ony bir hili ini söýmedi. Şonuň üçin içiniň suraty alnanda, öz kakasynyň ýanynda bolanyny kem görmedi: doktordan şony ýörite haýyş etdi. Döwlettapan ogul, başagaý bir ýagdaýa düşäýse, özüni kakasy myrat özüni ölüm pillesine ýetirende, atasyndan arka ýene goldar diýip düşündi.

Emma rentgen kabinet onuň göwnüne gelşinden üýtgeşik bolup çykdy.

Annamyrat telpegini goltugyna gysyp, gapdaldan syn edip durdy.

Batyryň daşky geýimini, içki köýnegini çykardyp, ony iki gapynyň arasy ýaly darajyk bir ýerde duruzdylar. Soňra şol iki gapyny gysyp daraltdylar. Batyryň argas-gyzgylt teni buz ýaly bir zadyň aňyrsyndan symgyltlanyp göründi. Annamyrat öz ýanyndan: «Oglany gapyrjak gysan ýaly gysmasalar, onuň garnyny ýaryp bir zat almasalar, onuň ömründe görmedigini görkezmeseler hem ýagşydyr» diýip oýlandy. Şol wagt doktoryň:

— Söndür! — diýen, buýrugy eşidildi.

Ýarym gündizlik ýaly ýagty içeri dem alar salymda tüm garaňkylyga aýlandy.

Annamyrat hiç bir zada darykmaýan, agras adam bolsa-da, gözüne gurşun guýlan ýaly bolup, hiç bir zady saýgarmany üçin,

ýüregine howsala düşdi. Şonuň üçin birdenkä «Batyr!» diýip, gygyrasy geldi. Emma onuň adatdaky geplemezekligi bu ýerde-de päsgel berip, bir näçe sekuntlap, dodagyny müňküldedip durdy.

Annamyradyň gözi bir az öwrenişdi, gulaklaryna ujypsyz bir wyzzyldy eşidildi. Batyr onuň gözüne, aýdyň gijede salgymlanyp görünýän bir surat ýaly boldy.

Doktor şol ölügsi yşykda Batyryň gursagyna goýan zadyny aşak ýokary galdyryp, ileri-gaýra süýşürip seretdi, Batyry ýanyn aýlap, sag gapdalyndan seretdi, şol wagt Annamyradyň düşünmeýän, Batyryň aňlamaýan dili, ýagny doktor dili bilen sarnap, sekretara bir näçe zatlar ýazdyrdy. Ondan soň Annamyradyň elinden çekip, ony özüne golaýjak getirdi-de:

— Seret! — diýdi.

Annamyradyň gözüne Batyryň içgoşy dumanlanyp görnende, ol bir hili iňňe urlan ýaly tisgindi: arkan çekilmekçi boldy. Emma doktor onuň arkasyndan söýget berip ýene-de:

— Görýärmiň? — diýip sorady.

Annamyratdan jogap bolmady.

Doktor oňa barmagy bilen salgy berip:

— Ana, gör, sag böwregi. Onuň aşak gapdalynda bir gara tegmilt görünýär. Seret gördüňmi?—diýip gaýtalady.

Annamyradyň mäzleşik gözüne böwrek haýsy, tegmilt haýsy — hiç bir zat äşgär bolmady. Onuň görünmäni hem kem bolmady, belki, ol bozulardy. Ol doktora jogap hem bermedi.

Doktor, bir tarapdan, başga garaşýanlara alňasap, ikinji ýandan, oňa görkezmäge janygyp, ýamaşgandan ýene barmagy bilen salgy berdi:

— Şony göreňokmy?

Annamyrat ne onuň aýdan sözüne düşündi, ne-de jogap berdi.

Batyr öz kakasynyň syryny bildirmezlýuk üçin:

— Görendir— diýip, doktory kanagatlandyrdy.

Doktoryň:

— Ýagtylt! — diýen buýrugyndan soň, tamyň içi ýene ýagtylandy.

Oslagsyz ýerden peýda bolan ýagty Annamyradyň gözüne urup, ol öz gözüni ýeňi bilen süpürdi-de, hälki tisginende ýere gaçan telpegini eglip aldy.

Doktor Annamyradyň ýüzüne seretdi.

Onuň tegelek tumşuklary tümmüräk, burny ýapbaşygrak, gözleri gyýygrak, güne ýanan boýnunda, könelişen ýüzünde monjuk-monjuk der ýalpyldaýar. Şol derler onuň üç bölek sakgalyndan syrygýar. Annamyrat ony süpürmek üçin alňasamaýar. Onuň gymyldysyz gözleri müýnli ýaly, aşak seredýär. Onuň päki azary degmedik selçeň tüýleriniň çykany-çykan ýerinde ýaýraşyp ýatyr.

Doktor onda ýeňillik, ýeserlik ýokundysyndan hiç bir zat saýgarmady, sadalyk, sabyrlylyk, agraslyk, çydamlylyk onuň keşbini bütinleýin gaplap ýatyr. Doktoryň gözüne bolmasa, onuň keşbine haýwanlaç bir gylyk kölege salýan ýalydy.

## Sekizinji baş

Batyr rentgenden berlen haty hirurga getirip berdi. Rentgeniň görkezeni öz pikirini tassyklany üçin, professor oňa öňki pikirini indi açyk mälim etdi:

— Han ogul, doktorlaryň käri — adama kömek bermek, olary sagaltmak. Şonuň üçin hem olar örän dözümli hem dogry gepli bolýar. Biz bilýän zadymyzy ýaşyrmaýarys, syrkawa bir bada ýaramajagyna garaman, keseli bolşy ýaly, onuň özüne mälim edýäris. Sende, elbetde, gorkuly zat ýok. Şeýle-de bolsa, meniň habarym saňa bir az ýokuş deger. Seniň keseliň... böwregiňde.

Rentgende sereden doktoryň «Böwregiň aşagyndaky tegmilt» sözi Batyryň güpbe ýadyna düşdi. Ol öz oýuny durlamanka, doktor öz sözüni dowam etdi:

— Biziň bilşimize, rentgeniň görkezişine görä, onda... daş bar. Saňa azar berýän, seni ynjalykdan aýyrýan hem şol daş.

— Içiň gatapdyr, «içinde ýel bar», «bat» bar, «dalak», «tutgaýly ötle»... Indi bolsa «Böwregiňde daş bar»... Bu nähili eşidilmedik atlar? Bular nähili jebirli zatlar? Heý, bu eýmenç atlaryň soňuna çykmak, olardan dynmak bolmazmy?.. «Daş bar»... Onda-da nirede? Böwrekde... Heý, böwrekde-de daş bolarmy?.. Elbetde, bolýandyr, doktorlar bilmän aýdýan däldir, ylaýta-da meniň içimiň suratyny aldylar ahyry. Ýagşy, daşy nätmeli?..

Batyr şol oýlardan soň:

— Doktor, ony nähili aýyrmak bolar? — diýip, şol soragy nähili daşyna çykaranyny duýman galdy.

Professor onuň jogabyna gyssanmady, Ol elini süpürip, ýerinde oturandan soň, Batyra düşündirmäge durdy:

— Sen, hanym, düşünmeýän oglan däl, özüň okuwçy. Şonuň üçin senden ýaşyrmaga hajat ýok. Böwrekdäki daşy derman bilen aýyrmak, elbetde, aňsat iş däl. Onuň iň gowy çäresi kösip aýyrmak.

— Böwregi?

— ýok, böwregi däl, onuň içindäki daşyny aýyrmak gerek.

«Kesmek»... Kesmek dilde aňsat. Barmagyňy çakgy kesende çydaňok... Bu nähili aýylganç zat!.. Batyr şol gorkuly oýlar netijesinde, doktoryň soňky sözüni gaýtalady.

— Böwregi kesmek?!

Professor ol habaryň Batyra ýokuş degenini, ony bir az howatyra salanyny aňlady, şonuň, üçin ony ýumşatmak, taýynlamak niýeti bilen, öňki aýdan sözüni ýuwmarlap başlady.

— Kesmek, elbetde, hökman däl. Onçakly ynjydyl duran bolmasa, entek sabyr etmek bolar. Belki, daş şindi onçakly ulalan däldir, gatan däldir, belki, däri-dermanyň täsiri bilen onuň eräp gitmegi-de mümkin.

Şol söz Batyry nähili gozgalaňa salan hem bolsa, ol şol sözüň aýgytly çäredigini bir az aňlady,—ol belki, şonsuz gutulmak mümkin däl diýip oýlandyr. Şonuň üçin doktora ýene sowal berdi:

— Doktor, kesmek howatyrly dälmidir?

Doktor Batyryň gönügip başlanyny aňlady. Ony bir az synamak, öňünden mazaly taýynlamak, boýun egdirmek üçin, howplurak hem wehimliräk jogap gaýtardy:

— Biz medisina adamlary, kesel adamyň garamatyny öz boýnumyza götermeýäris. Şonuň bilen birlikde, günde onlarça

operasiýa edýäris. Dogry, negada bir şowsuzlyk hem bolýar, emma köpüsi sagalyp gidýär. Sen özüň oýlap gör, adam ýönekeý bir ýaňa gidende, sag-aman gaýdyp geljegine ynanýarmy? «Emgek göz bilen gaşyň arasynda» diýen türkmen nakyly bar, bagtsyzlyk sähel bir ýerde miýesser bolýar. Ýöne weli, gidenleriň gelip durşy ýaly, kesilenler hem sag-gurgun gutulyp gidýär. Biz ömrümiziň agramyny şol tejribede, adamy sagaltmak ugrunda geçirýäris. Sowet hökümeti hem onuň üçin gerekli çäreleri görýär, millionlap pul harç edýär. Biz adama näçe ýarag ursak-da, her adamyň janyny öz janymyz bilen deň görýäris!

Doktoryň gürrüňi Batyryň maňzyna damdy. Ol iň soňky kararyny ýüze çykardy:

— Ýoldaş doktor, men köp ejir çekdim. Munuň berýän azabyny mundan artyk çekmäge mende mydar galmady. Men razy.

Professor Batyryň aýgytly ýüzüne garandan soň:

— Bu ýerde hossaryň barmy? — diýip sorady.

Batyr öz ýany bilen gelen ýoldaşyny görkezip:

— Hossarym ýanymda — diýip jogap berdi.

Doktor onuň sözüne şeklenip, Batyryň ýoldaşyna garady-da:

— Şeýlemi? — diýip sorady.

Batyryň ýanyndaky ýoldaşy okuwçylaryň ekabyrraklaryndan biri bolup, doktoryň sowalyna bolşy ýaly jogap gaýtardy:

— Men munuň garyndaşy däl. Emma bu biziň mekdebimizde okaýan oglan, ikimiz dost. Şu wagt onuň iň ýakyn hossary men. Kakasy bardy, oba gaýtdy.

Doktor Batyry ýaş hasap edip, ikirjiňlejek boldy:

— Ýakyn hossaryň bolmasa, nähili bolarka? Kim bilýär...

— Gerek bolsa, men öz dilimden hat bereýin. Siz ol tarapdan hatyrjem boluň.

— Sen näçe ýaşyňda?

— On dört.

— Bir az ýaşrak ekeniň. Ýanyňda hossaryň bolaýsa, gowy bolardy...

— Kakamyň bolany bilen bolmany deň. Ejem bolsa ala gykylyk edip, sizi gaýta aljyradar. Asyl, olaryň duýmany ýagşy.

Doktor Batyra artykmaç zat diýmän, böwrüni diňledi.

Batyr onuň aýgytsyz ýüzüne garandan soň, kesmekden ýüz towlajak bolýandyr hasap etdi. Şonuň üçin onuň özünden ozal, ondan haýyş etdi:

— Doktor, men kesdirmäni ýüregime düwdüm. Şonuň üçin näçe tiz bolsa, şonça ýagşy.

— Seniň adyň näme?

— Batyr.

— Berekella, ogul, sen hakykatdan hem batyr. Haýsy bir işe ýapyşsa, seniň şu bolşuň ýaly batyrgaý ýapyşmak gerek. Seni men öz çagam hasap edip, öz elim bilen operasiýa ederin. Saňa men özüm hossar bolaryn. Böwregiňdäki daşy emaý bilen çykaryp. ony seniň özüňe-de görkezerin.

Men indi haçan geleýin?

— Iki güni geçirip, üçünji gün. Häzir boş ýerimiz hem ýok. Işiň çigini galdyrmaz ýaly, ýene bir gezek rentgende garaly, oňa men özüm hem bararyn.

## Dokuzynjy baş

Keselhananyň ysy ilki bada Batyryň beýnisine ornady. Ondaky ýatan adamlar Batyryň gözüne üýtgeşik bir ruhda göründi. Adamlar şol ýerde-de mekdepdäki ýaly köplükdi. Her otagda dörtden-bäşden ýatanlar bardy. Emma weli, ol ýerde mekdepdäki ýaly galmagal, gopgun ýokdy. Adamlar ýatymda ýatan awçylar ýaly, adajyk ses bilen pyşyrdaşyp gepleşýärdiler. Ýöreýänler, gije ogrusy ýaly ýere agram salman, emaý bilen ädim ädýärdiler.

Batyr şol durmuş bilen hem derrew öwrenişdi. Onuň burny indi ys-kok syzmady. Ondaky durmuş hem ýönekeý bir durmuş ýaly, onuň özi hem şolaryň biri bolup öwrüldi. Uzyn ak geýimli, ak tahýaly doktorlar-da, ak halatly, başlary ak ýaglykly sestralar-da onuň gözüne indi geň görünmedi. Aşagy rezin tigirli

krowadyň üstünde ýatyrylyp, aýratyn otaga äkidilip getirilýän adamlar bilen-de gözi öwrenişdi.

Batyryň böwregindäki daşy rentgen ýene bir gezek tassyklady.

Batyr bu ýerde rahatlanyp, onuň göwnüne bolmasa, içagyrysy hem ýagşylaşyp barýan ýaly syzdy. Onuň ýüz-gözüniň täzelenip barýany barada sestralar oňa şatlyk bilen habar berdiler..

Ertir sagat ondy.

Hirurgiki kabinete ýagty günüň kümüş nury bolluk bilen dökülýärdi. Spirtden çykan esbaplar ýörite goýlan stoluň üstünde ýaldyraşyp ýatyrdy. Gyýlyp goýlan matalar, bintler, dermanly pagtalar, ýüpekden işilen sapaklar ýerli-ýerinde düzgünli durdy. Goşalanyşyp ýatan rezin ellikler, kimiň elinedir garaşýan ýaly uzyn barmaklaryny gerip ýatyrdylar.

Ak geýimli doktorlar, sestralar, kimedir garaşýardylar. Birdenkä: «Professor gelýär» diýen ses hemmesiniň ünsüni özüne çekdi. Şol wagt bolsa, Batyra sereden doktor hirurgiki kabinete gelip girdi. Onuň çaklaň göwresinde janly hereket bardy. Başyna çümre geýen ak tahýasy takyr kellesini örten bolsa-da, ýakymly ýüzüniň nury şöhlelenip görünýärdi. Ol tejribeli gözlerini otagyň içine gezdirdi. Görejine bidüzgün zat ilmäni üçin:

— Syrkawy getiriň! — diýip buýurdy.

Professor ukyply ellerine rezin ellik geýip duran wagty, rezin tigirli krowat sessiz-üýnsüz süýnüp geldi-de, kabinetiň ortasynda daýandy. Doktor oňa ýylgyrdy:

— Hä Batyr, keýp niçik?

Batyr oňa:

— Kök — diýip jogap berdi. Soňra töweregine göz gezdirdi. Onuň gözüniň öňünden hatara geçen ak geýimli adamlar ony geňirgendirmedi. Görejine kaklyşan ýaldyrawuk ýarag—gurallarda onuň sussyny basmady. Emma onuň gözüne ilmedik bir zat boldy, hemişe şonuň ýaly üýşmeleňde Dursunyň naýynjar gözleri aram-kararsyz bakjaklap görünýärdi. Batyr öz töweregindäki adamlary bir minutlyk unudyp, ejesiniň halyny ýadyna saldy. Ol öz ýanyndan «Şu wagt ejemiň bolmany hem gowy. Ýogsam, bu ýagdaýda onuň ýüregi ýarylardy. Her zat hem bolsa, eneň ýanyňda bolanda, özüňi arkaýyn syzýarsyň. Ene mähri saňa gurp beren ýaly bolýar... Meniň ejem häzir näme işleýärkä?.. Ýok, men

indi oglan-oglanjyk däl ahyry... Men özümiň mertligimi oňa bir wagt gürrüň bererin...» diýip oýlandy. Onuň allanirelere uçan göwün hyýaly şol minudyň özünde ýene otagyň içine aýlanyp geldi.

...Batyryň agyz, burnuna bir az ýag çalyp, gözenek demriň üstünden beýhuş dermanyny damdyrdylar. Batyryň oýlanmaga öwrenmedik başyndan bir sekundyň içinde ýüzlerçe oý gelip geçdi, tebipleriň beren azary, ejesiniň mähri, kakasynyň Döwletmyrat bilen sarmaklaşany, ünji-azarsyz bökjekläp ýören çagalyk döwri, häzirki operasiýa... Onýança bolsa söze salym ýok, uzyn süýndi.

Ony çepine ýatyryp, onuň aşagyndan göterip durar ýaly zat goýdular-da, bilini bir az ýokary galdyrdylar.

Doktor onuň böwrüni sypaşdyryp, bir hili derman çaldy. Onuň derman çalnan ýeri sargylt gyzaryp göründi. Teniň şol reňkli ýerinden özge hemme ýerine ak mata örtdüler.

Batyr garyljyk dem alyp ýatyr. Doktor wagtal-wagtal derman ysgatmagyny dowam edýär.

Professoryň agzynyň gymyldamagyna mähetdel, onuň eline näzik, tämiz tyg tutdurdylar.

Batyryň tenine bir näçe jübüt göz birden nazar saldy.

Doktoryň elindäki tyg ýalaw ýaly ýalpyldady. Ol şol tyg bilen Batyryň teninden emaý bilen çyzyk çekdi. Onuň yzyndan hakykatdan-da näzik bir çyzyk görnen ýaly boldy. Emma şol çyzyk şol sekundyň özünde iki baka ýaýrap, gyzgylt teniň üstünde açyk ýoda emele geldi. Doktor ýene bir gezek çyzandan soň, her ýerinden çintik-çintik gan göründi.

—Bint — diýen sözi gutarmanka, onuň eline gysgyç bilen gapjalan bint tutduryldy.

Professor ýüze çykan gan damjalaryny sylandan soň, adatdan daşary eserdeňlik bilen ýene bir näçe gezek tyg ýöretdi. Onuň:

— Ysaç! — diýen sözüniň yzy bilen onuň eline gaýçy sypatynda bir gural gelip girdi. Şonuň bilen syrlaç eti gapjadyp arkan serpip goýdy. Ýene berdiler, ýene gaýtalady; ýene berdiler, ýene gaýtalady. Etden dişläp asylan onlarça ysaç kesilen ýeri arkan serpip durýardy.

Batyryň garnyny kesenlerinde, doktoryň duýgusy uýtgeşik bir zat syzman, gözleri adatdaky garaýşy bilen seretdi. Emma olarda şeýle bir nyzam-tertip bolup, ony ýazyp görkezmek aňsat bir iş däldi.

Kesmek dowam etdi. Kesilen ýer otuz santimetre çenli uzap, teniň ýüzünde çukurjak joýa emele geldi.

Doktorlar gan gatyşykly gyzgylt çukurjyga aý görjek ýaly seredişdiler.

Ana böwrek! Sabyrsyz garap duran gözlere garamtyl gyzgylt bir zat göründi. Emma ol şol gözleriň garaýşyny üýtgetmedi.

Esli wagtdan soň, doktoryň rezinli eli böwrege ýetdi. Ol ony barlap gördi. Onuň ukyply barmaklary böwregiň içinde bir ýerde gatyrak bir zat baryny syzdy-da:

— Daş! — diýdi.

Professor çep eliniň barmaklary bilen böwregi bir az bärräk çekip, sag eliniň barmaklary bilen hälki tygy uzatdy.

Doktorlar şol herekete demlerini alman diýen ýaly, aýratyn

bir üns bilen garap durdular. Sestralaryň ýüregi suw üstünde galkyjaklady. Şol gözleriň şol wagt bir az üýtgäni daşky duranlara-da saýgartdy.

Böwrek kesilende, ondan gan çogup çykdy. Yzly-yzyna akyp gelýän ak matalar şol sekundyň özünde gyzaryp geçdi. Gerekli ýerinde gaýyş ýaly gaýşarýan goşa barmak şänik ýaly gögümtil, büdür-südür daş alyp çykdy.

Hemmeler ýeňillik bilen dem aldylar. Göýä diýersiň, edilen iş netije berene, syrkaw gutulana döndi.

Emma daşyň yzy bilen herekete gelen goýry gyzyl gan yzyny kesmedi. Sansyz ak matalar ak reňkini gyzyla boýap geçdi.

Gan diňmedi.

Batyr ol ýagdaýdan habarsyz arkaýyn horlap ýatyrdy.

Doktorlaryň garaýşy üýtgedi. Sestralaryň ýüzünde ene mähirli gaýgy alamaty syzyldy. Olar bir az aljyraýan, ellerini bir az ýitirjege meňzeýän ýaly göründi. Professoryň garaýşynda bir az ýitilik duýlan ýaly bolsa-da, elleri bir hereketden üýtgemedi. Ol «bint, bint» diýip, birsyhly süpürişdirenden soň, böwregi emaý bilen beýlesine öwürdi.

Gan pessaý-pessaý diňdi. Böwrek ýerinde goýuldy, ýara tikildi.

Doktor Muhammet derman damdyrmagyny kesdi.

Kem-kemden Batyryň horlamasy galyp, ýeňillik bilen dem alyp başlady.

Rezin tigirli krowat yzyna bakan hereket etdi.

## Onunjy baş

Annamyradyň: «Batyryň içini aýna bilen gördüler. Onuň böwreginde jerhet bar ekeni. Ony maňa-da görkezdiler» diýen habary Dursuny ynjalykdan aýyrdy. Ol ondan her näçe janygyp, gaýtalap sorasa-da, şondan başga düşündiriş alyp bilmedi. Batyryň «içim» diýip, towlanjyrap ýörmesi, oňa dürli tebipleriň beren emgekleri, onuň böwreginde çirk bary,

onuň naýynjar keşbi häli-şindi Dursunyň gözüniň

öňünden gitmedi. Ol oglunyň gaýgysyny çekmän, ýekeje minut hem ýazylyp oturyp bilmedi. Hatda ýatanda düýşüne-de girdi. Onuň iýeni-içeni bogazyndan geçmän,

gözleri buldurap, ygtyýarsyz suratda ýaş damdyran wagtlary-da gyt bolmady. Ol içerde oturman, daşarda durman, aýagy bişen ýaly zowzuldap gezdi. Onuň hiç ýerde karary ýetmedi. Eli işe barmady. Şonuň üçin ol giç gününi ir etdi-de, Batyryň yzyndan Aşgabada gitdi.

Dursun mekdebe golaýlanda, dört göz bilen töweregine garanjaklady. Onuň ýüregi atygsaýardy, Batyry

göresi gelýärdi, ony görmäge ymtylýardy. Onuň ýyljyraklap Duran suraty her minutda gözüniň öňüne gelip durýardy. Ol öz ýanyndan: «Ine ýetip geldim. Batyr jan öňümden çykar. «Eje jan» diýip, salam berer. Men ony bagryma basaryn, ýüzünden, gözünden ogşaryn» diýip oýlaýardy. Onuň guwanjy barha artýardy, gözlerinden guwanç ýaşy daşýardy.

Emma Batyr onuň öňünden. çykmady.

Dursun ýitireni bar ýaly, gözüni elek-çelek edip, dört ýanyna garanjaklasa-da, Batyra gözi düşmedi.

Ol ilki bilen özüne duş gelen bir oglandan:

— Janym, Batyr nirede? — diýip sorady.

Ol oglan onuň göwnüni ýykmak islemedimi ýa hakykatdan hem habarsyzmydy:

—Bilmedim — diýip, jogap berdi.

Ondan soň Dursun hiç zatdan habarsyz öňräk bir oglana duş gelip:

— Hany, hanym, Batyr nirede? — diýip, öňki soragyny gaýtalady.

Ojagaz oglanyň näzik ýüzünde, ýyljyraklap duran günäsiz gözlerinde hile damaryndan hiç zat ýogy köre hasady. Emma Dursunyň bu wagt gözüne dürtüläýse-de, onuň ýaly näzik zatlary saýgaryp biljek gümany ýokdy. Ol oglan şol soragyň yzy bilen:

— Batyr içini kesdirdi. Keselhanada ýatyr — diýip, pert-pert jogap gaýtardy.

Ol habar Dursuna ok bolup degdi. Onuň ganynyň ýöremesi üýtgedi, depe saçy düýrükdi, ýüzüniň reňki soldy, gözleriniň garasy çalardy, kellesi saňňyldady, ellerini uzadyp, näme sorajygyna-da akyly ýetmän:

— Batyr... hany... ha... — diýip, elenip durdy.

Soňraky gelen akabyrrak bir oglan onuň başynyň aýlananyny aňlady, egnine ýapyşdy-da:

— Daýza, bir azajyk dynç al. Ýadapsyň. Ine, derrew Batyry taparys — diýip, ony bir basgançagyň üstünde oturtdy.

Dursunyň gözleri zat saýgarmady. Ol şol wagt hiç bir zady öz akylyndan durlap geçirip bilmeýşi ýaly, hiç bir zady hem seljermedi, aýagy hem ädilmedi. Onuň gözüniň öňüne Batyryň içi kesilýän suraty gelip, naýynjar bir ses bilen: «Eje, aý eje, meni alsana!» diýip ýalbarýan sesi gulagyna ilen ýaly boldy, allaniçigsi tisgindi. Ol gözlerini elek-çelek edip, kellesini saňňyldatdy:

— A ýu-ýuw... — diýip gygyrdy.

Oglanlar Dursundan gorkdular. Onuň reňksiz gözlerinden, dagynyk saçlaryndan, tozana basdyran göwresinden howatyr etdiler: «Bä, bu aýal garaguş agyrylymyka? Akyly gelip-gitmelimikä? Ýa telbemikä?» diýip oýladylar.

Dursun bir näçe wagtdan soň özüni dürsedi, gyňajynyň ujy bilen gözlerini süpürdi. Eýsem-de bolsa, rahatlanyp bilmän, oglanlara ýalbardy:

— Balalarym, başyňyza döneýin! Aýtsaňyz-laň! Batyr jan nirede?

Soňky gelen oglan ony rahatlandyrmak isläp, Batyryň ýagdaýyny bütinleýin aýdyp bermekçi boldy:

— Batyryň böwreginde daş bar eken. Ony operasiýa etdiler.

Dursunyň ýene şol surat gözüniň öňüne gelip, ol oglanyň sözüni kesip, aýylganç gygyrdy:

— Waý, nalaç edeýin!

Dursuny, iň soňunda, birneme köşetdiler.

Hälki oglan ýene sözüni dowam etdi:

— Onuň böwreginden barmak başy ýaly daş çykardylar. Onuň ýarasy eýýäm bitip barýar. Ol indi kemsiz-keselsiz galdy. Ol

indi mundan soň «içim» diýip böwrüni tutmaz.

Dursuny ol sözler doly kanagatlandyrmady, oglanlara ýalbardy:

— Başyňyza döneýin! Ol nirede bolsa, ony maňa görkezweriň!

— Oňa belli bir barmaly güni, belli bir sagady bardyr. Bu wagt barsaň hem goýbermezler.

— Maňa diňe şonuň jaýyny görkezseňiz bolýa.

Ekabyr oglanlardan biri Dursuny hirurgiýa keselhanasyna alyp bardy. Şol wagt ir ikindinlerdi. Keselhananyň gapysy ýapykdy.

Dursun gapyny goşa ýumrugy bilen urup başlady.

Gapy sakçy kiçijik äpişgäni açyp seretdi-de:

— Size näme gerek? — diýip sorady.

Dursun oňa:

— Aç gapyny! — Maňa Batyr gerek!

Gapy sakçy öz gulluk borjuna görä, Dursuna düşündirmekçi boldy.

— Bu wagt kabul edilýän wagt däl. Gapyny açmak bolmaz.

Dursun onuň kiçijik äpişgäni ýapmagyna garaman:

— Aç diýdim, aç! — diýip, gapyny elindäki köwşi bilen urdy.

Sakçy kiçijik äpişgäni ýene açyp:

— Dur entek. Näme beýle gygyrýarsyň. Bu wagt gapynyň açylýan wagty däl. Saňa asyl näme gerek?

— Maňa Batyr gerek, Batyr.

— Men Batyry bilemok.

Ol habar Dursunyň has hem ýüregini gopdurdy. Ol ýene-de:

— Aç derrew! — diýip gygyrdy.

Gapy sakçy daşyna çykyp, oňa mazaly düşündirmek üçin, gapyny açdy. Emma Dursun ondan öňürti howlynyň içine kürsäp urdy. Gapy sakçy ony tutdy. Dursun dyzady. Ikisiniň arasynda dawa turdy.

Şol gykylyk-gopguna nobatda duran doktor çykyp seretdi. Görse saçlary dagynyk, tozan basan ýüzünden der akýan, bilini gyňajy bilen guşan, dyzyndan aşagyny tozan basan, köwüşlerini ellerine alan, gapy sakçynyň elinden boşamaga bar güýji bilen dyzaýan, orta ýaşly, aljyraňňy bir aýal göründi. Doktor onuň naýynjar sypatyna dözmän, sakça bakan:

— Goýber! — diýdi.

Doktoryň sesini eşiden Dursun gapy sakçynyň elinden sypandan soň, onuň ýüzüne üşerilip bir seretdi.

Dursun oňa bakan gorkuly ädim urdy-da:

— Töwäriş, Annamyrat ogly Batyr bar? —diýip sorady.

Doktor Dursunyň bolup gelşinden, gapyny urşundan, sakçy bilen çekeleşişinden howatyr edipdi. Emma «Annamyrat ogly Batyr» diýenden soň, onuň kimdigini, näme üçin beýle aljyraňňydygyny derrew aňlady.

— Aha-a, siz Batyr edjesi?.. Ýakşi, ýakşi... Kurukdy ýokdur... Batyr gördi bardy... Znaçit, edže... meniňki doktor.

Dursun onuň sözüni kesdi:

— Dugtar töwäriş, Batyr dawaý, Batyr!

— Ýakşi, ýakşi, mama... seýças...

— Dugtar ýagşy, Batyr ýagşy.

Olaryň ikisi hem biri-biriniň gepleýşine ýylgyryşdy. Emma ikisi hem biri-biriniň sözüni düşündi, ikisi biri-birine eneli-ogul ýaly mähirli daryşdy.

Dursun Batyra gözi düşenden:

— Hiý, Batyr jan! — diýip içini çekdi.

Doktor oňa:

— Batyr, seniňki mama keldi — diýip, oňa buşlamakçy boldy. Emma ol sözüni gutarmanka, Dursun Batyry gujaklady. Onuň elindäki köwüşleriniň her haýsy bir ýana patlap gaçdy.

Dursun bulduraýan gözleri bilen Batyry başdan-aýak synlady. Onuň egnindäki ak köýnek-balaga, daşyndan geýen paltosyna, hatda aýagyndaky şypbyga çenli nazar saldy. Onuň ýüzi aksowult görünýär. Şol ýüzde gan ýok. Emma onuň şähdiniň açyklygy mese-mälim görnüp dur. Şol görnüş Dursuna teselli berdi.

Dursun söz gatmazyndan ozal, Batyr oňa:

— Eje, sen hem geläýdiňmi? — diýip, habar gatdy.

— Wah, balam, seniň şeýtjegiňi bilen bolsam, heý ýanyňdan aýrylarmydym.

— Päheý, ejemiň aýdýanyny, gorkuly bir zat bolsa, saňa duýdurman, gymyldajak gümanym barmy!

Dursun:

— Hany... — diýip, agzyny müňkülletdi-de dymdy. «Içini kesdiripdir diýýärler-le» diýen sözi aýtmaga dili barmady.

Batyr ejesini öwrenişdirmäge çalşyp:

— Meň böwregimde daş bar eken — diýdi.

— Eri onsoň?

— Onsoňam ýok, bir iki barmak ýerini çala dildiler-de, içine maşyn sokup, daşy çykardylar.

— Heý, içiňe maşyn!?

— Aý, eje, hiç bir zat ýok-la! Näme beýle haýygýaň? Men eýýäm gutuldym ahyry!

Dursun Batyryň ýarasyny görmek isledi, Emma berk saralgy bolany üçin, ony görmegi ertire galdyrdylar.

Ýüregi teselli tapan Dursun tanşynyňka bakan gitdi.

## On birinji baş

Dursun bu gün gelende, gapydan tälkewsiz girdi.

Keselhana gelip, öňi bilen uzyn ak geýimli adama gözi düşdi. Bu sapar oňa ýyljyraklamak bilen seretdi. Onýança doktor oňa salam berdi-de:

— Eri, ýeňňe, näme gerek? — diýip sorady.

Doktoryň ýüzüne Dursun haýran galyjylyk bilen
seretdi. Eýsem-de bolsa, düýnki gören doktory bilen bu günkiniň arasyndaky tapawudy saýgarman, onuň türkmen dilinde geplänini hem unudyp:

— Ihiý, töwäriş ýagşy, Batyr bardyr? — diýip sorady.

Doktor oňa ýylgyryp seretdi-de:

— Ýeňňe, sen öz oba diliň bilen gepläber. Seniň näme kemiň, näme ýetmeziň bar? — diýip, Dursunyň gulagy gangyn dili bilen sözleşdi.

Dursun doktoryň ýüzüne hyrydar seretse-de, ony açyk saýgaryp bilmedi. Şeýle-de bolsa, düýnki gepleten doktorydyr öýtdi:

— Bä, sen näme, düýn garyşyk gepleýärdiň-le, bu gün arassa?

— Düýn..: Düýn men bu ýerde ýokdum ahyry.

— Düýn ýokduň?.. Sen... sen hanym türkmenmi?

— Hawa.

— Wiý, nalaç edeýin... Körlük gurasyn, ylahym. Men seljermändirin. Dogrusyny aýtsam, hanym, seljerer ýalam däl, köçeleriňizem biri-birine meňzeş, tamlaryňyzam biri-birinden tapawudy ýok, özüňizem ak mata çolanypsyňyz-da, hemmäňiz bir towugyň jüýjesi ýaly... Menden aýyp görme, janym, men düýnki gören dugtarymmykaň öýtdüm.

— Ýagşy, bu günküden näme islegiň bar?

— Janym, guzym, meniň şu ýerde oglum bar. Onuň ady Annamyrat ogly Batyrdyr. Maňa ine şol gerek.

Doktor Dursuna bir ak halat berdi.

Dursun ony elinde tutup, oňa bir seretdi, doktora bir seretdi, iň soňunda:

— Meniň egnimde köýnegim bar, hanym —diýdi.

— Köýnegiň baryny görýän. Keselhana ak geýim geýip girmek düzgüni bar.

Dursun ol halada ýene ikirjiňläp seretdi, ony bir hili ini söýmedi, doktordan haýyş etdi:

— Men şuny geýip ýörmäýin-le, hanym.

— Ýok, geýmeseň, goýberip bolmaz — diýip, doktor ol meseläni çürt-kesik ýoldy.

Dursun ol halada ýokanç bir zada seredýän ýaly, närazy bir garaş bilen ýene bir gezek seretdi-de nalaç geýdi.

Doktor Dursuny yzyna düşürip ugrady. Agryljyk ys onuň burnuna urdy, gaňşyrawugyny tütetdi, asgyrtdy. Ol agzyny eli bilen tutdy. Uzyn koridoryň aňyrsyna Dursunyň gözi ýetmedi, onuň birini gutaranda, ikinjisine öwrülmeli boldy. üçünjisine aýlandy. Ol aýak astyňda tozan görmedi. Bütin töweregiň aýna ýaly ýalpyldamasy onuň gözüni gamaşdyrdy. Ol meňzeş gapy, meňzeş tamlaryň sanyny ýitirdi: «Indi özüň çyk-da ötägit diýseler, men nähili taparkam?» diýip howatyr etdi. Olar iň soňunda, kiçiräk bir tamyň agzyndan bardylar.

Dursunyň baran wagty, Batyryň ýarasyny çözüpdiler.

Batyryň iki barmak diýen ýeri bir garyşdan artyk bolup, Dursunyň oňa ilki gözi düşende, ýüregi hopukdy. Eýsem-de bolsa, onuň ýarasy bitip, diňe çatylan ýeri mälim bolup galany üçin, ol onçakly haýykmady.

Professor oňa:

— Ogluň indi gutuldy. Ol hakykatdan hem batyr ekeni. Ony ertir keselhanadan çykarýarys — diýip, habar berdi.

Ol habara şatlanan Dursun:

— Dugtarlar sag bolsun! — diýdi.

Professor Batyryň keseliniň sebäbini anygrak bilmek niýeti bilen, Dursunyň gelmeginden peýdalanyp:

— Batyryň içiniň agyryp başlanyna näçe wagt boldy? — diýip sorady.

— Indi üç ýyla ser urandyr.

— Siz oňa nähili däri-derman etdiňiz?

Dursun Batyra beren emgeklerini birin-birin sanap geçdi. Gürrüň berýän wagtynda, eden işlerine ýüregi awap, gyňajynyň ujy bilen gözlerini süpürdi.

— Batyry çagalykda nähili terbiýelediňiz?

— Ony men janymdan eziz sakladym. Şeýle-de bolsa, «goralan göze çöp düşer!» diýen ýaly, onuň çyrçykdan gözi açylmady.

— Çyrçyk zerarly çagalykda içirip-iýdiren zadyňyz barmy?

— Oňa edilmedik em galan däldir. Däligöjelemi, porsaňňyzamy... aý garaz, başyňy agyrdyp nädeýin, it ýalagyndan suw hem içirendirin.

Doktor oňa Batyryň böwreginden çykan daşy görkezip:

— Ine, görýärmisiňiz? Bu, elbetde, ýöne bir zat däl, daş... Böwrekde daş emele gelmegi, bir ýanyndan, adamyň öz agzasynyň işlemegine bagly bolsa, ikinji ýandan, şol hapa iýme-içmelerden emele gelýär.

Daşy pytanakly daş gözüňe ilende, Dursun içini çekdi, tisgindi.

Professor çykyp gidenden soň:

— Batyr jan, içiňi kesen şümüdi? — diýip sorady.

— Hawa.

— Elhepus!.. Ökde adam ogşyýa!

— Grigoryýew.

— Hä-ä, Göreger...

Batyr myssa ýylgyrjak ýaly etdi. Dursun ony syzan, sözüni dowam etdi:

— Elhepus, göreger diýseň göreger eken-ow! Hiýdäninim, adamyň içindäkini, onda-da böwrekdäki şänik ýalyjak bir zady görmage göz ýetermi? Onuň adyny örän bilip dakypdyrlar. Sen hanym, Göregeri ýadyňdan çykarmagyn, onuň gadyryny bilgin.

— Dogry aýdýarsyň, eje. Şol meni adam sanyna goşdy. Eger şol boluşda ýene bir näçe wagt geçen bolsa, şol daş meniň böwregimi çüýretjek ekeni. Men oňa gaty minnetdar!

Batyryň ynjalygy Dursuna ganat bekledi.

Batyr sanly gün içinde Özüni tutdy.

Onuň ýüzi doluşyp, ýaňaklary gyzyl öwsüp başlady. Biri-birine çatlyşyp duran kirpikmen gara gözleri gaşlarynyň aşagynda janly hereket bilen ýalpyldady. Goşarlary bir az ýognaýan ýaly, çiginleri dikelýän ýaly, baldyrlarynda ýumry et emele gelýän ýaly, bili bekeýän ýaly duýuldy.

Ol indi gaty ýörese-de, bökse-de, ylgasa-da, gawun-garpyz iýse-de, göreşse-de, hatda basalaşsa-da, içi agyrmaýardy. Ol indi özüni bir kemsiz sagat syzyp başlady.

Ol indi okuwda-da böwrüni tutup, gyşaryp oturman, janly hereket bilen tagta çykdy, çykarmasy kyn hasaplary çykardy. Ol indi ertirki zarýadkada hem öz ornuny tutdy, her hili çylşyrymly çalasyn oýunlara-da gatnaşdy.

Batyryň beýnisinde dert bilmez, derman talamaz tebiplere ýigrenç emele gelip, keseli tanap, laýykly çäre görýän doktorlara hormat beslendi.

Batyr öýlerine gelende, dostlary ony zordan tanady.

Batyryň keşbine gözi düşende, hatda Annamyradyň hem do-

daklarynda ýylgyrma emele geldi.

**1935**

# YHLASA—MYRAT

## Olar kimler?

Araçäge golaý, dag etegini erňekläp oturan çaklaňrak bir oba görünýärdi. Şol obanyň günbatar çetinde gapysy tamlyja bir öý otyrdy. Ol öý-ýes-ýekeräkdi. Onuň gapdalynda pessejik haýat bardy. Şol haýatyň içinde dürli iýmişli agaç bolup, ep-esli ýerden hem göm-gök bolup görünýärdi. Irki erikleriň eýýäm boýy ýetipdi, alma, saralypdy, şetdalylar hem gök ýapraklaryň arasynda türşek ýaly ýumralyşyp görünýärdi.

Şol öý Çerkez Çary atly oglanyň öýleridi.

Şol obanyň ortasyny bölüp geçýän kiçijik ýabyň ýalpajyk, durnaň gözi ýaly suwy buldurap, şagyrdy bilen seslenip akýardy. Çerkez adatda şol ýapjagazyň ördegi ýalydy, emma bu ýyl iýun aýy salkynlyk bilen geçeni üçin, ol onuň duruja suwunda entek jülpüldemeýärdi. Okuwlar ýaňyjyk gutaryp, kanikul başlansa-da, şol ýapjagazda «şallak mende» oýnap ýörmäge Çerkeziň häzir wagty ýok. Ol öz kakasyna, kolhoz işine kömek edýärdi. Onuň kakasy ýatymlyk gidip, dag içiniň amatly ýerlerinde ekilen düme bugdaýlary orýardy.

Çerkez bir gün kakasynyň yzyndan baranda, onuň bilen bile ikinji bir baýyrda ekilen bugdaýlara aýlanmaga gidip, şol ýerde güni gijikdiripdi.

Ol öňki gelen ýeri bilen, ýol bilen aýlanyp gaýtman, kötel ýoda bilen dagyň jülgelerinden eňdi-de, öýlerine bakan gönüläp gaýtdy. Öz kakasy bilen şol daglarda, şol jülgelerde sansyz gezek aýlanany üçin, oňa her bir gowak, hatda har bir daş tanyşdy. Gün dagdan aňryk aşyp, jülgelere goýry kölge düşeni üçin, howa bir az garaňkyrasa-da, şol adamsyz daglar aýylganç ýaly bolup görünse-de, Çerkez çigit ýalyjak hem gorkmaýardy. Ol şol jülgeleriň, şol dag-daşlaryň özi bilen däl, onuň içinde ýaşaýan mör-möjekler bilen hem öwrenişipdi. Onuň şol derelerden, şol jülgelerden aýsyz garaňky gije gaýdýan wagtlary hem gyt bolmaýardy.

Çerkeziň gökje taýharynyň keýigiňki ýaly ýitije toýnaklary kötel ýodajygyň kä ýerine çümüp, kä ýerde gyçak gara daşlara ilgençek ýaly ilip, hatarly ýerlerde aýaklary wawaly ýaly ätleýärdi-de, Çerkezi ýapaşak alyp gelýärdi. Çerkez her minutda dik aşak togalanarly bolup görünýärdi. Emma taýharyň guşgunly gaňňasy Çerkezi howatyrsyz, howpsuz, ynjytman saklaýardy.

Gökje taýhar bir az amatlyrak ýoda düşende, ýeňillik bilen dikgirdäp, öz yzynda inçejik tozanjyk emele getirýärdi. Çerkez çendan inçemik uzynja sesi bilen damana ýoluna aýdyma-da gygyrýardy. Onuň enaýyja sesi dagyň gaýalarynda ýaňlanyp, dereden-derä düşüp gidýärdi. Onuň şol inçemik çaga sesi bilen öwrenişen guş-gumrular, möjek, şagallar hem ondan onçakly heder etmeýärdiler.

Çerkez gyçak daşlary somalyşyp duran bir kötelden inip

barýarka, onuň ýitije gözleri ikinji bir deräniň kötel ýapysyndaky bir gyrmylda düşdi. Ol öz taýharynyň boýnuna kakyp, bir az saklandy-da, şol gyrmylda bakan üns bilen seretdi...

Ol gyrmyldy bir däldi. Bir garaňda, iki ýaly, ikinji gezek garaňda, üç ýaly görünýärdi. Emma howa garaňkyrap başlany, ylaýta-da şol gyrmyldy dagyň kölegeli, garaňky tarapynda bolany üçin, onuň ynsandygyny, haýwandygyny, mör-möjekdigini saýgarmak örän kyndy.

Şol gyrmyldy Çerkezi alada goýdy.

Eger olar keýik bolsalar, Çerkeziň duranyny görüp, sakga daýanardylar, oňa bakan üşerilerdiler, birdenkä-de yzlaryna bakan ökje göterərdiler.

Eger ol gyrmyldy möjek ýa şagal bolsa, Çerkeziň duranyny saýgarardy-da, derrew özüni gizlemek bilen bolardy.

Çerkez olary haýwandyr hasap edeýin diýse, bu derelerde bu günler öz peýwagtyna gezip ýören sygyrlaryň, kakabaş ýabylaryň baryny-da akylyna getirip bilmedi.

Çerkez uzak wagt oýlanandan soň:

«Olar, elbetde, adamdyr!» diýip tassyklady.

Emma nähili adam?

Olar awçylar diýeýin diýse, ol dere awuň bolmajak ýeri, awa geziljek ýeri däldi. Çopan-çolukdyr diýeýin diýse, ol ýerde goýun sürüsi gezer ýaly ýaýla-da ýokdy.

Şol gyrmyldy Çerkezi ýöne bir alada däl-de, bütinleýin iňkise goýdy. «Goý, näme bolsa, şol bolsun» diýip, taýharyň gerşine basmaga, oba bakan haýdamaga onuň ýüregi etmedi.

Çerkeziň gözleri şol gyrmyldyda bolsa-da, göwnüne başga zatlar gelip geçdi. «Ýaş kommunist» gazetinde okan bir habary onuň ýadyna düşdi: Araçäge golaý bir obada onuň edil özi ýaly bir oglanyň araçäk sakçylaryna kömek edenini, araçäk sakçylarynyň şol oglanyň kömegi bilen galtaman tutanlaryny ýadyna saldy. Şonuň bilen bir wagtda, «Mydam taýýar» gazetiniň pionerleri hüşgärlige ündeýäni huşuna geldi. Ol göýä öz ýanynda biri bilen gepleşip duran ýaly, birdenkä aýgytly sözledi: «Ýok! Men ol gyrmyldynyň nämedigini bilmän, öýe gaýtman!»

Ony nähili bilmeli?

Howa has garaňkyrap barýardy.

Aslynda, ol gyrmyldy Çerkeziň barýan jülgesiniň ugrunda bolman, ikinji bir deräniň ugrundady. Şol derä ýetmek üçin bolsa, kötel bir dagy söküp geçmelidi.

Şol kötelden asyl geçip berin boljakmy? Bardy-geldi geçäýende, Çerkez barýança, olar şol duran ýerlerinde durjaklarmy? Hamana arasy golaýlan hem ekeni, garaňkynyň içinde olaryň kimdigini tanap berin biljekmi? Ýagşy, tanan hem ekeni: olar dost bolman, duşman eken, — ýumruk ýaly Çerkeziň olara edip biljek zady näme? Eger olar, gara ýürek adamlar bolaýsalar, Çerkezi şol deräniň içinde ýok etmezlermi?..

Çerkez öz ýanyndan şol kyn ýagdaýlary oýlasa-da, iň soňky howatyrly meseläni huşuna getirmedi, belki hem, getirmek islemedi. Ol asyl ikirjiňläp hem durmady...

Çerkez taýharynyň gerşine basdy.

Ol kötel dagyň belent ýerinden ikinji derä geçmegi nazarda tutman, aşakda, onuň bir az peselýän ýerinden, ikisiniň arasynyň

bir az golaýlaýan ýerinden geçmegi akylyna getirdi.

Düzje ýola düşen mes taýhar guýrugyny bulaýlap dikgirdedi.

## Çerkeziň niýeti ýüze çykmady

Çerkez şol gyrmylda golaýlanda, howa tüm garaňkydy. Asmanda aý hem ýokdy. Deräniň içine diňe sanlyja ýyldyzyň şöhlesi düşýärdi.

Çerkeziň göwnüne bolmasa, olar bilen arasy indi taýak salymdan daş däldi.

Çerkeziň ünsüni, pikirini, onuň oslamadyk bir zady bozdy, şol oslagsyz ýagdaý onuň bütin syryny paş ederli, ony howp astynda galdyrarly boldy: onuň taýhary gulaklaryny üşerdip, birdenkä hynçgyrmaga

durdy.

Şol hynçgyrmak Çerkezi hakykatdan-da howsala saldy. Şol gyssag arada, ol öz ýanyndan «Ýoldaşyň eşek bolmasyn!» diýip hem käýindi. Ol elindäki taýagy bilen taýharyň gulaklaryna urdy, gazap bilen pyşyrdady:

— Heý, zannyýaman! Sen meniň syrymy paş etmek— meni duşman eline bermek isleýämiň?

Çerkez kakasyna çalşyrlyk geýim salyp baran attorbasyny gaňňanyň gürlüginden çözüp aldy-da, taýharyň burnuna geýdirip, gulaklarynyň ýeňsesinden berk baglady. Onuň üstüne ýaňadandan böküp münenden soň, gyjyt bilen:

— Indi bogazyňa sygdygyndan gygyr! — diýip, pyşyrdady-da, böwrüne depdi.

Aradan bir az salym geçensoň, Çerkez öňde adam baryny saýgaran, olaryň ysyny alan, şolara bakan dyzaýan taýharyň boýnuna taýagy bilen kakdy-da saklady.

Çerkez şol ýerde bir salym oýa çümdi.

Onuň ýagdaýy häzir kynalypdy. Ol öz taýharynyň hynçgyranyny ýolagçylaryň eşidenini, öz yzlaryndan biriniň anyk gelýänini olaryň duýandygyny aňlady.

Çerkez häzir arkaýyn bolmaly wagt däldigini unutmady. Ol öz garşysyndakylaryň ýeke däldigini hem bilýärdi: ol ýagtygözin olaryň näçedigini saýgarypdy. Tüm garaňky gije bolmagyna garaman, olaryň gaty gepleşmeýändiklerini, gülüşmeýändiklerini, aýdym aýtmaýandyklaryny bileni üçin, olaryň oba adamsy däldigini hem aňýardy.

Eýsem-de bolsa, Çerkez öz beýnisini howsala aldyrmady.

Ol şol inçemik ýodadan başga bir ýanlygyna bakan sowuldy; başy torbaly taýharyny mäkäm daňdy; ondan soň, çak eden ugruna bakan emedekläp ugrady.

Çerkez şol emedekläp barşyna bir zat ýadyna düşüp, birdenkä sakga daýandy. Ol göni ýodajyk bilen emedekläp barmagynyň keçjedigini, şol ýodajygyň edil olaryň üstünden eltjegini ýadyna saldy. Şonuň üçin hem on-ýigrimi ädim sag gapdalyna bakan süýşüp, selçeňräk çöplügiň içinden bukdaklap gitdi.

Çöplügiň içindäki dyza golaýlan çygly gök otlaryň ysy Çerkeziň burnuna urdy, ony asgyrdarly boldy. Ol eli bilen agzyny, burnuny tutup, bijaý ses çykarmazlyga çalyşdy. Onuň emedekläp

barýan ýerinde semawaryň jüründiginden dökülýän ýaly, ujypsyzja suwjagaz hem şirrildeýärdi. Çerkez şondan geçende, aýaklary bir az palçyga bulaşdy. Ilki agşamyň sergin şemaly, onda-da dag şemaly onuň endamyny digdenekletjek ýaly etdi. Emma ol häzirki gyzgalaňly ýagdaýda olaryň birini hem syzmady.

Çerkez hemişeler şu ýerlerden gije geçende, birden onuň öňünden dişlerini syrtardyp, seňkildäp barýan möjek, birdenkä gyzgylt tüýli, emelsiz, samsyk şagal, birdenkä-de guýrugyny sümek ýaly bulaýlaýan tilki çykardy. Emma bu gije onuň öňünden hiç bir janawar çykmady. Belki hem, onuň öňündäki ýolagçylar olary ürküzendirler?.. Diňe onuň bilejigi ýaly ýogynlykda, bir metre çenli uzynlykda alahöwren ýylan golaýjagyndan şowlap geçdi. Çerkeziň şondan endamy bir az tikeneklese-de, häzirki höwesjeňlik, öňe ymtylyş, öňdäki howp oňa şol ýylany derrew unutdyrdy.

Çerkez oslan çenine ýetse-de, onuň duşundan bir az ötendirin hasap etse-de, ne olaryň yzyndan ýetdi, ne-de olaryň sesini eşitdi. Ol şemalsyz, gymyldysyz, asuda garaňkynyň içinde näçe diňirgense-de, onuň ötgür gulagyna ses-de gelmedi, çybşyldy-da eşidilmedi. Ol öz ýanyndan: «Olar aýak aldygyna gaçdylarmyka ýa-da çöplügiň içinde bir ýerde gizlendilermikä?» diýip oýlandy.

Onuň ýitije gözleri her bir çugmak çöpe, her bir ulurak daşa çenli saýgarmaga çalyşýardy. Emma uzak wagtlap onuň gözlerine üýtgeşik bir zat görünmedi... Şol barmana, birdenkä bolsa ýigrimi ädimlik öňündäki gür çöplük onuň gözüne has goýry bolup göründi. Onuň göwnüne bolmasa, şol çöplügiň içi boş däl ýaly bolup duýuldy. Ol kakasy bilen awa gidende, şonuň ýaly çöplügiň içinde hatda towşan ýatan hem bolsa saýgarýardy. Içi jandarly çöpüň daşynyň ham üýtgeşik görünýänini kakasy oňa öwredipdi.

Ýöne weli, kim bilýär: şol çöplügiň içindäki jandarlar Çerkeziň yzarlaýan adamlarymy ýa-da yzy jojukly mekejinmi?.. Şonuň ýaly çolalykda, şonuň ýaly gür çöpde çendan doňuz hem uçraýardy.

Her zat hem bolsa, ony bilmek gerekdi.

Çerkez şol çöplüge bakan emedekläp, däl, bagry bilen süýşüp ugrady, göwnüne bolmasa, gursagynyň gürsüldisi edil ýeri sarsdyrýan ýalydy: şol sarsgyny diňe onuň öz garşysyndaky jemendeler däl, hatda dagyň etegindäki araçäk sakçylary hem syzýan ýaly duýuldy.

Çerkez oňa on ädimlik golaýlanda, ýyldyz ýagtysyna, şol çöpüň içinde bir gymyldy hem bar ýaly duýuldy. Çerkez aýak çekip, diň salanda, onuň gulagyna bir güpürdi hem eşidilen ýaly boldy. Çerkez ýene iki-üç ädim süýşende, gurply penje onuň näzik çigninden ýapyşdy.

## Torguş kapas içinde

Ýeňsesi tüýli barmaklar Çerkeziň çignine gan öýdürdi.

Şol sekuntda onuň üstüne üç adam abandy.

Hepbige düşen torguş ýaly sandyraýan Çerkez ýyldyz ýagtysyna gorkuly gözjagazyny petredip, olaryň ýüzlerine seretdi.

Olaryň biri — murtlary pezzik, eňegi gyrçuw, çep gaşynyň üstünde eşek toýnagynyň çuňňur tagmasy galan, daýaw bir adam. Ikinjisi— murty ýaňy taban, ýalyň ýüz, heniz eti-gany doluşmadyk, inçemik, orta boýly ýaş ýigit. Üçünjisi bolsa, gözleri ýanyp duran, seňrigi tüňňi, sakgaly çotga ýaly, reňki öçük, inedördül bir adam. Olaryň üçüsiniň hem gizlin ýaraglary bar.

Olaryň üçüsi üç ýerden Çerkezi ala gözleri bilen iýerli boldular. Oňa bakan döwülgi ýumrugyny gezäni hem boldy. Çerkeziň gapana düşen towşanjyk ýaly tyrsyldaýanyna gözleri düşenden soň, olar ony onçakly gynamadylar-da, sorag berip başladylar:

— Eri oglan, nireden gelýän?

Çerkez garyljyk ses bilen jogap berdi:

— Men-ä hiç ýerdenem gelemok.

— Onda nirä barýaň?

Çerkeziň çigni awasa-da, olaryň murtundan, billerindäki sapançalardan sussy basyljak ýaly etse-de, birdenkä aljyraňňylyga düşmän, gaýta kem-kemden özüni tutdy. Ol sowet urşujysynyň faşistleriň eline düşende, aljyraman jogap berenini bir kitapçada okapdy. Çerkez şony ýadyna salyp, özüni şol sowet soldatynyň dogany hasap etdi-de, gaşjagazlaryny çytmak bilen, pert-pert jogap gaýtardy:

— Kakamyň ýanyna.

— Kakaň nirede?

— Dagda.

— Dagda näme işleýär?

— Orak orýar.

— Kakaň ýanyna näme işe barýaň?

— Çörek alyp barýardym...

Olaryň üçüsi hem birden seslendi:

— Çörek!?

— Hawa, çörek.

Olaryň üçüsi hem Çerkeziň egnine ýapyşdy. Çerkeziň gözüne bolmasa, olaryň üçüsiniň hem kepän dodaklary tamşanan ýaly, bir zatdan ät galan ýaly göründi. Çerkeziň göwnüne bolmasa, olaryň şol bolşy, bir näçe günden bäri çörek garasyny görmedik adamlaryň sypatyndady. «Çörek» sözüni eşidenlerinde, olaryň soragly gözleri hanasyndan çykaýyna geldi.

Şol soragy olaryň üçüsi birden gaýtalady:

— Hany, ol çöregiň nirede?

— Taýharymyň üstünde.

— Hany, ol çöregiň nirede?

— Gaçyrdym.

Çerkeziň soňky jogabyny eşidende, olaryň üçüsiniň hem murty aşak sallandy. Olaryň üçüsiniň hem naýynjar gözleriniň soragly şöhleleri öçdi, olaryň üçüsiniň hem ala gözleri gazap bilen ýandy.

Çerkeziň çigninden gysymlan penje, ony ýaňadandan.
has ykjamrak gysymlady, onuň beýleki penjesi bolsa Çerkeziň dulugyna şarpyldap degdi. Çerkeziň ýaňagy ýanana, gözleri hanasyndan çykyp gidene döndi. Dyrnakly penjäniň tutan ýeri bolsa çydalmaz bir derejede awady. Aslynda Çerkez niresiniň awaýanyny, niresiniň sagatdygyny hem unutdy. Şol minutda ol özüniň mertligini ýa müzzerýänini hem akylyna getirip bilmedi.

Maňlaýy toýnak tagmaly sesine bat berip, gygyranyny hem duýman galdy:

— Galat aýdýaň, doňuz ogly! Seniň eşegiň hynçgyranyna heniz çaý içim salymam geçenok. Sen kimi aldamak isleýäň?

Çerkez özüni mert saklaýandyryn hasap etse-de, sözlände, onuň sesi agyly çykdy:

— Men galat aýdýan bolsam, onda siz tapaýyň.

— Sem bol!

Çerkez ýüzüni aşak saldy.

Maňlaýy tagmaly oňa ýene herreldi:

— Näme sesini çykaraňok?

— «Sem bol» diýdiň ahyry.

— Sen ýalan sözleme-de, dogryňy aýt.

— Men näme üçin ýalan sözläýin? Dagyň jülgesinde ýeke özüm gorkyma janym çykýady. Size duşanyma men iki bolup bilmedim. Siz maňa rehim etmeli halyňyza, gaýta meni urýaňyz.

— Sen samahullama-da, taýhardan, çörekden habar ber.

— Hawa, ondan-oňa ylgap ýörkäm, taýharymyň hynçgyranyny men özüm hem eşitdim. Men şol sese bakan ylgamda, birdenkä sizi saýgardym. Meniň taýharym size bakan topulandyr diýip, men hem şu ýere bakan haýdadym... Ýogsamam, agalar, meniň taýharymy siz görmediňizmi?

— Eri, sözi başga ýana sowjak bolma! Taýhar gözleýän adam bagry bilen süýşüp gezesi ýok.

— Ýapyrylmasaň, Onsoňam, meniň gözüm gijesine gowy göreňok ahyry!

— Eşek ýitiren adam «kür-kür» diýip gygyrman, ogurlyk edýän ýaly, sümsünip gezermi?

— Sesimi çykarmaga men möjekden, şagaldan gorkýan ahyry. Birdenkä bir gowakdan aýy çykagadan, meni holtumyna atyp ötäýtse nätjek!

Çerkezi näçe gyssasalar-da, ol hiç bir zat boýun almady. Gaýta ol özüni mert görkezmäge çalyşdy:

— Kakam düýnden bäri aç bolany üçin, onuň birsyhly gözi ýoldadyr. Belki, meniň taýharymy bu gije möjek iýer? Ondan soň dat meniň günüme!.. Agalar, maňa kömek etseňiz-le!

Çerkez özüni näçe naýynjar görkezse-de, olar onuň sözüne ynanman, oňa müňkürlik edip:

— Sen çöregi tap. Biz seni boşadaly — diýip hüňürdeşdiler. Çerkez bir jogabyny üýtgetmedi:

— Wah, agalar, näsini aýdýasyňyz! Ol edil bir tamdyr, ýok, bir tamdyr hem däl, edil bir horjun çörek ahyry! Oňa meniň ýeke özümiň güýjüm ýetmän, ony taýharyň üstüne ejem ikimiz zordan göterip atdyk ahyry!.. Ony tapsak, kakama-da boljak, size-de boljak... Gözleşäýseňiz-le, agalar!

Seňrikmen adam taýhary gözlemegi teklip etse-de, Çerkeziň çigninden ýapyşan penjäniň eýesi oňa göwnemedi. Ol Çerkeze müňkürligini dowam etdi, başga bir dilde öz ýoldaşyna gürrüň berdi:

— Men bulara ýigrimi ýyldan bäri, şu dagdan ilerik ätlän günümden bäri belet ahyry? Bujagazyň mekirjedigini görmeýärmiň? Munuň agzyndan çykýan sesler, heý, oglanyň aýtjak sözümi? Biziň bular ýaly çagalarymyz ejeleriniň ýakalaryndan

ellerini aýyrman, yzlaşyşyp otyrlar...

Ol birdenkä Çerkeze çiňerildi:

— Ýogsa-da, hälki aýdyma gygyrýan sen dälmidiň?

Çerkez ony bilmezlige saldy:

— Haýsy aýdym?

— Haýsy bor öýdýäsiň, damana ýoly. Gün erňegini ýere berende «Çykaly bulgur dagyna...» diýip, gulagyna urlan ýaly gygyrýan sendiň ahyry!

— Wiý, bu aganyň aýdýanyny! Meniň aýdym ýadyma düşýämi? Men taýharymyň yzynda ylgap, aýaklarymy daşa gyýdyryp ýörün ahyry!.. Hawa, dogry aýdýasyň, şonuň ýaly bir aýdym sesi meniň hem gulagyma ilipdi.

Çerkezden göni jogap alyp bilmänleri hem oňa müňkür bolanlary üçin, ony sypdyrmadylar. Olar Çerkeze «Sen obaňyzyň nirededigini aýtsaň, öýüňize gidip, çörek getirip berseň, seni goýbereli» diýdiler. Çerkez oňa keýpihon razy bolsa-da, olar ony goýbermegi makul bilmediler.

Olar, hem türkmen dilinde, hem başga bir dilde gepleşýärdiler. Çerkeze öz niýetlerini aňlatmazlyk üçin, olar köplenç başga bir dilde gepleşýärdiler. Emma Çerkez şolaryň gürleýän diline-de kem-käs düşünýärdi. Obalary araçäge golaý bolany üçin, olaryň obasynda şol dilde gepleýän kändi. Ylaýta-da onuň kakasy şol dili suw ýaly bileni, onuň hemişe gerek boljagyny aýdýany üçin, Çerkez ilki dil çykaryp başlandan bäri, onuň bilen şol dilde gepleşýärdi: «Çaý mihori», «koža mirawi?» sözleri bilen Çerkeziň üç ýaşyndaka gulagy öwrenişipdi.

Ýolagçylar gür çöplügiň içinden çykyp, ýüklerini eginlerine atmaga durdular. Şol ýükler onçakly gaba bolmasa-da, örän saldamly görünýärdi. Çerkez ol ýükleri ilki bada kümüş puldur hasap edipdi. Emma olaryň daşlary gat-gat galaýyly bolmagyna garaman, şolardan kükeýän ys Çerkeziň beýnisini çaýkaýardy. Şonuň üçin hem ol ýükleriň nämedigini Çerkez derrew aňlady.

Çerkez ol adamlaryň galadan çykanyna, jülgeden-jülge egni ýükli ýol sökenine azyndan bäş-alty gün bolandyr diýip oýlady. Açmaňyz çörek talap edişleri hem olaryň ýa azaşandyklaryny, ýa-da bir ýandan gondalaw ýetip, dag içinde bir näçe gün aýlananlaryny aňladýardy.

Ol hakykatdan-da şeýledi. Olar öz aralarynda üýtgeşik dilde gepleşip, biri-birine igenişdiler, azaşanlaryna, açlyklaryna biri-birlerini aýyplaşdylar. Häzir nirä barjaklary, nirede düşjekleri, Çerkezi çörek üçin iberjekleri-ibermejekleri hakynda-da agyzlary alardy.

Olar iň soňunda köne ýoda düşüp ugramakçy bolanlarynda, dat eteginde, Çerkeziň gözi bir ýylpylda düşdi. Ol örän tiz ýanyp söndi. Çerkez olaryň araçäk sakçylarydygyny şol signaldan az-da-köpde aňlady.

Häzir Çerkeziň ýagdaýy örän agyrdy. Olar ony çörek bahanasy bilen öýlerine bakan sypdyrjaklarmy ýa özleri bilen allowarralara alyp gitjeklermi, ýa-da bir ýerde gorpa süsdürjeklermi?

Häzirki ýagdaý Çerkezi has aljyraňňylyga saldy. Ol sesiniň ýetdiginden:

— Men eşegimi tapmaly ahyry! Kür-kür-kür! — diýip, gygyrmaga başlady.

Ýeňsesi gylly penje şol sekuntda onuň agzyna hem bokurdagyna ýapyşdy.

## Nähili boldy?

Ep-esli wagt ýeke galyp, möjekden howatyr etmek bilen gulaklaryny üşerdip duran taýharyň ýiti gözleri uzakdan bir zat saýgardy. Ol bir durşuny üýtgetmän, dikilgi gazyk ýaly somaldy-da, şol tarapa bakan gulaklaryny keýerdip seretdi. Onuň bu saparky garaýşynda bir üýtgeşiklik bardy. Adatda şonuň ýaly üşerilende, Çerkez onuň ýanynda bolmagyna-da garaman sandyrardy. Emma häzir onuň birje tüýi hem gymyldamady. Ol şol gapdaldan bir çygşyldy hem eşitdi.

Başyna geýdirilen torba hynçgyrmaga maý bermäni üçin, taýhar tanapynyň ýetdiginden gerşi şol gelýän gara bakan urundy, ol şol gelýän garany tanady...

Taýhara bakan haýdap gelýän Çerkezdi.

Çerkez gelip, onuň tanapyna ýapyşanda, taýhar oňa oýkanmaga başlady.

Çerkez «olardan» indi onçakly howatyr etmedi. «Olaryň» öz yzyna düşmäge, özüni agtarmaga wagtlarynyň ýoguny, gaýta bar dertleriniň-azarlarynyň özlerini gizlemekdigini ol indi bilýärdi. Şonuň üçin ol onçakly gyssanman, taýharyň gaňňasyna ýaplandy-da, oýa çümdi: «Ol adamlar häzir dagyň etegine golaýlaýandyrlar. Olar giň meýdana girip gitseler, daň atýança owarradan çykarlar. Şeýle ýagdaýda olaryň gutulyp gitmekleri hem mümkin».

Şol mesele Çerkezi aljyraňňylyga saldy. Ol şol adamlary çala saýgarandan, bu işde özüni peýdaly bolaryn hasap edipdi. Emma iş çepbesine çöwrülip barýar. Sowet çagasynyň, onda-da araçäge golaý oturýan düşünjeli bir pioneriň okly-ýaragly gümürtik adamlary sypdyryp goýbermegi, heý akyla sygjak zatmy? Kakasy ony eşitse, näme diýer? Kakasynyň tanşy komandir onuň arkasyny syparmy? Özleriniň wožatysy oňa nähili ynamsyz göz bilen garar! Birdenkä onuň nalajedeýinligi, emelsizligi, gorkaklygy barasynda «Mydam taýýar» gazetinde-de, ýazylaýsa-ha — bar onsoň...

Çerkez uludan dem alyp, taýharyna towsup münenini duýman galdy. Ol taýharyň böwrüne debsäp, gerşine dürtüp, şol nämälim adamlaryň yzy bilen haýdady. Ýyldyz ýagtysyna onuň taýharynyň toýnaklaryndan ujypsyzja tozan göterildi, hatda öňürdikleýän taýharyň toýnaklary güpürdäp, deräniň içinde ýaňlanýan ýaly duýuldy...

Çerkeziň birdenkä dürli küýler oýuna geldi: «Wiý, meniň gözüm daňylgymy näme? Ýa akylymdan azaşdymmy? Olar edil meniň garşymda ahyry! Men dagyň etegine çykyp-çykmankam, olaryň meni ýaňadandan ele salmaklary mümkin? Olar menden ahmyrlydyrlar ahyry! Bu sapar eger tutaýsalar, meniň elimi-aýagymy daňarlar, ýa, belki...» Çerkez soňky pikirini soňlaman, başga bir pikire aýlandy: «Aslynda, oba baramda, men kime habar bererin? Oba Sowetiniň başlygy bilen kolhoz başlygy raýona ýygnaga gidipdiler. Mugallymlar bolsa şäherde. Obada kän adam ýokdur. Kim orak üstünde, kim goýun üstündedir. Wah, ar-

man, zastaw bizden uzakda-da! Men asyl onuň nirededigini hem bilemok, ony tapjak hem däl...»

Çerkez taýharyny saklap, şolar ýaly uzak oýdan soň, kakasyna bakan haýdamakdan başga çäre tapmady. Ol asyl öz kakasyny ýadyna salanda guwandy: Watançylyk urşy günlerinde kakasynyň bir gezek araçäk sakçylaryna «jansyz» tutuşanyny ýadyna saldy. Ol öz kakasyny şonuň ýaly işlerde ýörite çagyrýanlaryny hem bilýärdi. Eger bu sapar hem iş şowuna düşäýse, onda: «Çerkez Çary uly iş bitirdi» diýlip, gazetde ýazyljagyny ýadyna saldy-da ganatlandy.

Ol guýrujagyny bulaýlap, däbişekläp barýan taýharyň gidişini haýal gördi-de, ony birsyhly debsedi, «hyh», «hyh» diýip, birsyhly gaýtalap, onuň gerşine dürtdi.

Çerkez indi gündizkisi ýaly damana ýoluna gygyrmady. Birden onuň ýoluny kesip geçen mähnet möjek ony az-kem howatyrlandyrdy. Möjek ondan gaçmady, gaýta bir zada ymtylýan ýaly, göýä ýaş taýharyň üstüne zyňmaga hyýallanýan ýaly, onuň yzy bilen dähedem-dessemläp ýöredi. Çerkeziň göwnüne bolmasa, ol pallaýan ýaly ýa-da goýun sürüsine topulanda, adatda agzynyň açyk bolşy ýaly, häzir hem onuň agzy açyk ýalydy. Çerkeziň endam-jany dyglady, depe saçy üýşdi. Taýharyň gulaklaryny ýapyryp, guýrugyny ýamzyna gysmagy, sandyramagy ony has hem gorkuzdy. Şeýle-de bolsa, Çerkez dowla düşmedi. Ol elindäki taýajygyny ykjam tutdy. Birdenkä-de gaňňanyň gürlüginde asylgy gezligi ýadyna düşüp, şoňa ýapyşdy. Onuň ýüregi bir az suwlulandy: gezligi möjegiň agzyndan sokup, bokurdagyndan dilerin diýip oýlandy. Çerkez ertekide, eli gylyçly bir batyryň gylyjyny kese tutup, aždarhany iki ýaryp, onuň içinden diri geçip gidenini hem eşidipdi.

Birsyhly yzyna garanjaklaýan Çerkez, möjegiň uzyn-uzyn pallanyny, iň soňunda garysyny ýassanyp galanyny saýgardy.

Çerkez öz kakasyny orak orulýan ýerden tapmady, Ol ýerde goş sakçydan başga hiç kim hem galmandyr. Goş sakçy Çerkeziň kakasynyň agşamky şamdan soň, garaňky mazaly düşenden soň, bir ýana çykyp gidenini bilse-de, onuň nirä gidenini bilmedi: ol ýa-ha daňdan inýän keýigiň ýolunda oturmaga, aw awlamaga gidendir, ýa-da oba gaýdandyr, kim bilýär?

Çerkeziň işi şowuna düşmän, birsyhly çoçgara çolaşýar.

Eger kakasyny tapan bolsa, Çerkez derrew gidägeden daňdandan ozal araçäk sakçylaryna habar bererdi, gizlin ýaragly adamlar, belki, gola düşerdi. Çerkeziň indi öňki plany hem bozuldy. Ol elindäki taýagy bilen taýharyň gürlügine kakyp, bir salym oýlandy, ondan soň sakça habar gatdy:

— Gully aga, aý Gully aga! Sen zastawyň nirededigini bileňokmy?

Gully ýaňy dogan aý ýagtysyna kirpikmen gabaklaryny üşertdi, Çerkeze garady, onuň sowalyny geňirgedi:

— Kassap?.. Ol näme diýdigiň boldy? Bu ýerde kassap neme işlesin!

Gullynyň jogaby gülkünç hem bolsa, Çerkeziň bu wagt gülki ýadyna düşmeýärdi. Ol Gully aga düşündirdi:

— Ýok! Kassap däl. Araçäk sakçylarynyň naçalnikleriniň durýan ýeri.

— Hä-ä, şeýdiýsene! Ýeri, hanym, sen ony nädersiň?

— Aý, hij-ä... ýöne kakam şol ýana ötägitdimikä öýdýän.

Gully aga Çerkeziň sowalyna-da, jogabyna-da müňkür bolman, ol barada hiç bir zat oýlaman, göwnüne getirmän, barjasy agaran gür sakgalyny sypamak bilen hilesiz jogap gaýtardy:

— Han ogul, gumuň haýsy bir ýerini sorasaň, men saňa aýdyl bererdim. Belent daglaryň haýsy biriniň adyny tutsaň, belki-de, salgy berip bilerdim. Emma zassabyň nirededigini men saňa aýdyp bilmerin. Meniň bu oba ýakynda göçüp gelenimi özüň bilýäň ahyry! Şu wagt maňa «Gully aga, bar, sen indi gaýdyber» diýseler-de, obany tapjak gümanym ýokdur.

Çerkez Gully aganyň halys ýadandygyny bileni, özünden öň onuň zastawa baryp habar bermejegini aňlany üçin, bütin wakany oňa gürrüň berdi.

Düýäniň öz köşegini ysyrganyşy ýaly, Gully aga-da taýharyň gaňňasyna ýaplanyp, Çerkeze gulagyny tutdy. Ol duran ýerinden butnaman, gymyldaman, onuň hekaýasyny nebsewürlik bilen diňledi. Birdenkä-de ýaşuly onuň sesini kesdi:

— Oglum, sözüň agzyňda. Sen entek maňa düşündir: ol zalymlaryň penjesinden sen nähili sypdyň?

— Olar ýol-ýoda bilen ýöremän, çarkandaklyk bilen ýöränleri üçin, birdenkä kert gaýa uçradylar. Olaryň arasyndaky biri içki daglara belet bolsa-da, araçäkden geçip, etege golaýlanlary üçin azaşdy, başyny çaşyrdy. Olar iň soňunda maňa ynanmakdan, maňa hoşamaý söz urmakdan, ýoly maňa tabşyrmakdan başga çäre tapmadylar. Men olara yhlas bilen hyzmat edýänimi bildirmek üçin, olary ilki bir az gönükdirdim. Ondan soňra bolsa terslin-oňlyn aýlap, öňküden beter başlaryny garyşdyrdym. Men öz ýanymdan käýinen kişi bolup, ojagaz ýerini barlamaga, bujagaz ýerini derňemäge sowlan kişi boldum-da, şol garma-gürmelik arasynda, assyrynlyk bilen ökje göterdim.

Taýharyň üstünde oturan Çerkezi Gully aga gozgalaň bilen gujaklady.

— Oglum, sen on biriňi ýaňyjyk doldurypsyň. Men häzir segsene gadam basdym. Emma seniň edeniňi, seniň başaranyňy şu daglaryň içinde men başaryp biljek däl. Berekella, oglum.

Gully aganyň aýdan sözleri Çerkeze onçakly täsir etmedi. Onuň öz pikiri başga ýerde bolany üçiň, onuň sözlerine onçakly üns hem bermän, ondan maslahat sorady:

— Gully aga, indi men näme işläýin?

Gully aga öz sadalygyny sadalyk bilen boýun aldy:

— Han ogul, ýer depmekde, orak ormakda belki, şindi hem bir adamynyň edenini ederin. Emma beýle çolaşyk meseleleri çözmekden meniň başym ejiz. Gijäniň bir wagty, dagyň içinde men-ä kimi tapjagyňy hem bilemok. Meniň bilşime görä, oba ýüzlenäýseň kem bolmazmykan öýdýän.

Gully aganyň maslahaty Çerkeziň öz pikiri bilen birikdi. Ol taýharyň boýnuna taýak bilen kakyp, böwrüne depdi-de, ýapaşak eňdi.

Taýharyň toýnaklarynyň güpürdisi parahat gijede, sap howada uzaga gitdi. Naýza boýy galan aýyň şöhlesine taýharynyň uzyn kölegesi daşly baýryň üstünden tiz-tiz taýyp gitdi.

## Oslagsyz myhman

Çerkez obanyň çetinden inende, gije ýarymdan agypdy. Ol obanyň içini kesip geçýän pessejik ýapjagazdan geçjek bolanda, taýhar onuň meýline görä hereket etmedi: ol dury suwa eňegini urdy. Çerkez näçe gyssansa-da, taýharyň ganynyň gatanyny aňlany üçin, oňa suw içmäge maý berdi.

Çerkez dury suwa syn edende, doluşan aýyň şol suwuň bir çetinden girip barýanyny gördi.

Çerkez öz ýanyndan: «Kakam öýdedir. Biz derrew zastawa gideris. Giç galsak, howa ýagtylar uçurda men olardan iň soňky aýrylyşan ýerimi hem olaryň giden yzyny görkezerin. Belki, olaryň yzyndan ýeterin diýip, öz ýanyndan arzuw edip gelýärdi.

Ol gapylaryna gelip, taýharyny iltände, öýlerinde ölügsi yşyk gördi. Şonuň üçin kakasynyň baryna şeklenmän, öýlerine girmäge-de gyssanyp: «Kaka, ha-aw!» diýip gygyrasy geldi. Şol sekundyň özünde bolsa, goňşularyny oýarjagyny ýadyna salyp, öňki pikirlerinden dändi.

Çerkez heniz içerik girmänkä, öýüň yşygyndan içerde bir telpekliniň baryna gözi düşdi. Ol ölügsi çyranyň yşygyna onuň kimdigini saýgarman, asyl saýgarmak hem islemän, aňyrdan ýüregine düwüp gelşine gapyny açmaga mähetdel:

— Kaka-a! -diýip, kürsäp urdy.

Çerkez şol sekuntda, şol ýerde doňana döndi.

Içerdäki adam taýharyň dükürdisinden üýşenip, ýerinden galypdy-da, öýüň günbatar dulunda özüni ykjamlap durdy. Çerkeziň ol adama gözi ilenden, süňňi bir hili gowşady-da, oňa näme diýjegini, hatda näme oýlajagyny-da akylyna getirip bilmedi.

Oňa kän wagtdan bäri garaşan, onuň şol aljyraňňy ýagdaýyny gören ejesiniň hem ýüregine howsala düşdi, Çerkeze topuldy, ony gujaklady.

— Balam, Çerkez jan, saňa näme boldy? Näme üçin beýle gijä galdy? Uzak gije meniň gözüme çöp germelene, bagryma hanjar urlana döndi. Seniň reňkiň solupdyr. Sen heniz hem özüni dürsäp bileňok. Saňa näme boldy, näme?

Gapydaky direnip duran adam bilen Çerkez ikisi biri-birini tanadylar. Şonuň üçin olara biri-birinden syr gizlemäge-de hajat galmady.

Çerkez ejesini gorkuzmazlyk hem şol direnip duran adamynyň göwnüne başga zat getirmezlik üçin, şol ilki agşamky aýdan jogabyny gaýtalamagy makul bildi:

— Eje, aý eje, maňa hiç zat bolanok. Men... taýharymy gaçyryp eglendim.

— Gaçyrdym?!

— Hawa. Ony gözläp, kän heläk boldum.

— Wah, balam, kakaň sana kän garaşandyr!

— Ýok, eje jan, sen arkaýyn bol. Iň soňunda taýhary hem tapdym! Orakçylaryň ýanyna-da bardym.

Çerkeziň jogaby maňlaýy toýnak tagmaly adamyny bir az rahatlandyrdy. Ol Çerkeziň ilki agşamky sözüne häzir ynanyp başlady; ony nähak ýerden horlanyna, şol horlugyň muzzuny aljagyny aňlanyna bir az ökündi. Ol Çerkeziň öýkesini nähi-

li ýazjagyna akyly ýetmän, birdenkä seslenenini hem duýman galdy.

— Ah, dogry diýsene!

Çerkez arkasy gylly penjäniň ýapyşan ýerini duýdansyz barlap, toýnak tagmaly gaşyň aşagyndaky müýnli gözlere gazap bilen seretdi. Häzir ondan ätiýaç etmäni üçin, oňa ýakymsyz söz aýtmakdan hem çekinmedi:

— Ogry hem özüne osar, orramsy hem diýen ýaly, näme, meniň sözüm hem siziňki bilen deňdir öýdýämisiniz?..

Biri-birlerine gözleri düşende, olaryň ikisiniň hem bir hili bolanyny Çerkeziň ejesi hem aňlapdy. Häzir bolsa şol ikisiniň üsti örtüli sözleri ony aljyraňňylyga salyp başlady. Ol bularyň ikisiniň hem ýüzlerine taýly gezek garap, ikisiniň arasynda mojuk bir işiň turmagyndan gorkdy-da, Çerkeziň sözüni kesdi:

— Wiý, myhman! Näme beýdip aýak üstünde dursuň?.. Otur ahyry! Çerkez jan, sen näme kişi öýüne gelen myhman ýaly? Seniň asyl bolşuň nähili?

Ne myhmandan ses çykdy, ne-de Çerkez ejesine jogap gaýtardy. Çerkez göwünli-göwünsiz ýokaryk geçende. iki göwünli myhman iki aýagynyň üstünde yraň atyp durdy. Ol Çerkezden her bir zat oslany, ondan aýratyn heder edeni üçin, onuň çigninden ýapyşagadan, egnime atyp galybersem diýip hem oýlandy. Emma obanyň içinde ony hem edip bilmejegini akylyna getirdi. Eger ony alyp gidiberse, ejesiniň uly gykylyk edip, bütin obany örüzjegini, öz işiniň şumluk boljagyny aňlady. Olaryň ikisini birden ýere çüýläp ötäýtmäni hem küýüne getirdi. Emma ol işiniň hem şowly geçjegine ynanmady...

Ol Çerkeze şelaýynlyk etmekden başga çäre tapmady.

Çerkez ol adama gözi düşenden, ýüzüniň ugruna ökje götermegi, obanyň adamlaryny örüzmegi küýüne getiripdi. Emma onuň darajyk beýnisi onçakly dury işlemän, şeýle gömelteý çäräniň zyýan berjeginden gorkupdy. Maňlaýy toýnak tagmaly adamyň sag gapdalynda gizlenýän sag eliniň aşagy örän ýumry görünýärdi. Çerkez şol ýumrynyň altatar ýa ondan hem aýylganjrak bir ýaragdygyny göz öňüne getiripdi. Şonuň üçin ol hem oňa gaty-gaýrym zat aýtmazlyga, oňa öz niýetini bildirmezlige çalyşdy.

Olaryň ikisi biri-birine golaý oturyp, biri-biriniňkä onçakly sepleşmeýän gürrüňe başlady. Myhman özüniň uly agzyna gelişmeýän, pişge ýaly murtlaryny gymyldatmak bilen, küşdüň pyýadasy ýalyjak Çerkeziň batyrlygyny, çola daglaryň içinde gije bilen gündize parh goýman gezip ýörenini magtady, öwdi.

Çerkez özüni, göýä diýersiň, şol öwgä buýsanýan ýaly görkezmek bilen çagalarça ýylgyrdy. Emma onuň şol ýylgyryşynda-da bir ýaňsa almak baryny, maňlaýy toýnak tagmaly şelaýyn adamyň özi hem aňlady.

Myhman iň soňunda olaryň öýüne näme üçin gelenini, öz habaryny ozal mälim edenini Çerkeze-de duýdurdy:

— Sen, hanym, biziň ýagdaýymyzy bilýärsiň: biz häzir nana mätäç.—Ol gözüniň gyýtagyny Çerkeze tarap aýlanda, onuň garaýşyndaky muňkürligi, onuň hileli görejinde-de görnüp durdy. Şol garaýşa nazar eden Çerkeziň bir zat sorajagyny aňlany üçin, şol barada özi gürrüň açmagy ol makul bildi.—Hanym,

bizi galtamandyr ýa gaçakçydyr diýen oý seniň göwnüňe gelmesin. Biz hatly-petekli adamlar. Biz araçäkden gaçak geçmän, göni postuň üsti bilen geçdik. Biz sowet adamlary bolup, gizlin ýumuş ugrunda gezýän adamlar. Häzir bolsa uzak bir ýere ýörite tabşyryk bilen barýarys. Onuň nirededigini, näme üçindigini aýdyp durmagyň, elbetde, geregi ýok, aýtmaga hakymyz hem ýok. Başyň ýaşlygy üçin, onuň ýaly zatlara sen entek onçakly düşünýän dälsiň, emma daýzam düşünýändir...

Çerkez wagtdan peýdalanap, gizlin üm bilen şeýle diýdi:

— Hawa, agam, ýaňy sen galtaman diýeňde, meniň güpbe ýadyma düşdi: men öten ýyl «galtaman» diýilýän adamy görüpdim. Onuň şeýle bir bedew aty bardy, heý, goýaý! Onuň barmaklarynyň arasyna gysdyrylan hasap hem däl, dişleriniň arasyna gysdyrylan zatlar hem men-ä okmykan oýdüpdim. Baý, onuň haýbaty bardy-ow! Emma «gaçakçy» diýilýän özünden-özi öleýin diýip duran bir adam ekeni. Eje, sen bilýänsiň-le, ony oba Sowetine tutup getiripdiler ahyry... Onuň köne şylhasynyň içinde diňe iki gadaga golaý tirýek bardy... Hawa, agam, sen aýtsaň-aýtmasaň, men-ä sizi örän döwletli adamlarmykaňyz öýdýän. Siziň şol horjun-horjun ýükleriňiziň bary gyran bolsa gerek. Ba-aý, eje, bular örän baý adamlar-a!.. Men-ä şol horjunlaryň her biri bir süri goýun emele getirermikä diýýän... Hawa, ýogsa-da çörek diýeňde ýadyma düşdi. Men horjun dolduryp alyp gidemsoň, bizde oňly çörek beri galdymyka? A, eje?

Çerkeziň ejesi onuň ümüne düşüneni üçinmi ýa hakykatdanda ýagdaýyň şeýleligi üçinmi, her halda Çerkeziň göwnünden turdy:

— Wiý, Çerkez jan, sen gideňde,diňe iki sanyjak çörek galypdy ahyry! Onuň hem birini çagalar iýip gutardy.

— Zyýany ýok, eje. Myhman bu gije bizde ýatar. Sen ala-garaňkyda turup, bir-iki tamdyr çörek bişirersiň. Şeýle dälmi?

Myhman başga bahana tapman:

— Ýatyp-turup ýörmäge biziň wagtymyz ýok ahyry!— diýdi.

— «Ýarym güne ýaryş ýok» diýipdirler. Gaýta ýoldaşlaryňy hem çagyr. Bir-iki gün dem-dynç alyň. Ertir kakam hem gelse gerek. Saý-sebäp bilen tanyş bolduk. Bizden hiç çekinmäň. Şeýle dälmi, eje?

— Wiý, çekinip näme, guzym?

Çerkez nähili kiçijik hem bolsa, ol öz gürrüňini çyn ýürekden janygyp aýdýan ýaly hem bolsa, myhman oňa ynam etmedi, özüni gürrüňe güýmemekçi bolýandyr diýip düşündi. Şol wagt obanyň içinde itleriň üýrmesi hem artyp başlady. Ol derrew ýerinden galdy-da, iň soňky sözüni aýtdy:

— Men gürrüňe güýmenip, köpräk eglenäýdim öýdýän, gideýin. Hoş wagtyňyz.

— ýok, myhman, bir az sabyr et. Sizi çöreksiz goýmak bolmaz. Eger gyssanýanyň çynyň bolsa, ejem ynha, goňşulary turzar-da, çöregi karz alaýar.

Çerkeziň şol teklibi oňa näçe ýarasa-da, onuň yzynyň bir çöpi bardyr hasap etdi, gaýta çörek bahanasy bilen, goňşularyny turzar, adamlary üýşürer diýip gorkdy.

— Ýok, ýatan adamlary bimaza etmek gerek däl.

Myhman bir tegelek çöregi iki epläp, goltugyna saldy-da, yzyna garanjaklap, daşaryk çykdy.

Çerkeziň ýüregi gobsunan ýaly, elindäki guşuny uçuran ýaly duýuldy. Ol nähili bolanyny hem bilmän gyssanmaç daşaryk çykdy.

Şol wagt maňlaýy toýnak tagmaly, penjesiniň arkasy gylly adam demirgazyga bakan ýegdekläp, iki sany jabjynyp uýrýan iti yzyna tirkäp barýardy.

Mähmet göwre sanly salymyň içinde nokada döndi-de, Çerkeziň gözünden ýitdi.

## Iki ýanlaýyn yzçy

Bu gije Çerkez üçin nähili şowsuz gije boldy. «Jansyz» öz aýagy bilen öz üstüne gelende-de, ol bir zat edip bilmedi. Ol aýyň aýdynlygyna garaman, zym-zyýat gözden ýitip gitdi. Hany Çerkeziň hüşgärligi! Hany onuň başarjaň, ukyply pionerligi! Şu gijeki bolup geçen wakalary gürrüň berse, kim oňa sag bol aýdar? Belki, onuň öz deň-duşlary oňa «Sen saman kelle!» diýip igenerler? Öýlerine duşman gelenini duýdurmany üçin, ony aýyplamaklary hem mümkin...

Çerkez şol oýlar bilen agyr dem aldy-da, içerik kürsäp urdy. Ol öz ejesini rahatlandyrmak üçin, iki söz aýdandan soň, ýamaşgandan hasyrdap çykdy-da, aýak aldygyna ýüwürdi. Aý ýagtysyna ol öz kölegesi bilen ýaryş edýäne döndi. Ol dury suwly ýalpajyk ýabyň üstünden wazyrdap geçdi. Iki-ýeke sammyklaç itiň onuň yzyna düşmegine, üýrmegine garaman, bir zarbada baryp komsomol guramasynyň sekretarynyň gapysyna daýandy (pioner wožatynyň ýaşaýan ýeri daşdady, obanyň gündogar çetindedi), demini dürsemän, gapyny ýumruklamaga durdy:

— Sazak! Sazak ha-aw!

Içerden wagty bilen jogap bolmandan soň, gapyda ýatan daş bilen gapyny urdy-da, ýaňadandan gygyrdy:

— Sazak ha-aw! Tizräk aç-sana, ha-aw!... Men... Men Çerkez Çary!

Gapynyň urluşyndan, Çerkeziň çasly sesinden haýygan Sazak işigi içki geýiminde gelip açdy. Ol Çerkeze soragly, gorkuly göz bilen garanda, Çerkez özüniň kiçijikligine, ýaşynyň azlygyna, edýän işiniň öz göwresine garaňda ulylygyna garaman, buýruk berdi:

— Derrew geýin!

Sazagy Çerkeziň buýrugy aljyraňňylyga salman, onuň biwagt şol bolup gelşi, gyssanmaçlygy aljyraňňylyga saldy:

— Eri, näme boldy?

— Ýör derrew, zastawa gideli.

— Zastawa?!

Çerkez bolup geçen wakany gysgajyk gürrüň berdi.

Olar baýryň gömelteý aýlanýan ýerindäki ýolaýyrda bakanlarynda, howa süýt ýaly ýagtylyp, guşlar öz dillerinde jürrüldeşip başlapdylar.

Çerkez şol ýerde Sazaga sowal berdi:

— Zastaw ýene yzymyzça ýer barmy?

— Ýok. Şujagaz gerişden aşan ýerimiz zastawdyr.

Çerkez şol ýerde öz ýanyndan kakasyna igendi. Ol öz kakasy bilen şol ýere, hatda onuň aňry ýanyna-da baryp gaýdypdy. Kakasy ony bir gezek şol ýerde galdyrypdy-da, baýryň beýle ýüzüne geçip, nahar bişim salym eglenip hem gelipdi. Çaky, ol şol wagtda zastawa baran bolara çemeli. Eger ol şonda Çerkezi özi bilen alyp baran bolsa, onda Çerkeziň bu gijeki heläkçiligi bolmazdy. Gizlin adamlar eýýäm ele düşerdiler. Emma indi olar ele düşjekmi-ýokmy, kim bilýär?

Zastaw hakykatdan-da baýryň aňry ýüzünde ekeni.

Çerkez naçalnigiňkä baranda, ýene oslagsyz adama duşdy...

Ony şol ýerde öz kakasy gujaklady.

Gizlin adamlaryň araçäkden geçenleri mälim bolup, olaryň nirä zym-zyýat bolanlary mälim bolmany üçin, naçalnik Çerkeziň kakasy Çaryny öz ýanyna çagyrypdyr-da, olaryň nirä gitjegi, olary nirelerden agtarmalydygy, olary nähili ele salyp boljagy barasynda maslahatlaşyp oturan eken.

Çerkeziň kakasy Çarynyň ýeke awçylykdan bolman, yzçylykdan hem habary bardy. Naçalnik ony şonuň ýady ýagdaýlarda peýdalanýardy. Bu sapar hem ol iki sany soldaty daýhan geýimine salyp, Çarynyň ýanyna goşdy.

Olar oba baryp, demirgazyga bakan giden «myhmanyň» yzyny yzarlamalydylar.

Naçalnik ondan soň, Çerkezi öz başyna bir ata ataryp, bir näçe atlyny yzyna tirkedi-de, günüň dogjak ýeri gyzaranda, dagyň etegini syryp, günbatarlygyna bakan at goýdy.

Çerkeziň şol gijeki gyrlan ganaty ahyrynda ýelegini ýetirdi. Ol gümürtik adamlary ilki agşamky aldap gaçan ýerine barýança, at başyny çekmedi. Şol ýeri hakykatdan-da dagyň etege inýän baýyrlaç kötel bir ýeridi. Olar öz yzlaryny gizlemäge näçe çalyşsalar-da, wagty bilen etege çykyp bilmän, darajyk öwrümde terslin-oňlyn aýlanypdyrlar.

Naçalnigiň ýanynda öz kärine ökdelän akylly bir köpek hem bardy. Ol şol ýerleri ysyrgandy. Ondan soň çarkandaklygyň içi bilen ýuwaş-ýuwaş seňkildäp ugrady.

Köpek dagyň etegine çykandan soň, uzak ýeňsede görünýän gamyşlyga-sazlyga bakan ýöneldi.

Olar sazlyga baranda, onuň guşluk gapdalyndan hem bir näçe atlynyň geleni göründi. Şol tarapa dürbi tutan naçalnik ol gelenleriň Çary dagydygyny tanady.

Naçalnik atynyň başyny çekdi.

Sazlygyň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýär. Onuň içinde bäş-üç adam däl, sürüli goýun, sürüli düýe-de gizlemek boljak. Eýsem-de bolsa, onuň ýeňsesiniň gum, ilersiniň dag, iki gapdalynyň çöldügini naçalnik bilýärdi. Çerkeziň beren maglumatlaryna görä, bu gün olaryň şu sazlykdan çykyp bilmejekleri hem anykdy. Beýewar çykaýanlarynda-da, onuň daşyndan yz çalyp, olaryň yzyny alyp kowmaga wagt ýeterlikdi. Emma welin, giň sazlygyň içinden olary tapmak aňsat iş däldi. Tapaýaňda-da, ýaragly adamlaryň üstüne barmak örän hatarlydy. Şolary gola salmagyň zerurlygy bolsa howpdan, hatardan ýokary durýardy.

Naçalnik Çerkeze garap, emma häzirki howatyryny oňa duýdurman, öz niýetini oňa sypaýçylyk bilen mälim etdi:

— Çerkez, sag bol! «Jansyzlar» indi biziň elimizden sypma-

zlar. Sen indi öýňüzejik gaýdyber. Aty bolsa, soňra özümiz alyp gaýdarys.

Naçalnigiň teklibi Çerkeze örän ýokuş degdi. Ol özüni taýyn aşyň, onda-da öz taýyn eden aşynyň gyrasyndan kowlan bilen deň saýdy. Şonuň üçin ýüzüni aşak saldy-da, eýeriň gaşyndaky ýylpyldawuk bürünji barmaklary bilen dyrmady, burnuny çekdi, hümürdedi.

— Ýoldaş naçalnik...

Onuň naýynjar keşbine naçalnigiň haýpy geldi. Şeýle-de bolsa, ony sazlygyň içine alyp gelmek islemän, başga bahana agtardy:

— Sen uzak gije ukudan galdyň, ýadadyň...

Çerkez onuň sözüni kesdi:

— Ýok, ýoldaş naçalnik, men ýadamok.

— Çerkez, hanym, sen düşün ahyry: senlik iş indi gutardy.

— Ýok, ýoldaş naçalnik, gutaranok.

— Näme üçin gutaranok?

— Men öz «dostlarym» bilen gündiziň güni, ylaýta-da siziň ýanyňyzda «salamlaşasym» gelýär.

Naçalnik oňa: — Sen olar bilen zastawda «salamlaşmagyň» hem mümkin — diýip, ony galdyrmak isledi. Çerkez göwnemedi. Naçalnik onuň gylygyna, tutanýerliligine haýran galdy. Oňa näçe öwüt-ündew etse-de, ony ynjytman galdyryp biljegine akyly ýetmedi, soldata berýän buýrugyny oňa bermäge bolsa dözmedi. Ol iň soňunda oňa berk tabşyryk berdi:

— Meniň seni öz ýanym bilen alyp gitmäge hakym ýok. Seni ynjydasym hem gelenok. Saňa berk tabşyryk: sen hemişe taýak salym yzda bolmaly.

Çerkez şatlykly ses bilen jogap gaýtardy:

— Hoş, ýoldaş naçalnik!

Şeýle-de bolsa, ony gözden salmazlyk, ony öňe goýbermezlik üçin, naçalnik soldatlardan birine buýruk berdi.

Naçalnik sazlyga girmänkä, köpegi tutduryp, onuň boýun halkasyna bag dakdyrdy-da, uzyn tanapyny atlylardan biriniň elinde saklatdy: öň bir sapar başga bir köpegi boş goýberenlerinde, ol atlylardan kän ozupdy-da, öňdäki bukup ýatanlar ony atyp goýberipdiler.

## Soňky duşuşyk

Ýarty çörek olaryň hiç haýsyna ýok bolmandy: beýleki ýartysyny maňlaýy toýnak tagmaly adam ýolda lakluk atypdy. Olaryň içi eljuk diýýärdi. Üç günden bäri iýmitleri tirýek bolup, olar diňe şonuň bilen mydar edýärdiler. Emma iýmitsiz tirýek hem indi içlerini gyýyp barany üçin, olara gurp bermän, gaýta olary kem-kemden burýardy. Olaryň garynlary gapyrgalaryna ýelmeşip başlapdy. Bir ýerden azyk tapmasalar, olaryň indi artykmaç ýöremäge, hiç ýere gitmäge-de mejallary galmandy.

Hemmesinden ýamany hem, ýumruk ýalyjak Çerkez olaryň ýüregini siňekden beter bulapdy. Çerkez belli-beter hem maňlaýy toýnak tagmaly adamyň gözüniň öňünden gitmeýärdi. Ol gije, olaryň öýünden gaýdanda, yzyna dolanyp-dolanyp garapdy: Çerkeziň gapylaryna çykyp, garap duranyny görende, küýüne

ýok zatlar getiripdi.

«Biz araçäkden, howatyrly ýerlerden sag-aman aşdyk. Biz indi öz maksadymyza ýetdik hasap edipdik... Şol kekene ýaly çaga bize nireden duşdy? Ol ýöne bir çaga-da däl, ýürek bulaýjy bir siňek! Ol, belki, bizi gusdurman hem dynmaz... Onuň gögeýiniňki ýaly wyzzyldysy heniz hem biziň gulagymyza gelip duran ýaly. Ah, nähili bagtsyzlyk!.. Şol mülhit bize duşmadyk bolsa, bizi bu sazlygyň içinde on gün ýatamyzda, kim biljekdi!.. Indi şu gamyşlar hem biziň gözümize adam bolup görünýär. Wah, şol kekenejik ýene bir biziň zlimize düşsedi!..»

Maňlaýy toýnak tagmalynyň şolar ýaly oýlar bilen ýüregi ýandy-da, Çerkeziň külembibisiniň ujy ýalyjak tirýegi ýuwutdy, maňlaýyna eliniň aýasy bilen kakdy: «Ah, sen akmak! Şojagaz çagany sen dagyň içinde näme üçin şujagaz tirýek ýaly edip ýuwutmadyň?..»

Olaryň beýlekileri hem maňlaýy toýnak tagmalydan görelde aldylar. Tirýek olaryň göwnüni bir az göterdi. Tämiz howada gün guşluga galyp, guşlar asudalyk bilen saýraýany üçin, olaryň beýnisini gaplap alan howsala kem-kemden söndi. Olar özlerine tabşyryk beren döwleti gerek maglumatlar bilen kanagatlandyrjaklaryna, abraýlarynyň artjagyna, ýakyn geljekde her haýsynyň bir ýerde han boljaklaryna buýsanyşyp başladylar. Olar töweregi garawullamagy hem unudyp (gür gamşyň içinde garawullyk çekmek mümkin hem däldi) süýji-süýji gürrüňe gyzykdylar...

Neşäniň keýpi mazaly ýetende, guşluk tarapdan olaryň gulagyna şytyrdy eşidildi. Olar keýerjekleşip, diň salanlarynda, şonuň ýaly şytyrdy günbatardan hem eşidildi. Aradan kän salym geçmänkä, sazlygyň içi şytyrdydan doldy. Gamyş gür hem belent bolany üçin, olaryň gözüne hiç bir zat görünmedi. Kim bilýär, sazlyga, belki, sygyr sürüsi girendir... Şeýle-de bolsa, şol şytyrdy olaryň mazasyna sogan dogrady, şol şytyrdyny olar öz töwereklerinden ot berlenden enaýy syzmadylar.

Olaryň janlary bokurdaklaryna geldi.

Olara hatarly ýola baş uranlaryna ökünmäge, biri-biri bilen maslahatlaşmaga-da wagt galmady. Olaryň özara agyzlary hem birikmedi. Ýalyň ýüz oglan abraý bilen tabşyrylmagy teklip etse, seňrikmeni gaçmagy makul bildi. Maňlaýy toýnak tagmalysy bolsa, soňky okuna çenli atyşjagyny mälim etdi.

Olara sözlerini soňlamaga-da maý galmady. Sansyz şytyrdy olaryň edil aýaklarynyň astyndan çykýan ýaly, birdenkä-de depelerinden tokmak bolup inýän ýaly duýuldy, Hatda:

— Ýoldaş naçalnik, meni bagyşlaň! Men indi öňe geçmejegime pionerlerçe söz berýän! — diýen adajyk çaga sesi-de olaryň gulagyna eşidildi.

Maňlaýy toýnak tagmalyny şol ses belli-beterde ysgyndan saldy: ol Çerkeziň sesini tanady. Ol şol gyssag arada: «Wah, şol kekenejik bir gözüme ilsedi, men şony bir öňi bilen gaýdyrsamdym!» diýip ahmyr çekdi.

Onýançа gamşyň arasy bilen görnen yzy soldatly köpek üýrmäge durdy. Maňlaýy toýnak tagmaly adam elindäki sapançasyny köpege bir, soldata bir gezände, gamşyň içi bilen bukulyp gelen Çarynyň tüpeňi atyldy, Ok maňlaýy tagmalynyň elindäki sapançany pytradyp geçdi.

Maňlaýy toýnak tagmaly heniz özüni raslamanka, Çerkez eýýäm onuň gaşynda peýda boldy, atynyň başyny çekip, oňa habar gatdy:

— Salam, ýarganat dost!

Maňlaýy toýnak tagmaly Çerkeze dikarynlap garandan soň, umytsyzlyk bilen seňrigini ýygyrdy:

— Seniň külbikgäňçe ýok bir çagajyk seni suwly äkidip, suwsuz getirse, seniň ýazgydyňy şol çözse, dünýäde ýaşajak bolup azara galmagyň hem manysy ýok!

Onuň bu sözlerinden soň Çerkez üzeňňisine galyp, arkan gaýyşmak bilen, özüni epeý görkezmäge çalyşdy:

— ýok, dost, beýle däl! Sen gaty görme. Meniň topragym, meniň alan terbiýäm şeýle. Sen-ä meniň taýharymdan uly däl. Men senden has ulurak düýäni hem burunlyklap iýdýän ahyry!

Naçalnik atyň üstünde oturan Çerkezi özüne bakan gujaklap aldy-da:

— Berekella, hanym! — diýip ogşady.

## ÇEKIŞMÄN — BEKIŞMEZ

### Tersleşik

Bir tamyň kölegesinde uzak wagtdan bäri byçgy, çekiç sesi eşidilýärdi. Byçgy hyrryldaýardy. Çekiç agaja degip gütleýärdi, käte demre degip şaňkyldaýardy.

Şol ýerde iki sany oglan ussaçylyk edýärdi.

Olar samolýot ýasaýardylar.

Olaryň ikisi hem on ýaşlaryndady.

Onuň biri giň maňlaýly, peşenelije bir oglandy. Onuň ady Tokardy. Beýlekisi bolsa garaýagyzja, jürjenje, ýiti gözlüje, inçemik bir oglandy. Onuň ady Nökerdi.

Tokar bilen Nökeriň ussaçylyk esbaplary örän ýagdaýlydy: ýarty byçgylary, agzy gädik paltalary, jonnuk pyçaklary, ýene bir sapy çykyp duran köne çekiçleri bardy. Olar samolýoty hem konserw gapyrjagyndan, köne ýaşikden goparylyp alnan sargylt fanerden ýasaýardylar. Olaryň gapyrjakdan goparyp alnan posly çüýleri hem bardy.

Gara iş olaryň ellerini garaldypdy. Olaryň burunlarynyň gapdallarynda, ýaňaklarynda gara dyrşaklar görünýärdi. Emma ussaçylyga üns berip, janygyp işleýän oglanlar olary syzmaýardylar. Howanyň salkyn bolmagyna garaman, olaryň ýüzlerinde burçak-burçak der hem görünýärdi.

Ýasalýan zat daş görnüşinden samolýota bir az meňzedi. Tokardyr Nöker ony taýly ellerine aldylar, synladylar, guwandylar, onuň töweregini ýylmamagy bolsa ikinji bir güne galdyrdylar. Häzir oňa propeller goýmakçy boldular.

Tokar aýtdy:

— Propelleri konserw gapyrjagyndan ýasaly.

Nöker oňy razy bolmady:

— Ýok, gapyrjakdan däl, fanerden ýasaly.

— Propeller ýeňil hem mäkäm. bolmaly ahyry. Faner bir-ä agyp bolar, bir-de güýçli ýele çydam bermez.

— Näme üçin çydamaz?

— Ýeliň zarbyndan seniň habaryň ýokmy? Ol agyr daşdan gurlan degirmeni hem aýlaýar ahyry! Samolýotyň ýelginine bolsa, tagta-pagta çydajak gümany barmy?

Nöker ýitije gözlerini üşertdi:

— Propellerini ýel syndyrar ýaly, samolýotymyz çyn samolýot däl ahyry!

— Näme üçin çyn däl?

— Biz oýnawaç ýasaýas ahyry.

— Şeýle-de bir oýnawaç bormy? Ony kagyzdan ederler.

— Eýsem, sen şol samolýotyň bilen uçarsyň-ow?

Tokar elindäki çekijini ýokary galdyryp, çynlakaý

sypata girdi, batly gepledi:

— Beterem ederin! Samolýotyň propellerine ýel düşse, biziňem öýümiziň, siziňem öýüňiziň üstünden wazyrdap ötäýtse, nädersiň!

Nöker elini çarpyp güldi:

— Aý çişewer-ä!

— Eýsem uçurmanmy? Men näme Annagyň ogly dälmi? Meniň agam Moskwa günin barýar ahyry!

— Meniňem agam traktor bilen ýeriň astyny üstüne çöwürýär-dä!

— Bu iki arada traktoryň näme işi bar?

— Ikimiziň oýnumyzyň arasynda çyn samolýotyň näme işi bar?

— Oýnuň soňunyň çyna ýazýanyndan seniň habaryň ýokmy?

Tokaryň sözüne keçje düşünen Nöker onuň bilen boýdaş boldy, oňa bakan petekesini gabartdy:

— Çyna ýazdyraňda, gönenerin öýtseň, ýazdyr!

Tokar oňa çiňerildi:

— Nöker, seniň bolşuň nähili? Akylyň beri ýerindemi!

Nöker ýene çikjerdi:

— Sen nähili bolsaň, men hem şonuň ýaly. Seniň akylyň nirede bolsa, meniňki hem şol ýerde.

Tokar haýran galyjylyk bilen egnini ýygyrdy.

— Nöker, gürrüň näme hakda gidýär?

— Elbetde, seniň kelpeňligiň barasynda.

— Meniň kelpeňligim?!

— Sen näme üçin meniň üstüme çikjerýäsiň?

— Nöker, men seni gorkuzmak islämok, saňa düşündirmek isleýän: samolýotyň propellerini galaýydan goýaly diýýän.

— Men fanerden goýaly diýýän.

Olar uzak wagtlap işläp ýadanlary üçinmi ýa her haýsysy öz pikirini kanun etjek bolany üçinmi, näçe

çekeleşseler-de, maslahatlary bir ýere birikmedi. Tokar öz diýeniniň üstünde durdy, Nöker öz diýeninnň üstünde durdy.

Iň soňunda olaryň sözleri azaşdy.

Tokar çekiji bilen byçgysyny aldy, Nöker paltasy bilen pyçagyny aldy. Tokar samolýotyň göwresine ýapyşdy. Nöker onuň ganatlaryna ýapyşdy. Tokar Nökere:—Goýber! — diýdi. Nöker Tokara: — Goýber! — diýdi. Tokar özüne bakan çekdi. Nöker özüne bakan çekdi.

Iň soňunda samolýot iki bölündi.

Göwresini özi bilen alyp gaýdan Tokar arkan ýykyldy.

Ganatlaryny özi bilen alyp gaýdan Nöker arkan ýykyldy.

Tokar bilen Nöker hasanaklaşyp galdylar.

Tokar öz zatlaryny çöpledi. Nöker öz zatlaryny çöpledi. Olar galaýylaryna, çüýlerine çenli hem paýlaşdylar. Iň soňunda, ýeke çüý üstünde dartyşdylar.

Tokar Nökere gözüniň gyýtagyny aýlap igendi:

— Indikile seniň bilen şärikli iş etmen!

Nöker Tokara çiňerilip, burnuny çekdi:

— Bolşuň şu bolsa, men seniň bilen dostlugymy hem aýraryn.

Şol wagt Tokaryň bir zat ýadyna düşdi, kölegesine seretdi, Nöker bilen tersleşenini hem unudyp:

— Sagat näçe? — diýip sorady.

Nöker oňa jogap bermän, beýlesine aýlandy.

Tokar öýlerine bakan ökje göterdi.

## Men aýyply

Tokar öýlerine gelende, gelnejesi Şeker onuň öňünden çykdy.

Tokara hatda goltugyndaky goş-golaňlaryny ýygnamaga hem maý bolmady. Ol müýnli ýaly ýüzüni aşak saldy. Şeker oňa kinaýa bilen garady:

— Tokar, sen uzyn günläp niräk gitdiň?

Tokar sesini çykarman, burnuny dyrmajak bolanda, elindäki posly çüýler ýere patlaşyp düşdi. Ol çüýleri ýygnamak üçin, duýdansyz eglende, çekiji hem gaçdy, galaýysy hem gaçdy, samolýotyň göwresi hem gaçdy, jonnuk byçgysy hem elinden sypdy. Tokar olaryň haýsy birini ýygnajagyny bilmedi, aljyrady, gelnejesine näme jogap berjegini-de bilmän, burnuny dyrmap durdy.

Şeker sowalyny gaýtalady:

— Ýeri, Tokar, näme jogap bereňok?

Tokar bimamla görnüşde, gümürtik hümürdedi.

Şeker onuň gepine düşünmän, ýene sorady:

— Men-ä hiç bir zat eşidemok. Gatyrak aýtsana!

— Men... Nökerlere gitdim.

— Uzak günläp hem Nökerler bormy?

Tokar ýene jogap bermedi.

— Nökerlerde näme işlediň?

— Samolýot ýasadyk.

Şeker onuň esbpalaryna seretdi, ýylgyrdy. Tokaryň biderek gezmän, ussaçylyk bilen meşgul bolýanyna ol begendi. Onuň şol esbaplar bilen hem oňatja zatlar ýasaýanyny bilýärdi. Şeker onuň ukyplylygyny aňlaýardy. Oňa guwanýardy. Şeýle-de bolsa rugsatsyz gideni, köp egleneni üçin, oňa bir az igendi:

— Näme üçin soraman gitdiň?

— Gelneje, sen öýde ýokdun.

— Näme üçin köp eglendiň?

Tokar ýene öňki jogabyny gaýtalady:

— Samolýot ýasadyk.

— Gelip aýdyp, ondan soňra gitseň bolmaýamy?

— Nöker goýbermedi.

— Sen Nökere gulak asmalymy, maňa?

Tokar gelnejesiniň ýüzüne göni seredip bilmän, ysgynsyz gepledi:

— Men aýyply.

— Sapagyňy taýyn etdiňmi?

Tokar gelnejesiniň käýinjinden näçe howatyr etse-de, ýalan sözlemäge dili barmady:

— Ek.

— Sapagyňa üns bermän, üçlük alsaň, agaň näme diýerkä?

— Men üçlük alman.

— Okamasaň, ikilik hem alarsyň.

— Meniň bäşlik bilen dörtlükden başga baham ýok ahyry!

— Rugsat alman gitseň, öýde tapylmasaň, kitabyň ýüzüni açmasaň, dörde-bäşe nähili agyz urjagyňy, agaňa nähili görünjegiňi, mugallyma nähili jogap berjegiňi men-ä bilýän däldirin.

Tokar öz aýybyna duşündi, dodaklaryny bir az müňküldetdi, aýgytly sypata girdi, ýüzüni galdyrdy, gelnejsine göni seretdi, garyljyk ses bilen jogap berdi:

— Gelneje, bagyşla. Indikile beýle etmen.

Şeker Tokaryň boýnundan gujaklady, kellesini sypalady:

— Tokar jan, seniň gaty gowy häsiýetiň bar: sen...

Tokar gelnejesiniň sözüni kesdi, onuň ýüzüne çiňerildi:

— Gelneje, a gelneje! Baý Aňkaryň ýalan sözläýşini. Onuň aýdýan sözüne kesesinden ýüzüň çydar ýaly däl. Ol ýakymsyz oglanlar bilen gezýä, sütüni süýnüp öýlerine gelýä. Ejesi ondan:

— Nireden geldiň? — diýip soranda: — Mekdepden — diýýä.

— Şonuň üçin hem ol bir klasda iki ýyllap otyr-da.

— Gelneje diýýänä, asyl onuň süýt ak, suw gara diýenine ynanar ýaly däl. Ol mugallymy hem aldaýar. Biz Nöker ikimiz onuň bilen oýnamzok. Ony öz işimize şärik hem edemzok.

Tokar Nökeri agzanda, şärikli işini ýadyna salanda, kürtdürip durdy. Şekeriň onuň şol ýagdaýyndan habary bolman, öz sözüni dowam etdi:

— Men, janym, seniň oýnanyňa garşy däl. Ussaçylyk edeniňe, gaýta, begenýän. Men agaňa aýdaryn. Ol saňa gerek ýaraglary hem alyp berer. Ýöne weli, Tokar jan, öňürti sapagyňy taýynlamaly, mugallymyň öňünde ýüzüň gyzmaz ýaly, oňa türgenlemeli. Gezmäni, ussaçylygy bolsa, ondan soňa goýmaly.

— Bolýa, gelneje, indikile mekdepden gelen badyma dem-dynjymy alaryn-da, sapagyma ýapyşaryn. Samolýoty bolsa ondan soň ýasaryn.

Şeker onuň ýere gaçan goşlaryna göz gezdirenden soň:

— Hany ýasan samolýotyň? — diýip sorady.

— Tokar ýüzüni aşak saldy, ynjyly ses bilen hümürdedi:

— Propellerini goýjak bolamyzda, Nöker bilen oňuşmadyk.

— Wiý, samolýotyň pürli peli bolýamy?

— ýok, pür däl, pelem däl. Propeller!

— Pirli peller?

— W-ýok! Gelnje, samolýotyň öňünde pyrlanýan bir zat bar dälmi näme şoňa propeller diýýärler.

Şeker oňa oňly düşünmän:

— Eri ondan soň? — diýip sorady.

Tokar eglip, samolýotyň göwresini galdyrdy, ýüzüni aşak saldy:

— Onsoň... çekeleşdik.

— Nämäni? Samolýotymy?

— Hawa... Ol ganatyny alyp aýryldy, maňa-da göwresi galdy.

— Uzak günläp samolýot ýasyşyňyzam şol boldumy?

— Nöker meniň diýenimi etmedi.

— Sen onuň diýenini etdiňmi?

— ...Ýok.

— Tokar jan, iki dost tersleşse, aýyp bolar. Ol seniň diýeniňi etmese, sen onuň diýenini edäýmezlermi?

Tokar sesini çykarmady.

Şeker Tokaryň ellerine, ýüzüne seretdi:

— Tokar jan, elleriňden elli güjük, ýüzüňden ýüz güjük doýjak... Başga adam görmänkä, bardajyk, derrew ýuwnaweri!

Tokar şakyr-şukurlaryny göterdi-de ylgady.

## Ne Tokar habar gatdy, ne-de Nöker

Nöker Tokar bilen tersleşenden soň, rahatlanyp bilmedi, Ol özüniň näme ýetmeziniň baryna hem düşünmedi: bir hili bir zady kem ýaly, bir ýeri agyrýan ýaly, birinden ynjan ýaly, birine borçly ýaly duýdy. Ejesi bilen sözleşende-de, onuň hemişekiligi bolmady. Işdäsiniň hem, iýşiniň-içişiniň hem weji bolmady.

Ejesi onuň näme ýetmeziniň baryny bilmek isledi:

— Guzym, näme kemisligiň bar?

Nöker ejesine näme jogap berjegini bilmedi. Ol dodaklaryny kemşertdi, «Tokar bilen tersleşdim» diýmäge dili barmady. Aslynda, Tokar bilen tersleşigine gynanýanyna hem, ýa oňa belli-beter gaharynyň gelýänine hem düşünmedi. Ejesi ikinji gezek sorandan soň, ysgynsyz jogap berdi:

— Hiç zat.

Nöker gije-de arkaýyn ýatyp bilmedi. Birdenkä ol Tokar bilen ýumruklaşdy, birden hem Tokara «Günämi öt» diýip ýalbardy.

Tokar bilen Nöker ertesi gün mekdepde, arakesme wagtynda miýesser geldiler. Olaryň ikisiniň hem ýüzüne şatlyk alamaty aýlandy, ikisi hem biri-birine topuldy: ol ikisi «Salam, dost!» diýşip, gadyrly görşerli göründi. Ikisi iki ýerden şoňa meýil hem etdi. Emma birdenkä ikisiniň hem göreji üýtgedi: göýä ikisi biri-birini görmedik ýaly, ikisi ikiýanlaýyn aýrylyşyp gitdi.

Olaryň ikisi hem sapak wagtynda öz eden işine ökündi: indiki arakesmede hökman sözleşeris diýen netijä geldi.

Ikinji arakesmede şol öňki görnüş ýene gaýtalandy.

Tokar öz ýanyndan: «Nöker meniň ýanyma gelmese, men näme üçin onuň ýanyna baraýyn» diýip, temejigini ýokary tutdy.

Nöker öz ýanyndan: «Tokar meniň ýanyma gelmese, men näme üçin onuň ýanyna baraýyn» diýip, temejigini ýokary tutdy.

Dostlar mekdepde sözleşmediler hem, salamlaşmadylar hem.

Nöker öýlerine gelenden soň, aýratyn hem ynjalykdan aýryldy. Onuň Tokar bilen sözleşmänine indi gije-gündiz dolup barýar. Tokar bilen hem arany üzse, ol indi kim bilen dostlaşsyn?

Kim onuň bilen samolýot ýasasyn?..

Nöker az-maz tamşandy-da, howla çykdy. Ol Tokarlar bilen aradaky pessejik haýata baryp ýaplandy, oňa dyrmaşdy, aýagy taýyp ýykyldy; ýaňadandan ýene dyrmaşdy, haýatyň üstünden boýnuny uzadyp seretdi—Tokara gözi ilmedi.

Nökeriň ýüregi awady, bogazy doldy, ýuwdundy: bagryny haýata berip durjagyny ýa yzyna dolanjagyny hem bilmedi. Ol iň soňy ýüregine daş baglady — boýnuny uzadyp, pessaý ses bilen gygyrdy:

— Tokar! Aý Tokar!

Tokaryň özi hem görünmedi, Tokar oňa ses hem bermedi.

Nökeriň jürjenje ýüzi birdenkä gamaşdy: «Aý, maňa näme? Ol mensiz oňsa, menem onsuz oňaryn!» diýen oý bilen özüni haýatdan aşak goýberdi, öýlerine bakan ýüzlendi.

Tokaryň haly hem Nökeriňkiden enaýy däldi. Şeker ozal oňa käýinipdi. Ol hem gije ýatyp bilmändi.

Mekdepden gelip, bir az tamşanandan soň, ol hem howla çykdy. Ol hem Nökerler bilen aradaky pessejik haýata baryp ýaplandy, dyrmaşdy, taýdy, ýaňadandan ýene dyrmaşdy; haýatyň üstünde gulaklaryny üşerdip seretdi — Nökere gözi ilmedi.

Tokar haýata bagryny berip durjagyny, yzyna dolanjagyny bilmedi. Ol iň soňunda ýüregine daş baglady—boýnuny uzadyp, pessaý ses bilen gygyrdy:

— Nöker! Aý Nöker!

Nökeriň özi hem görünmedi. Nöker oňa jogap hem bermedi.

Tokar aýgytly netijä geldi:

— Nöker meniň üstüme gelmese, men onuň üstüne bararyn. Goý, şonuň üçin meniň niräm kemelýän bolsa, kemelsin!

Tokar Nökerlere bardy. Nökeri öýlerinde tapmady. Onuň ejesinden sorady:

— Hany, Nöker nirede?

— Ol-a size gitdi.

Ýüregini bire düwüp, şol wagt Tokarlara baran Nöker Şekerden sorady:

— Hany, Tokar nirede?

— Ol-a size bakan gitdi.

Nöker öýlerine baranda, Tokary görmedi, ejesinden sorady:

— Hany, Tokar gelmedimi?

— Ol-a seni gözläp, öz öýlerine bakan gitdi.

Tokar şol wagt öýlerine baranda, Nökeri görmedi gelnejesinden sorady:

— Gelneje, Nöker gelmedimi?

— Nöker seni gözläp, öz öýlerine bakan gitdi.

— Nöker köçe bilen aýlanyp, Tokarlara bakan gitdi. Tokar haýatyň üstünden aşyp, Nökerlere bakan bardy. Olar ýene biri-birlerine duşmadylar.

Ýaňadan Tokar köçeden aýlandy, Nöker haýatdan aşdy. Duşuşmadylar.

Tokar haýatdan aşdy. Nöker köçeden aýlandy...

Olar iň soňunda köçede duşuşdylar.

Nöker ýüzüni sowup, Tokaryň duşundan geçdi.

Tokar ýüzüni sowup, Nökeriň duşundan geçdi.

Tokara gözi düşende, Nöker hyrra beýlesine öwrüldi.

Nökere gözi düşende, Tokar hyrra beýlesine öwrüldi.
Nöker yzyna gaňrylyp seretdi, Tokar yzyna gaňrylyp seretdi.
Ne Tokar eýläk gitdi, ne Nöker beýläk gitdi.
Ne Tokar habar gatdy, ne Nöker habar gatdy.
Agajyň aňyrsyna aýlanyp, Nöker hem Tokardan gözüniň gytagyny aýyrmady, agajyň bärsinde galan Tokar hem Nökerden gözüniň gytagyny aýyrmady.
Nöker hem agajyň gabygyny dyrmap, duran ýerinde durdy. Tokar hem agajyň gabygyny dyrmap, duran ýerinde durdy.
Şol wagt bir ýerden peýda bolan Aňkar Nökeriň üstüne süründi, ony äsgermezlik etdi.
Tokar oňa görünmän, agajyň syrtynda gizlenip durdy.
Ýüzi ýasy hüýtgara Aňkar yrsarady:
— Ýero-ow, jürjenjik, näme beýle çikjeren bolýaň?
— Aý, Aňkar, buz üstünde tozan aramasana!
— Men senden näme üçin çikjerýäniňi soraýan!
Nöker ony başyndan sowmak isledi:
— Aňkar, ikimiziň şärikli zadymyz ýok ahyry!
— Näme üçin ýok? Bu köçeden ýöremäge meniň näme hakym ýokmy?
Aňkardan heder eden Nöker bir az ýöwselledi:
— Aňkar, halypa, sen öz ýoluňa, men öz ýoluma.
— Hymm... Senjagazyňam bir ýoluň-ýodaň bormy!.. Sen Tokar ýanyňdaka bir adamsyň. Baýaky gülşeniňizi men näme unudandyr öýdýämiň?
Aňkar Nökeriň çowluja burnuna pitikledi.
Burny gyzan Nöker hakykatdan hem çikjerdi, agajyň aňyrsyna göz aýlady: Tokara gözi düşmese-de, onuň şol ýerde baryny aňlady. Aňkara dazaryldy:
— Aňkar, sen zat ýok ýerden şer arama. Çek eliňi!
Aňkar onuň üstüne abandy:
— Sen jürjeňjik, kime sögýäň?
— Men-ä hiç kime-de sögemok. Sögenem halamok.
— Onda näme çikjerýäsiň?..
Şol wagtda peýda bolan Tokara gözi düşen Aňkar ökje göterdi.
Tokar onuň yzyndan gygyrdy:
— Aňkar, dur entek!
Aňkar yzyny köwlemän, köçäniň burçundan aňryk aýlandy.
Tokaryň keşbinde gazap ýokdy, Nöker bilen tersleşigine gynanany üçin, Aňkara-da dostlarça nesihat bermegi ýüregine düwüpdi. Emma Aňkar ony aňlamady. Tokar ýüzüni aşak salyp, böwrüni diňländen soň, içindäkini daşyna çykardy:
— Ol bizem özüne osdy. Ol özi hemişe urşup ýöreni üçin, bizem ony urarys öýdüp gorkdy. Men gaýta, ony özüme golaýlatmak isläpdim...
Iki dost biri-birine çiňerildi.
Nöker oňa bakan: — Salam! — diýip, elini uzatdy.
Tokar oňa bakan: — Salam! — diýip, elini uzatdy.
Iki dost görüşdi.

## Aňkar akylyna aýlandy

Tokar bilen Nöker içleriniň poslaryny döküşdiler.
Tokar ilki bada Nökere: — Senden boldy—diýdi.
Nöker ilki bada Tokara: — Senden boldy — diýdi.
Soňra Tokar hem öz aýybyny boýun aldy, Nöker hem öz aýybyny boýun aldy.
Tokar Nökere aýtdy:
— Mundan soň tersleşmäli.
Nöker Tokara aýtdy:
— Mundan soň tersleşmäli.
Olar ýaňadandan samolýot ýasamaga durdular.
Ýene samolýotyň daşky görnüşi taýyn boldy.
Propeller goýmaga gezek gelende, olar biri-birine çiňerilişdiler. Emma olaryň bu saparky garaşlary gaharly bolman, şatlyklydy.
Tokar aýtdy:
— Propelleri nämeden goýarys?
Nöker aýtdy:
— Propelleri nämeden goýarys?
Tokar: — Fanerden goýsak näderkä? — diýdi.
Nöker: — Galaýydan goýsak näderkä? — diýdi.
Olar iň soňundan ýene bir samolýot ýasap, birine galaýydan, birine fanerden propeller goýmak kararyna geldiler.
Samolýotlar taýyn boldy. Olar şol samolýotlary tapan reňkleri bilen kem-käs reňklediler. Olaryň möçberi kiçiräk hem bolsa, siňe syn edeňde, bir az tagaşyksyzrak hem bolsa, ýönekeý garaňda, çyn samolýota çalym etdi.
Olar howlynyň içinde samolýotlary eýläk-beýläk uçuryp gördüler. Howly olara darlyk etdi. Samolýotlara bat almaga maý bolmady.
Olar bir ýany beklenen, gatnawy kesilen giň köçä çykdylar. Azajyk şemal öwüsginli howada olaryň samolýotlary arkan-ýüzün gaýyşdy.
Tokaryň samolýoty bişen kerpije degip, propelleri ýemşerdi.
Nöker özüni bilimdar saýdy:
— Hä-ä, men aýtmadymmy?
Tokar oňa garap ýylgyrdy:
— Meniňki ýemşerdi. Seniňki şunuň ýaly gaty ýere delse, ýemşermezdi-de döwlerdi. Meniňkini häziriň özünde düzetmek bolar. Seniňki şunuň ýagdaýyna düşse, propellerini täzeden toýmaly bolar.
Tokar propelleriň ýemşeren ýerini dyzyna salyp gaňyrdy, kerpiç üstüne goýup, daş bilen tyrkyldatdy. Propeller öňki hetdine golaýlady.
Olar öz işleri bilen şeýle gyzyganlary üçin, töwerekden gelen-geçenleri, özlerine syn edýänleri-de görmediler.
Birden Aňkar olaryň üstünden geldi. Ol bir az gizlenjiräp, olaryň samolýotyna, gyzygyp oýnaýan oýunlaryna höwes bilen seretdi. Birdenkä samolýotyna bakan ylgap barýan Tokaryň oňa gözi düşdi. Aňkar ökje göterjek boldy. Emma Tokaryň özüne üns bermänini görenden soň, ýene aýak çekdi, ýene synlady: Tokaryň samolýoty parlap uçýar. Nökeriň samolýoty parlap uçýar. Olaryň propelleri hem bar, ganatlary hem bar, hatda ganatlarynyň aşagynda tigirleri hem bar. Edýän işinden Tokaryň hem wagty hoş,

Nökeriň hem wagty hoş. Tokaryň hem hiç bir zatdan kemi ýok, Nökeriň hem hiç bir zatdan kemi ýok. Tokar bilen Nökeriň ünsi hem bir, meýli hem bir. Tokar Nökere guwanýar, Nöker Tokara guwanýar. Aslynda olaryň ikisi bir almany iki ýaran ýaly. Asyl olaryň samolýotlary hem bir reňkdeş, bir boýdaş guş ýaly...

Olar gör nähili bagtly oglanlar!

Tokar bilen Nökeriň bolşy Aňkary aňkartdy.

Aňkaryň olardan gaçasy gelmedi. Aňkaryň olara golaýlasy geldi.

Aňkar olara bakan ädim urdy — Tokar üns bermedi.

Aňkar olara bakan ädim urdy — Nöker üns bermedi.

Aňkar nätjegini bilmän, aňkarylyp galdy.

Tokar bilen Nöker iň soňunda Aňkaryň ýanynda daýandylar.

Aňkar ýene böwrüni diňirgedi, gaçmaga meýil etdi. Emma Tokar bilen Nökeriň özüne ýylgyryp seredýänlerini görenden soň, olardan çekinmedi.

Tokaryň hem onuň bilen sözleşesi geldi.

Nökeriň hem onuň bilen sözleşesi geldi.

Aňkar olara geňirgenip seretdi.

— Samolýotlar kimiňki?

Tokar öz samolýotyny görkezdi.

— Meniňki.

Nöker öz samolýotyny görkezdi.

— Meniňki.

— Olary nireden aldyňyz?

Tokar aýtdy: — Özümiz ýasadyk.

Olar ýene uçurmaklaryny dowam etdiler.

Nöker aýtdy; — Özümiz ýasadyk.

— Aý hawa-la...

Tokar aýtdy: — Ynanaňokmy?

Nöker aýtdy: — Ynanaňokmy?

Aňkar samolýotlaryň ganatlaryny, propellerini barlap gördi.

Tokar bilen Nöker ony synladylar.

Onuň ýalaňaç aýagy çorlapdyr. Köýneginde, ellerinde, ýüzünde mazut ýoky bar. Gara saçlary bulaşypdyr, kirläpdir. Nöker oňa garanda, seňrigini ýygyrjak ýaly etdi, emma köne dostuna haýpy geleni üçin, gynanç bilen seretdi.

Tokar ondan sorady:

— Aňkar, nireden gelýärsiň?

Aňkar jogap berende sakanaklady:

— Ho-ol.,, ho-ol...

Nöker oňa ýitije gözlerini üşertdn:

— Aňkar, eşitmedim diýme, ýalan sözleseň — köne dostlugy gaýtalap bilmersmň.

Aňkar bir az oýlanaňdan soň, dogrusyndan geldi.

— Oýnamaga gidipdim.

— Kim bilen?

Aňkara jogap bermek kyn duýuldy. Emma Tokaryň soragly gözlerine garandan soň, ýene dogrusyndan geldi:

— Lallyk bilen aşyk oýnajakdym.

Tokar ýaňsa aldy:

— Nämeden oýnadyňyz?

— Biz... biz... pully oýnamzok ahyry.

— Dogrujaňy aýt, näçe utduň?
— Men... men-ä... hiç zadam utamok.
— Onda... men heniz hem köne Aňkar diý, gutar-da!
— Meniň diňe on manadym bar... Olam özümiňki. Onuň çermegindäki ýumra gözi düşen Tokar oňa ýylgyryp seretdi.
— E-ýok, Aňkar, dogry del. Hany, ol çermegindäkileri çykar, göreli.
Aňkar gyzardy, towlandy, «wah, wahe-eý» diýip, böwrüni tutdy, ýeserlik edip, on manat çykarmakçy boldy... Birden onuň çermegindäki düýrlengi zat topbagy bilen ýere gaçdy.
Nöker ony ýerden galdyrdy, daşynyň esgisini aýyrdy, on manatlyklary sananda, olar ýedi sany boldy.
— Ýeri, Aňkar, bu pullary nireden aldyň?
— Men... men... walla-da ogurlamok.
— Eýsem, kimden utduň?
— Biz... biz bu gün oýnamadyk ahyry!
— Onda bu pullar näme?
Aňkar aljyrady, näme jogap berjegine onuň özi hem düşünmedi, sakanaklap samrady.
— Men-ä... men-ä... pulumyň baryny özümem bilemok. Muny... muny biri meniň çermegime bilgeşländen salan bolaýmasyn!
Tokar hem güldi, Nöker hem güldi.
Tokar oňa çynlakaý garady.
— Gardaş, seniň ol ýoldaşlaryň seniň çermegiňe... aşyk salarlar, büre salarlar, emma pul salmazlar. Gaýta, sende pul baryny bilseler, seni aldap alarlar, aldap bilmeseler, zorlap alarlar... Sen iň ýagşysy, dogrujaňdan geläý. Biz saňa zat etjek däl.
Aňkar sesini çykarman, ýeňsesini gaşady.
Tokar bilen Nöker bir-birine garady.
Tokar aýtdy:
— Nöker, Aňkaryň ýoldaşynyň kimdigini eşitdiň. Käri hem ynha şeýle... Bu pullary ol, belki, birini aldap ýa birini uwultyradyp alandyr. Munuň indi sözüne-de ynam eder ýaly däl. Okuwçy adyna-da ysnat getirýär. Elbetde, haýp! Şeýle-de bolsa, biz mundan çekilmeli. Bolmasa ol bir ýerde, belki, bizi hem masgara eder.
Nökeriň şaňňyja sesi aýgytly çykdy:
— Ýogsa-da, biz munuň bilen özümizi deňläp bilmeris!
Aňkar bir gezek Tokara seretdi, bir gezek Nökere seretdi, bir gezek özüni synlady, ýüzüni aşak saldy, oýlandy:
«Bulara seret, meniň sypatyma seret. Elbetde, men akmak. Men bulardan gaçdym. Bular bilen dostlugymy, ýoldaşlygymy dowam eden bolsam, menem şular ýaly bolardym. Bularyň menden ýüz öwürmäge, elbetde, haklary bar... Hemmesinden hem ýamany, indi pul meselesiniň hem üsti açylar...»
Aňkaryň dodaklary kemşerdi. Onuň sypatynda gaýgy, hasrat alamaty göründi. Hatda iň soňky netijesini mälim edende, sesi hem garyljyk çykdy:
— Şundan soň ogurlyk etsem, ýüzüme tüýküriň. Nöker oňa gyjalat berdi:
— Aý, bolşuň şu bolsa, senden oňlulyk çykasy ýok-la!
— Meni indi pully oýnalýan aşygyň ýanynda görseňiz, ýüzüme bäş barmak gara basaýyň.

— Bolgusyz şerte, ýalan gepe ynanyp bolarmykan?
— Men indi ýalan sözlesem, namart boldugym.

Nöker Tokara seretdi. Tokar Nökere seretdi. Olar göreçleri bilen gepleşdiler — muny bir gezek synap göreli diýişdiler.

Tokar aýtdy:
— Aňkar, wadaňda tapylmasaň, biz seniň ýüzüňi görmeris!

Nöker aýtdy:
— Aňkar, lebziňi ýuwutsaň, biz seni unutmaly bolarys.

Tokar ýene gaýtalady:
— Şundan soň, pully aşyk oýnarmyň?

Aňkar «oýnaman» diýip şert etdi.

Tokar oňa dostlarça garady. Nöker oňa dostlarça garady.

Ankaryň dünýäsi bir az giňeldi. Ol pula meýil etdi, hatda oňa bakan elini uzatdy.

Tokar oňa anyk jogap berdi:
— Gardaş, puly entek saňa berip bilmeris. Belki, ony sen ýene-de baryp utdurarsyň. Aslynda, biz entek onuň takygyna ýetmeli ahyry. Puluň kimiňkidigini bilmeli. Biz ony sowmarys. Eger-de pul özüňki bolsa, biz ony hökman ýa özüňe, ýa-da ejene bereris.

Aňkar öýlerine bakan ýüzlenende, aýaklary ädilmedi.

## Kim ogry şärigi

Tokar bilen Nöker tirkeşip öýlerine baranlarynda, Şekeriň ýanynda Ankaryň ejesi Çeper otyrdy. Çeper janygyp Şekere gürrüň berýärdi. Onuň gaýgyly ýüzünde ynjy alamaty bardy. Ol Tokara ýalta seretdi, onuň salamyny almagy hem unutdy, ondan sowal sorady.

— Tokar jan, Aňkary görmediňmi?
— Gördüm.
— Nirede gördüň?
— Biz onuň bilen ýaňyja aýrylyşdyk.

Çeper ondan soňraky sorajak zadyny ýa Tokardan, ýa Nökerden çekinýän ýaly ikirjiňledi, ýaltaklady.

Şeker onuň şol ýagdaýyna düşündi, göwünlik berdi.
— A gyz, Çeper, sen näme sorasyň gelse, soraber. Tokar jan ýalan sözlemäni bilýän däldir.

Çeper şondan soň, soragyna başlady.
— Tokar jan, siz onuň bilen oýnadyňyzmy?
— Ýok.
— Onuň kim bilen oýnaýanyny bilýämisiňiz?
— Bir oglanyň adyn-a tutdy weli, biz ony tanamzok.
— Siz Aňkar bilen haçan duşuşdyňyz?
— Ýaňyja.
— Ol niräk gitdi?
— Biz ony öýüňize bakan ugratdyk.
— Wah, ol wagty bilen öýe barasy ýok-la.
— Şu sapar baraýsa gerek.
— Wah, janym, ol näme dogrusyny aýdýamy!
— Indi aýdaýsa gerek.

Çeperiň süňňi bir zat syzan ýaly, Tokara bakan gobsundy.

— Tokar jan, ol nämäni aýdar?
— Dogrusyny.
— Wah, janym, ol zatdan gorkýan bagty garamy näme?
— Bary bir gorkuzmak däl ahyry!
— Oňa başga nähili çäre edip boljagyna meniň-ä akylym ýetýän däldir. Ol meniň edil ädimi ýakdy.
— Nätdi?
Çeper Tokar bilen Nökerden gözüni üýtgedip, öz-özünden zeýrenip başlady.
— Wah, nädersiň... soňky wagtda onuň elem egrelip başlapdyr. El ýüzünde galdyran bäş-üç manadym birsyhly ýogalyp gelýär. Emma weli, bu saparkysy has önjeýli boldy, önjeýli!.. Onuň özüne geýimlik alaýyn diýip jemläp ýördüm... Bilmedim nähili boldy, jiriň-miriň bolaýdy.
Tokar Çeperden sorady:
— Çeper eje, kim jiriň-miriň boldy? Aňkarmy?
— Wah, Aňkar owarram-la! Onuň başga gitjek ýeri
barmy, irmi-giç, ýene gaýdyp geler-le! Meniň barja maýam elden gitdi, maýam!
Nöker onuň sözüni geňirgedi:
— Maýam?! Çeper eje, siziň düýäňiz, maýaňyz ýok ahyry.
— Wa-aý, jaý jigi, ker bir ýaňa, kör bir ýaňa etmesene!
Şeker olaryň gürrüňine ýylgyrdy-da düşündirdi:
— Çeper ejäň puly ýitipdir puly.
Tokar Çepere ýalta seretdi:
— Puly?.. Känmidi, Çeper eje?
Nöker Çepere ýalta seretdi:
— Puly?.. Känmidi, Çeper eje?
Çeper barmaklary bilen sanady:
— Edi sany onluk — ýetmiş manat.
Tokar Nökere seretdi. Nöker Tokara seretdi. Tokar aýtdy:
— Nöker, çykar!
Nöker ýedi sany düýrlengi onlugy çykardy.
Çeper ol pullary garbap aldy, Tokar bilen Nökere çiňerildi:
— Hiýh!... Sizem ogry şärigimidiňiz?
Tokar Çepere çiňerildi:
— Kim ogry şärigi?
Nöker Çepere çiňerildi:
— Kim ogry şärigi?
Çeperin müňkürligi Şekere-de ýaramady. Ol Tokar bilen Nökeriň tarapyny çaldy:
— A gyz, Çeper, aýtjak sözüňi bilip aýdaweri! Tokar jan henize çenli kişiniň ýekeje kişdesini hem gozgan däldir Nöker jan hem Tokaryň taýydyr. Sen bulary öz ogluňa osmagyn!
Tokar hamsygjak boldy. Nöker hamsygjak boldy.
Çeper böwrüni diňledi. Şeker sözüni dowam etdi:
— Tokar jan, indikile munuň ýaly garamatly zatlara baş urmaň. Hany nähili bolan bolsa, sen bolşy ýaly gürrüň ber.
Tokar gürrüň berdi. Nöker tassyklady.
Çeper Tokary gujaklady, Nökeri gujaklady. Tokar bilen Nökeri gezegine ogşady. Soňra «Aňkary hem özüňize goşuň, her ediň-hesip ediň, ony özüňize meňzediň» diýip, Tokar bilen Nökere ýalbardy.

Gaýgyly gelen Çeper Şeker iň öýünden şatlykly gaýtdy

## Günäkär göreçler

Çeper baranda, Aňkar bir hili aýyply ýaly müýnürgäp otyrdy, barmagy bilen ýer dyrmaýardy. Çeper hemişekiliginde bolsa, ondaky üýtgeşikligi derrew syzardy, oňa haýran galardy, belki, oňa rehimi inip, onuň ýüzünden-gözünden ogşardy. Emma Çeperiň özi häzir gazaply geleni üçin, Aňkaryň ýagdaýyny duýmady, birden ýüregine düwüp barşyna görä, oňa gaharly seretdi.

Aňkaryň hemişekiligi bolsa, ejesini şeýle sypatda görenden, turup ýazardy; gapynyň agzyny aldyrsa, içerde sap atardy; ejesine el bermezdi; jykyrdap gülerdi; ony öňküden beter gaharlandyrardy, gygyrdardy; şoňa-da keýp ederdi.

Aňkar bu sapar oturan ýerinden butnamady, ejesiniň keşbini görenden, onuň gaharly gelenini aňlap, oňa ýalbarmaga durdy:

— Eje jan!

Çeperiň göreji Aňkaryň gözüne düşdi, onda adatdakydan üýtgeşik bir ýagdaý baryny diňe şonda duýdy. Onuň möleren gözleri gorky bilen balkyldaýar. Şol balkyldaýan gözlerde bir bimamlalyk, şol göreçlerde hakyky ýalbaryjylyk, şol bäbeneklerde bir ökünç görünýär. Aňkaryň hatda dodaklary kemşerýär: onuň şol bolşy onda hiç wagtda bolmaýan bir ýagdaýdy.

Çeperiň gazaby näçe zor bolsa-da, şol görnüş ony gowşatdy.

Çeper Aňkary urup hem bilmedi, oňa gargap hem bilmedi, diňe içki gazabyny göz ýaşy bilen daşyna çykardy.

Ejesini şeýle ýagdaýda gören Aňkar oňa mähribanlyk bilen ýapyşdy, ýalyndy, ýalbardy:

— Eje jan... eje jan, mundan soň etmäýin! Indikile senden idinsiz bir zada elimi uranymy görseň, ur-da öldüräý!

Gazaby bir az ýatyşan Çeper onuň bulaşyk başyny bir az sypaşdyryp başlady. Aňkar şondan soň, gara çyny bilen horkuldap aglady.

Çeper Aňkara gyjyt üstüne gyjyt berdi:

— Ilde-de çaga kän weli, heý, saňa meňzeşi barmy? Sen hemişe meniň ýüzümi aşak saldyrýarsyň. Sen uruşýaň. Deňduşlaryňa özüňi ýigrendirýäň. Bir klasda iki ýyl galýaň. Iň soňunda-da... ogrulyga ýüz urduň... Meniň ýüregim, näme, daşdandyr öýdýämiň? Seniň şu bolşuňa meniň ýüregim awamaýandyr öýdýämiň?.. Üstüňe-başyňa bir seret: şu bolşuň öz göwnüňe bir jaýmy? Şu hüý-häsiýetiň bilen, heý, seniň ýüzüňden sypar ýalymy? Seniň ýaly bir oglany keseki ýerde görsem. seňrigimi ýygryp geçerdim. Ýene-de bolsa bolanok, enelik mähri oňa ýol berenok. Bilmedim, pälimden boldumy, bagtymdan boldumy, geň görenim alnyma geldi... Sen meniň göz ýaşymy haçana çenli akdyrjak?!

Çeper ýüreginiň awusyna çydap bilmän, ýene göz ýaş etdi.

Aňkar oňa gara çyny bilen ýalbardy, şert etdi.

Çeper Aňkaryň sesinde-de bir naýynjarlyk, adatdakydan üýtgeşik bir sadalyk, wepalylyk eşitdi. Ony synap görmekçi boldy:

— Sen indi kim bilen oýnarsyň?

— Hiç kim bilen.

— O näme-üçin?
— Men... öýde oturaryn, okaryn.
— Okanyň örän gowy. Ýöne weli, käte oýnap, käte dynç alyp okasaň, zehiniň has hem durlanar, sapagyňy gowy bişirsiň.
— Men... kim bilen oýnaýyn?
— Hany öňki dostlaryň: Tokar, Nöker...
— Men... olary ynjytdym ahyry...
— Olar seniň ýaly sammyk däldirler. Sen barsaň, olar seni şatlyk bilen özlerine goşarlar, saňa köp zat öwrederler, seniň ýetmez ýeriňi düzederler. Olar saňa samolýot ýasamasynam öwretjekler, gerek bolsa, özleriniňkini hem berjekler.

Aňkar ejesine ýapyşdy:
— Eje jan, çynyňmy?
— Näme, ejeňem özüň ýaly ýalançydyr öýdýämiň?

Aňkar ýüzüni aşak saldy, bimamla ses bilen hümürdedi:
— Men indi ýalan sözlemen.
— Käşki akylyňa aýlanaýadyň!

## Bu kim?

Mekdep oglanlary bu gün üýtgeşik bir ýagdaý gördüler.

Olar Aňkary tanamajak boldular.

Bu gün onuň geýimi-gejimi päkize, bili kemerli, başy bolsa daralan. Onuň garaşynda, bolşunda-da bir üýtgeşiklik bar. Ol bir hili goýazy ýaly, akylyna aýlanan adam ýaly görünýär. Ol bu gün hiç kime degmeýär, hiç kimiň telpegini pyzmaýar, hiç kimi dürtüp gaçmaýar, hemişekisi ýaly, gykylyk-gopguna sebäp bolmaýar. Oňa bir seretseň, müýnli ýaly ýüzüni aşak salýar. Ikinji gezek garaňda — ýüzüni ýokary tutup, bir hili gopbamlanýar. Oňa kem-käs degýänlere-de ol üns berenok, juda hetden aşýanlara bolsa:
— Eliňi çek! — diýip, gözlerini alardýar.

Oglanlaryň arasynda Aňkaryň özi ýaly bimazalary, degişgenleri ýok däl ahyr. Arakesme wagtynda şolar ýaly oglanlar oňa degdiler:
— Bä-ä, bu kim-aýt?
— Ýüzi-göz-ä Aňkara çalym edýän ýaly.
— E-ýok-la!.. Munda Aňkaryň häsiýeti ýok ahyry!
— A-ha-ow, gözlerini alardyş-a şoňa meňzemänem duranok.
— Şu wagt ýumrugyny düwüp topulaýsa, edil Aňkaryň özi bolaý-sa gerek?

Oglanlar bu gürrüňlere gülüşdiler.

Aňkaryň özi hem ýylgyrdy.

Ol oglanlar ýene dowam etdiler:
— Aňkar kim — beýle salyhatlylyk kim?
— A-ha-ow, bu ýöne onuň kölegesi bolaýmasyn!
— Diýseňizem, bir ýerde Aňkar bar bolsa — şu şoldur!
— Aňkar bolan ýerde, guduzlyk bolmazmy?

Soňky sözler Aňkaryň degnasyna degdi. Ol ýumrugyny düwüp, birine topulanyny hem duýman galdy.

Aňkara meçew berýän, Aňkaryň gaharyny getirmäge çalyşýan bimaza oglanlar gygyryşdylar:

— Hä-ä, indi bolduň Aňkar!

— Temegine seret! Ol ýene bir Aňkar hem däl haw, şuňkar!

Aňkaryň birdenkä ejesine, Tokar bilen Nökere beren wadalary ýadyna düşüp, sakga daýandy, ýüzüni aşak saldy. Onuň keşbinde gynanç ýaly, ökünç ýaly bir zat göründi.

Şol görnüş oglanlara-da täsir etdi. Olar oňa ondan soň degmediler. Olar onuň halyny gaýgyrdylar. Olar bu gün ikinji bir Aňkary görenlerine begendiler, olaryň käbiri okuw barasynda sözläp, käbiri wäşi gürrüň edip, onuň göwnüni açmaga çalyşdylar. Aňkaryň gömelteý dodaklarynda ýylgyrma emele gelenini görenlerinde guwandylar.

Aňkaryň bu günki bolşy, özüni alyp barşy mugallymy hem geňirgendirdi. Aňkaryň bu gün tagta çykyşy, hasap çykaryşy ony şatlandyrdy. Mugallym bu gün täze bir Aňkar gördi, onuň göwnüni ýene-de götermäge, okuwa has yhlaslandyrmaga çalyşdy. Aňkaryň çykaran hasaby üçin žurnala ullakan harp bilen bäşlik goýdy. Onuň egnine kakdy:

— Berekella, Aňkar!

Bäşlik bahasy, mugallymyň öwgüsi Aňkary ýüwrük ata atlandyrdy. Onuň göwni eýýäm ejesine baryp buşlady, Tokar bilen Nökeriň ýanynda öwündi. Ol öňki bolşuna ökündi, indi başgalara-da görelde bolaryn diýip düşündi.

Aňkar gaýdyşda, mekdepden çykyp barýan Tokar bilen Nökere duş geldi. Aňkar olary görüp, ädimini gysgaltdy. Emma bäşlik bahasy bilen mugallymyň öwgüsi ýadyna düşende, özüni tutdy, ädimini düzetdi, alkymjygyny ýokary galdyrdy.

Bu günki Aňkary gören Tokar bilen Nöker oňa begendiler. Onuň bilen ýene bir salamlaşmak däl, elleşip görüşdiler.

Tokar aýtdy:

— Indi Aňkara meňzäpsiň!

Nöker aýtdy:

— Indi biziň köne dostumyza çalym edýäň!

Olaryň köne kinelerini unudyp, özi bilen şeýle

mylakatly gürleşenlerine Aňkar haýran galdy. Ol öz ýanyndan: «Bular meniň taýym däl. Bular hakykatdanda geçirimli, salyhatly, akylly, oglanlar» diýip düşündi. Şonuň bilen bir wagtda bäşlik bahasy, mugallymyň öwgüsi ýadyna düşüp, ulumsylandy, döşüni gaýşartdy:

— Hä-ä, halamarsyňyz siz Aňkary!

Tokar aýtdy:

— Ýero-ow, Aňkar, näme üýtgeşiklik bar!

Aňkar döşüne kakdy:

— Otliçno bahaň eýesi kim?

Nöker aýtdy:

— Aý ýoga-a!

Aňkar döşüni gaýşardyp, bir ädim ileri süýşdi:

— Mugallymdan berekella alan kim?

Nöker aýtdy:

— Aý, gardaş, çiş-ä!

— Çynyňmy, Aňkar?

Aňkar artist sypatyna aýlandy:

— Mugallym meniň çykaran hasabym üçin şeýle bir bellik goýdy, şeýle bir bellik goýdy welin, heý goýaý! Siz, belki, meniň

aýdanyma ynaýmarsyňyz; oňa gözi düşen oglanlar agyzlaryny açyp galdylar.

Tokar ony tassyklady:

— Dogrudyr!

Aňkaryň gözleri guwanç bilen balkyldady:

— Mugallym «Berekella, Aňkar!» diýip, arkama bir kakdy weli, klasdaky oglanlaryň gözleri hanalaryndan çykaýyna geldi.

Nöker kinaýa bilen ýylgyrdy:

— Naýynsap, öteräk gidýän bolaýma!

Aňkar çynlakaý sypata girdi:

— Ynanmasaňyz, baryň-da soraýyň.

Aňkar bilen bir salym degşenlerinden soň, oňa täsir edenlerine begenenlerinden soň, Tokar bilen Nöker ony samolýot ýasamaga çagyrdylar.

Aňkar öýlerine bakan şatlanyp gitdi.

Emma ol ýol bilen barýarka, onuň öňki keşbi üýtgedi, ol böwrüni diňirgedi. Onuň bir ýetmezi bar ýaly, bir ýeri agyrýan ýaly, bir zady kem ýaly, bir ýerde bir zady galan ýaly, şol ýere bakan bir damar ony çekýän ýaly duýuldy. Ol bir bada onuň nämedigine düşünmedi. Birdenkä-de daýandy... pulluja aşyk oýny onuň gözüniň öňüne geldi.

Aňkar şol tarapa bakan ädim uranyny hem duýman galdy.

Aňkar özüni bilmän, düwdenekläp barýarka, birden aýylganç bir zat onuň gözüniň öňüne geldi: barja puluny utduryp, kä müzzerip galany, käte ýok zady yrsarap, ýumruklaşany, käte özünden ökdä duş gelip, boglany birin-birin gözüniň öňünden geçdi.

Aňkar sakga daýandy.

Tokar bir ýanyndan, Nöker bir ýanyndan ony çekeleýäne döndi.

«Heý, ulalyp, oňalman geçen!» diýip ejesi oňa gyjyt berýän ýaly bolup göründi.

Päkize mekdep, şat okuwçylar, onuň özüni öwen mugallym, ylaýta-da bäşlik baha onuň gözüniň öňüne gelip direldi...

Aňkar gözüni ýalpa açdy, aýgytly netijä geldi:

— ýok!.. Mundan soň aşyk oýnaman!

Aňkar öýlerine baranda, Çeper ony gujaklady, ogşady.

## Aňkaryň aýgydy

Köne dostlar birikdi.

Bu gün olar Tokaryň agasynyň alyp beren täze ýaraglary bilen işleýärdiler.

Nöker bilen Aňkar agaç kesýärdi. Byçgy oňly ýöremeýärdi.

Nöker Aňkara igendi:

— Sen byçgyny öz sallamyna goýbereňok.

Aňkar Nökere igendi:

— Men çekemde, sen byçgydan asylýasyň.

Tokar Aňkara byçgyny nähili tutmalydygyny, ony aşak basman, öz saldamyna goýbermelidigini öwretdi. Tokar ondan soň, Nöker bilen Aňkaryň näme etmelidigini belläp berdi.

Olar byçgylama işini gutaransoňlar, başga işlere ýapyşdylar.

Aňkaryň inderen çekiji çüýden sypyp, barmagyna degdi. Ol

çekiç degen kirli barmagyny agzyna salanyny duýman galdy.

Nöker oňa güldi.

Aňkar gaharlandy. Aňkaryň birinji gün çynlakaý işe ýapyşyşy bolany üçin, owunjak hysyrdyly, onuň öz göwnüne gelşine görä bolsa, agyr iş oňa ýokuş degýärdi. Onuň üstesine, eden işi hem şowly geçmeýärdi. Onuň halyny gaýgyrmak, oňa nebsi agyrmak ýerine, Nökeriň oňa gülmegi — onuň ýöne bir gaharyny getirmek däl, ony hatda gadymky Aňkar deregine eltdi. Bir ýandan şowsuzlyk, ikinji ýandan gazap ony aljyraňňylyga saldy. Onuň pytraňňy küýi dürli ýerlerde aýlandy... Birdenkä bolsa onuň gözüniň öňünde üç sany aşyk peýda boldy.

Aňkar ýerinden nähili galanyny, derwezä bakan ýüzlenenini hem duýman galdy. Ony diňe Tokaryň sowaly özüne getirdi:

— Ýero-ow, Aňkar, nirä gitjek?

Aňkar aýak çekdi, uludan demini aldy, küýüniň nirededigine düşündi. Ol ýalan sözlemezlige wada beren hem bolsa, dogrusyny aýtmakdan çekindi, şonuň bilen bile ýalan hem sözlemän, gaçalga tapdy:

— Kän oturyp, aýaklarym bir az gurşaýypdyr. Şolary bir az ýazsammykam diýýän.

Nöker oňa degdi:

— Çekiç — «çüw!» diýeniň bilen alçy oturar ýaly, humar aşygy däldir. Oňa bir az janyňy emgemek gerekdir.

Ozaldan hem ýarym göwün Aňkara Nökeriň gyjalaty ýokuş degdi:

— Sähel ýerde şeýdip, gyjalat berip durjak bolsaňyz, onda men-ä siziň ýanyňyzda durjagam däl.

Nöker oňa çikjerilip seretdi:

— Durman nirä gidersiň?

— Näme, gidere ýer tapmaz öýdýämiň?

— Bilýän, seniň ýürejigiň aşygyň başyndadyr, aşygyň!

Tokar Nökere gahar bilen garady:

— Nöker, adam beýle çylkasyz bolmaz. Sen häzir onuň göwnüni tapmaly halyňa gaýta onuň göwnüni ýykýaň. Sen oňa gülseň, men onuň ýüzüni alsam, onuň, elbetde, biziň ýanymyzda durasy gelmez... Aňkar, sen onuň bilen deň bolma. Ol hem, elbetde, öz ýalňyşyna düşüner.

Nöker ýüzüni aşak saldy.

Aňkar böwrüni diňlände, «aşyk» sözi oňa aýylganç bir zat bolup duýuldy. Tokaryň hoşamaý sözi oňa örän oňat ýarady.. Ol yzyna bakan aýgytly ädim etdi. Nökere kinaýa bilen seretdi:

— Nöker diýýän-ä, näme üçin käbir adamyň dili tikenli bolýa?

Nöker tumşujagyny ýokary tutdy:

— Aňkar dost, tiken bar ýerinde gül hem bardyr.

— Ýok, meniň diýjek bolýanyma sen düşünmediň. Näme üçin şol tiken öňi bilen özüne dürtülmeýär?

Tokar ýylgyrdy:

— Onda näme iki dost arasynda tersleşik boljakmy?

Nöker Tokara gyjyt bilen seretdi:

— Tersleşige sebäp bolýan hemişe sensiň!

— Ana gördüňmi! Eýýäm aňyrsy bärik geldi. Nöker dost, seniň gursajygyň örän darajyk.

Aňkar hem onuň üstüni ýetirdi:

— Daram bolsa, tikenli söz-ä şonda näçe diýseň bar.

Nöker ýene ajysyny pürkmekçi boldy.

Tokar onuň boýnundan gujaklady, göwnüni tapdy:

— Nöker dost gara ýer ýalydyr, örän giňdir!

Dostlar ýaňadandan işe başladylar.

Aradan bir gün geçdi, iki gün geçdi, Aňkar işe bişişdi.

Aradan bir hepde geçdi, iki hepde geçdi, Aňkar Tokar bilen Nöker ýaly ussa boldy.

Aňkar iň soňunda samolýoty özi üçin özi ýasady.

Üç dost giň meýdana çykyp, samolýot uçurýardylar.

Olaryň oýnuna syn edýän, gelýän-gidýän kändi. Emma şolaryň içinde bir oglanjyk olara örän kän wagtlap syn etdi. Olaryň oýny ony özüne çekdi. Ol olaryň ýanyndan gidip bilmedi. Ojagaz oglanyň tyrryjak balagy bardy. Aýagy ýalaňaç, injikleri çorlujady. Köýneginiň bir ýan çigninde ýamagy ikinji ýan çigninde ullakan ýyrtygy bardy. Onuň eli, ýüzi Aňkaryň bir wagtky sypatyna çalym edýärdi. Emma onuň başynda özüne garaňda ulurak papagy bardy. Şol papagy hem ol gyşyjak geýipdi.

Tokar şol oglana geňgalyjylyk bilen seretdi.

Nöker şol oglana geňgalyjylyk bilen seretdi.

Aňkar ol oglana üns bermän, samolýotyny uçurmagyny dowam etdi.

Ol oglanjygyň Tokara bir zat diýesi geldi, Nökere bir zat diýesi geldi, iň soňunda Aňkaryň adyny tutup gygyrdy:

— Aňkar! Aý, Aňkar-ar!

Aňkar ol oglana bakan ýalta seretdi.

Aňkar şol oglana bakan aşagy tigirlije, samolýotyny idip gaýtdy.

Tokar bilen Nöker hem onuň ýanyna geldiler.

Olaryň üçüsiniň hem özüne bakan ugranyny gören oglanjyk birdenkä ökje götermäge meýil etdi. Şol wagtda bolsa Aňkaryň sesi çykdy:

— Ýero-ow, Lallyk!

Lallyk sakga daýandy.

Aňkar oňa sowal berdi:

— Lallyk han, keýp neneň?

Lallyk sesini çykarman, ýüzüni aşak saldy.

Tokar oňa sowal berdi:

— Lallyk han, keýp neneň?

Lallyk sesini çykarman, ýüzüni aşak saldy.

Nöker oňa sowal berdi:

— Lallyk han, keýp neneň?

Lallyk sesini çykarman, ýüzüni aşak saldy.

Aňkar iň soňunda onuň egnine elini goýdy:

— Ýeri, halypa, humar oýnamaga geldiňmi?

Lallygyň elindäki aşyklar ýeke-ýekeden ýere patlap gaçdy. Ol uzak wagtlap böwrüni diňirgäp durdy, birdenkä-de ýüzüni galdyrdy:

— Aňkar, samolýoty nireden aldyň?

— Özüm ýasadym.

— Özüm?.. Ýasajak gümanyň barmy?

Tokar aýtdy: — Özi ýasady!

Nöker aýtdy: — Özi ýasady!

— Samolýot ýasamany saňa kim öwretdi?

— Tokar bilen Nöker öwretdi.

Ol bir gezek Tokara seretdi, bir gezek Nökere seretdi.

— Maňa-da öwredermisiňiz?

Tokar bilen Nökerden ozal Aňkar jogap berdi:

— Ýok, öwretmeris!

Lallygyň ýüzi aşak sallandy.

Aňkar onuň müýnli ýüzüne garap, bir näçe söz aýtdy:

— Samolýot ýasamak, gardaş, aşyk oýnamak däl, onuň üçin janjagazyňy emgemek gerek. Samolýota münmek humardan utan puljagazyňy berip, maşyna münmek däl. Onuň üçin arassalyk, tämizlik, sap ýüreklilik gerek. Sen bolsaň ony başarmarsyň. Şonuň üçin biz saňa samolýot ýasamasyny öwretmeris.

Lallyk uzak wagt oýlanandan soň, aýgytly netijä geldi:

— Başararyn!

— Ýok, men indi boş söze ynanmaýan!

Lallygyň aýgytly ýüzüne sereden Tokar: — Başarar! diýdi.

Lallygyň aýgytly ýüzüne sereden Nöker:—Başarar!—diýdi.— Meniň sözüm—söz!.. Eger başarmasam... Tokar aýtdy:

— Biz saňa samolýot ýasamasyny öwrederis!

Nöker aýtdy:

— Biz saňa samolýot ýasamasyny öwrederis! Aňkar aýtdy:

Ýok! Biz saňa samolýot ýasamasyny öwretmeris Tokar: — Näme üçin? — diýip sorady.

Nöker: — Näme üçin?—diýip sorady. Aňkar jogap berdi:

— Samolýot ýasamasyny öwrenjek, biziň bilen oýnajak adam humar oýnamakdan el çekmeli!

Lallyk aýtdy: — El çekerin!

Tokar aýtdy: — El çeker!

Nöker aýtdy: — El çeker!

Aňkar aýtdy:

— Hany onda, aşyklary bilen arasyny üzsün-dä! Tokar aýtdy:

— Humaryňdan eliň çek!

Nöker aýtdy:

— Humaryňdan eliň çek!

Lallyk ýalaňaç aýaklarynyň arasynda dagyşyp ýatan aşyklary çöpleşdirip aldy-da, her haýsyny eliniň tersi bilen bir ýaňa zyňyp goýberdi. Tokar aýtdy:

— Sag bol, dost!.. Lallyk biziň dostumyz!

Nöker aýtdy:

— Sag bol, dost!.. Lallyk biziň dostumyz!

Aňkar aýtdy:

— Sag bol, dost!.. Lallyk biziň dostumyz! Lallyk aýtdy:

— Sag boluň!.. Meniň hakyky dostlarym!

Tokar onuň bir egnine elini goýdy.

Nöker onuň bir egnine elini goýdy.

Aňkar onuň boýnundan gujaklady.

Dört dost bir göwrä aýlandy.

Dördüň birisi—Tokar,

Dördüň birisi — Nöker.

Dördüň birisi — Lallykdyr,
Dödüň birisi — Aňkar.

**1948.**

# JAPBAKLAR

## Japbaklar kim?

Mundan ýüzlerçe ýyl ozal Durun obasynda atadan ýaşlykda ýetim galan dört sany doganjyk ýaşaýardy. Olaryň ulusynyň ady Japbak, beýlekisiniň ady Ýapbak, üçünjisiniň ady Mapbak, iň kiçisiniň ady bolsa Topbakdy. Olaryň dördüsi hem biri-birine bassaş, biri-birine meňzeş, inedördül togalajyk çagalardy. Olary ilkibada görenler haýsy-haýsydygyny biribirinden seljerip bilmeýärdiler. Japbagy görenler Ýapbak, Ýapbagy görenler Mapbak, Mapbagy görenler Topbak, Topbagy görenler Japbak diýip, olaryň atlaryny çalşyrýardylar. Gartaň aýallar:

— Wah, sizi näme biri-biriňizden saýgaryp bolýamy?.. Ekizlerem görýädik, sekizlerem görýädik, biribirine şeýle meňzeş dörän çagalary biz-ä henize çenli görmändik! — diýip haýygýardylar.

Şonuň üçin kim olardan biriniň adyny tutsa, hemmesi birden:

— Haw! — diýip jogap berýärdiler.

Emma siňe seretseň, olary biri-birinden aýyrýan aýratyn tapawutlar hem ýok däldi.

Japbagyň bir gaba gulagy ulurakdy, maňlaýy ýasyrakdy, burny biraz elguşuňka çalym edýärdi, aşaky dodagy salpyrakdy. Emma garaja gözleriniň enaýyja bäbenekleri ýeserlik bilen oýnaýardy.

Ýapbagyň ýuka gulaklary çürüräkdi, maňlaýy tüňňüräkdi, burnunyň ujy çowlurakdy. Emma garaja gözleriniň enaýyja bäbenekleri ýeserlik bilen oýnaýardy.

Mapbagyň ýaňaklary ýumrurakdy, gözleri çukurrakdy, burny ýemşigräkdi, boýny bokurrakdy. Emma garaja gözleriniň enaýyja bäbenekleri ýeserlik bilen oýnaýardy.

Topbagyň burnunyň ujy tommaklyrakdy, dodaklary biraz dommalýardy, ýeňsesi çüwdeliräkdi, boýny bokurrakdy. Emma garaja gözleriniň enaýyja bäbenekleri ýeserlik bilen oýnaýardy.

Olary biri-birinden saýgarmasyny kynaldýan ylaýta-da şol enaýyja bäbenekleridi.

Hatda ejeleriniň çendan: «Topbak jan!» diýip, Mapbagy, «Ýapbak jan!» diýip, Japbagy gujaklaýan wagtlary hem bolýardy.

Şol döwürde durmuş örän agyrdy: goňşy ýurtlardaky patyşalar az sanly türkmenleri öz ýurtlarynda arkaýyn ýaşamaga goýmaýardylar. Has beteri, obanyň baýlary, süýthorlary, dindarlary-da garyplaryň üstüne atlaýyn münüpdirler. Eneleriniň aýtmagyna görä Japbaklaryň kakasy hem şol agyr ýüke tap getirmän, olary ýaşlykda ýetim galdyrypdyr.

Dört çagaly dul oturan, girdeji gözüni ýitiren, bar ünsüni iýmite ataran ene çagajyklaryny açlyk belasyndan goramak üçin gije-gündiz ondan-oňa sümsünipdir, olary wagtly-wagtynda timarlamaga-da ýagdaý tapmandyr. Şonuň üçin Japbaklar ata mährini görmän, ene terbiýesini alman, esasan, öz peýwagtlaryna ösüpdirler.

Olar oýnanlarynda bile oýnapdyrlar, gezenlerinde bile gezip-

dirler, gürrüň edenlerinde bile edipdirler, iýenlerinde bile iýipdirler, oturanlarynda bile oturypdyrlar, suwa düşenlerinde bile düşüpdirler, hatda ýatanlarynda-da bile ýatypdyrlar. Olaryň biriniň aýdanyny ikinjisi, ikinjisiniň diýenini üçünjisi, üçünjisiniň aýdanyny dördünjisi, dördünjisiniň diýenini birinjisi makul bilipdir. Olar hemme ýerde, hemişe Japbagyň yzyna düşüp ýörenleri üçin, oba oglanlary olara «Japbaklar» diýip at goýupdyrlar.

Emma oba oglanlary olary örän gowy görýär ekenler, olaryň geň-enaýy gürrüňlerine gülüşýän ekenler, hatda käte iýýän çöreklerini hem olar bilen bile paýlaşýan ekenler. Japbaklaryň çaga gülküsiz, çaga oýunsyz wagtyna miýesser gelmek örän kyn eken.

Emma Keleýbaýyň mölegöz ogly, Allak süýthoryň kellesini hyrt-hyrt gaşaýan kel ogly, Golak söwdagäriň täzeje gyzyl don içinde ýagyrnysynyň küýküsini bildirmezlige çalyşýan ýemşik ogly, Ýalak işanyň burnunyň suwuny saklap bilmeýän erni ýalama ogly — şolar Japbaklary söýmeýän ekenler. Olar asyl Japbaklary adam hasabyna-da goşman, olar bilen bile oýnaşman, gülüşmän, olary öz peýwagtlaryna gümürdeşip ýören gümra hasap edipdirler, ýeri gelende olary masgaralamakdan hem çekinmändirler.

Emma Japbaklar olara üns bermän, söze üns beripdirler, baý ogullaryny çendan-çendan kinaýaly sözler bilen duzlapdyrlar. Olaryň söýýän zatlarynyň esasy agzybirlik bolsa, ikinjisi söz ussatlygy bolupdyr.

Japbaklaryň ýaşan döwründen bäri birnäçe ýyl geçen hem bolsa, olaryň agzybirligi, dostlugy, ötgür sözleri, gülküli wakalary henize çenli hem ýitmändir. Japbaklar baradaky gyzykly gürrüňler halk agzynda henize-bu güne çenli hem ýaşaýar.

Japbaklar bilen tanyşmak üçin olaryň başlaryndan geçen birnäçe wakalaryny okalyň.

## Birinji bölüm
## JAPBAKLARYŇ ÇAGALYK ÇAGY

### Elime tüýküreýin

Ýaz aýlarydy. Howa hoştapdy. Ýeriň ýüzi gök öwüsýärdi. Guşlar jürrüldeşýärdi, öýde oturmaga ýürek takat bermeýärdi. Janly-janawar meýdandady, dört dogan hem aw awlamak maslahatyny edýärdi.

Japbak: «Duzak gurup, sülgün awlalyň» diýdi. Ýapbak: «Gapan gurup, towşan tutalyň» diýdi. Mapbak: «Hepbik gurup, torgaýlaryň aýagyndan ýapyşalyň» diýdi. Emma Topbak başga bir teklip etdi:

— Geliň, biz janly-janawarlary jibrindirip ýörmäliň-de, ýumurtga gözlemäge gideliň!

«Ýumurtgadan hem bir doýsakdyk» diýip, arzuw edip ýören doganlar Topbagyň sözüni makul bildiler. Emma ýumurtgany nämä salyp getirjeklerine birbada akyllary ýetmedi. Japbak aýtdy: «Meniň köýnegime salarys». Onda Ýapbak aýtdy: «Seniň köýnegiň aşyklynyň eti ýaly sal-sal ýyrtyk, ýumurtgany meniň köýnegime salarys». Onda Mapbak aýtdy: «Seniň köýnegiň

Kelekbaýyň öýüniň tärimi ýaly ala gözenek, halan ýeriňden ýumrugyňy sokaýmaly. Ýumurtgany meniň köýnegime salarys». Onda Topbak aýtdy:

— Seniň köýnegiň diňe ýagyrnişligi galypdyr. Meniň köýnegimiň bolsa ýakasy bilen bagjygy galypdyr. Ýumurtgany, iň ýagşysy, ejemiň suwluk torbasyna salarys.

Doganlar ony makul bildiler.

Biraz böwrüni diňirgän Japbak aýtdy:

— Suwluk torbada suw durmaz!

Onda Mapbak aýtdy:

— Biz suw däl, ýumurtga saljak ahyry!

— Ýumurtga-da suwdur.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Ýok, ýok! Ýumurtgany biz ejemiň süýt kädisine salarys.

Onda Topbak aýtdy:

— Ine, bu söz makul. Süýt kädini bolsa torba salarys.

Japbaklaryň pikirleri bir ýere jemlendi.

Doganlar süýt kädili suwluk torbanyň her haýsy bir bagyndan tutup, ikibir-ikibir gezegine göterip gitdiler. Birdenkä öňlerinden bir topbak ýylgyn çykdy. Japbak onuň sagyndan ýöredi. Ýapbak onuň çepinden ýöredi. Süýt kädili suwluk torba ýylgyna germeldi. Japbak öňe bakan dyzady. Ýapbak öňe bakan dyzady. Ýylgyn olary goýbermedi.

Mapbak bilen Topbak olara töwella etdi.

Onda Japbak aýtdy:

— Men ätlän ädimimi yzyna gaýdyp alman!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Men ätlän ädimimi yzyna gaýdyp alman.

Iň soňunda, kimiň güýji zor bolsa, beýlekini ol öz yzyna eýertsin diýen karara geldiler... Mapbak Ýapbaga kömekleşdi. Topbak Japbaga kömekleşdi.

Olar çekdiler, çekdiler, ýene çekdiler: ne Jappak ökde çykdy, ne-de Ýapbak. Ýamaşgandan ýene çekdiler, ýene çekdiler, ýene çekdiler... Iň soňunda Japbak bilen Topbak suwluk torbanyň bir ýan bagyny alyp gitdi. Japbak Topbagyň üstüne ýykyldy. Yzyna bakan zyňlan suwluk torbadaky süýt kädi bolsa, töňňä degip, çym pytrak boldy.

Tozana bulaşyp galan doganlar biri-birlerine çiňerilişdiler, biri-birlerini aýyplajak ýaly göründiler. Birdenkä bolsa, el çarpyşyp gülüşdiler. Emma Topbak birdenkä iňkise gitdi. Mapbak ondan sorady:

— Eri-ow, Topbak, näme, bir ýeriň agyrdymy?

— Hawa, agyrdy.

— Niräň?

— Akylym.

Ýapbak bilen Mapbak el çarpyşyp gülüşdi. Emma Japbak olary saklady.

— Duruň entek, duruň! Munda aýratyn bir syr bar. Ýeri, Topbak akylyň näme üçin agyrdy?

— Biz bir wagt sygyr edinäýsek, ejem onuň süýduni nämä sagar?

Japbak bir eli bilen Ýapbagyň, beýleki eli bilen Mapbagyň maňlaýyna pitikledi.

— Doganlar, siziň, ine, şujagaz ýeriňiziň ýetmezi bar. Topbak dogry aýdýar ahyry!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Dogrulygyna şek ýok. Ýöne welin, Japbaklaryň gapysyna sygyr gelýänçä, birnäçe süýt kädiler, birnäçe suw kädiler ýaňadan bitip, ýaňadandan döwlüp, ýene ýaňadandan bitseler gerek. Şonuň üçin Topbaga akylyny agyrdyp ýörmäge-de hajat ýokmukan öýdýän.

— Ine, bu-da makul!

Doganlar ýene gülşüp, aşagy gök otly, gür pürli çoganlaryň, ýandaklaryň, gyrymsy ýylgynlaryň arasyna sümdüler. Olar birnäçe çirlentgi ýumurtgasyny tapdylar, olary diriligine ýuwutdylar. Ondan soň birnäçe torgaý ýumurtgasyny tapdylar, olary gabyksyzja ýuwutdylar. Doganlar sülgün ýumurtgasyny, kepderi ýumurtgasyny tapmadylar. Emma ýuwa-ýelmikden agyzlaryny gögertdiler. Heniz ýaşmagyny oňat syrmadyk gelinkömelekden suwluk torbalaryny-da gabartdylar. Olar nireden hem bolsa çakmakdaş alyp gaýtmanlaryna ökündiler. Kömelegi duzlap, bişirip iýseň, mazasy baryp asmana çykardy!

Şol lezzeti olar oraçalaryna gaýdyp bararlaryna galdyrdylar.

Olaryň ýoly köne gurrugyň üstünden düşdi. Şol gurrukdan birnäçe gökwarryk uçup gitdi. Olar onuň içinde bir höwürtge gördüler. Ony çybyk bilen aljak bolanlarynda, aşak gaçyrdylar. Heniz tüýi ýetmedik gyzyletene çaga guşlaryň naýynjar jüýpüldeşýän sesleri eşidildi, gurrugyň düýbünde pasyrdaşýanlary-da göründi. Doganlaryň çaga guşlara gözleri gyýmady, olary gurrukdan çykarmak maslahatyny etdiler.

Japbak Ýapbaga: «Sen sallan» diýdi. Ýapbak Mapbaga: «Sen sallan» diýdi. Mapbak Topbaga: «Sen sallaň» diýdi. Topbak Japbaga: «Sen sallan» diýdi. Emma kimi-de bolsa gurruga sallamak üçin suwluk torbadan ýolup alan ýüpleri ýeterlik bolmady. Iň soňunda Topbak Mapbagyň aýagyna ýapyşdy. Mapbak Ýapbagyň aýagyna ýapyşdy, Ýapbak Japbagyň aýagyna ýapyşdy, Japbak bolsa gurrugyň gyrasynda opurylyp galan utun düýbüne ýapyşdy.

Topbagyň aýagy ýere ýetmedi.

Dört dogan gurrugyň içinde gerlip galdy.

Olar guş çagalaryny gurrukdan çykarmakdan geçdiler, özleriniň gurrukdan çykmaklary hyllalla bolup galdy.

Eliniň ysgyny gaçan Topbak Mapbaga:—Çeksene!— diýip gygyrdy.

Eliniň ysgyny gaçan Mapbak Ýapbaga: — Çeksene!— diýip gygyrdy.

Eliniň ysgyny gaçan Ýapbak Japbaga:—«Çeksene!— diýip gygyrdy.

Japbak Ýapbaga:—Aýagymy goýber, çekeýin—diýdi.

Ýapbak Mapbaga: — Aýagymy goýber, çekeýin — diýdi.

Mapbak Topbaga: — Aýagymy goýber, çekeýin—diýdi.

Doganlaryň elleri büs-bütin gurady.

Aşakdan ýokaryk: — «Çekde-çek» bolup, gykylyk etdiler.

Gurrugyň agzyňda Japbagyň sesi ýaňlandy.

— Düruň onda, men bir elime tüýküreýin!

Japbak eline tüýkürmäge ýetişmänkä, doganlar aşaklygyna güpürdeşip gitdiler. Topbagyň aýaklary tä baldyryna çenli gury

çägä çümdi. Mapbak Topbagyň boýnuna atlandy.

Topbak aşakdan boguk ses bilen gygyrdy.

— Waý,-düşseňiz-le! Gözüm çykdy-la!

Mapbak syrylyp düşdi. Japbak syrylyp düşdi. Üçüsi birigip, «göterde-göter» bolşup, Topbagyň aýaklaryny ürgün çägeden sogrup çykardylar. Gurrugyň düýbünde olaryň özleri çaga guş bolup galdylar.

Topbak Japbaga çiňerildi.

— Sen, gardaş, näme üçin, doganlaryň ynanjyny ödemediň?

Japbak ýylgyrdy.

— Näme, sizi gurrugyň düýbüne itekläp, ýeke özüm daşynda galdymmy?

— Sen näme üçin utuny sypdyrdyň?

— Öz doganlarym meniň aýagymdan asylar diýen oý

meniň kelläme gelmese nätjek? Men elime tüýkürmekçi boldum.

— Hä, tüýkürdiň-de, gönendirdiň!

— Odun çykamyzda, ýüpi berkräk çekmek üçin hemişe şeýdýärdik ahyry!

Şeýdýän bolsaň, ynha, gurruk biziň hemmämizi bileje çykady.

Dogrudan-da Japbaklaryň günleri kynaldy. Olar näçe gygyryşsalar-da, daşky dünýäden kömek talap etseler-de, olaryň sesleri hiç ýere ýetmedi. Eýsemde bolsa, olar howsala düşmediler. Giň gurrugyň düýplerinde basgançaklar ýasamaga durdular, birbirleri bilen degişdiler, gülüşdiler.

Olaryň depelerinde diňe höwürtgelerini aldyran gökwarryklar gaýmalaşdylar, garkyldaşdylar. Japbaklar olara heň bilen ýüz tutdular.

Gökwarryklar, gökwarryklar,
Size depmän geçsin oklar!
— Gurrukdadyr Japbaklar! — diýp,
Habar beriň gökwarryklar!

Warryklaşýan gökwarryklar birsyhly köne gurrugyň depesinde aýlandylar. Japbaklar hiňlendiler. Gökwarryklar warryklaşdylar.

Japbaklardan başga-da ýumurtga gözleýän, kömelek çöpleýän oglan meýdanda gyt däldi. Gökwarryklaryň aljyraňňy gaýmalaşýanlary birdenkä dört sany oglanyň gözüne ildi, warryklaşýan gozgalaňly sesleri-de eşidildi. Şol dört oglanyň biri Mölegözdi, ikinjisi Kel, üçünjisi Ýemşik, dördünjisi Ýalamady. Gökwarryklaryň bir ýerden aýrylman köwsar urmagy, jöwlan urmagy olaryň ünsüni özlerine çekdi. Olar: «Belki, gökwarryklar hüwiniň ýa-da baýguşuň gözüni görendirler» diýip düşündiler.

Olar dört bolup gurrugyň agzyna bardylar. Görseler, gurrugyň düýbünde Japbaklar ýer köwýärler. Olar Japbaklara el çarpyşyp gülüşdiler.

— Japbaklar pällerine görä tapdylar.

— Japbaklary gurrukdan çykarmalyň.

— Goý, Japbaklar çaga guşlara dönsünler.

— Goý, olar gury gurrukda gönensinler!

— Japbak, gap! Mapbak, gap!—diýip, olaryň üstünden owunjak kösekler hem okladylar.

Japbak olara herrelmekçi boldy, Ýapbak olara ýalbarmakçy boldy. Mapbak olary garbamakçy boldy. Topbak olara duzak gurmakçy boldy.

— Hä-äjik!.. Hä-äjik!.. Bulary siz tapmarsyňyz, Japbaklar tapar, Japbaklar!

Mölegöz gözlerini petredip seretdi.

— Näme tapdyňyz?

— Altyn guş tapdyk, altyn guş!

Topbak elindäki guşy güjeňledi. Ýapbak elindäki guşy güjeňledi. Mapbak elindäki guşy güjeňledi. Japbak elindäki guşy güjeňledi.

Ýemşik olara mekirlik bilen seretdi.

— Wiý, olar-a gyzyletene.

— Altyn guş ýetdirmez her ýetene!

Baý ogullarynyň altyn guşlara nebisleri otukdy. Olar altyn, kümüş barada öz atalarynyň tükeniksiz gürrüňlerini diňleýärdiler. «Altyn guş» sözi olaryň akyllaryna täsir etdi. Olar birinbirine seredişdiler, pyşyrdaşdylar. Japbaklara ýüz tutdular.

— Sizi çykarsak, bizem şärik edermisiňiz?

— Size bir i, bize üçüsi.

— ýok. Size-de ikisi, bize-de ikisi.

— Emma altyn guşlaryň emele gelýän ýerini hiç kime hiç wagtda aýtmazlyk şerti bilen. Ýogsam siziň kakalaryňyzyň nebsine doýmak ýokdur: altynyň tohumyny tükederler.

Mölegözler aýtmajaklaryna şert etdiler. Japbaklary ýeke-ýekeden çekip çykardylar.

Aldanan baý ogullarynyň uruşmaklaryndan howatyr eden Japbaklar olara abaý-syýasat urmakçy boldular.

Topbak Mölegöze ýumruguny görkezdi.

— Saňa altyn guş gerekmi? Ine!

Mapbak Ýemşige ýumruguny görkezdi.

— Saňa altyn guş gerekmi? Ine!

Ýapbak Ýalama ýumruguny görkezdi.

— Saňa altyn guş gerekmi? Ine!

Japbak Keliň başyny sypady!

— ýok, beýle däl. Japbaklaryň her hili oýny bardyr. Siz göwnüňize zat getirmäň. Altyn guşlar entek sap altyna öwrülmändirler, olaryň entek mis gatyşygy bar. Olar öz reňklerini durlaýançalar, entek olara degmezlik kararyna geldik.

Kel Japbagyň goltugynyň aşagynda myrryldady.

— Altyn guşlar altyn bolanda, siz olaryň ýarysyny bize bermisiňiz?

— Hökman! Ýöne welin, hiç kime aýtmazlyk şerti bilen.

Japbaklar bilen Mölegözler gülşüp-gürleşip gaýtdylar.

## Olar oňsalar, bizem oňarys

Dört dogan bir zada güýmenip otyrdy. Kelekbaýyň dördünji aýalyndan bolan aýaklary çaýşyk, gözleri çaşy ogly olaryň ýanyna geldi. Ol özüniň çorly ellerinde ykjam tutan çebiş omaçasynyň

çala bişen etini çekeleýärdi, kirli elleriniň ýagyny, omaçadan syrygýan çorbany şapyrdadyp ýalaýardy.

Topbagyň oňa gözi düşende, agzynyň gyllygy akdy. Emma ol ondan «Maňa-da ber» diýip dilemedi. Ol dodaklaryny tamşandyryp, doganlaryna ýüz tutdy.

— Eý, Japbaklar! Geliň, bizem et iýeliň!

Çebiş omaçasyny çekeleýän çaşa, agzyndan gyllyk akan Topbaga üns hem bermedik Japbaklar doganlyk hatyrasyna onuň sözüni tassykladylar.

— Geliň, bizem et iýeliň!

Töwerekde öli-diri ete gözi düşmedik Mapbak böwrüni diňirgedi: öz pikirini daşyna çykardy.

— Eti tapsak iýeris-dä!

Ýapbak çowluja burnuny çekdi.

— Tapanda kimler iýmeýär? Ynha, çaýşygam çeýnäp dur. Sen tapylmandaky iýeniňi aýt!

Japbak gulaklaryny üşertdi.

— Siziň iýjegiňiz et bolsun! Ýöne welin, mugt Buharda ýok. Dişlemek üçin — işlemek gerek...

Topbak Japbagyň agzyna ýapyşdy.

— Dur. dur!., Men seniň aýtjak bolýan zadyňy bilýän.

— Näme bilýäň?

— Ýer bilen gögüň arasynda guşdan kän zadyň ýoguny bilýän.

Ýapbak onuň sözüni ýaňsa aldy.

— Aý, ýigid-ä bildi-ow! Gumda goýnam kän-dä?

Mapbak Topbagyň arkasyny çaldy.

— Topbak gaty gowy bildi! Geliň, biz adama bir hepbik ýasalyň. Ondan soň, ho-ol atýatagynda guralyň. Eger biz alyp ýetişsek, guş düşüp ýetişer, biz iýip ýetişsek, guş bişip ýetişer.

Doganlar doganlaryň sözüni tassykladylar.

— Topbak bildi.

— Mapbak bildi.

Olar hepbik ýasamak üçin ýerlerinden galanlarynda, Japbak olaryň öňünde bir şert goýdy.

— Gardaşlar, biz öňünden mazaly taýynlyk göreliň. Ýogsam bişirmäge, iýmäge ýetişmeris, guş eti näzikdir, porsap galar.

Doganlaryň dördüsi dört ýerden odun çöpläp, gury çöplemeden gapylaryny küde etdi. Ondan soň ur-tut hepbik ýasap, her haýsy öz ussalygy bilen öwündi, öz hepbigini bir-birine güjeňledi.

Japbak Ýapbakdan sorady.

— Seniň hepbigiň ady näme?

— Görse basar.

Ýapbak Mapbakdan sorady.

— Seniň hepbigiň ady näme?

— Ýapyrylyp ýatar.

Topbak Japbakdan sorady.

— Seniň hepbigiň ady näme?

— Duýdurman tutar.

Olar hepbiklerini atýatagyna gurdular. Ondan soň dördüsi bir ýerde çugdamlanyşyp, sabyrsyzlyk bilen gultunyşyp otyrdy.

Iki elini syrtynda tutup, gaz ýörişini edip, moýmuldap gelýän Kelekbaý olaryň bolup oturyşlaryna geňirgendi:

—Eri-ow, Japbaklar! Näme beýle gultunyşyp otyrsyňyz?

Ýapbak bir oturşyny üýtgetmän jogap berdi.

— Baý aga, et iýesimiz gelýär.

— Näme oturan ýeriňizde et gelip, agzyňyza düşer öýdýärmisiňiz?

— Agzymyza düşmese, hepbigimize-hä düşer-dä!

Kelekbaý küti dodaklaryny giň açyp güldi.

— Hah-hah-ha-a!.. Günüňiz asmana galan bolsa, işiňiz kynlaşypdyr.

Topbak bir oturyşyny üýtgetmän jogap berdi.

— Baý aga, her zat bolsa, saňa galandan aňsadyrakdyr.

Japbak bir oturyşyny üýtgetmän jogap berdi.

— Baý aga, senem şolardan. Bar, aýt: guşlar ýere düşmän oňsalar, bizem et iýmän oňarys.

— Eti iýersiňiz. Ýöne weli, bu wagt däl-de, çopan-çolukçylyga ýaran wagtyňyz. Onda-da baýyň rysgyny däl-de, etir-tütür mallaryň maslygynyň etini iýersiňiz.

— Baý aga, sen arkaýynja bolaý. Sen her kimiň etini iýmäge öwrenen bolsaň-da, Japbaklaryň etinden seniň agzyň tagam tapmaz!

Kelekbaý gözlerini alardyp, moýmuldap gitdi.

Japbaklar onuň yzynda heň etdiler.

Gyzgyn günüň howry eňse,
Garlar ýagsa, ýerler doňsa,
Guş etini iýmän oňars,
Guşlar ýere inmän oňsa.

## Ala sakgal

Köneje oraçanyň içinde orta ýaşdan agan, gara saçlaryna ak çylgymlar aralaşan, ýüzüniň boýnunyň çuňňur ýygyrtlary gürelişen, köýneginiň gadymky matasy tamam bolup, ýamag üstüne ýamag düşen orta boýly bir aýal, kemperip başlan eňegini eliniň aýasyna goýup, tirsegini dyzyna daýap otyrdy.

Ol — Japbaklaryň ejesi Bollukdy.

Onuň şöhlesi biraz öçüşen gara gözleri oraçanyň içine näçe garanjaklasa-da, göz eglener ýaly bir zada gözi ilmeýärdi. Ol şol oturyşyna çagalarynyň bu gün näme tamşanjakdyklaryny oýlanýardy. Olaryň ýerleri, suwlary ýokdy. Daşy çürüzdiklenen ýaly bir pilek ýerleri, haýsy bir duzak üsti bilen, heniz kakalary ölmänkä, Ýalak işanyň eline geçipdi. Suw paýjagazlaryny haýsy bir hile bilendir Kelekbaý özüne öwrüpdi. Birwagtky ýekeje sygyrlaryny-da, haýsy bir täri bilendir, Doýduk öz gapysyna dartyp alypdy. Başga tarapdan hem hiç hili girdeji ýokdy. Şonuň üçin Japbaklaryň güni meniňki bolsun diýer ýaly däldi.

Emma şol agyr güne ýaş Japbaklaryň ýaş beýnileri entek oňly düşünmeýärdi. Ejesi şol agyr ýagdaýda otyrka, Tapbak daşardan ala gopgun bilen dazyrdap geldi.

— Eje, aý, eje, görsene

Bolluk ejäniň ýaş bilen ümezlän gözleri ony ilkibada oňly saýgarmady. Ol ogluna sowal berdi.

— Oglum onyň näme?

Topbak elindäki pasyrdaýan meleje guşuň sakgaljygyny syp-

alady.

— Muňa molla torgaý diýýärler, molla torgaý!

— Ony nädip tutduň, oglum?

— Eje jan, men minneti Ýapyrylyp ýatardan çekýärin!

Ol heniz sözüni gutarmanka, Mapbak dazyrdap girdi. Onuň hem elinde meleje guş pasyrdaýardy.

— Eje, aý eje, görsene!

— Ony nädip tutduň, oglum?

— Men minneti Uçsa deperden çekýän, eje jan!

Ol heniz sözüni gutarmanka, Ýapbak dazyrdap girdi.

Onuň hem elinde meleje guş pasyrdaýardy.

— Eje, aý, eje, görsene!

— Ony nädip tutduň, oglum?

— Eje jan, men minneti Görse basardan çekýän!

Ol heniz sözüni gutarmanka, Japbak dazyrdap geldi.

Onuň hem elinde meleje guş pasyrdaýardy.

— Eje, aý, eje, görsene!

— Ony nädip tutduň, oglum?

— Eje jan, men minneti Duýdurman tutardan çekýän!

— Berekella ogullarym!

Japbaklar dil açyp, aýak bitip başlaly bäri ejeleriniň ýüküni ýeňledip başlapdylar. Olaryň şol şagalaňly gopgunlarynyň özi-de köp wagt açlygy duýdurmaýardy. Olaryň häzirki şatlygynyň özi enäniň gamgyn göwnüni asmana göterdi.

Japbaklar guşlary bişirmek maslahatyny etdiler. Japbak: «Guşlary palawa salalyň» diýdi. Doganlar ony maslahat bildiler. Palaw diýilýän zady dadyp görmek nähili hezildi? Emma Bolluk oraçanyň içine göz gezdirenden soň:

— Ogullarym, tomsuň güni palaw onçakly ýakymly bolmaz — diýip sypaýçylyk etdi.

Oglanlar ony makul bildiler.

Ýapbak guşlary gowurmagy maslahat berdi. Näzijek guş etini gowursaň, nähili ýakymly ys kükärdi. Doganlar ony biragyzdan tassykladylar. Bolluk ýene oraçanyň içine göz aýlandan soň:

— Ogullarym, owunjak guşlaryň ýagy mäzleşik bolar, agzyňyza-burnuňyza ýelmeşip galmagy mümkindir — diýip sypaýçylyk etdi.

Näzijek eňeklerini, burunlarynyň aşagyna sypalan Japbaklar ol söze gülüşdiler.

Mapbak: — Guşlary çekdirme edeliň — diýdi. Doganlar ony makul bildiler. Bolluk enaýyja guşlara garandan soň, ýene oraçanyň içine göz gezdirdi-de:

— Ogullarym, owunjak guşlaryň etinden çekdirme etseň, derrew gäkiligini azdyragan bolar—diýip sypaýçylyk etdi;

Doganlar ony dogry bildiler.

Topbak iň soňunda kellejigini gaýşartdy.

— Men tapdym!

Doganlar onuň sözüni birden tassykladylar.

— Topbak tapdy!

Topbagyň özi hem birhili bolup, töweregine garanjaklady.

— Men nämäni tapdym?

— Biz näbileli seniň nämäni tapanyňy?

— Onda näme?..

— Sen özüň aýtdyň ahyry!

— Onda biraz sabyr ediň... Hawa, tapdym. Geliň, bulary çişe düzüp, kebap edeliň!

— Topbak bildi! Topbak bildi!

Hatda Bolluk-da Topbagyň sözüni makullady.

Hepbiklere yzly-yzyna düşýän torgaýlary Japbaklar ütdüler, çişe düzdüler, oda tutdular. Kebap jyzyrdap başlapdy. Şol wagt peýda bolan ala ýabyly, ala horjunly, ala donly, ala sakgally, ala gözli gedaý olaryň keýpini bozdy. Ol aňyrdan gele-gelmäne, ala sakgalyny sypalady.

— Balalarym, beriň, berekediňiz artsyn!

Japbak elindäki çişligini özüne bakan çekdi, ala sakgalyň ýüzüne çiňerildi.

— Berende berekediniň artjagyny bilse, Kelekbaý näme hiç kime hiç zat berenok?

Ala sakgalyň ýüzüne olaryň hemmesi birden üşerildiler. Olaryň hemmesi oňa yzly-yzyna şol sowaly ýagdyrdylar.

— Kelekbaý näme üçin hiç kime hiç zat berenok?

Ak sakgal sowala jogap gaýtarman, dilegini dowam etdi.

— Hudaýym siziň döwletiňizi artdyrsyn!

Mapbak oraçalaryna göz aýlandan soň, gedaýa çiňerildi.

— Hudaý bize döwlet berjek bolsa, näme, görmeýändir öýdýäňmi?

Ýapbak gedaýyň aýtjak bolan sözüni agzyndan aldy.

— Aý, agam, gapy-gapy aýlanmakdan, sakyr-sakyr sanamakdan sakgalyň agarypdyr. Sen beýdip heläk bolup ýöreniňden, hudaýa özüň üçin ýalbaryp, özüň baý bolaýsaň bolmaýamy?

Gedaý olaryň sözüne gulak asman:

— Köşeklerim, işan agaňyzyň nebsi kän däldir. Her haýsyňyz birazajyk emlsseňiz besdir — diýip, düýbi unly sanajynyň agzyny açdy.

— Aý, ýeser işan ekeniň! Sen almytyňy almasan gitjek däl! — diýip, Japbak onuň unly sanajyna ejesiniň hoşadan çepläp gelen bir jam bugdaýyny guýdy.

Hojam hoşallyk bilen:

— Aý, berekella, köşegim! — diýdi.

— Sen örän ýeser işan ekeniň. Sen almytyňy almasaň, gitjek däl! — diýip, Ýapbak onuň unly sanajyna ejesiniň hoşadan çepläp gelen bir jam arpasyny guýdy.

Hojam hoşallyk bilen:

— Aý, berekella, inilerim! — diýdi.

— Baý, ýeser hojam ekeniň-ow! Sen almytyňy almasaň gitjek däl! —diýip, Mapbak onuň unly sanajyna ejesiniň hoşadan çöplän bir jam jöwenini guýdy.

Hojam hoşallyk bilen:

— Aý, berekella goçagym! — diýdi.

— Baý-baý, ýeser işan ekeniň-ow! — diýip, Topbak onuň unly sanajyna ejesiniň guýudan getiren bir gowa suwuny guýdy.

Ala sakgalyň ala gözleri hanasyndan çykara geldi.

— Baý-baý, ýeser oglanlar ekeniňiz! Siz meniň çemçeläp ýygnanymy çanaklap dökdüňiz — diýip, içi mäjumlanan sanajy ýere bulap urdy,

Unly, bugdaýly, arpaly, jöwenli, suwly mäjum sanaçdan Japbak bir jam dolduryp aldy, Ýapbak bir jam dolduryp aldy, Mapbak bir jam dolduryp aldy. Topbak hiç bir zat alman, sanajy ala sakgalyň egnine oklady.

Işan näme etjegini bilmän:

— Aý, hudaýym, edeniňe şükür! Dünýäde maňa-da gözi garalar kän ekeni! — diýip, sakgalyny sypalady.

Japbaklaryň dördüsi dört ýerden gedaýy gujakladylar. Biri onuň ýeňini sypalady, biri egnini sypalady, biri sakgalyny sypady. Olaryň hemmesi birden:

— Işan aga, bizden gaty görme! Biz çenden näme-de bolsa bir zada hezil etmesek, günümiz geçenok. Sen, ynha, biziň obamyzdan çykmankaň, ýeke sanajyň däl, horjunyň hem gabarar — diýip, uzur ötündiler.

Ondan soň oňa Japbak bir torgaý kebabyny berdi, Ýapbak bir torgaý kebabyny berdi, Mapbak bir torgaý kebabyny berdi, Topbak bir torgaý kebabyny berdi.

— Aý, berekella, köşeklerim — diýip, gedaý olaryň ýanyndan hoşallyk bilen gitdi.

Ala ýabyly özlerinden arany açandan soň bolsa, Japbaklaryň dördüsi birden heň etdiler:

Ala ýabyly, ala sakgal,
Ala danly, ala sakgal,
Daşyň ala, içiň ala,
Ala gözli ala sakgal.
Gapy-gapy gezen gedaý,
Dannawuň ýok: arpa, bugdaý,
Bize beýle alarylma,

Alardypdyr seni Hudaý

Japbaklar ýene hepbik gurdular, ýene torgaý tutdular, çişlere ýaňadandan et düzdüler. Kebap taýyn bolanda, ejesi olaryň her haýsyna eliň aýasy ýaly çörek-de tapyp berdi. Ony azyrganyň Topbak ejesine ýüz tutdy.

Eje, aý, eje, seniň adyň näme?

— Wiý, Topbak janyň soraýan zadyny... Sen ony näme özüň bileňokmy?

— Ýaňky ala sakgal meniň akylymy özi bilen alyp ötägitdi öýdýän, ýadymdan çykaraýypdyryn!

— Meniň adym Bolluk ahyry!

— Hä, Bolluk, Bolluk!.. Onda näme, eje, biziň öýümizde çörek bolluk däl!

Bolluk çagalaryna näme jogap berjegini bilmän, oraçanyň içine garanjaklandan soň, gap böwürde bulaşyp ýatan ullakan sanaja gözi düşdi.

— Balalarym, men size bir sanaç bereýin...

Topbak onuň sözüni kesdi.

— Näme, eje, biz indi ýaňky ala sakgalyň yzyna düşelimi?

— Alla saklasyn, oglum, gedaý gezmekden alla saklasyn!.. Siz ony bugdaýy orlan ýerden baryp, hoşadan hyryn-dykyn dolduryp gelersiňiz. Biziň öýümizde, ana, şonda çörek bolluk bolar!

Japbaklaryň dördüsi dört ýerden:

— Biz hoşa çöplemäge gideris. Şonda biziň öýümizde çörek bolluk bolar! —diýip, taýyn kebaba agyz urdular.

## Keramat

Japbaklar hatar-hatar syryp barýarkalar, Doýdugyň ak öýüniň duşundan geçip, garaja öýüň gapdalynda aýak çekdiler. Onuň içinden hyrryň-hyrryň ses eşidildi.

Japbak Ýapbakdan sorady. — Bu nämäniň sesikä?

Ýapbak Mapbakdan sorady. — Bu nämäniň sesikä?

Mapbak Topbakdan sorady. — Bu nämäniň sesikä?

Oňda Japbak aýtdy:

— Garaja öýüň içinde it hyňranýan bolaýmasyn?

Onda Ýapbak aýtdy:

— ýok. It beýle hyňranmaz. Ussaň törpüsiniň sesi bolaýmasyn?

Onda Mapbak aýtdy:

— Ýok! Törpiň beýle soňsuz sesi bolmaz. Doýduk ejäň horruldysy bolaýmasyn?

Onda Topbak aýtdy:

— Ýok! Doýduk eje ýaňyja şu ýere girdi ahyry! Ol eýýäm horlamaga ýetişen däldir. Bu arwah-jynyň hyrryldysy bolaýmasyn?

Nämälim zady bilmän galdyrmak Japbaklaryň gylygyna laýyk däldi. Olar durmuşyň her bir ownujak zatlaryna çenli bilmäge synanýardylar. Olar iň soňunda şol sesi içerik girip barlamak kararyna geldiler.

Japbak Ýapbagy itekledi. Ýapbak Mapbagy itekledi. Mapbak Topbagy itekledi. Topbak Japbagy itekledi. Olaryň dördüsi birden

içerik kürsäp urdular.

Olaryň näme üçin ýykylyp-sürşüp gelenlerini ýeser Doýduk derrew aňlady. Ol Japbaklaryň gözüne güýdüşip, degirmeniň sapyny aýlap oturan aýala göz ümledi. Onuň şol yşaraty «Sesiňi çykarma-da, edil doňan göwre ýaly, birsyhly aýlap dur» diýip beren tabşyrygydy.

Japbaklaryň el degirmenini birinji gezek görüşleridi. Tegelek, çalymtyk daş dynuwsyz aýlanýar. «Hyrryň-hyrryň» ses edýär, Doganlar ony, hakykatdan-da, arwah-jyn hasap eden ýaly, kem-kemden arkan çekildiler.

Onda Doýduk aýtdy:

— Eri, Japbaklar, nämeden gorkýarsyňyz?

Ýapbak aýtdy:

— Doýduk eje, bu näme?

Doýduk myssa ýylgyrdy. Ol birnäçe wagt mundan ozal ýogalan towugyny Japbaklardan görüp, olardan ýaňa içi kitüwlidi: olary nähili-de bolsa bir awundyrmak küýüne düşüp ýördi. Kim bilýär, belki, onuň towugyny gije şagal alandyr. Doýduk pursady ganymat bildi.

— Muňa, hanym, keramat diýerler.

Onda Mapbak aýtdy:

— Keramatyň näme häsiýeti bar?

— Ony towap eden adam baý bolýandyr.

Onda Topbak aýtdy:

— Doýduk eje, senem şuny towap edip baý boldunmy?

— Men ony her günde bir gezek ýüzüme sylýan.

Onda Japbak aýtdy:

— Her bir adam hem towap etse bolýarmy?

— Hemme adamy ol päk ruha goýberjek gümany barmy! Siz ýetim oglanlar bolanyňyz üçin, ýekeje gezek rugsat bermegim mümkin. Goý, siziň hem birneme dowaryňyz bolsun!

Doganlar biri-birine seredişip: «Biz hem towap edeliň» diýen karara geldiler.

Japbak oňa alnyny degrende, maňlaýyny sypjyrtdy.

Ýapbak oňa alnyny degrende, maňlaýyny sypjyrtdy.

Mapbak oňa alnyny degrende, maňlaýyny sypjyrtdy.

Topbak oňa alnyny degrende, maňlaýyny sypjyrtdy.

Doganlar biri-birine çiňerilişdiler. Olaryň hemmesiniň maňlaýy gyzaryp göründi.

Onda jakjaklap gülen Doýduk aýtdy:

— Gutly bolsun, balalarym! Keramatyň size tüýs ýokdugydyr!

Maňlaýynyň awusyna çydamadyk Jopbak tokmagy aýlap saldy.

— Ýok! Bu keramat däl, arwah-jyn!

Degirmeniň sapy bir ýana, süýbegi bir ýana zyňlyp gitdi. Onuň har-hary bolsa tapba kesildi.

Maňlaýynyň awusyna çydamadyk Ýapbak tokmagy aýlap saldy.

— Bu keramat däl-de tüýs arwah-jyn ekeni!

Maňlaýynyň awusyna çydamadyk Topbak tokmagy aýlap saldy.

— Bu keramat däl-de tüýs arwah-jyn ekeni!

Degirmeniň daşy çym-pytrak boldy.

Doýduk gykylyk etdi.

— Heý, ylahym ýaşyňyz kesilsin, ýaşy kesilenler! Siz keramaty syndyrdyňyz — meniň baýlygymyň soňuna suw ekdiňiz!

Onda Japbak jogap berdi.

— Ýok, Doýduk eje, biz seniň öýüňe keramat ekdik. Indi seniň gum diýip garbanyň gyzyl bolar.

Japbaklary awundyran Doýdugy Japbaklaram awundyrdylar.

## Hoşaly sanaç

Hoşa etmäge Japbaklaryň birinji gezek gidişleridi. Olar bugdaýy orlan sypalyň içinde gezdiler. Emma hoşa görmediler. Olar bu ýeriň hoşasyny özlerinden öň biri çöpläpdir diýip düşündiler.

Japbaklar iň soňunda orulmadyk bugdaýyň içine girdiler.

Ýapbak şatlygyndan ellerini çarpdy.

— Ine gerek bolsa size hoşa!

Mapbak söýünjini mälim etdi.

— Nädersiň indi Japbaklaryň oraçasy çörekden dolaý-sa!

Topbak keýpi köklük bilen gygyrdy.

— Sanajy bäri al!

Olaryň üçüsi uç ýerden orulmadyk bugdaýyň towzasyny ýolup başladylar. Japbak bugdaýyň şytyrdysyna gulak salyp, birsalym böwrüni diňirgänden soň, birdenkä gazap bilen gygyrdy.

— Daýanyň!

Olaryň hemmesi birden Japbaga seretdi. Japbagyň ýelken gulaklary gabardy.

— Siziň şu edýän işiňiz Japbaklaryň adyna laýykmydyr? Ejemiň beren tabşyrygyny unutduňyzmy? Biz hoşany orlan ýerden çöplemeli dälmidik näme?

Doganlaryň ýüzleri aşak sallandy, penjeleri gowşady, towzalar ýalaňaç aýaklarynyň üstüne iki-ikiden paýrap düşdi. Japbagyň sözüni olar ysgynsyz ses bilen tassykladylar.

— Japbak dogry aýdýar!

Japbak sanajy başaşak silkdi. Dok däneli towzalar paýrap döküldi. Üç doganyň naýynjar garaýan gözleri şol towzalar bilen bile dökülýäne döndi. Şol wagtda oraçanyň içi, ejeleriniň bir döwüm çöregi gizläp çykarýany gözleriniň öňüne geldi. Olaryň üçüsi üç ýerden oýlandy. «Bu nähili deňsizlik? Ynha, gör, meýdanyň ygşyldap oturan bugdaýy ýere-göge syganok. Emma biziň öýümizde bir ýugrum hamyrlyk un ýok. Bu nähili düzgün?..»

Ýapbak iň soňunda Japbaga sowal berdi.

— Aý, Japbak, sen bize görä ekabyrrak, Belki, sen bilýänsiň: biziň näme üçin ýerimiz ýok?

— Ýeri näme etjek?

— Ýeri näme ederler? Bugdaý ekjek?

— Biziň ýerimize Ýalak işanyň eýe bolanyny ejem, nämä, bize aýtmanmydy? Ýa siz eýýäm ony unutdyňyzmy?

Doganlaryň hiç birinden ses çykmady.

Japbak boş sanajy egnine atyp ugrady. Üç dogan onuň yzyna tirkelen torum ýaly, nalajy asylyp ýöredi. Ygşyldap oturan tow-

zalary yzda galdyryp gitmek olar üçin nähili agyrdy...

Olar iň soňunda bugdaýy orlup, dessesi heniz çekilmedik sypalyň içine girdiler. Japbak boş sanajy bir dessäň üstüne bulap urdy.

— Ine size orlan ýer. Hoşany näçe etsek, ine, şu ýerden edeliň!

— Dogrudan hem, Japbak bizden akylly. Ine gerek bolsa hoşa! Japbak tumşujagyny ýokary tutdy.

— Hymm! Siziň Japbak bilen gözüňiz öwrenişendir.

Söze salym ýok, üýşürilgi dessäniň başy şytyrdap başlady. Bir käse çaý içim salymda sanajyň garny gabardy.

Dessä el urman, ýekeje towzany barmaklarynyň arasynda pyrlaýan Topbagyň näme üçindir durdygyça ýüzi gamaşdy. Birdenkä-de ol:

— Japbaklar, çekiň eliňizi! — diýip gygyrdy...

Üç doganyň üçüsi birden Topbaga çiňerildi.

Ýapbak bilen Mapbak onuň alkymyna dykyldy. Olaryň ikisi birden:

— Bu nähili buýruk! Japbaga biz boýun, onuň ýaşy uly, gowy bilýär. Sen biziň ikimizden hem kiçi ahyry! Bu nähili buýruk? — diýip gaýtalady.

— Ejem bizi bu gün näme üçin iberdi?

— Bu nähili sowal? Elbetde, hoşa etmek üçin!

— Hoşany nireden edip diýipdi?

— Orlan sypaldan.

— Siz, heý, oýlap görýämisiňiz? Siziň el urýanyňyz orlup giden sypalyň hoşasymy ýa orlup üýşürilen dessemi?

Doganlaryň üçüsi üç ýerden başlaryny aşak saldy. Topbak sanajyň düýbünden tutup silkende sere biçim towzalar dessäň üstüne paýrap döküldi. Ol edil Japbaklaryň eleşan eteklerinden dökülýän gowurga döndi.

Şondan soň Japbaklar desseden ýekeje-de towza alman, orlan sypaldan hoşa çöplemäge başladylar. Hoşa çöplemek, elbetde, üýşürilen dessäniň başyny buran ýaly däldi. Orakçynyň elinden sypyp gaçan towzanyň her bäş-üç ädimden birini gözläp tapmalydy. Eýsem-de bolsa, Japbaklar oňa tiz adatlandylar. Gün ortadan agmanka, sanaç kemsiz doldy. Emma çöplenen towza heniz hem kändi. Sanajyň agzyna çykaryp, ilki bilen Topbaga depeletdiler. Gowzan sanajyň üstüne towza guýanlaryndan soň, Ýapbaga depeletdiler. Ýene biraz hoşa galany üçin, iň soňunda Japbaga depeletdiler. Sanaç tyrymdykyz doldy. Onuň agzyny zordan bogdular. Ýapbak sanajy pitiklände, ol ter gawun ýaly, tyryň-tyryň ses etdi.

Japbak Ýapbaga:— Sanajy sen göter — diýdi.

Ýapbak Mapbaga: — Sanajy sen göter — diýdi.

Mapbak Topbaga: — Sanajy sen göter — diýdi.

Topbak Japbaga: — Sanajy sen göter — diýdi.

Ahyrynda bije atdylar. Ilki bilen Japbak, ondan soň Ýapbak, ondan soň Mapbak, ondan soň Topbak götermeli boldy. Olar deň götermegi müwessa goýdular. Emma ädimiň näçe ädim, nirä çenli götermelidigi mälim bolmady. Olar ilki bilen oba çenli bolan arany ädimläp çykmak, ondan soň ädim sanyna görä götermek kararyna geldiler. Olar sanajy ýabyň raýýşynda, belendräk ýerde goýdulur.

Japbaklar oba bilen arany ädimläp çykdylar. Kimiň näçe ädim göterjegi aýnadaky ýaly anyk boldy. Ondan soň sanajyň yzyndan gaýtdylar.

Emma goýup giden ýerlerinden sanajy tapmadylar. Agtardylar, agtardylar, eýläk ylgadylar, beýläk ylgadylar, desseleriň arasyna çenli barladylar... Sanaç hiç ýerden çykmady.

— Aý, hoşaly sanaç, niredesiň, haw! — diýip gygyrdylar.

Sanaç hiç ýerden jogap bermedi.

Japbak Ýapbaga: — Sanajyň indi gitdigi boldumy? — diýdi.

Ýapbak Mapbaga: — Hoşalaryň indi köýdügi boldumy? — diýdi.

Mapbak Topbaga: — Gün zähmetimiz reýgan gitdimi? — diýdi.

Topbak Japbaga: — Ejemiziň gözi ýoldadyr. Biz oňa indi näme jogap bereris? — diýdi.

Sanajy ýene agtardylar, ýene tapmadylar.

Olaryň golaýynda bir harman göründi. Şol harmanyň üstünde bir adam saýgaryldy. Sanajy şol adamdan soramak kararyna geldiler.

Baryp görseler, harmanyň üstünde oturan Kelekbaý ekeni.

Japbaklar Kelekbaýa salam berdiler. — Armaweri— diýip, halyny-ahwalyny soradylar. Gele-gelmäne sanaç sowalyny bermekden bolsa çekindiler. Emma jozzuk ýaly garry Kelekbaý nasly agzyny pakgyldadyp, ilki bilen wäşilige saldy.

— Eri-how, Japbaklar, top tutup ugrapsyňyzla? Ugur haýyr bol-a!

Kelekbaýa Japbak jogap berdi.

— Baý aga, ugur-a haýyr däl.

— Näme üçin?

— Sanaç ýitirdik.

— Sanajyň nähili alamaty bardy?

— Garny pökgüjedi. Iki elini asmana gerýärdi.

— Sanajyňyz borjulan bolaýmasyn?

— Baý aga, ol düýäniň hamyndan däl ahyry!

— Şowuna düşse, geçiniň hem borjulaýmasy bolar.

— Baý aga, henek etmesene! Gören bolsaň, aýtsana! Ejemiziň öýde ýugyrlygy ýokdur. Gözi ýoldadyr. Dört adamyň uzak günlük azaby reýgan bolup barýar. Bilýän bolsaň, aýdaýsana, baý aga!

Kelek agzyndaky nasyny togdary ýaly pürküp goýberdi. Japbaklara dazaryldy.

Heý, enesi ýalamadyk, atasy dolamadyk murdarlar! Siz indi ogurlyga-da ýüz urduňyzmy?

Ýapbak Kelekbaýa ak ýürek bilen mälim etdi.

— Baý aga, beýle diýmäň, aýyp bolar! Japbaklar— Japbaklardyr. Olar aç ýatmany başararlar. Emma kişi malyna el urmany başarmazlar! Şeýle bolanda, ejemiz biziň ýüzümize tüýkürmezmi? Biz, ne dik oturan bugdaýa degdik, ne orlan desselere el uzatdyk. Diňe sypaldan hoşa çöpledik.

Kelekbaý agzyndan köpük syçradyp gygyrdy.

— Heý, peläketler! Ynha, siziň hoşaňyz meniň aşagymda!

Japbaklaryň hemmesi birden:

— Aý, ýaşa, baý aga! — diýip gygyrdylar. Olaryň her haýsy

bir ýerden derrew harmana dyrmaşdylar. Hakykatdan-da, hoşaly sanaç Kelekbaýyň aşagynda ellerini ýokaryk gerip ýatyr. Olaryň hemmesi birden seslendiler.

— Baý aga, ýitgimizi tapyp bereniňe sag bol! Sanajy bäri al!

Kelekbaý awa topuljak syrtlan ýaly üşerildi.

— Size sanaç gerekmi?

— Içindäki hoşasam bile gerek!

Kelekbaý ýumrugyny düwüp galanda, Japbaklar özlerini harmandan aşak goýberdiler. «It gedaýdan gorkar, gedaý itden» diýen ýaly, Kelekbaý olardan birhili ätiýaç etdi, harmandan özüni aşak goýbermedi. Doganlar oňa näçe ýalbarsalarda, Kelekbaý olara gulak asman, gaýta agzyndan gelenini gargady. Garaz ne Japbaklar harmana dyrmaşyp bildiler, ne-de Kelekbaý aşak düşüp bildi.

Kelekbaý harmandan düşse, Japbaklar sanajyny bir tär bilen ele salarys diýip düşünýärdiler. Şonuň üçin Kelekbaýyň gaharyny getirmek küýüne düşdüler. Olaryň her haýsy bir ýerden heňe başlanlarynda, sesleri sazlanyşyp çykdy.

Kelek, Kelek, Kelek baý!
Gazan, çuwal, çelek baý!
Ýüz kelege, ýüz kele,
Bir özümiz bolarys taý!

Şol heňi yzly-yzyna gaýtaladylar.

Kelekbaý hem keldi, hem kelekdi. Ondan ýüz görýänler, ondan eýmenýänler, oňa ýaranjaňlar onuň adyny biraz üýtgedip, oňa Gulluk baý diýýärdiler. Kelekbaý adyny eşidende, ol bolmajysyny bolýardy. Häzir ol nähili bolanyny bilmän, ala gykylyk bilen harmandan özüni aşak goýberdi.

Japbaklar harmanyň daşyna aýlandylar.

Kelekbaý Japbagy kowalady.

Ýapbak onuň yzyndan ýetip, böwrüne dürtüp gaçdy.

Kelekbaý Ýapbagy kowalady.

Mapbak onuň yzyndan ýetip, böwrüne dürtüp gaçdy,

Kelekbaý Mapbagy kowalady.

Topbak onuň yzyndan ýetip, böwrüne dürtüp gaçdy.

Kelekbaý Topbagy kowalady.

Japbak onuň yzyndan ýetip, böwrüne dürtüp gaçdy.

Kelekbaý Japbagy kowalady.

Ýapbak harmana dyrmaşyp, sanajy aşak togalady.

Hüm ýaly gyzaran, halys gurpdan düşen Kelekbaý sanaja bakan topuldy, ýüzüniň ugruna entäp, sanajyň üstaşyry sermagallak atyp gitdi. Japbaklar onuň üstünde hümer bolup, çalamünder oýnadylar. Emma Kelekbaý daşyny aldyran ýekegapan ýaly agdarylyp, düňderilip, biriniň ýon damaryny owkalady, biriniň ýüzüni dyrnady. Japbak iň soňunda onuň gyzyl kündik ýaly kel kellesini gaşady. Ýapbak onuň hokga köwşünden sypan çorly dabanyny gaşady. Mapbak onuň sag çignine ýapyşdy. Topbak onuň garnyny gyjyklady.

Kelekbaý iň soňunda ejizläp ýekegapan ýaly gykylyk turuzdy.

Japbak onuň kellesini sypalap:

— Kim ogry? — diýip sorady.

Kelekbaýyň boguk sesi çykdy.

— Ogry men!

Ýapbak onuň çorly aýaklaryny rahat uzatdy.

— Degmäň-äýt! Kelekbaý öz ömründe birinji gezek dogry sözledi.

Mapbak onuň elini öz ugruna goýberdi.

— Kelekbaý öz ömründe birinji gezek dogry sözledi.

Topbak onuň gazan ýaly garnyny biz köýnegi bilen örtdi.

— Dogry sözli adam hormata laýyk bolarmyş.

Japbaklar şondan soň oňa hormat bilen ýapyşdylar. Geýim-gejimlerini düzedişdirdiler, tozanlaryny kakdylar, ýakasyndan inen gylçyklary süpürişdirdiler. Eýsem-de bolsa Kelekbaý öz ömüründe Japbaklara dil ýetirmezlige şert etdi. Japbaklar üçin onuň şertine hajat ýokdy. Olar ony ynjytmak däl, gaýta öz atalary hökmünde hormatladylar.

Japbaklar Kelekbaý bilen hoşlaşyp, hoşaly sanajy göterip, öýlerine bakan gaýtdylar.

Kelekbaý Japbaklaryň ýanynda näçe şert etse-de, hoşaly sanaç onuň hut öz teninden kesilip alnana döndi. Japbaklaryň hoşa çöplänine ol hiç ynanyp bilmedi. Şonuň üçin, Japbaklardan ýaňa onuň ýüreginde bir kitüw galdy.

## Sygyr söwdasy

Hoşadan agyzlary tagam tapan Japbaklaryň öýlerinde çörek bolady.

Olar indi hoşa her gün gitdiler. Olaryň indi dördüsi bir sanaç götermän, her haýsy bir sanaç göterdi. Japbaklaryň azygy bolap başlady. Indi olar çörek hurşy bolar ýaly, süýt-gatyk berip duran sygyrjyk edinmek küýüne düşdüler.

Japbaklardan içi kitüwli Kelekbaý olara hiç bir zat edip bilmedi. Ol öz ýanyndan indiki boljak çalamünderden heder edip, ony hiç bir ýerde agzap hem bilmedi. Ol Japbaklaryň hoşa çöpläp ýörenlerini öz gözi bilen görse-de, özüniň müňkürligine görä, Japbaklar sanaçlaryny onuň harmanyndan ýa desselerinden ogurlaýandyrlar diýip düşündi. Şonuň üçin hem olardan aryny almak, olary möçükdirmek, nämeden hem bolsa zyýan çewdirmek üçin pursat arap gezdi. Japbaklaryň sygyr edinmek kül-külüne düşenlerini eşidenden soň bolsa: «Ho-op, duruber bakaly. Sizden şu sapar öňki-soňkymy çykaraýmazmykam!» diýip oýlandy.

Güýz aýydy. Howa çigrekdi. Meýdandan ekin-dikin, gawun-garpyz ýygnalypdy. Bir gün eňňere meýdanlaryndan Japbaklaryň tirkeşip ýörenlerini gören Kelekbaý öňünden taýynlap gaýan ullakan gara garpyzynyň daşynda aýlandy, onuň töwereklerini süpürişdirdi, tämizledi.

Japbaklar onuň üstünden geldiler. Eňňere meýdanynda galan ýeke-täk mähnet garpyzy geňirgediler. Japbak oňa sowal berdi.

— Eri-ow, baý aga, munyň näme?

Kelekbaý ýylçyr gara garpyzy ýeňi bilen süpürdi, Japbaklara ýylgyrjaklap garady.

— Köşeklerim, bu-ýa bir bogazja sygyr.

Ýapbak Mapbaga seretdi. Mapbak Topbaga seretdi. Topbak

Japbaga seretdi. Japbak Kelekbaýdan sorady.

— Baý aga, bu nähili sygyr? Munyň garpyz ýaly-la! Japbaklar her hili agyr günleri ýük sanman, wäşilik bilen bilmezligi salyp ýörseler, Kelekbaý olary akmak hasap edýärdi. Şonuň üçin olary aldamak, oýnamak çäresine girişdi.

— Han ogul, heý, şu meýdanda gawun-garpyza gözüňiz ildimi? Olaryň baryny eýýäm sowuk urup guramadymy näme? Bu janawaryň guzlar wagty golaýlapdyr. Şonuň üçin kirpi ýaly aýaklaryny içine ýygryp, çyglyp ýatyr. Siziň gözüňize garpyza meňzeşräk görünse-de, bujagazyň özi tohum sygyrdyr.

Topbak Mapbaga kinaýa bilen garady. Mapbak Ýapbaga «Kelekbaýyň hilesine düşünýäňmi?» diýen sowal bilen garady. Ýapbak Japbaga «Kelekbaýyň göwni şonda bolsa, biz aldanan kişi bolsak, utularmykak?» diýen sowal bilen garady. Japbak Kelekbaýyň hilesine garşy hile gurmak isledi.

— Baý aga, sygryňy satjakmy?

— Hawa, hanym, sygyr mende başga-da kän, özüňiz bilýäňiz. Bahasy ýetse, şujagaz sygry satmanam durjak däl.

— Baý aga, onda sygryň bahasy näçe?

— Üç tümen.

Tümen, gyran hiç wagtda Japbaklaryň eline düşen zatlar däl. Şonuň üçin Ýapbak Kelekbaýa mälim etdi:

— Baý aga, biziň tümen-mümen bilen tanyşlygymyz bolmaz. Sen sygry bize bugdaýdan bahala.

— Aýyby näme! Bugdaýam oňat zat. On dört batman bugdaý beräýiň.

Mapbak ondan haýyş etdi:

— Baý aga, biz seniň batman-matmanyňy bilmeris. Sen bize ölçeg bilenjik aýt: näçe jam ýa-da näçe sanaç?

Aňry çekeleşdiler, bäri çekeleşdiler, iň soňunda söwdalaşdylar.

Sygryň bahasy bir sanaç bugdaý boldy.

Topbak Kelekbaýa çiňerildi:

— Baý aga, soňundan ökünjek bolsaň-a, öňünden aýt. Onda söwdany goýbolsun edeli.

— ýok, ogullarym, meniň sözüm hemişe sözdür.

Japbak oňa çiňerildi.

— Baý aga, onda biziň söwdamyz daşa ýazylan hata dönsün. Sygyr biziňki, bugdaý seniňki. Öýe baran badymyza bir sanaç bugdaýy bizden al. Biz minneti hoşadan, hoşa höküm edýän, ine, şu penjelerden çekýäs!

— Aýtdym — gutardy.

Doganlar «sygry» öýe alyp gaýtmagyň küýüne düşdüler.

Japbak onuň syrtyna geçip: — Höw! — diýdi. Sygyr gymyldamady.

Mapbak aýagynyň burny bilen onuň böwrüne dürtüp:

— Höw! — diýdi. Sygyr gymyldamady.

Ýapbak aýagyny ýere patladyp, batly ses bilen: — Höw! — diýdi. Sygyr gymyldamady.

Topbak onuň arkasyna çybyk çalyp:— Höw! — diýdi. Sygyr gymyldamady.

Beýlesine bakyp pyňkyrjak bolýan, böwrüni müňküldedip gülýän Kelekbaý düşündiriş berdi.

— Balalarym, men size aýtdym ahyry: sygryň guzlar wagty gelipdir. Ony bu wagt gyssasaňyz, göle taşlatdyrsyňyz. Siz, iň ýagşygsy, ony göterip gidiň-de, aýaz degip buýdurmaz ýaly, oraçaňyzda, ýylyjak ýerde saklaň.

Japbak Kelekbaýa keýerjekläp seretdi.

— Sygry götermek?!

Kelekbaý ellerini iki ýana gerdi.

— Han ogul, gerek bolanda, dünýäniň hem göterildigi bardyr. Sygyr nämedir? Onda-da gulajyn sygyr? Japbaklaryň ýanynda onuň gürrüňi bolarmy? Meniň göwnüme bolmasa, siz pili hem götererermikäňiz öýdýän!

Mapbak apaň-apaň basdy.

— Hökman götereris! Ýadan bolsaň, baý aga, sygryň üstüne mün. Seni hem bile götereris!

Japbaklar «sygry» götermekçi boldular.

Japbak Ýapbaga: — Sen iki art aýagyndan ýapyş — diýdi.

Ýapbak Mapbaga: — Sen iki öň aýagyndan ýapyş— diýdi.

Mapbak Topbaga: — Sen guýrugyndan ýapyş — diýdi.

Topbak. Japbaga: —Sen iki şahyndan ýapyş — diýdi.

Olar «sygryň» haýsy ýerini elleseler, buz ýaly ýylmanak endamyna elleri degdi.

Japbak aýtdy: — Baý aga, munuň kellesem ýok, şaham ýokla!

Ýapbak aýtdy: — Baý aga, munuň öň aýaklaram, art aýaklaram ýok-la!

Mapbak aýtdy: — Baý aga, munuň guýrugam ýok-la!

Pyňkyrmakdan zordan saklanyp, böwrüni müňküldedip gülýän Keleýbaý düşündiriş berdi.

— Balalarym, men size aýtdym ahyry: ol bar güýji bilen çyglany üçin, kellesini, aýaklaryny içine salyp, kirpi ýaly ýygrylyp ýatyr. Siz oňa göle taşlatmajak bolsaňyz, şol durşuna emaý bilen göterip gidiň.

Kelekbaýyň soňsuz gülýänini aňlan Topbak:

— Baý aga, beýle kän gülme, birden içiňe ýel düşäýmesin? — diýdi.

— Han ogul, sen meni gülýändir öýtme: meniň bogazyma gylçyk düşüpmi, nämemi, bogazyma birsyhly hereket bermesem durup bilemok.

Kelekbaýyň kömegi bilen dört dogan «sygry» zordan egin-lerine aldylar. Japbak bilen Ýapbak öňden, Mapbak bilen Topbak yzdan ýöräp, dähedem-dessemläp ugradylar. Dört egniň üstünde ýerleşen togalak «sygyr» olar sähelçejik çaýkansalar, depirjäp başlajak. Şonuň üçin doganlar demlerini hem uludan alman, doňan göwre ýaly emaý bilen süýşüp gitdiler.

Kelekbaý olaryň yzyndan gülüp ýykyldy, ýatan ýerinden içini tutup, gözlerini ýaşardyp güldi, samrady.

— Şu sapar nädäýdiňizkä!..

Japbaklar wawwaly ýaly ýörediler.

Şol barmana Topbagyň aýagyna tiken çümdi. Ol: — Eý wäk! — diýip gygyrdy-da, birdenkä aşak egildi. Eginlerinden sypan «sygyr» gaty ýere degip, çym-pytrak boldy. Şol wagt olaryň gapdalyndaky ýowşanyň düýbünden bir towşan turup, oba bakan ökje göterdi.

Oňa gözi düşen Mapbak:

— Ana, biziň sygrymyz oba bakan gaçdy! — diýip seslendi.

Ýapbak söwda dostuna gygyrdy.

— Aý, Kelekbaý, gara sygyr göle atandyr-la, ha-aw!

Takyr meýdany gyzardyp ýatan garpyza göz gezdiren

Japbaklar ahmyr çekdi.

— Wah, arman! Sygra göle taşlatdyk. Ynha, gör, eşeni dagap ýatyr. Sygryň özüni welin tutaweräliň.

Towşan gözden ýitdi.

Ýapbak: — Sygry baryp, Kelekbaýdan talap edeliň— diýdi.

Mapbak: — Sygryň gaçan yzyny yzarlalyň—diýdi.

Topbak has degerliräk maslahat berdi.

— Biz sygry Kelekbaýdanam soramalyň, yzynam yzarlamalyň, göni oba gideliň: iým öwrenenje sygyr eýýäm ýatagyna barandyr.

Japbaklar Topbagyň sözüni makul bildiler, oba bakan ylgadylar.

Baryp görseler sygyr, hakykatdan-da, ýatagynda dür.

Olar öýlerine bakan ylgap, ullakan sanaç bugdaý göterip geldiler. Söwdalarynyň oňanyna bolsa guwandylar.

— Heý, gözüňe döneýin, garaja sygyr!

— Bu sapar söwdamyz oňandyr.

— Kelekbaý sag bolsun!

— Indi içjegiň süýt, ýalajagyň köpük bolsun.

Japbak onuň şahyna daňlan ýüpden itdi. Ýapbak

bilen Mapbak iki ýan gapdalyndan ýöredi. Topbak onuň yzyndan sürdi. Olaryň dördüsi birden heň etdiler.

Garpyz diýme, gawun diýme,
Söwda etseň sygyr al!
Bogaz diýme, gysyr diýme,
Gaýmak iýseň sygyr al!

Kelekbaýyň dört aýaly dört ýerden çykyp gykylyk etdiler.

— Aýu, Japbaklar! Sygry nädýäňiz?

Japbaklaryň dördüsi dört ýerden jogap berdi.

— Sygryň söwdasy bireýýäm bolup gutardy, sanajy ýygnaň, sanajy!

— ýok, biz sygrymyzy satdyrjak däl!

— Edilen söwda gaýtmaz. Edil daşa ýazylan ýalydyr!

— Aýuw-w! Kele-ek!

— Indiki gykylygyň barjasy palak!.

Töweregi gallanyp, oraçaň gapysyna getirilen gara sygryň ýüzüne Bolluk ak urba çaldy.

Tüweleme, balalarym! Bu sapar söwdaňyz oňupdyr. Haýyrlysy bolsun.

## Günä bolar

Kelekbaýyň dört aýalynyň dördüsi öňünden aglaşyp çykdy. Kelekbaý özüni ýitirdi: «Biziň öýümizde ölen kimkä!» diýip oýlandy. Japbaklaryň sygry alyp gidenlerini eşidende bolsa, öz eli bilen eden işine ökünip, aňyrsyna ýetip bilmedi.

— Wah, sygry aldyranymdan, siziň biriňizi aldyran bolsam ybalyrak bolardy!

Ol Japbaklaryň üstüne baryp bilmedi. Çalamünder onuň

gözüniň öňüne geldi. Şonuň bilen bile, Japbaklarda günä bolman, bu onuň öz eli bilen eden işidi. Eýsem-de bolsa garpyz ýerine gara sygrynyň gidenine näderini bilmedi. Obanyň ownuk-uşak dawalaryny hemişe baýyň özi çözýärdi. Emma onuň öz dawasyny, onda-da Japbaklar bilen bolan dawany onuň peýdasyna çözüp biljek adam ýokdy. Ol oýlana-oýlana, iň soňunda, sygyr dawasyny şerg ýoly bilen çözdürmek kararyna geldi. Ol hemişe Ýalak işana hüşür-zekat berýärdi, şonuň üçin Ýalak işan hem hemişe onuň sözüni sözleýärdi.

Sygyr dawasy obanyň hemme ýerine ýaýrady.

Ýalak işan Japbaklary çagyranda, oba adamlarynyň uludan-kiçä, aýaldan-erkege hemmesi üýşüp geldi. Märekäniň üýşmegi Kelek bilen Ýalaga ýaramady. Olar onuň ýaly dawany hemişe çolaja hüjräniň içinde aýgyt edip goýberýärdiler.

Ullakan selleli, uzyn, gara, arryk Ýalak işan Japbaklaryň howuny almak üçin olara abyr-zabyr urdy.

— Heý, peläketler! Siz ýaş başyňyzdan betpällige ýüz urýamysyňyz? Aýyp bolar, günä bolar!

Japbak Ýalak işana ýelken gulaklaryny üşertdi.

— Işan aga, ajyň aňy bolmaz. Biz düýnden bäri duz dadamyzok. Bizi ilki bilen biraz garbandyrmasaň, günä haýsy, sogap haýsy, seljerip bileris öýdemzok.

— Heý, bidöwlet, dilenmek günä bolar!

— Işan aga, biz sizi çagyramzok, siz bizi çagyrdyňyz. Çagyrylan adama öňi bilen hezzet-hormat edilýändir.

Japbaklaryň öňüne nan doly saçak gelip düşdi.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Işan aga, men birnäçe wagtdan bäri gaty şorsurapdyryn. Öňi bilen meniň şorumy biraz ýatyrmasaň, meniň akylym zat işlemez!

— Heý, bidöwlet, dilenmek aýyp bolar!

— Onda näme, siziň kowumyňyzyň hemmesi dilenip, gedaý gezip ýörler? Aslynda, çagyrylan adama öňi bilen hezzet-hormat edilýändir.

Japbaklaryň öňüne bir okara gowurma getirip goýdular.

Onda gözlerini delmirden Mapbak aýtdy:

— Işan aga, men uzak gije düýşürgäp ýatypdyryn. Kersen doly süýtden ýa gatykdan gözüm doýmasa, men ukymdan açylman.

— Heý, bidöwlet, dilenmek günä bolar!

— Gözüm ukuda bolansoň, dilimiň näme diýýänini hem onçakly eşidip duramok. Aslynda çagyrylan adama öňi bilen hezzet-hormat edilýändir ahyry!

Olaryň öňünde bir kersen gatyk getirip goýdular.

Onda boguk sesli Japbak aýtdy:

— Işan aga, sygrymyzy gaçyramyzda, men gygyryp-gygyryp, sesimi gyrdyrypdyryn. Men biraz saryýag içmesem, gepimi düşündirip bilmen.

— Heý, bidöwlet, dilenmek günä bolar!

— Işan aga, siz ömürboýy dilenip ýöreniňizde günä bolanok-da, Japbaklar birje gezek dertlerini aýdanda günä bolaýýamy? Aslynda çagyrylan adama öňi bilen hezzet-hormat edilmelidir ahyry!

Olaryň öňünde bir jam saryýag getirip goýdular.

Japbaklar iýdiler, içdiler, özleri ýaly açgöz oglanlara-da çörek uzatdylar, gowurma okladylar. Olaryň keýplerini köklediler. Ondan soňra ýerlerinden turup, Kelekbaýyň golaýynda gerindiler, palladylar.

Kelekbaýy ýanaýandyrlar hasap eden Ýalak olara abyr-zabyr urdy.

— Heý, bihepbeler! Doýduňyz, taň etdiňiz. Adamyň üstüne gerinmäňiz näme? Günä bolar!

Ukudan açylan Ýapbak agzyny giň açyp, ullakan pallady.

— Işan aga, günäden öz ömrümizde biz birinji gezek gönendik. Şular ýalyjak günäleri bize çaltrak berip duraweri. Bereketiň artsyn!

Ýalak işan dawany tizräk açmaga gyssandy.

Japbaklar dawa üçin çagyrylanlaryny hem bilmezlige salyp, illeri gülüşdirmeklerini dowam etdiler. Ýalak dawadan gürrüň agzamakçy bolanda, Japbak oňa ýüz tutdy.

— Hawa, işan aga, eden hyzmatyňyza taňryýalkasyn. Doýan ýeriňde doklugyňy siňirme diýen nakyl bar. Bize rugsat berseň, indi gaýtjak, sygrymyza seretmelidiris.

— Japbaklar kim, sygyr kim?

— Siziň asyl habaryňyz ýokmy? Biz Kelekbaý bilen söwda etdik ahyry!

— Gullakbaýyň aýdyşyna görä, siz söwdany galp edipsiňiz. Galp söwda günä bolar!

— Şeýlemi, Kelekbaý, biz seniň bilen sygyr söwdasyny etmedikmi?

«Kelek» sözi Kelekbaýy gazaplandyrjak ýaly etdi, birdenkä bolsa çalamünder hem Japbaklaryň söwdany örän berklänleri ýadyna düşdi, özüni ýitirdi.

— Men... men oýun etdim, oýun.

— Kelekbaý, seniň bilen oýna gyzyp ýörer ýaly, biz oglan oglanjyk däl ahyry! Näme sygryň bahasyny — bir sanaç bugdaýy eýýäm iýip gutaraýdyňmy?

— Men... men size sygyr diýip, garpyz satypdym.

— Işan aga, kimiň söwdasy galp? Sygyr diýip, garpyz satanyňkymy ýa guşuň gursagy ýaly dok däne berip, sygyr alanyňkymy?!

Ýalak bilen Kelek biri-birine çiňerilişdi.

Japbak dowam etdi.

— Garpyz, näme, süýt berýärmi? Biziň, näme, gözümiz ýokmy? Heý, sygyr bilen garpyzy tanamazam adam bolarmy? Heý, bir garpyza-da bir ýük bugdaý berlermi? Biz süýt içmek üçin sygyr aldyk, sygyr. Ynanmasaňyz baryň-da göräýiň, sygyr biziň gapymyzda gäwüşäp durandyr.

— Siz... meniň hem sygrymy, hem garpyzymy aldyňyz.

Ýalak işan ara düşdi.

Oňa şerigat ýol bermez. Günä bolar!

Saryýag içip, sesi açylan Topbak pert-pert gepledi.

— Päheý, onuň işi haýyr-la! Gelen ýyl ekin biter, biz onuň garpyzyny iki edip beräýeris.

Köpçülik Kelege, Ýalaga maý bermän gykylyk etdi.

— Topbak gaty dogry aýtdy. Kelekbaý gelen ýyl garpyzyny

alsyn. Ýöne weli, sarymaňyz oglanlary aldany üçin oňa sag bol aýtmaly däl. Goý, Ýalak işan şerg ýoly bilen oňa temmi bersin!

Şerg ýol almady. Kelekbaý barmagyny burnuna sokup galdy.

Japbaklar gol tutuşyp, aýdym aýtdylar.

Hile gurdy garry Kelek,
Arka boldy arryk Ýalak,
Ilim-günüm sagja bolsun,
Köpük ýalarys, heýjanelek!

**Taýçanaklar**

Japbaklar bir gün baýrakda bolup, at çapyşygyny synladylar.

Bökjekleşýän tohum atlara Japbaklaryň nebsi otukdy.

Japbak aýtdy: — Näme üçin biziň atymyz ýok?

Mapbak aýtdy: — Näme üçin biziň atymyz ýok?

Ýapbak aýtdy: — Näme üçin biziň atymyz ýok?

Onda Topbak aýtdy:—Atymyz bolmasa, bagtymyz bar.

Japbaklar az sözleşdiler, kän sözleşdiler, iň soňunda at çapyşyk kararyna geldiler. Karar, elbetde, iň soňunda at çapyşmak kararyna geldiler. Karar, elbetde, kyn däl, ýerine ýetirmekde iş bar. Şonuň üçin Japbak biraz oýdan soň, ýelken gulaklaryny gabartdy.

— Biziň hem at çapyşalyň diýşimiz «alma, biş, agzyma düş» diýen ýaly, gury bir hyýal bolýa.

— Näme üçin?

— Üçüniň bormy? Atyň bolsa çaparsyň-da!

Ýapbak çowluja burnuny eliniň aýasy bilen süpürdi.

— At bolanda kim çapmyýa? Sen atsyz çapanyňy aýt!

Mapbak olara çukurja gözlerini çüýjertdi.

— At edinmäň nämä manysy bar-aýt!

— Hä, palçykdan ýasaňda çüwýän bolsa, kyn däl.

— Ine, haý diýmän ýaz çykar. Ekin ekeris. Harman alarys. Baý bolarys. Biz adama bir däl, goşa at edineris. Atlary seýisläris. Birini ýakyndan goşsak, birini ula ibäris. Şonda nädersiň baýragyň aşagyndan galybam bilmeseň.

Topbak tokgaja burnuny müňküldetdi.

— Biziň gardaşymyz Mopbak guş bolsa, bilbil bolardy. Gör nähili gowy saýraýar! Ýaz çykmagyna entek wagt kän. Taýak gelýänçä ýumruk. Geliň, entek biz özümiz çapyşalyň.

Japbaklara at ýalyny örmäge, guýrugyny işmäge hajat ýokdy: olaryň egin-eşigi örän tyrrykdy. Olary seýislemäge-de hajat ýokdy, içleri höwür erkegiňki ýaly çekikdi.

Olaryň dördüsi dört ýerden edil çapyljak ata döndi: «Dur, dur!» bolşup goşulmaga taýynlandylar, aýaklary bilen ýer peşediler.

Onda Japbak aýtdy: —Obanyň içinde at çapyşsak, belki atlar boýnar.

Onda Ýapbak aýtdy: — Dogrudyr, belki, urduran adamymyz bolar.

Onda Mapbak aýtdy:—Adam hununa galmagymyz hem mümkin.

Onda Topbak aýtdy: — Dar ýerde at daratmak, elbetde, ha-

tarly. Geliň, biz ýüzümizi giň sähra tutalyň.

Japbaklar giň meýdana çykdylar. Taýçanaklar uzak wagtlap goşulyşyp bilmediler: ugradylar — çekdiler, ugradylar — çekdiler. «Hey, jüre getiren! Dur! Dön!» diýşip, öz aralaryndan gopgun turuzdylar. Iň soňunda dördüsi dört ýerden boýuntyryk atylan ýaly, gamça basdy.

Ýapbagyň burny jügüldedi.

Mapbagyň burny myşlady.

Topbagyň burny ýel düşen suw kädi ýaly haňlady.

Kä Japbak ozdy, kä Ýapbak. Kä Mapbak öňe düşdi, kä Topbak.

Olar obanyň gara görnümindäki gumaga baryp dyrmaşdylar. Taýçanaklar hemişe içleri çekgin bolanlary üçin, onçakly derlemediler, tosun bolmanlary üçin, onçakly haslamadylar.

Japbaklar demlerini dürsänlerinden soň, töwereklerine garanjakladylar. Bir görseler, demir gapakly alabeder pyşbagalar şakyrdaşyp ýörler. Topbak oturan ýerinden towsup galdy.

— Aý, Japbaklar, ine gerek bolsa size taýçanaklar. Geliň, biz pyşdyl çapdyralyň.

Doganlar: — Geliňde-geliň bolşup, adama bir pyşdyly dolap aldylar.

Japbak Ýapbakdan sorady.

— Seniň taýçanagyň ady näme?

— Ülker!

Ýapbak Mapbakdan sorady.

— Seniň taýçanagyň ady näme?

— Laçyn.

Japbak Topbakdan sorady.

— Seniň taýçanagyň ady näme?

— Meleguş.

Topbak Japbakdan sorady.

— Seniň taýçanagyň ady näme?

— Garlawaç.

Adatda atlar ikiden goşulýan bolsalar, Japbaklar taýçanaklaryň dördüsini birden goşdular. Emma pyşdyllar el görmän tez bolanlary üçin doganlaryň göwnünden turmadylar. Olaryň her haýsy bir ýana ýüzlendi.

Japbak öz taýçanagyny gaýtardy.

— Meniň Garlawajyma garaň, edil ýer ýüzünden gaýyp barýa.

Ýapbak öz taýçanagyny gaýtardy.

— Aý, gardaşlar, häzir boluň, Ülker birden ürkäýmesin.

Mapbak öz taýçanagyny gaýtardy.

— Görüň, algyr Laçyn awa dyzaýar.

Topbak öz taýçanagyny gaýtardy.

— Meleguşa bakyň, Meleguşa!

Japbaklar olary näçe gaýtarsalar-da, näçe öwseler-de, näçe goşsalar-da, taýçanaklar olaryň meýillerine görä hereket etmediler.

Japbak öz Garlawajyny başyndan aýlamak isledi.

Ýapbak öz Ülkeriniň alabeder keçesini sypyrmak isledi.

Mapbak öz atynyň guýrugyny, gulagyny öz sygyrlaryna meňzetmek isledi.

Onda Topbak aýtdy.

— Ah-ow, gardaşlar, siz oýlanyp görüň! Bu janawarlarda ýazyk ýok ahyry! Olar şindi baş görmändir, seýislenmändir, toý märekesine girmändir. Eger at edinjegiňiz çynyňyz bolsa, bulary biraz idetmegimiz, terbiýelemegimiz gerek.

Japbaklar taýçanaklara baş öwretmek üçin, olary oraçalaryna bakan alyp gitmek kararyna geldiler.

Japbak Ýapbaga aýtdy:

— Sen bulary ýol bilen öýe bakan sür.

Ýapbak Jopbaga aýtdy:

— Sen bularyň ýoldan çykmazlygyny boýun alsaň süreýin.

Olar öz peýwagtlaryna gidýän bolsalar, onda olaryň yzynda seniň näme işiň bar?

— Aý, garaz, agam bolýasyň-da, diýeňiňi etmeli-dä. Bolmasa, şulary bir ýana sür diýeniňden, arkaň bilen daş çek diýseň ýüz esse ýagşy görerdim.

Mapbak Topbaga aýtdy:

— Çapyşyp gelen ýerimiziň näçedigini bilmek üçin, sen öýe barýança ädimläp git.

Onda Topbak Mapbaga aýtdy:

— Ýolda hiç kimiň päsgel bermezligini boýun alsaň, gideýin.

— Päsgele gaýtawul tapmaz ýaly, sen näme Japbaklardan dälmi?

— Aý, garaz, aga bolýasyň-da, diýenini etmeli-dä. Bolmasa, ýarty ýolda biri sanymy ýalňyşdyranyndan ädimimi ýalňyşdyranyny kem görmezdim.

Japbak bilen Mapbak taýlara ýatak etmek üçin ozup gitdiler.

Ýapbak pyşdyllary sürüp ugranda, olaryň her haýsy bir ýana sowuldy.

Ýapbak bir gezek Ülkeri gaýtardy, bir gezek Laçynyň yzyndan ylgady, bir gezek Meleguşy dolady, bir gezek Garlawaja azm urdy. Emma wagty bilen olaryň başyny jemläp bilmedi. Iň soňunda olary ugrukdyrdym hasap edip, ýeke özi hiňlendi.

Pyşdyl, pyşdyl, pyşbaga,
Pyşdyldap gider daga
Iň kiçimiz Topbajyk,
Olam tokarja çaga.

Ýapbak olary öwse-de, olara heň edip berse-de, pyşdyllar oňa baş bererli bolmady. Ol iň soňunda biriniň gapdalyna kakyp, biriniň garşysyny alyp, birine haýbat urup, hemmesini bir ýere toplady. Pyşdyllar wyžžyldaşdylar. Göwnüne bolmasa, Ýapbak olaryň şol wyžžyldysyndan:

— Geliň, biz Ýapbaga bakan hüjüm edeliň — diýen ses eşitdi.

Ýapbak töweregine garanjaklady: hiç ýerde doganlaryň hiç biri görünmedi. Ol birhili öz endamy tikenekleýän ýaly duýdy. Eýsem-de bolsa syr bildirmezlik üçin, elindäki çybyjagyny galgatdy-da, pyşdyllara azm urdy.

— Näme beýle pyşyrdaşan bolýarsyňyz? Ýapbak sizden gorkar öýdýämisiňiz? Hany, ugrubir ýola düşüň!

Pyşdyllar ýene wyžžyldaşdylar. Bu sapar onuň gulagyna açyk eşidildi.

— Geliň, birimiz onuň sag eliniň barmagyny, birimiz çep eliniň barmagyny, birimiz sag aýagynyň, birimiz çep aýagynyň barmagyny dişläliň! Biziň daş tabagymyza onuň dişiniň ötjek gümany ýok! Geliň, biz ony birsalym awundyralyň! Ýalaňaç ýeke jandar demir donly dört jandara höküm süren bolup durmasyn.

Ýapbagyň depe saçy bir ýere üýşdi. Näme üçindir şagga derledi. Gorkuly göz bilep töweregine garanjaklanda, pyşdyllardan başga jandara gözi ilmedi. Şol salymyň özünde bolsa höküm buýrugyny eşitdi.

Ýerli-ýerden hüjüm!

Ýapbak birdenkä aýagaldygyna ökje göterdi, tümmege büdräp tüwdürilip gitdi. Şol bada ýene:

— Et, gutarma! — diýen gykylygy eşitdi.

Ýapbak aýak üýetüne galmanka bolsa, oýtakdan çykan Japbak bilen Mapbak el çarpyşyp gülüşdi.

Ýapbak gorkuly gözlerini petredip seretdi. Görse, Japbak bilen Mapbak gyzyl-gyran gülüşýärler. Ol ýeňsesini tüňňertdi, öýkeledi.

— Ýagşam bir ogan ekeniňiz! Tasdan meniň ýüregimi ýarypdyňyz!

Onda Japbak aýtdy:

— Aý, gardaş Ýapbak, biziň bu oýnumyz seni gorkuzmak üçin däl-de, saňa batyrlyk öwretmek üçin.

— Şeýle-de bir batyrlyk bolarmy? Meniň ýüregim ýarylan bolsa, dördüň ýerine üç bolup galardyňyz, sag goluňyzyň biriňiň syndygy bolardy.

Onda Mapbak aýtdy:

— Sen hiç wagt howsala düşme. Gorkaklyk Japbaklaryň häsiýeti däl. Şindi-hä dört sany pyşdyl, dört sany ýaragly duşman hüjüm etse-de, sen olaryň garşysyna edil gaýa ýaly bolup dur. Ana, şonda sen olaryň dördüsini-de ýeňersiň!

Şol wagtyň özünde bolsa Topbak olaryň duşundan öňki gaýdan yzyna bakan ylgap gitdi, doganlara habaram gatmady, seretmedem.

Onuň şol ýagdaýyny geňirgän Japbak:

— A-how, Topbak, dur, a-how! — diýip gygyrdy.

Onuň şol ýagdaýyny geňirgän Ýapbak:

— Ah-ow, Topbak, Gaýt yzyňa! — diýip gygyrdy.

Onuň şol ýagdaýyny geňirgän Mapbak:

— Ah-ow, Topbak! Saňa näme boldy? Dälirediňmi?— diýip gygyrdy.

Emma Topbak olaryň hiç haýsyna jogap bermän, aýagaldygyna ylgady. Doganlar haýran bolup galdylar.

Japbak aýtdy:

— Doganlaryň hiç haýsynyň ýeke çykarlygy ýok.

Ýapbak aýtdy:

— Japbaklaryň biri-birinden aýrylarlygy ýok.

Mapbak aýtdy:

— Ýapbak gorkdy, Topbak ürkdi.

Topbagyň başyna gelen işden olaryň hiç biriniň habary ýokdy. Ol ýaňy ýoluny ortalanda, onuň gapma-garşysyndan çykan

bir oglan oňa salam beripdi. Topbak onuň kimdigini hem tanaman, salamyny hem alman, bir gidişine ädim sanyny sanap barýardy. Emma öz yzynda şol oglanyň: «Bä! Japbaklara bu gün näme döw çaldyka?» diýen sesini eşidipdi. Şol söz ony iňkise salany üçin bolsa ädim sanyny unudypdy. Şonuň üçin hem Japbaklaryň duşundan yzyna bakan dazyrdap geçipdi. Topbak ýoluny ýaňadan ädimläp geldi.

Japbak oňa: — Topbak, saňa näme boldy? — diýdi.

Topbak elini salgady.

Ýapbak oňa: — Topbak, bu nä boluş? — diýdi.

Topbak elini salgady.

Mapbak oňa: — Topbak, sen näme dälirediňmi?— diýdi.

Topbak elini salgady.

Iň soňunda üç doganyň üçüsi birden oňa ýapyşdy.

Topbak başyny ýaýkady.

— Wah, arman!

— Hä, näme boldy?

— Näme boljakdy? Ikinji gezek sanymy ýalňyşdyrdyňyz!

Japbaklar keýp edip güldüler.

Şol wagtda bolsa, Topbaga salam beren oglanyň garagörnümden gidip barýany saýgaryldy. Topbak onuň yzyndan bogazyna sygdygyndan gygyrdy.

— A-ha-a... Wa-aleýkimessalam, ha-haw!

## Meniň sygrym haýsy?

«Mal eýesine çekmese — şumluk» diýen nakyl bar. Japbaklaryň alan sygry hem edil Kelekbaýyň özi ýaly gezegen ekeni, ol ekine adatlanan ekeni. Baý maly bolany üçin, oňa hiç kim bir zat edip bilmeýän ekeni.

Japbaklaryň sygry birinji gezek ekine düşende, onuň bir gulagyny kesdiler.

Japbak ony görende, haýran galdy.

— Bä, biziň sygrymyzyň gulagyna näme bolduka? Ýa Kelekbaýyň aýdyşy ýaly, guzlajak wagty golaýlaýamyka? Meniň bilşime görä, guzlamak alamaty bolsa gerek!

Sygyr ikinji gezek ekine düşende, ikinji gulagyny kesdiler.

Ýapbak ony görende, haýran galdy.

— Bä, biziň sygrymyzyň gulagyna näme bolduka?

Ýa Kelekbaýyň aýdyşy ýaly, guzlajak wagty golaýlap ýörmükä? Meniň bilşime görä, ekiz guzlamak alamatydyr.

Sygyr üçünji gezek ekine düşende, şahyny döwdüler.

Mapbak ony görende, haýran galdy.

— Bä, biziň sygrymyz ýeke şah bolaýypdyrla! Ýa onuň döw gatanjy barmyka? Meniň bilşime görä, üçem guzlamak alamatydyr.

Sygyr dördünji gezek ekine düşende, ikinji şahyny döwdüler.

Topbak ony görende, haýran galdy.

— Bä, biziň sygrymyz Kelekbaý ýaly, kelek bolaýypdyrla! Ýa bu-da, Kelekbaý ýaly, baý boljak bolýamyka? Dogrudyr! Meniň bilşime görä, Japbaklaryň özüne sandaş dördem guzlamak alamatydyr.

Sygyr bäşinji gezek ekine düşende, guýrugyny hem kesdiler.

Doganlar ony görende, dördüsi birden seslendi.

— Biziň bilşimize görä, bu gezegenligiň hem gysyrlygyň alamatydyr.

Guýruksyz, gulaksyz kelek sygyr Kelekbaýyň Japbaklara satan garpyzy ýaly togalakdy. Ony hiç ýatakda-da saklap bolmady, kesmigini döwüm-döwüm etdi, ekinden-ekine gezdi. Onuň indi kesere-de ýeri galmady. Japbaklaryň ondan habary bolmasa-da, Japbaklardan içi ýangynly bolany üçin, sygry özüne meňzeden Kelekbaýyň özüdi.

Japbaklaryň obasyndaky Doýduk, baýlykda-da, hilegärlikde-de Kelekbaý bilen bäsleşýärdi. Garpyz ýaly togalanan sygyr bir gezek onuň ekinine düşdi. Doýduk sygryň aýaklaryndan başga kesere ýerini tapmady. Aýagyny kesse, tölemeli boljakdy. Doýduk ony daňyp goýdy.

Topbak ony dilemäge baranda, Doýduk elini salgady.

— «Ýamandan boýuňy satyn al» diýendirler. Äkideweriň, äkideweriň!

Doýdugyň ajy sözi Topbaga ýaman degdi. Şonuň üçin öz sygry bilen meňzeş Doýduga ýüz tutdy.

— Doýduk eje, meniň sygrym olmy ýa seň özüňmi?

Doýduk gyňajyny galgatdy.

— Owarra bol, ýaşy kesilen!

— Günämi öt, Doýduk eje! Ýogsam meniň sygrym dil bilýän däldir-le! Ýöne weli, Doýduk eje, seniň ýaly dilli bolandan-a onuň lallygy hem kem däl.

Japbaklar kelek sygry näçe berk saklasalar-da, «Öwrenen gylyk örkleseň hem galmaz» nakylyna görä, Doýdugyň ekinine ikinji gezek düşdi. Doýduk oýlandy, pikirlendi, iň soňunda: «Bu sygyr barybir meni dyndarmaz. Kelekbaýdaka oňa çäre görmäge nalaçdym. Men muny Japbaklara tanatmaz ýaly edeýinde, özümejik dönderäýerin. Meniň haýsy malym şundan arassa» diýen netijä geldi. Ol sygryň biline, boýnuna, göwsüniň arasyna iki-üç parça ak biz orady-da, ala sygyr edip, gapysynda daňyp goýdy, öňüne ot dökdi.

Japbaklar sygry hiç ýerden tapman, iň soňunda «öwrenişen ýeridir, belki, şoňa barandyr» diýen niýet bilen Doýdugyň öýüne bardylar. Görseler, onuň gapysynda guýruksyz, gulaksyz, şahsyz kelek sygyr — emma gara däl-de, ala sygyr gäwüşäp dur.

Japbak ony tanamady.

Ýapbak oňa siňe syn etdi.

Mapbak biraz şübhelendi.

Topbak onuň ekinçi gözlerinde öz suratyny gördi.

Japbak Doýdukdan sorady:

— Doýduk eje, biziň sygrymyzy görmediňmi?

— Sygryňyzyň näme alamaty bardy?

Ýapbak aýtdy:

— Guýrugy, gulagy jonnuk.

Mapbak aýtdy:

— Kelekbaý ýaly kelek.

Mes Doýduk sygry Kelekbaýa meňzedenlerine jakgyldap güldi. Emma sygra gözi düşende, Topbagyň aýdany ýaly, özünede çalym edýänini görüp, sesini tapba kesdi, soragyny dowam etdi.

— Sygryňyzyň reňki nähilidi?

Topbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, edil özüň ýaly gara togalakdyr.

Doýdugyň hyrra gahary geldi, siltenjiredi.

— Ýok, men beýle sygyr göremok. Sygryňyzy nirede ýitiren bolsaňyz, şondan gözläň!

— Doýduk eje, bu sygyr näme?

— Gözüňi giňräk aç! Onuň reňki gara däl, ala! Ol meniň öz sygrym.

— Diýseňem, Doýduk eje, göz-ä biziň sygrymyza menzeýär.

Teläriň çetindäki agaçda aýran doly deri dyňzap durdy. Doýdugyň gözüne güýdüşip, Mapbak onuň bir bujagyny açdy-da, Doýduga bakan pürkdi.

— Aý, Doýduk eje, ýeteweri, elimden sypdy!— diýip gygyrdy.

Doýduk:

— Heý, ýaşy kesilen! —diýip topuldy. Onýança bolsa, Doýdugyň geýimi sygryň endamy ýaly alabeder boldy.

Şol wagt Topbak ondan sorady:

— Doýduk eje, seniň reňkiň nähilidi?

— Heý, enesi ýalamadyk! Meniň reňkimiň garadygyny özüň aýtmadyňmy näme?

— Ýok, gara däl, ala!

Doýduk üstüne-başyna seredende, özüniň hem gapydaky daňylgy sygyr ýaly aladygyny gördi. Eden hilesiniň ugur almanyny aňlansoň, ol:

— Sygryňyzy alyň-da, owarra boluň! — diýdi.

Japbaklar sygry idip ugranlarynda:

— Aýuw! Duruň entek! Men öz reňkimi alyp galaýyn! — diýip gygyrdy.

— Alaweri, Doýduk eje, alaweri! Bize kişi zady gerek däl!

Sygryň garagäz kiri bilen bulaşan üç parça bizi Doýduk kynlyk bilen söküp aldy.

Japbak aýtdy:

— Doýduk eje, sygyr näme-de bolsa, öz bilýäniň, sygyrda, Ol seniň biziňi kirledipdir. Biz ony ýuwup beräýeli.

— Ala tazyň awy-da gerek däl, özi-de!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Doýduk eje, bu nähili bolýa? Biz ala däl ahyryn! Üstüňe-başyňa seret: ala özüň, alany söýýän, biziň gara sygrymyzy alardan hem özüň!

— Tüket diýdim, tüket!

— Günämizi geç, Doýduk eje, bizde tükeder-tüketmez ýaly näme bar? Biz seni öz ejemiz ýaly görýäris. Sygrymyz ekine düşse. Ýene seniň ýanyňa gelmeli bolýar ys!

Doýduk şondan soň sesini çykarman, elini salgady. Japbaklar Doýduga nesihat berip, heň etdiler.

Doýduk eje, gaharlanma,
Gahar aklyň alar gider.
Baharyňa baharlanma,
Ýapraklaryň solar gider.

Ikinji bölüm

# JAPBAKLARYŇ ÝETGINJEK ÇAGY

## Bu kimkä?

Japbaklar günsaýyn dürli wakalary başlaryndan geçirip, agyr durmuşyň çylşyrymly sapaklaryny kem-kemden öwrenip, assa-assa ulaldylar, ösdüler, burunlarynyň aşagy garalyp başlady. Olaryň daşky görnüşleri üýtgese-de, içki gylyklary kän üýtgemedi. Çagalykdaky häsiýetleri jahyllykda-da dowam etdi. Olaryň güzeranlarynda-da ullakan tapawut duýulmady.

Emma olaryň çagalykdaky bir arzuwlary ýüze çykdy. Olar kelek sygyrdan galan kelek tüwäni hem bir aýlyk hoşany berip, at däl-de, ýaby edindiler.

Olaryň ýabysy Doýduk eje ýaly togalak hem örän garynlakdy. Onuň çortmak aýaklarynyň bilekselerini örtüp duran çogmak tüýleri bardy. Gysgajyk togalak boýnundan uzyn gür ýallar aşak sallanyp durdy. Gulaklary tagaşyksyz ullakandy. Gür alyn saçlary ullakan mele gözlerini örtýärdi. Bir gujak uzyn guýrugy ýere degip durdy. Onuň reňki gyr bolup, endamy künji pürkülen ýaly gara menekler bilen bezelgidi.

Japbaklaryň sygry gezegen bolsa, ýabysy gezmezek boldy. Ol kişi ekinine barmak däl, öz otuna-da ýaltalyk bilen ýapyşdy. Kesmikden boşap sygyrlar onuň öňüne dökülen oty açmaňyz ýalap-ýylmanlarynda-da olaryň hiç birine gaýtawul bermän, parhsyz garap durdy. Ony meýdana kowanda, duşamak, ýatagyna gelende daňmak hem gerek bolmady. Ony Japbaklar bu gün bir ýerde goýup gitseler, ertir hem edil şol ýeriň özünden tapdylar.

Şol gylyklaryndan başga-da, onuň üýtgeşik bir häsiýeti bardy: ol Japbaklardan iým talap etmedi, ýazyna ýorunja, gyşyna bede islemedi. Ol saman tapsada muhurdy, çaýyr tapsa-da muhurdy, ýandak-da bolsa muhurdy, hatda kirşene gatyşan dere tezekleri hem muhurdy. Onuň ot dannawy ýokdy, diňe agzy dek durmasa bolýardy.

Japbaklar oňa «Ýapagy» diýip, taý adyny dakdylar.

Kelekbaý ony ilki törende mys-mys güldi.

— Köşeklerim, at aldyk diýýädiňiz weli, munyňyzyň garny ýaman ýogyn görünýä-le! Çaňňalakly ýaby bolaýmasyn?

Japbak bir elini Ýapbagyň sagrysyna, beýleki elini Kelekbaýyň egnine goýup, oňa jogap berdi.

— Baý aga, sen arkaýynja bolaý! Japbaklaryň gapysynda dursa, ol basym at bolar: garny baryp, gapyrgasyna ýelmeşer.

Olar ony ilki alan günlerinde ýeke-ýekeden däl, syrtlaşyp hem däl, üç bolup mündiler. Dördünjisi onuň guýrugyndan ýapyşdy. Doganlar ony Kelekbaýyň öýüniň gapysy bilen Doýduk ejäniň öýüniň ýeňsesi bilen, Ýalak işanyň öýüniň töwerekleri bilen sagatlap çapdylar. Ýapagyň ýyndamlygy pyşdylyň çeni däldi, kelek sygryň hem çeni däldi, hatda Japbaklaryň özi bilen çapyşaňda-da kä Ýapagy ozdy, kä Japbaklar.

Japbaklaryň ömürboýy arzuwlary at bolany üçin, tä mähirleri ganýança, onuň üstünden düşesleri gelmeýärdi.

Ýapagy bir gün Doýdugyň öýüniň ýeňsesine ýetende, eli süýt kädili öýüne ýetip gelýän Doýduga gabat geldi. Doýduk haýsy ýana sowuljagyny bilmän aljyrady. Ýapagy ony urup geçmäge dogry gelende, birdenkä kürtdürip durdy. Japbaklaryň üçüsi hem başaşak eňterildi.

Japbak öz zarbyna Doýdugy süsüp serreltdi. Ýapbak agdarylan pyşdyl ýaly däbişekläp ýatan Doýdugyň süýt kädisine baryp girdi. Ýapagy müýnli ýaly sortduryp durdy. Olaryň bolşuny synlan Topbak jakgyldap, arkan-ýüzin gaýtdy.

Japbak hasanaklap galdy.

Ýapbak hasanaklap galdy.

Mapbak hasanaklap galdy. Emma onuň depesinden süýt jogaralandy.

Topbak onuň goýry dökülýän ýerine baryp, agzyny tutdy.

Japbak onuň goýry dökülýän ýerine baryp, agzyny tutdy.

Ýapbak onuň goýry dökülýän ýerine baryp, agzyny tutdy.

Doýduk ýatan ýerinden galyp bilmän hyklady. Süýt bilen başagaý doganlar onuň ýagdaýyndan habarsyz galdylar. Emma Japbaklaryň bäşinji «dogany» Ýapagy onuň egniniň aşagyna temegini sokdy-da, gop berip galdyrdy.

Hiç bir ýerine şikes ýetmän, diňe tozana bulaşyp galan Doýduk olara hyrydar çiňerildi-de:

— Heý, mysalaňyz gursun!— diýdi.

Topbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, her gün şunuň ýalyjak ýaglyja süýtden, doýur-da, biziň mysalamyzy guradyp bilseň guradaý — diýdi.

Japbak Ýapbaga seretdi. Ýapbak Topbaga seretdi. Topbak Japbaga seretdi. Emma olaryň hiç haýsynyň Mapbaga gözi düşmedi.

Ýapbak Topbakdan sorady.

Topbak Japbakdan sorady.

Japbak Ýapbakdan horady.

Emma hiç biri Mapbakdan derek bilmedi.

Doganlaryň ýüregine howsala düşdi. Olaryň üçüsi üç ýerden aglarly göründi... Birdenkä asmandan Mapbagyň sesi ýaňlandy. Doganlar näçe garanjaklasalar-da, onuň gözüne gözleri düşmedi.

Onda Japbak aýtdy:

— Ol ganat baglap, asmana uçan bolaýmasyn!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Ol indi doganlardan arany açan bolaýmasyn!

Onda Topbak aýtdy:

— Onuň ganaty gyrlyp, ýere gaçan bolaýmasyn!

Doýduk olaryň gürrüňine hahahaýlap güldi, iki eli bilen öz garnyna ýençdi. Japbaklar oňa haýran galdylar.

— Bä, bu aýal däliredimikä? — diýişdiler.

Gülküden gözüniň ýaşyny saklap bilmedik Doýduk zordan sözüni düşündirdi.

— Heý, saňsar işigaýdanlar! Siziň garagyňyz gapykmy? Ynha, bu soky ýaly bolup duran näme—menmi?

Japbak Mapbaga haýrangalyjylyk bilen seretdi.

— Bä, hakykatdanam, öz-ä Mapbak weli, munuň kellesi kimkä?

Mapbagyň sesi ýaňlandy.

— Waý, demikdim-le! Kelläm hem özümiňki-le!

Onda gözleriniň ýaşyny gyňajy bilen süpürip duran Doýduk aýtdy:

— Aý, hudaý uranlar, onuň kellesindäki meniň süýt kädim ahyry!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Mapbagyň kellesinde seniň süýt kädiň näme işleýär?

Onda Doýduk aýtdy:

— Doýdugyň golaýynda Japbaklar näme işleýär?

— Biz at çapýas ahyry!

— Siziň burnuňyzyň aşagyndaky garalyp görünýän murt däl-de, gazan garasy. Siz entek at däl-de, pyşdyl çapmaly!

Japbak Ýapbagyn burnuna seretdi. Ýapbak Topbagyň burnuna seretdi. Topbak Japbagyň burnuna seretdi. Doýdugyň aýdan sözi, hakykatdan-da, dogry ýaly bolup göründi. Olar oýa çümenlerinde, Mapbagyň ýene sesi ýaňlandy.

Japbaklar Mapbagyň kellesindäki kädini nädip aýyrjaklaryny bilmän, iň soňunda, ony döwmek kararyna geldiler. Onda Doýduk elden-aýakdan düşüp, gykylyk etdi.

— ýok! Men kädini döwdürmen. Günä siziň özüňizde. Ýogsam, men size kädi bilen bile onuň içindäki süýdi hem tölederin!

Japbaklar kädini nireden alsyn, süýdi nireden alsyn?

Japbak Ýapbaga kinaýa bilen seretdi. Ýapbak Topbaga kinaýa bilen seretdi. Topbak Japbaga kinaýa bilen seretdi. Olaryň şol garaşlarynda, biri-biriniň arasynda bir gizlin düşünje bardy. Doýdugyň taryna kakyp görmek üçin, Japbak şol düşünjäni mälim etdi.

— Görýän weli, biz öz doganymyzyň kellesini döwäýmesek boljak däl öýdýän.

Mapbagyň kädi içindäki kellesi sözüni düşündirip bilmedi, kädide naýynjar ses ýaňlandy.

Ýapbak Mapbagyň öňünde baş egip, onuň bilen hoşlaşýan ýaly, hamsygyp gepledi.

— Dogan jan, kädi bilen süýdi tölemeli bolsak, Ýapagyny bermeli bolarys. Atymyzy Doýduga berenimizden, kyn görmeseň, seni kädä berenimiz ýagşy! Indi sen bizi ýa görersiň, ýa görmersiň... Hoş!

Kädiniň ýaňlanmagyna garaman doganlar Mapbagy emaý bilen göterip ýere goýdular. Ýapbak ellerini tutdy. Japbak aýtdy:

— Hany, indi maňa bir maý beriň, kädili kelläni men nas edeýin!

Doýdugyň ýüregi ýaryldy. Ol saçlaryny ýolup gygyrdy.

— Waý, başyňa döneýin, Japbak jan! Kelläni döwme, kädini döw!

— ýok, Doýduk eje, günä seniň özüňde, Japbaklaryň gepi birdir. Hany, maňa bir maý beriň!

— Waý, işim gaýtdy! Hun tölemeli bolaryn. Döwmäň, döwmäň!

— Hawa-la! Mapbagyň hununa seniň ähli malyň hem ýetesi ýok!

— Waý, başyňa döneýin, kädini döw, kädini döw!— diýip, Doýduk Japbagyň eline ýapyşdy.

Japbak ýapbaga seretdi. Ýapbak Topbaga seretdi. Topbak.
Japbaga seretdi. Japbak iň soňunda mälim etdi.

— Häh, Doýduk eje, sen bolaýýasyň-da. Japbaklaryň seniň sözüňi ýere salyp biljek gümanlary barmy? Belki, biz kelläde, kädä-de şikes bermän, bir zat ederis. Japbaklarda ugurtapyjylyk ýog-a däldir.

Ondan soň Ýapbak Mapbagyň bir aýagyna ýapyşdy, Topbak Mapbagyň bir aýagyndan ýapyşdy. Japbak Mapbagyň kellesindäki kädiden tutdy. Japbak aýagyny diredi. Ýapbak bilen Topbak çekdiler, çekdiler, Japbagy özlerine bakan idirdetdiler. Ondan soň Ýapagy iki öň aýagyny Japbagyň iki egniniň üstünden aşyrdy. Ýamaşgandan çekdiler, çekdiler, Ýapbak bilen Topbak Japbagy idirdedip bilmediler. Doýdugyň göwnüne bolmasa, Mapbagyň boýny süýnüp barýan ýaly göründi. Ol ýüreginiň howlunjyna:

— Waý, oglanyň boýnuny sogurdyňyz-la! — diýip gygyrdy.

Kelleleri gyzan Japbaklar Doýdugyň gykylygyna üns bermän çekdiler, ýene çekdiler... Kedi kelleden sypyp, Japbak arkan ýykyldy, Ýapagy götün oturdy. Ýapbak bilen Topbak arkan serrelip gitdi.

Mapbak derrew Doýduk bilen boýdaş bolup:

— Hudaýa şükür, o dünýänem görüp geldim! — diýdi.

Doýduk Mapbagyň dym-ak ýüzüne seretdi-seretdi-de, essi aýyldy, iki baka elendi, tas özünden gidip ýykylypdy. Emma aýak üstüne galan doganlar ony ýykman, gop berip sakladylar.

Abat kädisine gözi düşen Doýduk Japbaklara birinji gezek minnetdarlyk beýan etdi.

— Ýüzüňiz-gözüňiz dert görmesin, balalarym! Ýörüň, men sizi çal bilen çörekden doýraýyn!

Japbaklar Doýduga sag bol aýdyp, keýpihon hiňlenip gitdiler.

Bagyşlawer, Doýduk eje!
Dert-azara goýduk eje!
Zada mätäç däldiris hiç,
Hoş sözüňden doýduk, eje!

**Taňrynyň tarhany**

Ili-güni gülüşdirip, keýpiköklük, şahandazlyk bilen gün geçirýän Japbaklar, käbiriniň oýlaýşyna görä, işsiz ýaly görünseler-de, olar bihepbe däldiler. Orak wagty orak orýardylar, onuň yzyndan hoşa edýärdiler. Kime döle gazyp berýärdiler, kimiň odunyny çekýärdiler. Şonluk bilen iýjek nanlaryny bol gazanýardylar. Olar hiç wagtda hiç kime hiç bir zat barada ýüz tutmaýardylar, dilemeýärdiler. Dözümsizlik bilen edilen käbir hödürlerden-de boýun towlaýardylar. Emma halky ynjadýan, halkyň ganyny sorýan baýlary, süýthorlary, dindarlary dürli degişmeler, duzly sözler bilen masgaralamakdan çekinmeýärdiler. Şol häsiýet olaryň beýnilerinde çagalykdan orun alyp galypdy.

Japbagyň Kelekbaýa ilki aýdyşy ýaly, Ýapagynyň daşky görnüşi, hakykatdan-da, tohum at sypatyna aýlanypdy. Onuň togalak boýny inçelipdi. Çuwal ýaly garny gapyrgasyna baryp ýelmeşip, eşek gerşine öwrülipdi. Çylka et içinde mälim bolmadyk süňkleriniň käbirinden indi çorba asaýmalydy. Onuň arkasy wejera ýagyr bolup, üstüne atlanar ýaly bolmandy. Ol indi

ýöränḍe-de çaýkanyp ýöreýärdi.

Ýapagy çapuwdan galypdy.

Ýapagyny şeýle ýagdaýa salan hem, elbetde, agyr durmuşdy.

Bir özi çarha goşulan Ýapagy arly tomuslap, birnäçe harman döwdi. Döwekden soň, kireýine bugdaý çekdi. Kireý wagtynda Ýapagynyň bir özi bolman, Japbaklaryň özleri hem şonuň hatarynda ýük göterýän düýä öwrülipdiler. Olaryň hem eginleri Ýapagynyň gerşinden enaýy däldi. Emma çogda çäkmeniň astynda olaryň eginlerindäki, arkalaryndaky ýaralar görüpmeýärdi. Japbaklaryň çekýän awusy oba baýlaryna mälim däldi. Ony diňe olaryň özlerine kybapdaş oba adamlary bilýärdi. Şonuň üçin hem Japbaklar oba köpçüliginiň iň söýgüli dostlarydy. Olar üýşmeleňiň häziridi, märekäniň bezegidi.

Japbaklaryň Ýapagysy häzir sandan galypdy. Şol ýagdaýda onuň gyşdan çykyp biljegi-de gümanady. Ony sataýmakçy bolanlarynda-da, gyzan bazarda gara pula geçjek däldi. Doganlar onuň takdyry barada kän-kän oýlandylar.

Iň soňunda Japbak aýtdy:

Ýapagy biziň gözümiziň öňünde süýnüp galsa, biziň oňa ýüregimiz awar. Geliň, biz ony Ýalak işana beräýeliň. Goý, ol ýaňadandan direlsin.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Ýapagyny biz Ýalak işana bermäliň. Ol ýaňadan direlse, ol hem gözümiziň öňünde ony münüp ýörse, biziň ýüregimiz onuň ölüp gideninden beterräk awar.

Mapbak Japbagyň sözüni makullady.

Topbak Ýapbagyň sözüni makullady.

Şol meselede doganlaryň arasynda agzalalyk döredi.

Mapbak aýtdy:

— Dawamyzy Ýalak işana çözdüreliň.

Topbak aýtdy:

— Dawamyzy Ýalak işana çözdürmäliň.

Japbak Mapbagy goldady. Ýapbak Topbagy goldady.

Doganlaryň dawasy oba içine ýaýrady. Şol habar Ýalak işana-da baryp ýetdi. Ýalak işanyň tamakin damarlary gozgandy, könelişen gözlerine şöhle indi. Ýalak işanyň Ýapaga öňden hem gözi gidýärdi.

— Ol tüýs meniň malym. Oňa näme berseň, şonuň bilen oňjak. Ony nirede goýsaň, şol ýerde durjak. Ol alla taraplaýyn tüýs meniň üçin ýaradylan mal. Ol Japbaklaryň eline ýalňyşlyk bilen düşüpdir. Ony haýsy bir ýol bilen, haýsy bir hile bilen olaryň elinden alyp bolarka? —diýip, uzak wagtdan bäri oýlanyp ýördi. Oňa häzir oňaýly ýagdaý duçar boldy. Ol şol pursady peýdalanmak isledi.

Ýalak işan Japbaklary öýüne myhman çagyrdy.

Japbaklar ol ýagdaýa haýran galdylar: dünýäler üýtgäp ýörmükän diýip oýlandylar. Biraz oý-pikirden soň bolsa, Ýalak işanyň saran ýumagyny çözdüler. Şonuň üçin doganlar özleriniň bäşinji «dogany» Ýapagyny hem özleri bilen bile alyp bardylar. Ýalak işan oňa ylaýta-da begendi, «gökdäki dilegim ýerde gowuşdy» diýip düşündi.

Ýalak işan olary dürli nygmatlar bilen hezzetledi. Aýratyn hem Ýapagynyň hezzetini ýetirdi. Onuň öňüne dürüşde

dökdürdi. Hyzmatkärlerine buýruk berdi.

— Ýapagy suwa meýil eden wagty, suw ýerine süýt beriň. Ertir-agşam iým näçe iýse, gaýgyrman beriň. Goý, ol basym özüni tutsuň. Onuň ýagyrnysy öňküsinden-de ýasyrak tagtalansyn.

Japbaklaryň beýle hormat haçan gören zatlary!

Ýapagyň beýle hormat haçan gören zady!

Japbak Ýapbaga seretdi. Ýapbak Mapbaga seretdi. Mapbak Topbaga seretdi. Topbak Japbaga seretdi. Olaryň janly göreçlerinde:

— Wah, arman! Ejemizi hem özümiz bilen bile alyp gelsek bolmaýamy! — diýen ahmyr göründi.

Aradan bir gün geçdi. Ýalak işan olaryň habaryny almady.

Aradan iki gün geçdi. Japbaklar ondan rugsat soramadylar.

Aradan üç gün geçdi. Ýalak işan myhmanlaryny tizräk ugradanyny kem görmedi.

Aradan dört gün geçdi. Myhmanlaryň myhman ýerlerinden gidesleri gelmedi.

Aradan bäş gün geçdi. Ýalak işan sypaýçylyk bilen myhmanlaryndan habar sorady.

— Balalarym, sizi näme üçin çagyranymy bilýämisiňiz?

Japbak jogap berdi.

— Belki... namaz öwretmek üçindir!

— Haý, berekella!.. Men size namaz öwrederin, başga-da, kän zatlar öwrederin. Hawa, köşeklerim, men siziň agzyňyz alarjak bolupdyr diýip eşitdim. «Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr» diýen nakyl bardyr. Agzalalyk musulman bendesine buýrulan däldir. Bütin ilaty, ylaýta-da siziň ýaly sary agyz doganlary agzybirlige ündemek meniň borjumdyr! Çaky, siziň araňyza şeýtan düşen bolara çemeli. Siz ol zyrrajymyň was-wasyna gitmäň, ogullarym!

Japbak gulaklaryny üşertdi.

— Älhepus, işan aga, keramatyň zor eken-ow! Sen bizi şunça çagyrmadyk bolsaň, biziň iki tarap bolup, gyzyl ýumruga girmegimiz mümkindi.

Ýalak işanyň ölügsi gözleri hoşallyk bilen ýylpyldady.

— Balalarym, siz öz syryňyzy işan agaňyzdan gizlemersiňiz. Siziň araňyza birdenkä nähili näsazlyk düşdi?

Onda Japbak aýtdy:

— Arly ýylyň azabyndan soň, biziň Ýapagymyz halys tapdan düşdi. Ony biz indi galyndyryp biljek gümanymyz ýok. Geliň, biz ony işan aga bereliň-de, haýyr-dogasyny alalyň diýsem, Ýapbak göwnemedi.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Işan aga, ynha, özüň görüp dursuň: biziň endamymyz çaga guşuň teni ýaly gyzaryşyp dur. Biz ony geçen ýerine satalyň-da özümize köýnek-balak edineliň diýsem, Japbak göwnemedi.

Onda Mapbak aýtdy:

— Men hem biziň ýaşulymyz Japbak, biz Japbagyň diýenini edeliň: Ýapagyny işan aga bereliň diýsem, Topbak göwnemedi.

Onda Topbak aýtdy:

— Özi öleýin diýip duran maly işan aga hödürlemek hem ynsapdan däl. Ol, belki, biziň işan agany masgaraladygymyz bo-

lar. Geliň muny geçen ýerine satalyň-da, özümize köýnek-balak edineliň diýsem, Mapbak göwnemedi.

Dawany ýeňillik bilen çözdüm, Ýapagyny öz ýanyma geçirdim hasap eden Ýalak işan lah-lah güldi. Gülki arasynda keýpihon gepledi.

— Köşeklerim, şonuň ýalyjyk ujypsyz zat üçin hem biri-biriňiziň göwnüňize degerlermi, gyzyl ýumruga girmäge taýynlanarlarmy? Günä bolar, balalarym! — «Günä» sözüni agzanda, Kelekbaýyn Japbaklar bilen bolan dawasy Ýalak işanyň güpbe ýadyna düşüp, ýüzi köneldi, birdenkä gazaplanjak ýaly etdi. Emma Ýapagy gözüniň öňüne gelende, ol ýene öňki keşbine girdi. — Balalarym, geýimiňiz ýyrtylan bolsa, işan agaňyzyň ýanyna geläýmezlermi? Bar zadymy sizden gaýgyrjak gümanym barmy?.. Işan agaňyz üçin üç-dört parça biz nämedir!... Hudaýa ýüz müň şükür! Her zat bolsa, howply bir belanyň öňüni öz wagtynda alypdyrys. Ynha, köýnek-balak tikilip ýetişýänçä, men size namaz öwrederin.

Ýalak olaryň her haýsyna bir kündük berip:

— Baryň, täret kylyň — diýdi.

Ýalak işan tärete başlanda, synja kylmak üçin ala donuny arkasyna bürenip, ýapyrylyp oturanyny Japbaklar görýärdiler. Olar hem şonuň ýaly, her haýsy bir çalçany arkalaryna büräp, dördüsi birden hatar gurap oturdylar. Olary gören işan gykylyk etdi.

— Aý, bidöwletler, kybla garap oturmaň. Günä bolar!

Japbaklar arkalaryna aýlanyp oturdylar. Ýalak ýene gygyrdy.

— Gündogara garap oturmaň. Günä bolar! Japbaklar çepe bakan aýlanyp oturdylar. Işan

ýene gygyrdy.

— Aýa, güne garap oturmaň. Günä bolar!

Japbak Ýapbaga seretdi. Ýapbak Mapbaga seretdi. Mapbak Topbaga seretdi. Topbak Japbaga seretdi. Olar iň soňunda nirä garajaklaryny bilmän, işanyň özüne garap oturdylar.

Ýalak işan hyrra beýlesine öwrülip, gykylyk etdi.

— Heý, peläketler! Maňa garap oturmaň. Günä bolar! Japbaklar iň soňunda işanyň öýüne garap oturjak bolanlarynda, Ýalak işan ýene gykylyk etdi.

— Turuň! Turuň! Turuň!

Japbaklar zöwwe galdylar. Ýalak işan olara gazap bilen käýemekçi bolanda, olaryň üstaşyry Ýapaga gözi düşdi. Onuň ajymtyk ýüzi mylaýymlandy. olara mylaýym göz bilen garady.

— Köşeklerim, siz hiç ýaňa-da garap oturmaň.

Size namaz buýrulmandyr. Siz taňrynyň tarhany! Dört dogan dört ýerden Ýalak işana bakan topuldy.

Olaryň her haýsy işanyň bir ýerinden ýapyşyp, ony göter-göter etdiler, hiňlendiler.

Göterelиň işany!
Ýagşylygnyň nyşany,
Hormatlalyň hemişe,
Tarhan eden işany!

Doganlar ony birsalym towusdyrdylar. Onuň çözlenen mäh-

net sellesi olaryň boýnuna oraldy. Ýalak işany patladyp düşüren doganlar gykylyk etdiler.

— Aý, boguldym, kessene!

— Aý, boguldym, kessene!

Ýapagyny elden gidererin howatyry bilen Ýalak işan ýan gezligini çykardy-da, uzyn selläni dört kesdi. Japbak öz boýnundaky selläni çözledi. Ýapbak öz boýnundaky selläni çözledi. Mapbak öz boýnundaky selläni çözledi. Doganlar öwhüldäp, agyr-agyr dem aldylar.

Ýalak işan Japbaklaryň göwünlerini tapmak niýeti bilen:

— Goý, olar size peşanalyk bolsun... Selle siziň bagtyňyz eken! — diýdi.

Japbak aýtdy: — Bu maňa işan agadan teperrik.

Ýapbak aýtdy: — Bu maňa işan agadan teperrik.

Mapbak aýtdy: — Bu maňa işan agadan teperrik.

Topbak aýtdy: — Bu maňa işan agadan teperrik.

Japbaklaryň selle böleklerini galgadyp bökjekleşenlerini gören Ýalak işan keýpihonlyk bilen:

— Balalarym, size nähili namaz buýrulsyn? Siz ne sag, ne sökel. Siz doly mejnun. Siz, hakykatdan-da, taňrynyň tarhany! — diýdi.

Japbaklar Ýalak işanyň ýörite tikdiren köýnek-balaklaryny geýenden soň hem öýlerine gaýdarly bolmadylar. Japbak ondan sorady:

— Işan aga, geýimleriň bahasy näçe?

Ýalak işan keýpihon ýylgyrdy.

— Men hemişe ilden hüşür-zekat alyp ýörün. Goý, öz ömrümde bir gezek meniň hem size beren hüşürim bolsun.

Japbak aýtdy:

— Işan aga, biz garamaýak ahyry. Bize hüşür-zekat düşýämi?

— Hüşür-zekatyň birinji eýesi taňrynyň tarhanydyr!

— Her zat bolsa, bahajygyny alaýsaň gowy bolardy. Japbaklar hiç bir zada myzahyr däl ahyry!

— Ýok! Men ony size ak göwnüm bilen peşgeş berýän.

— Işan aga sag bolsun!

Japbaklar gudalarynyň öýüne gelen ýaly, ýene arkaýyn ýazlyşyp gezdiler. Işanyň jebegesi darygyp başlady. Myhmanlara bir gün däl, iki gün däl, hepde geçdi, on gün geçdi. Olar onuň unly çuwalyny boşadyp barýarlar, ýagly küýzesini gowzadýarlar, süýtden, gatykdan, hatda deridäki süzmeden hem gaýdanoklar. Ýalak işan olary öz üstüne alla taraplaýyn iberilen bela diýip düşündi. Olara iýdiren, geýdiren zatlaryny hasaplanda, Ýapagynyň bahasyndan hem aşyp gidenini syzdy. Şonuň üçin olary ugratmak çäresine girişdi.

— Balalarym, indi gaýdarys diýseňiz rugsatdyr. Allanyň kömegi bilen, oňat, agzyňyz hem birikdi. Baryň sag-aman boluň!

Japbak oňa jogap berdi.

— Işan aga, eden hyzmatyňa taňryýalkasyn! Doganlara öwüt-nesihat berdiň, agyzlaryny birikdirdiň, alladan gaýtsyn! Her kimiň hem, elbetde, işi, aladasy bar. Seniň ýüzüňden geçip bilmän, senden rugsat sorap bilmän, on gün seniň çöregiňi iýdik. Hoş, sag otur!

Doganlar ugramakçy bolanlarynda, Ýapaga üçüsi birden münmän, diňe ýaşulular Japbagy ataryp, galanlary oňa jylawdar hökmünde ýöremekçi boldular. Ýalak işanyň gözleri hanasyndan çykaýyna geldi.

— Köşeklerim, Ýapagyny nädýärsiňiz?

Topbak oňa jogap berdi.

— Işan aga, size mundan artyk azary ýetmez ýaly, ony biz özümiz bilen alyp gidýäris.

— Hany, siz ony işan agaňyza bermediňizmi näme?

— Işan aga, biziň bar dawamyz: ony berip-bermezlik barasynda dälmidi näme? Biziň agzymyzy birikdireniň üçin, saňa gaty minnetdar. Hoş, sag otur!

Ýalak işan içki gazabyny daşyna çykaryp bilmän, öz içinden hümürdäp galdy. «Siz allanyň tarhany däl-de, allanyň gargany!».

Ýapagyny öz ýatagyna bakan öwren Japbak soňky minnetdarlygyny beýan etdi.

— Işan aga, hoş! Toýuňda duşaly!

## Dört bolsaň pag-da!

Japbaklaryň bir gün menzilligi tükendi. Olar degirmene gitmekçi boldular.

Japbak Ýapbaga aýtdy:— Sen git.

Ýapbak Mapbaga aýtdy: — Sen git.

Mapbak Topbaga aýtdy: — Sen git.

Topbak olaryň hemmesine aýtdy:

— Ekäň çaňy çykmaz. Biz Japbaklar bolanymyz haýsy, ýeke-ýekeden ygyp ýörenimiz haýsy? Degirmene hemmämiz bile gideliň.

Doganlar ony makul bildiler.

Ýapbak Mapbaga aýtdy: — Ýapagyny getir.

Mapbak Topbaga aýtdy: — Ýapagyny getir.

Topbak Japbaga aýtdy: — Ýapatyny getir.

Japbak olaryň hemmesine aýtdy:

— Ýapaga ýük urup, onuň bitip barýan ýagyryny ýaňadandan täzelemek bolmaz. Menzilligi özümiz götereliň.

Doganlar ony makul bildiler.

Bir bogdak bugdaýy doganlar gezegine göterip gitdiler. Olar degirmene golaý baranlarynda, sözleri azaşdy.

Japbak Ýapbaga aýtdy: — Sen az göterdiň.

Ýapbak Mapbaga aýtdy: — Sen az göterdiň.

Topbak Japbaga aýtdy: — Sen az göterdiň.

Japbak dawany jar etdi.

— Biz öýden gaýdamyzda, ýolumyzy ädimlemän gaýtdyk. Şonuň üçin kimiň näçe götereni mälim bolman, aramyzda dawa turdy. Geliň, biz yzymyza gaýdyp, ýamaşgandan ýoly ädimläp gaýdalyň.

Doganlar ony makul bildiler.

Olaryň haýsy biri göterende-de, degirmene çenli galan ýol taýak salymdan daş däldi. Ony bütin ýolboýy haýsy haýsyna diýende-de, sesini çykarman göterip gitjekdi. Olaryň häzirki yzlaryna gaýtmaklarynyň sebäbi olaryň ýadawlygy, ýaltalygy üçin bolman, Japbaklaryň Japbaklardygy üçindi. Kim bilýär, olar,

belki, şondan hem bir at galdyrmak isländirler.

Japbaklar yzlaryna gaýdyp, öýlerine ýigrimi ädim çemesi ýol galanda, olaryň ýene sözleri azaşdy. Ýene olar: men kän göterdim-de, sen az göterdiň boluşdylar. Onda Mapbak aýtdy:

— A-how, Japbaklar! Indi yzymyza gaýtsak, birnäçe müň ädim bar. Öýümiz bolsa ýigrimi ädimden daş däl. Geliň, biz beýdişip durmalyň. Öýümize barýança bugdaýy men götereýin.

Japbaklar ýaňadandan degirmene bakan ugramakçy bolanlarynda, arada dawa çykany üçin, ýene ädim sany mälim bolmady.

Japbak Ýalbaga aýtdy: — Sen gidip ädimläp gel — diýdi.

Ýapbak Mapbaga aýtdy: — Sen gidip ädimläp gel — diýdi.

Mapbak Topbaga aýtdy: — Sen gidip ädimläp gel — diýdi.

Onda Topbak aýtdy:

—Bir adamyň ädimläpgelenine biz üç bolup kanagatlanyp bilmeris ahyry! Geliň, entek bugdaýy galdyralyň-da, biziň hemmämiz bile gidip ädimläp geleliň.

Onda Japbak aýtdy:

— A-haw, doganlar! Dokma ýüwürdýän ýaly, ikarada biderek gatnap durmak bolmaz ahyry. Ana, Ýapagy biziň bäşinji «doganymyz». Ol hem bizden az iýip-içenok. Biz işlämizde, ol han ogly ýaly sortduryp durmalymy näme? Goý, mülemma durmuşda ol hem öz ejirini çeksin. Men hem siziň goýan müwessaňyza garşy däl: ýoly hemmämiz bile gidip ädimläliň. Emma müşdegi Ýapagy alyp gitsin.

— Japbak, şun-a aldyň-ow! — diýip, doganlar ony makul bildiler.

Olar bugdaýy Ýapagynyň üstüne kese taşlap, ony göni ýola saldylar-da, özleri ädimläp ozup gitdiler.

Japbaklary nähili-de bolsa uwlundyrmak çäresini agtaryp ýören Kelekbaý assyrynlyk bilen şol ýagdaýdan habardar boldy, ýükli Ýapagyny göz astyna aldy...

Doganlar ädim sanyny ýazman, degirmene bardylar.

Japbak aýtdy: — Dört müň ädim.

Ýapbak aýtdy: — Dört müň bir ýüz ädim.

Mapbak aýtdy: — Dört müň iki ýüz ädim.

Topbak aýtdy: — Dört müň üç ýüz ädim.

Doganlaryň ýene sözleri azaşarly boldy. Onda Japbak aýtdy:

— Anha, Ýapagy ýetip gelýä. Ol biziň dawamyzy jar eder: ol hiç wagt ädim sanyny ýalňyşýan däldir.

Ýapagy bir basyşyny üýtgetmän, nyzamly ädimler bilen başyny aşak salyp geldi.

Topbak ondan sorady:—Dört müň üç ýüz ädim dälmi?

Ýapagy başyny egdi.

Mapbak ondan sorady. — Dört müň iki ýüz ädim dälmi?

Ýapagy başyny egdi.

Ýapbak ondan sorady:—Dört müň bir ýüz ädim dälmi?

Ýapagy başyny egdi.

Japbak ondan sorady: — Dört müň ädim dälmi?

Ýapagy başyny egdi.

Doganlaryň öz aralarynda agyzlary birikdi. Emma hemmesiniňkini deň tassyklap duran Ýapagy bilen olaryň agyzlary

alardy. Olar Ýapaga temmi bermek kararyna geldiler. — Geliň, biziň dördümiz hem munuň üstüne müneliň-de, ýamaşgandan ädimledip gaýdalyň.

Japbaklar onuň üstüne hümerlenip münmekçi bolanlarynda, göwünlerine gelmedik bir ýagdaýyň üstünden bardylar: olar onuň üstüne ýüklän bogdaklaryndan hiç bir derek görmediler. Olaryň dördüsi birden oňa sowal berdiler.

— Ýapagy, hany, bugdaý nirede?

Ýapagy edil bimamla çaga ýaly ýüzüni sallap, başyny aşak egdi.

Indi bogdagy nireden gözlemeli, nireden tapmaly? Ýapagydan jogap çykmady. Japbaklar biri-birine çiňerilişdiler, hiç haýsynyň göreji belli bir zat salgy bermedi. Olar seslerini çykarman, Ýapagyny şol duran ýerinde galdyrdylar-da, yzlaryna bakan ýüwürdiler. Ýolboýy iňňe-temen gözleýän ýaly agtardylar. Näme üçindir düýesine bugdaý ýükläp, özi üstünde çommalyp oturan Kelekbaý olaryň duşlaryndan geçdi. Emma Kelek olara sowal bermedi. Japbaklaryň bogdak hakyndaky sowalyna-da diňe başyny ýaýkady. Eýsem-de bolsa, onuň görejindäki gülümsireýän syrdan Topbagyň göwnüne aýratyn müňkürlik gitdi...

Japbaklar öýlerine baryp ýetdiler. Hiç ýerde bugdaýdan derek tapmadylar. Olar iň soňunda—bugdaýy kim alan hem bolsa, degirmene elter diýen netijä geldiler. Şol niýet bilen ýene degirmene bakan ylgap gitdiler.

Degirmende nobatçy örän kändi. Bogdaklar, doly çuwallar edil sürüli goýun ýalydy. Doganlar şol ýükleriň arasynda aýlandylar. Iň soňunda, Topbagyň ümlemegine görä, meňzeş, arasy çatylgy bogdaga ýapyşdylar.

— Heýjanelek, bugdaýymyzy tapdyk! — diýişip, ikibir-ikibir götermekçi bolanlarynda, Kelekbaý hasanaklap geldi.

— Eri how, Japbaklar, bugdaýy nädýärsiňiz?

Topbak oňa jogap berdi.

— Baý aga, bugdaýy näderler? Un ederler-dä!

— Bular meniňki ahyry!

— Hany, onda biziňki nirede?

— Siziňkiniň nirededigini men näbileýin?

— Baý aga, seniň hilegär gözleriňi men örän ýeser görýän. Sen bilmek islemeseň, men bilýän: şu bugdaýlar biziňki.

— Siziň bugdaýyňyz nähilidi? Akmydy? Garamydy?

Japbak oňa jogap berdi.

— Seniňki nähili bolsa, biziňki hem şonuň ýalydy.

— O nähili beýle meňzeş bolýa?

— Biz hoşany seniň sypalyňdan etmedikmi näme?

Kelekbaý bilen Japbaklaryň arasyndaky dawa açylardan kynaldy. Töwellaçy baýlar Japbaklara töwella etdiler. Onda Japbak aýtdy:

— Biziň döwletimizi Kelekbaýyňkydan ulurak bilseňiz, dört adamyň gepine ynanman, bir adamyňka ynansaňyz, biz öz bugdaýymyzy Kelekbaý ýaly garyp adama bagyşlap hem bileris.

Töwellaçylar olara näme jogap-berjeklerini bilmediler.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Eger biziň sözümize bawar etmeseňiz, bugdaýyň biziňkidigini dilsiz-agyzsyz Ýapagy hem tassyklap biler. Ýogsamam bug-

daýyň özüniňkidigini Kelekbaý düýesine tassyklatsyn.

Böwri müýnli, saly gowşak Kelekbaý bugdaýyň özüniňkidigini düýesine tassyklatmakdan boýun towlady, onuň akyly ýok diýip bahana etdi.

Töwellaçylar Ýapagynyň ýanyna üýşüp baranlarynda, müýnli ýaly sortduryp duran Ýapaga Mapbak sowal berdi.

— Ýapagy, sen häzir Japbaklaryň Ýapagysy däl-de, ortalyk bir haýwan. Sen hiç kimden ýüz görme-de, hudaýlygyňy sözle: iki bogdak galla biziňki dälmi? Biz ony seniň üstüňe ýükläp goýbermedikmi?

Ýapagy baş atdy. Köpçülik oňa haýran galdy.

— Indi, heý, şekiňiz galdymy?

Un ýükli düýesini ugradan Doýdugyň Kelekbaýa ömründe birinji gezek rehimi indi.

— Kelekbaý, dawagäriň Japbaklar bolsa, dadyňa alla ýetsin!

Töwellaçylar Kelekbaýa töwella etdiler.

— Baý aga, sen döwletli adam, bidöwlet Japbaklar bilen başyňy deňläp durma. Bularyň tutalgalary, delilleri hem bar. Seniň hiç bir güwäň hem ýok.

Kelekbaý müzzerdi.

— Onda bogdaklaryň birini Japbaklar alsyn, birini men alaýyn.

Onda Japbak aýtdy:

— Baý aga, Japbaklar örän geçirimli adamlar. Goý, onuň biri seniňki bolsun. Ýöne welin, karz bolsun, gerek wagtynda berersiň.

Kelekbaýyň hoşallyk bilen razy bolanyny gören märeke: «Hä, ogryň syrty gowşak bolýan eken» diýip düşündi.

Degirmende Japbaklara wagty bilen nobat ýeterli bolmady.

Birdenkä nobat üstünde iki sany baý ogly ýaka tutuşdy. Kilwan bolsa:

— Nobatçy nobatyňa gel! — diýip gygyrdy.

Baý ogullary ýumruklaşmak bilen başagaý boldular. Beýleki nobatçylar baý ogullarynyň nobatyny almakdan çekindiler.

Japbaklar biri-birine ümleşip, «biziň dörtlügimiziň nirede peýdasy degjek» diýişdiler.

Japbak bugdaýy degirmene guýdy. Ýapbak onuň agzyna çuwalyny tutdy. Şol ýagdaýy gören baý ogullary olaryň üstüne dyzaşyp gelenlerinde, Mapbak olaryň birini tutdy, Topbak olaryň birini tutdy.

Gaýdyşyn öňlerinden çykan adamlar olardan soradylar.

— Degirmende nobat ýetýämi?

Japbaklar jogap berdi.

— Dört bolsaň pag-da!

Ýapagyň üstüni müşdekli gören Japbaklar keýpihon aýdym aýtdylar.

Una gitseň ýeke gitme,
Ýeke gitme hiç çagda.
Ýeke başyň gowga satma,
Dört bol, dört bolsaň pag-da!

## Sowal-jogap

Doganlaryň başyna agyr musallat indi: birdenkä tarpa-taýyn olaryň ejeleri ýogaldy.

Doganlar aglaşdylar.

Obanyň adamlary olaryň gaýgylaryna goşuldylar. Emma olardan kineli Kelekbaý juda bolmasa bir gezek arymy alaryn diýen niýet bilen, olara içýakgyç sowal berdi.

— Eri-ow, ýigitler, näme beýle köp aglaýarsynyz? Ejeňiziň ölümi şeýle agyr degdimi?

Japbak Kelekbaýa ýaşly gözleri bilen seretdi.

— Baý aga, sen ölende, biz ýa obada bolarys, ýa bolmarys. Ejemiziň ölümi mynasybeti bilen seniň hem agy paýyňy öňünden beräýeli diýýäs.

Birsalymdan soň gelen Ýalak işan olardan kinaýa bilen sorady:

— Eri-ow, ýigitler, näme beýle köp aglaýarsyňyz? Ejeňizi şeýle gawy görýärmidiňiz?

Ýapbak Ýalaga ýaşly gözleri bilen seretdi.

— Ejemiz-ä gowy görýärdik weli, Ýalak işana has hem yhlasymyz bütin. Bu gün ejemiz öldi, ertir Ýalak işanyň hem öljegi ýadymyea düşüp, gözümiziň ýaşyny saklap bilemzok.

Japbak iň soňunda doganlaryna ýüz tutdy.

Gözlerini ýalandan-çyndan süpüren Doýduk olardan sorady:

— Ölýän ýeke siziň ejeňiz däl ahyry! Näme beýle ýürek urup aglaýarsyňyz?

Mapbak Doýduga ýaşly gözleri bilen seretdi.

— Ölüm ýeke biziň ejemiz bilen oňsa, işi haýyr weli, aýallaryň janyny aňsatlyk bilen almaga adatlanan ölüm ertir biziň Doýduk ejemizi hem alyp ötäýdermikän öýdüp aglaýarys.

Obanyň ýaşulysy olara töwella etdi.

— Oglanlar indi bes ediň, mert boluň. Ölen adam agy bilen yzyna gaýdyp gelýän däldir.

Topbak ýaşly gözlerini süpürdi.

— Ejemiziň gaýdyp gelmejegini bizem bilýäs. Indi bize çöregi kim bişirip birkä diýip aglaýas.

— Japbaklar, geliň, indi bes edeliň. Ejemiziň agy bilen göwni bitjek bolsa, biterçe boldy.

Onda Topbak aýtdy:

— Geliň onda indiki galan ömrümizi gülki bilen, şatlyk bilen geçireliň.

Japbaklar ejelerini gonamçylyga alyp gidenlerinde-de birnäçe wäşilik etdiler. Suwly ýapdan geçmän kürtdürip duran üsti tabytly Ýapagyny görende, Japbak aýtdy:

— «Çüw» diýip, Ýapaga çala elini galgadaýsa-da boljak weli, ejem pakyr takta jany çykaýjak ýaly gymyldaman ýatyr-da.

## Keýp nämede?

Atasyz-enesiz Japbaklar çolaja oraçada maslahat edýärdiler. Öňi bilen Japbak öz pikirini mälim etdi.

— Doganlar, yrym-yrym, ýom-ýom. Biziň Ýapagymyzyň üstüne ölüm mündi. Geliň, indi biz ony münmäliň. Ýogsam ol bizi hem birdenkä barmasyz gapa alyp ötäýtmesin.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Onyň dogry weli, Ýapagy biziň bäşinji «doganymyz» ahyry! Biz ondan nähili aýrylyşyp bileris.

Onda Mapbak aýtdy:

— Ejeden aýrylan, dogandan aýrylyp biler.

Onda Topbak aýtdy:

— Ýapagy bizden ynjamaz ýaly, biz ulagsyz galmaz ýaly, biz ony özi ýaly dört aýakla çalşalyň.

Doganlar ony makul bildiler.

Japbaklar Ýapagyny iki örküç bugra çalyşdylar. Bugranyň alkymyndan başlap, tä omzuna çenli bütin boýunlary bilen gürzelek santal sallanýardy. Onuň gysgajyk öň aýaklary bolsa tä injiklerine çenli edil jalbarly ýalydy.

Bugra-da edil Ýapagy ýaly, tüýs Japbaklaryň malydy. Ýapagy üç bolup münen bolsalar, bugra olaryň dördüsini hem göterjekdi. Ylaýta-da ol odun çekmäge pälwandy. Odun Japbaklaryň bir öz oraçalary üçin däl, satyp, harjylyk gazanmak üçin hem gerekdi. Japbaklar öz ýanlaryndan: «Bugrany ýorgalatmakdan başga keýp zat ýokmukan» diýip oýlanýardylar. Şol barada olar öz aralarynda gürrüň edişdiler. Japbak biraz oýdan soň şeýle diýdi:

— Eýsem-de bolsa, men-ä it uruşdyrmakdan keýp zat ýokmukan öýdýän.

Mapbak ony geňirgendi.

— It uruşdyrmakdan?

— Bir gezek ony biz hemmämiz bile gördük ahyry! Ilki bilen itler uruşdy. Itleriň eýeleri baýlar, olara ýapja goňşy-golamlary ýapyrylyşyp gykylyk etdiler. Siziň ýadyňyzda barmy, biz her haýsymyz olaryň biriniň üstüne atlaýyn mündik. Itiň keýpi olary şeýle götereni üçin, olar biziň öz üstlerine münenimizi hem duýmadylar... Itler urşup barmana biri basyldy. Itiň eýesi baý onuň guýrugyndan çekip galdyrjak boldy. Beýleki itiň eýesi baý ondan ýumruk saldy. Ondan soň itleri unudyp, it eýeleri baýlar gyzyl ýumruga girdiler. Olaryň goňşy-golamlary, dost-ýarlary hem urşa gatyşdylar. Gyzylýumruklar adamlaryň depelerinden tokmak ýaly galgaşdylar. Kimiň burny ganady, kimiň maňlaýy çilik ýaly çişdi, kimiň dişi damagyna iberildi... Baý şonda keýp boldy-ow!

Onda Topbak aýtdy:

— Hawa, meniň hem ýadymda bar. Onda itler bilen eýeleri deňleşdiler. Itleriň hem erinleri gana bulaşdy, eýeleriniň hem.

Ondan soň Ýapbak bir wakany ýadyna saldy.

— Tyňzap duran böwedi ýykaňda-da hiç niçik bolanok!

Mapbak ony geňirgedi.

— Tyňzap duran böwedi ýykmak?

— Hawa, siziň ýadyňyzda bardyr. Bir gezek şonuň ýaly böwedi ýykanlarynda, suw dagdan inen ýaly şaglap akdy. Onuň öňüni almaga, beklemäge synanan hem bolmady. Suw azlygy zerarly miraplar ozaldan hem biribirine yrsaraşyp ýördüler. Biri böwedi ýykanyň kempaýyna goýdy. Beýleki biri onuň gulagynyň düýbüne gondurdy. Ýaňadandan ýene birnäçe ýumruk işledi. Iki sany ýumruklaşýanyň ikisi birden suwuň içine togalandy. Şonda gylyç, pyçak hem gynyndan çykdy. Aradan kän salym geçmänkä, dury suwuň ýüzi gan bilen gyzaryp akdy. Baý, şonda keýp boldy-

ow!

Topbak ony geňirgedi.

— Suw gana boýalanda, keýp bolarmy?

— Şol ganjaraşmanyň bir ýany suw azlygy zerarly bolsa, ikinji ýany mesligi göterip bilmeýän menmenlikden emele gelipdi. Şol urşanlar hem it uruşdyranlar bilen des-deň adamlardyr.

Oldan soň Mapbak bir wakany ýadyna saldy.

Çendan gara ýel turanda-da gaty hezillik bolýar!

Japbak ony geňirgedi.

— Gara ýel turanda?

— Hawa. Biz bir gezek şonuň ýaly waka duçar gelipdik. Gara ýel şuwlaýardy. Goňşy öýdäki aýalyň üweýän degirmeni harlaýardy. Öý eýesi aýal demir kepgir bilen hyrt-hyrt gazan gazaýardy. Sallançakdaky çaga bogazyna sygdygyndan çyrlaýardy. Batly ýel öý içine köwsarlap urýardy. Garaja öý şatyrdaýardy, yranýardy... Şol barmana garaja öý ala şakyrdy bilen agdarylyp gitdi. Baý şonda hezil boldy-ow!

Ýapbak ony genirgedi.

— Biriniň öýi ýykylanda, hezil bolarmy?

Öý eýesi geleňsiz bolsa, äri nalajedeýin bolsa, gynançdan ne peýda!

Ondan soň Topbak bir gyzykly wakany ýadyna saldy.

— Dört aýagynyň üstünde dik durup bilmeýän mes aty boşadanda-da, diýseň keýpli bolýar!

Ýapbak ony geňirgedi.

— Mes aty boşatmak näme üçin?

— Siziň ýadyňyzda bardyr: biz bir gezek bazara baramyzda, şonuň ýaly mes aty eýesinden kitüwli biri boşadyp goýberdi. Keýpiň iň gyzygy hem şonda boldy. Mes at ikinji bir mes atyň üstüne zyňyp, ony hem boşatdy. Iki at ýene birki sany aty boşatdy. Atlar baýtallaryň üstüne zyňdy. Baýtallar tanaplaryny ýolup ökje göterdiler. Käbir atlar gemrişdiler. Olaryň aralarynda galan eşekleriň ýa aýaklary syndy, ýa-da boýunlary. Atlaryň, baýtallaryň eýeleri hem gykylyk bilen ördüler. Atlar, baýtallar bazarçynyň üstünden urdular. Käbir atyň nally toýnagy çoýun gazany çympytrak etdi. Käbir at öz toýnaklary bilen satyjylaryň matalaryny süýräp gitdi. Atlar düýeleriň, düýeler goýunlaryň içine güpürdi urdy. ýykylan kim, sürşen kim, eline-aýagyna şikes ýeten kim — hiç baş çykarar ýaly bolmady... Baý, şonda keýp boldy-ow!

Mapbak ony geňirgedi.

— Şeýle başagaýlykdan hem bir keýp bormy?

— Zyýan çekeniň agramy söwdagärler ahyry!

— Şeýle wejeralyk kime gerekdikä?

— Bazarda näme, bidöwlet gytmy?

Biraz oýdan soň, Japbak öz pikirini mälim etdi.

— Geliň, biz iliň etmedik keýpini edeliň!

Topbak ony geňirgedi.

— Ol nähili keýp?

— Biz düýe üstünde düzzüm oýnalyň.

Doganlar ony makul bildiler.

Japbaklar bugranyň howudynyň üstünden keseligine birnäçe uzyn sözen beklediler. Sözeniň üstünden bolsa gujak-gujak selin düşediler. Bugranyk üsti tap-tagta tekizlendi. Doganlar oňa emaý

bilen dyrmaşyp, iki ýanlaýyn hatar gurap oturdylar. Bir gapdalynda Japbak bilen Mapbak, beýleki gapdalynda bolsa Ýapbak bilen Topbak oturdy. Olar «Utulan bir ädim gaýra süýşmeli» diýip şert goýdular.

Doganlar düzüme gyzdylar.

Bugra selinli gumak ýapyda peýwagtyna otlap gezdi.

Ýapbak bilen Topbak utuldy.

Japbak Ýapbaga aýtdy:

— Bir ädim gaýra süýş!

Mapbak Topbaga aýtdy:

— Bir ädim gaýra süýş!

Ýapbak bilen Topbak bir ädim gaýra süýşende, alasmandan diň arkan gaýyp gitdi.

Ýapbak bilen Topbakly taý ýeňläni üçin, Japbak bilen Mapbak din arkan gaýtdy. Oňly baglanmadyk sözenleriň birnäçesi hem olaryň garynlaryna baryp patlady.

Şonda garnyny gaşap galan Japbak aýtdy:

— Düýe üstünde düzzüm oýnaňda, utaňdan utulan ýagşy eken.

Gözleriniň gumuny süpüren Ýapbak ony geňirgedi.

— Näme üçin?

Utanyň garnyna ýenjýärler!

Japbaklar özlerini rastlanlaryndan soň, eden işlerine ökünip aýdym aýtdylar.

Düýäň üstün tagtalap,
Päliň azyp, aýnama.
Kakabaş ýa nogtalap,
Asla düzzim oýnama.

Düzer diýip saýarsyň,
Al-asmanda gaýarsyň,
Taýak deger garnyňa —
Diňe şonda duýarsyň!

## Aždarha

Japbaklaryň bugrasy hem edil Ýapagy ýaly öz örüsini uzak çekmezdi. Belki, onuň bol iýmäge nebsi otugandyr: bir gün ol baryp, Doýdugyň tümmül bolup oturan arpasyna giripdir. Japbaklar ony Doýdukdan öň duýdular. Japbaklar Doýdugyň göwnüne melal getirmezlik üçin, onuň ekine girenini bildirmän çykarmak çäresine girişdiler.

Töweregini garanjaklandan soň, Japbak aýtdy:

— Şu wagt hiç kim ýok. Geliň, biz ony assyrynlyk bilen idip çykaraýalyň.

Onda Ýapbak burnuny ýokaryk tutdy.

— Aý, ýigid-ä bildi-ow! Idip çykarsaň, basgylar. Bugranyň yzy, näme, ýolbarsyň yzyndan enaýymy? Wiz iň ýagşysy ony sürüp çykaralyň.

Mapbak gulaklaryny üşertdi.

— Aý, ýigid-ä bildi-ow! Kowup çykaranda, näme, uçup çykar öýdýämiň? Gaýta ol öz yzynyň daşyndan hem iki ýanyna

agyz urup, arpany düýbi bilen goparar. «Ony eden bolsa Japbaklaryň bugrasyndan başga hiç bir zat däldir» diýerler. Biz iň ýagşysy ony göterip çykaralyň.

Topbak arkan gaýşyp güldi.

— Aý, ýigid-ä bildi-ow! Göterip çykarsaň, ýa büdräp, ýa aýagyň taýyp, hökman ýykylarsyň. Ýykylmaňda-da, Japbaklaryň yzlary gaplaňyň yzyndan enaýy bolmaz. Japbaklaryň yzyna bolsa yzçy gerek däldir. Biz iň ýagşysy ony süýräp çykaralyň.

Doganlar Topbagyň pikirini dogry tapdylar.

Japbaklar bugrany arpanyň içinde çökerdiler. Ondan soň ony bir gapdalyna agdardylar. Onuň hem paşmagyna bir ýüp dakdylar. Oňdan soň ony dört dogan dört ýerden ýapyşyp süýräp çykardylar.

Arpanyň içinde bugranyň yzyny bildirmän çykaran doganlar, yzlaryna garaman, ökje göterdiler.

Birsalymdan soň arpasyna aýlanmaga baran Doýdugyň ýüregi ýarylara geldi. Ol gyňajyny oklaw ýaly edip, yzyna bakan ýazdy. Ýolda barýarka büdräp ýykyldy, hasanaklap galyp, ýakasyna tüýkürdi. Ol ýüzüniň ugruna baryp, Kelekbaýa habar berdi.

— Dat, Gullukbaý, dat!

Doýdugyň ýuwusgadan gorkan ýaly, ak tam ýüzüni gören Kelekbaý birhili haýykdy.

— Eri, Doýduk, näme boldy?

— Meniň arpama, almy, arwahmy, näme-de bolsa aýylganç bir zat girip, ony wes-weýran edipdir. Eger oňa çynlakaý çäre görülmese, ertir seniňkä-de girer. Kim bilýär, belki, ol aýylganç zat oba-da aralaşar!

Baýlar tapan ýaraglaryny dakynyp, Doýdugyň arpasyna bakan ýörediler.

Japbaklar hem olaryň yzlaryna düşdüler.

Baryp görseler, Doýdugyň arpasynyň bir zol ýeri ýer bilen ýogsan bolup ýatyr. Onuň töwereginde yz-da ýok, eser-de. Ol edil ertekilerdäki aýdylýanlar ýaly. Ony gözüň bilen görmeseň, ynanar ýaly hem däl. Oňa kim her hili çen urdy.

Iň soňunda Kelekbaý aýtdy:

— Bu aždarhanyň işi bolsa gerek.

Doýduk ýakasyna tüýkürdi.

— Aždarha?

— Hawa. Garry adamlaryň aýtmagyna görä, çendan onuň Hindistan tarapyndan suw bilen geläýmesi barmyşyn.

— Waý, Kelekbaý, nädäýdiň. Duruna Hindistandan suw gelýärmi näme?

— Duruna gelmese, Amyderýa gelýär. Aždarha üçin bolsa Amyderýa bilen Durun arasy aýallaryň suwluk ýolundan enaýy däl ahyryn!

— A-ýu, Gulluk, aždarhanyň geleni onuň nämesinden mälim bolýaka?

— Ol daň atar-atmazda birhili çekreýärmiş.

Japbak durup bilmän şeýle diýdi:

— Doýduk eje, onuň «Bö-ö! Bö-ö!» edýän sesini menem eşitdim. Ýeke men däl, ynha, Japbaklaryň hemmesi hem eşitdi.

Baýlaryň düşünäýmeginden howp eden Ýapbak onuň böwrüne symsyklady.

Kelekbaý Japbaga gaýtawul berdi.

— Meniň eşidişime görä, aždarha düýe ýaly bölemän, geçi ýaly çekreýärmiş.

Ýapbak onda durup bilmän, şeýle diýdi:

— Baý aga; aždarhaňam biziň bugramyzyňky ýaly tüýi barmyka?

Baýlaryň düşünäýmeginden howp eden Mapbak onuň böwrüne symsyklady.

Kelekbaý Ýapbaga gaýtawul berdi.

— Aždarha diýilýän düýe däl-de, ýylan ahyry! Ýylanyňam tüýi bormy?

Mapbak onda durup bilmän, şeýle diýdi:

— Belki, onuň biziň bugramyzyňky ýaly dört aýagy bardyr?

Baýlaryň duýmagyndan howatyr eden Topbak onuň böwrüne symsyklady.

Kelekbaý Mapbaga gaýtawul berdi.

— Aýtjak sözüňi bilip aýtmak gerek. Aždarhaňam aýagy bolarmy? Aýagy bolsa yzy bolmazmy?

Topbak durup bilmän, şeýle diýdi:

— Aždarha birden ekine giräýse, ony süýräp çykaryp bolýamykan?

Baýlaryň düşünäýmeginden howatyr eden Japbak onuň böwrüne symsyklady.

Kelekbaý Topbaga gaýtawul berdi.

— Heý, aždarhanam süýräp bormy? Onuň golaýyna barsaň, ýuwudaýmazmy?

Iň soňunda Kelekbaý aýtdy:

— Doýduk, bu saňa alla tarapyn gelen bir beladyr. Sen hudaý ýoluna bir erkeç aýt. Belki, ony allanyň özi dep eder.

Onda Japbak aýtdy:

— Aždarha-da Japbaklardan eýmenç däldir. Erkejiňizi Japbaklaryň gapysynda daňaýyň. Şundan soň şol aždarhanyň siziň ekiniňize girmejegine biz güwä geçýäs! Eger şol aždarha arpany ýene şunuň ýaly weýran etse, Japbaklaryň bugrasyna siz eýe bolaýyň!

## Men aýtmadymmy?

Doganlar oduna gidip barýarkalar, olaryň öňünden bir baýtally çykdy. Onuň baýtaly akýal, gözleri şowady, guýrugy bolsa çakandy. Onuň üstündäki sellesiniň ýüzi göýül ýaly çymgyzyldy.

Japbaklar oňa geňirgenmek bilen seredişdiler.

Ol Japbaklara habar gatdy.

— Amanlykmy?

Japbak ondan sorady:

— Näme diýdiň?

— Amanlykmy diýýän.

Ýapbak oňa jogap berdi.

— Ýok!

Baýtally ony geňirgedi.

— Näme üçin?

— Üçini bormy?.. Biz amanlygam däl, hiç kimligem däl, özümiziňkilik.
— Size kimler diýýärler?
— Bize Japbaklar diýerler.
— Hä-ä, boldy, boldy.
— Näme boldy?
— Siz şol dört sany düpbozan-ow!
— Ýok, biz düpbozan däl, dek gezen.
— Siz şol elini sowuk suwa urmaýan ýaltalar-ow!
— Hany gel, elimizi deňeşdirip göräýeli.

Dört doganyň dördüsi hem aýalary gabarçakly, barmaklary jaýryk-jaýryk gollaryny uzatdylar. Baýtally özüniň pamyk goluny olara görkezip bilmedi.

Mapbak ondan sorady:
— Saňa kim diýýärler?
— Maňa il içiniň adyl kazysy diýýärler.
— Hä-ä, boldy, boldy!
— Näme boldy?
— Sen şol taňryny tanamaz parahor-ow!

Kazyň gahary geldi. Japbaklara agzyndan gelenini gargady. Baýtalyny gandyzlady.
— Heý, peläketler! Sizi Ýalak işanyň gargyşy tutsun! Betpäller!
— Aý, ýaşuly, itiň gargyşy gurda ýokmaz. Hemme Pel biziňki ýaly bolsa, dünýä eýýäm düzeläýmejekmi? Özüň ýaly, daşy jäjek, içi möjekler kän!
— Göräýän welin, siz betpällerden oňluly çykjak däl.
— Şol baýtalyň, şol sypatyň bilen oňlulyk saňa sürtseňem ýokjak däl.
— Sem boluň, haýwanlar!
— Topbak, baýtaly jylawla! Haýwanyň kimdigini biz oňa görkezeli.

Japbaklar oňa bakan aýaklaryny tapyrdadanlarynda, kazy baýtalyny gamçylap, ümdüzüne gaçdy...

Japbaklar odun ýygyp ýadadylar.

Japbak kölegesini synlandan soň, Ýapbakdan sorady.
— Eri-ow, Ýapbak! Günorta bolupmy?

Ýapbak kölegesini synlandan soň, Mapbakdan sorady.
— Eri-ow, Mapbak! Günorta bolupmy?

Mapbak kölegesini synlandan soň, Topbakdan sorady.
— Eri-ow, Topbak! Günorta bolupmy?

Topbak kölegesini synlandan soň, jogap berdi.
— Ýok, entek bolmazdyr.

Ýadaw Japbak güne seretdi.
— Şu wagt suw nobatym bolsa, men senden gaňryp alardym.

Topbak oňa jogap berdi.
— Nobatdaşyň men bolsam, seniň seňrigiňe örän berk kakardym.

Japbak bilen Topbak boýdaş boldy.
— Näme diýdiň?
— Näme eşiden bolsaň, şony diýdim.

Ýapbak bilen Mapbak olaryň arasyna girdiler.

Ýapbak Mapbakdan soraşdy:
— Günorta bolupmy?
Mapbak jogap berdi.
— Kemi galmandyr.
— Ony nämeden bildiň?
— Japbak bilen Topbagyň gözlerinden.
Doganlar gülüşdiler, öýlänlik iýmäge oturdylar.
Olaryň çörekleri azajykdy. Soganlary kändi. Doganlaryň dördüsiniň hem gözleri birden ýaşardy.
Ýapbak Japbakdan sorady:
— Eri-ow, Japbak, näme üçin agladyň?
— Ejem ýadyma düşdi. Sen näme üçin agladyň?
— Ýapagy ýadyma düşdi.
Topbak Mapbakdan sorady.
— Sen näme üçin agladyň!
— Göwnüme bolmasa, hälki kazyny baýtaly alyp gaçan ýaly. Şonuň üçin birden gözüme ýaş inenini duýman galdym. Sen näme üçin agladyň?
— Göwnüme bolmasa, şol kazy ýykylyp heläk bolaýan ýaly.
Japbaklar uzyn günläp ýygan sazaklaryny bugranyň üstüne basdylar. Tanaplaryny mäkäm dartdyryp daňdylar. Ondan soň «Haýt! Çüw!» diýdiler. Emma bugra çüwmedi. Ol gobsunjak ýaly edip: «Bö-ö! Bö-ö!» etdi-de, öz ýerinde arkaýyn oturdy.
Berdaşly sazaklaryň aşagynda onuň gara gulaklary çala saýgaryldy. Dört dogan oňa ýamaşgandan gop berip: «Haýt! Çüw!» diýdiler. Bugra ýene çüwmedi. Onuň diňe naýynjar «Bö-ö!» sesi eşidildi.
Onda Japbak aýtdy:
— Bu kime näz edýäkä?
Ýapbak aýtdy:
— Turandan oturanyny gowy görse, goý, otursyn!
Mapbak aýtdy:
— Maňa galsa-ha, gözel göwni, goý, ýatybersin!
Topbak aýtdy:
— Degmäň, agşam özi iýmine barar.
Doganlar bugrany şol ýagdaýda galdyryp, öýlerine gitdiler.
Bugra agşam iýmine gelmedi.
Japbaklaryň ýüregine howul düşdi. Olar il heniz ýatmanka, bugra bakan haýdadylar. Baryp görseler, bugranyň şol bir oturyşy.
Japbak onuň ýükünden özüne bir arka odun çykady.
Ýapbak onuň ýükünden özüne bir arka odun çykady.
Mapbak onuň ýükünden özüne bir arka odun çykady.
Topbak onuň ýükünden özüne bir arka odun çykady.
Bugra şondan soň ýeňillik bilen galdy.
Üstleri ýükli dört dogan bilen bir bugra aý-aýdyňlykda kerwen gurap gaýtdy.
Aý-aýdyň gijede hatar kerwenden aýdym sesi ýaňlandy.

Düýe diýme, ýaby diýme,
Rehmiň gelsin haýwana.
Oňa-da ber, ýeke iýme,

Olar eşretdir jana.

Ýük urańda agyr urma,
Malyňy at göze sürme,
Halyňy bil, garaşyk et,
Nähak ýere taýak urma.

## Gaňňasy nirede?

«Hudaý uranyny pygamberem hasasy bilen dürter» diýen ýaly, Japbaklaryň agyr durmuşynyň üstüne bugralary-da tarpa-taýyn öldi ýatyberdi. Doganlar bugranyň hamyny berip, bir taýhar edindiler. Onuň reňki gyzgyltdy. Oňa kemally münüş öwretmänkäler bolsa ony gaçyrdylar. Taýhar zym-zyýat boldy.

Japbaklar taýharlaryny gözläp, başga bir obanyň çetinden bardylar. Olaryň öňünden bir adam çykdy. Onuň gaýgyly ýüzi söwdada utulanyňka, dawada basylanyňka çalym etdi. Japbaklar ondan taýharlaryny soradylar. Ol bolsa doganlaryň kimlerdigini sorady.

— Ýagşy ýigitler, size kimler diýerler?

Japbak oňa jogap berdi.

— Bize Japbaklar diýerler.

— Hä, boldy.

— Näme boldy?

— Örän gowy boldy. Men siziň adyňyz bilen aşnadym. Il içinde şolar ýaly ynsaply ýigitler köpräk bolaýsa, bolmaýarmy diýip oýlanýardym.

Ol adam böwrüni diňirgäp, iňkis bilen oýlandy-da:

— Siziň eşegiňiziň ýaşy ortadan aganmydy? — diýip sorady.

Ol adamyň şol soragynda üýtgeşik bir many bardy. Şonuň üçin Japbak Ýapbaga seretdi, Ýapbak Mapbaga seretdi, Mapbak Topbaga seretdi. Topbak Japbaga seretdi. Japbak jogap berdi:

— Alamyzda taýhardy, ýitirelimiz bäri, belki, sartaşyp ýörendir.

— Eşegiňiziň başy sellelimidi?

Japbak ýene bir gezek doganlarynyň ýüzüne hyrydar garandan soň jogap berdi.

— Öwlat gatançly ýaly, gözleriniň ýitilig-ä bardy.

Ýapbak onuň üstüni artdyrdy.

— Özüni bize tanatmajak bolup, belki, selle-de oranandyr?

— Eşegiňiz kime meňzeýärdi?

— Eşege meňzeýärdi?

— Ene kime meňzeýärdi?

Japbak Ýapbaga çiňerildi. Ýapbak Mapbaga çiňerildi. Mapbak Topbaga çiňerildi. Topbak jogap berdi:

— Biziň eşegimiz baýaky kaza çalym edýärdi ýa-da kazy biziň eşegimize çalym edýärdi.

— Onda...

— Eri onda?

— Siziň eşegiňiz hol ortaky öýde kazylyk edip otyr.

Mapbak hoşallyk bilen tassyklady.

— Sagja bol, aý, agam, edil özüdir.

Japbaklar şol öýe bardylar. Ol adam hem olaryň yzyna düşdi.

Japbak aýtdy: — Biziň eşegimiz.

Ýapbak aýtdy: — Biziň eşegimiz.

Mapbak aýtdy: — Biziň eşegimiz.

Topbak aýtdy: —Biziň eşegimiz.

Japbak onuň sellesiniň ujundan tutdy. Ýapbak bilen Mapbak onuň gollaryndan tutdy. Topbak onuň ýeňsesinden gop berdi. Kazynyň dili tutuldy. Ol gepläp bilmän, diňe hynçgyrdy.

Dawagärler ol ýagdaýa geň-taň galdylar.

Japbak olardan sorady.

— Hany munuň gaňňasy?

Gyzyl donly epeý bir adam oňa jogap berdi.

— Kimiň gaňňasy?

— Kimiňki boljakdy? Eşegiň gaňňasy?

— Haýsy eşegiň?

— Ine, şu eşegiň, biziň eşegimiziň!

Dawagärleriň agyzlary alardy. Olaryň köpüsi dogrudyr diýip tassykladylar. Biri gyzyl donly, biri bagana içmekli iki sany ýüzi jozzuk bolsa: «Toba, Toba! Estagpyrulla!» diýip haýykdylar. Ondan soň olar Japbaklary haýaljyratmak islediler.

— Toba ediň, ýigitler, toba!

— Biz nämä toba edeli?

— Bu kazy işan ahyry!

— Kazy işan?

— Ol biziň dawamyzy çözýär ahyry.

— Siziňkinimi ýa halkyňkyny?

— Biziňkini, hym... hawa... halkyňkynam.

Oturanlardan gopgun çykdy.

— Diňe şularyň bähbidine.

— Diňe şularyň bähbidine.

— Diňe baýlaryň bähbidine.

Doganlaryň dördüsi dört ýerden el çarpyp güldi.

— Sizem eşege işiňizi ynanýan bolsaňyz, işiňiz şownuna däl.

Hälki Japbaklara salam beren adam ara düşdi

— Onda näme, bu «men kazydyryn» diýýär ahyryn.

— Onda munuň kesen işi galat-da?

— Eşege ynanýan adamlar üçin, belki, dogrudyr.

— Men onda hakymy talap edibermeli-dä?

Japbak oňa igendi.

— Elhepus, agam, tünt ekeniň-ow! Sen bir zada düşünýän adam bolsaň, bize munuň gaňňasyny tapyp ber.

Ol adam garynlak bir baýyň ýakasyndan tutdy.

— Ber bäş tümeni.

Gykylyk-topgun köpeldi. Obanyň adamlary üýşdüler. Algyly bilen bergili gatyşdy. «Bäş tümeni ber-de, üç tümeni ber!» baýlaryň ýakasy el boldy.

Garyplaryň gopgunyndan gorkan oba baýlary Japbaklara töwella etdiler. Onda Japbak aýtdy:

— Siziň bilen biziň aramyzda düşünişmezlik bar. Size eşek gerekmi, kazy gerekmi?

— Toba etdik, hudaýym, bize kazy — işan gerek.

Onda Topbak aýtdy:

— Biz kazam göremizok, tazam. Eşek alarys diýseňiz bereli. Barybir ol bizi gönendirenok. Aýyn bolmasa gaçýar.

Kazy gepläp bilmän, sakgalyny selkildedip hynçgyrdy. Barmagy bilen ýer dyrmap, nämedir ýazdy. Onuň ýanyndaky mürzesi şol haty okap berdi.

«Men şundan soň kazylyk etsem, tuf ýüzüme» diýýär.

Onda Japbak märekede uzur ötündi.

— «Ýalňyşmaz, ýazmaz bir alla bar» diýýärler. Biz biraz ýalňyşaýýpdyris öýdýän. Biziň eşegimiziň sakgaly ýokdy ahyry!

Kazynyň biraz dili açyldy.

— Be-be-berekella, köşegim!

Onda Ýapbak aýtdy:

— Kazy aga, bizi bagyşlaň.

— Be-be-berekella, köşegim!

Obanyň bir çetinden Japbaklaryň sazlanyşyp çykan owazlary eşidildi.

Ah, naýynsap kazylar,
Ile gelen musallat.
Ala jully tazylar, Awmuş olara millet.
Sellesine garamaň,
Hiç ýagşylyk aramaň,
Goý, din şolaňky bolsun,
Asla habar soramaň!

## Çöregi bitin eken

Dört dogan dört aýaklydan dyndylar. Olaryň oraçasynyň töwereginde özlerinden başga iki aýakly towuk hem görünmedi. Doýdugyň igenjine çydaman, galanja gaty-gutularyny hem harç edip, ejelerine hudaýýoly berdiler. Indi bolsa, ýagy ýaly gyş ýetip gelýär. Ne ýapynara bar, ne düşenere bar, ne-de tamşanara bar. Olara indi ýer tapsalar hyzmatkär durmakdan başga çäre galmady.

Ýetip gelýän gyş ýeke Japbaklaryň däl, Doýdugyň hem jebesini darykdyrdy. Onuň hyzmatkärleri onuň bilen oňuşman, gysgançlygyna çydaman çykyp gitdiler. Doýduk indi mallaryna-da özi seretmeli boldy. Gapysynda bolsa gyş üçin bir çöpem oduny ýokdy. Sygyrlaryna döle gazmalydy. Mallaryna agyl etmelidi. Oňa Japbaklara ýüz tutmakdan, şolary hyzmatkär edinmekden başga çäre ýokdy. Emma oňa dört adam gerek däldi, iki adam gerekdi. Dört adamy ýallamaga Doýdugyň ýüregi takat bermeýärdi. Eýsem-de bolsa, olaryň başyny aýlaryn, ikisini hyzmatkär tutaryn, ikisini bolsa başga bir ýurda kowaryn niýeti bilen bir gün olary öýüne çagyrdy.

Emma Japbaklar Doýdugyň içki syryndan habardardylar.

Japbaklar çogda çäkmenlerini süýräp, Doýdugyň öýüne bardylar.

Doýduk olary hormat bilen garşy aldy. Sypaýçylyk bilen söze başlady.

— Balalarym, size meniň haýpym gelýär. Sizde ne ene bar,

ne ata bar, ne-de öýňüzde şaňňyrdap oturan gelniňiz bar. Siz kiriňizi özüňiz ýuwmaly, nanyňyzy özüňiz bişirmeli. Bişirmäge bol galla bolsa ýene ýagşy. Sizde arta-taşa bir zat bardyr hem öýdemok. Indi bolsa gyş ýetip gelýär. Goňşy hatyrasyna, men sizden bir habar alaýyn diýdim. Siz indi näme etsek diýýäňiz?

Japbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, «Töwekgeliň endişe bilen işi bolmaz» diýen nakyl bar. Japbaklar öz ýüregini howsala aldyrýan adamlar hilinden däl. Jaňymyz sag. Güýjümiz bar. Işläp bilýäs, dişläp bilýäs.

— Wah, meniň hem aýtjak bolýanym şol-da. Dişlemäge bir zat tapýamysyňyz?

Ýapbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, bu dişleri demirçi kakan däldir. Diş beren dişlemäge-de bir zat berer.

— Size meniň haýpym gelýär. Bolmasa, iki sanyňyz meniň öýümde galyp, iki sanyňyz ýene bir ýere rysgal aramaga gitseňiz näderkä?

Mapbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, sen biziň bilen doga oba-goňşy bolsaň hem sen entek Japbaklary tanaňok. Bizi biri-birimizden ölüm aýyrmasa, başga hiç bir güýç bölüp bilesi ýok. Biziň göwrämiz aýry bolsa-da, ýüregimiz bitewidir.

— Meniň size aýtjak bolýanym: her haýsyňyz bir ýerde işleseňiz, gazanjyňyz köpräk bolardy. Ýeke bir iýmek, geýmek däl, öýlenmek hem gerek.

Japbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, biz galyň töläp, gelin alýan baýlardan däldiris. Ýaz çykar, ot biter, gül açylar, belki, biziň hem oraçamyzyň töweregine baýram geler! Ana, şonda Japbaklaryň dördüsiniň hem birden öýlenmekleri mümkindir.

Doýduk hile gursa-da, Japbaklary biri-birinden aýryp bilmejegine gözi ýetdi. Onuň talabansyz gününiň geçmeýäni hem anykdy. Şonuň üçin Doýduk Japbaklaryň hemmesini öz öýünde talaban saklamak kararyna geldi.

— Az ber, kän ber—biziň hak dawamyz ýok, ýöne weli, gyş üçin bizi mazaly öňünden geýindir. Şonda seniň talabyňy hem gowy ýerine ýetiris.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Bizi talaban hasap edip, diňe şyrryk çala tutma-da, öz maşgalaň hökmünde gör, özüň näme iýseň, bize-de şony iýdir. Şonda talabyňy gowy ýerine ýetiris.

Onda Mapbak aýtdy:

— Biziň iýjegimizi elimize ölçäp berme-de, garnymyzyň aldygyna goýber. Şonda talabyňy gowy ýerine ýetiris.

Onda Topbak aýtdy:

— Doýduk eje, sen asyl bizi özüňe ogul edinäý, Şonda seniň işiňi öz işimiz ýaly işlaris, seniň malyňy öz malymyz ýaly gowy göreris. «Mal eýesiniň gözünden suw içer» diýen nakyl bardyr.

Doýduk tarsa ýerinden galdy.

— Belki, siz «meni mirasa-da şärik et» diýersiniz?

Onda Japbak aýtdy:

— Doýduk eje, biz miras söýýän, miras üçin ýaşaýan adamlar kabylyndan däl. Biz, heý, öz ata-enemizden bir zat alyp

galdykmy?

Doýduk lahhyldap güldi.

— Siz ol pakyrlardan näme alyp galjakdyňyz.

Onda Mapbak aýtdy:

— Halha, kemteresinden oraçamyz dur. Biz şony hem paýlaşamzok. Japbaklar, öreliň! Barybir biziň Doýduk eje bilen söwdamyz tutjak däl.

Doýduk özüni eýläk urdy, beýläk urdy. Emma Japbaklary öz diýenine razy edip bilmedi. Japbaklaryň aýdany boldy.

Onda Topbak aýtdy:

— Doýduk eje, onda şertimiz şert bolsun!

Doýduk nalajy razy boldy.

Japbaklar Doýdugyň öýünde talaban bolup galdylar.

Japbaklar aňyrsy birnäçe günüň içinde mähnet döle gazdylar. Doýdugyň baggoýunlaryna, eşeklerine agyl etdiler. Birki gezek oduna gidip geldiler. Emma Doýduk wadasynda tapylmady. Doganlaryň şyrryk çal bilen gaty çörekden başga gyzgyn çorba-da agyzlary degmedi. Ýagly-ýüzli Japbaklaryň dişlerinde galan bolsa, Doýduk kakyp aldy.

Japbaklar bir gün üýşüp oturyp, öz aralarynda zeýrenişdiler.

Doýduk olaryň üstüne geldi.

— Eri, Japbaklar, bu nä habar?

Japbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, näme bizi habara iberipmidiň?

— Aý, ýöne dile geldi, bile geldi, soraýdym.

— Soranyň gowy. Sorasaň jogap bereris: biziň aňrymyz eljuk diýýär.

— Aňryňyz nirede?

— Dört doganyň dört toklulyk garyn gazanynda.

— Siziň garnyňyzyň maňa näme dahyly bar?

— Näme üçin bolmaz?

— Siz Japbaklar, men Doýduk.

Onda Japbak jogap berdi.

— Doýduk eje, sen özüň her günde birnäçe gezek doýýarsyň.

Japbaklaram juda bolmasa, günde bir gezek doýsunlar ahyry!

— Hudaýyň deň etmedigini men nähili deňläýin?

Onda Mapbak jogap berdi.

— Doýduk eje, sön hudaýa-da sapak berýämikäň öýdýän.

— Toba etdik, hudaýym!

Onda Topbak aýtdy:

— Doýduk eje, näme beýle içiňi çekýäň? Sen Japbaklara eje bolmagy oýnam oglany birden dograndan aňsat hasap edýämiň? Seniň öz wadaň hem bar. Sen bize birneme garaşyk et, gözümiz ýerine gelsin.

— Bolýa, bolýa. Men şu gün siziň garnyňyza bir gyzgynzat atjak bolaýyn.

— Doýduk eje, bir diýip, iki diýip, aňyrsyny çürüzziklemegin. Bize eje boljagyň çynyň bolsa, tä ölýänçäň elmaýyş etgin.

— Heý, ýaşy kesilen! Sen indi meni öldürjegem-ow!

Onda Japbak jogap berdi.

— E, Doýduk eje, biz seniň ölümiňi dilämzok. Sen ölseň, bize ýagly-ýüzlini kim berer?

Doýduk doganlara çala ýylan gözli bir çorbajyk berse-de, derrew yzyny kesdi.

Doganlar Doýduk bilen sözleşip, Doýduga gyjalat berip, garynlaryny gäberdip bilmejekdiklerini aňladylar. Olar Doýdugyň baggoýunlaryna nazar saldylar. Ýedi-sekiz goýnuň hemmesi hem öz endamyna ýag ýygnapdyr. Ylaýta-da olaryň içinde biri agyr guýrugyna bäs gelmän, örän kynlyk bilen ýatyp turýar.

Şonda Japbak aýtdy:

— Hol, goňur goýny görýärmisiňiz? Men onuň ýüzüni örän salyk görýän.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Aýtsaň-aýtmasaň onuň ýüzüne öli reňki urupdyr.

Onda Mapbak aýtdy:

— Çerrik bolmasa-da biridir.

Onda Topbak aýtdy:

— Hernä çerrik bolaýbilseýdir! Çerrik bolsa ertire berin çykarmyka?

Onda Japbak jogap berdi.

— Meniň çakym çak bolsa, ertire çykmaz!

Doganlar şol ýagdaýy howa garaňkyrandan soň Doýduga-da duýdurdylar. Ol aý ýagtysyna daşaryk çykyp seredende, Doýduk goýnuň, hakykatdan-da, aýaklaryny ýygryp başyny aşak salyp ýatanyny gördi. Japbaklaryň sözüne ynam etmese-de, öz ýanyndan olara müňkürlik etse-de, onuň göwnüne bir iňkis gitdi. Allajanym, oňa näme bolduka? Ýa ot-potuň arasy bilen gurt-purt iýäýdimikä? Sag-aman ertire beri çykaýbilse ýagşydyr.

Ýapbak gamgyn Doýdugy rahatlandyrmak isledi.

— Doýduk eje, seniň ýasy ýanyň ýerde bolaýsyn! Tonna biz özümiz serederis: uzak gije gezegine garawullyk çekeris.

Doýduk öz ýanyndan Japbaklara goýun tabşyrmagy gurda tabşyran bilen deň hasap etdi. Şonuň, üçin ol olaryň ýanynda arkaýynsyrasa-da, gije rahat ýatyp bilmän, bäş-on gezek çykyp seretdi.

Daňyň düýbi saz berende, Japbak çasly sesi çykdy.

— Ýapbak haw! Mapbak haw! Topbak, haw! Pyçak getirseňizle!

Japbagyň çasly sesi gulagyna ilen Doýduk börügini geýmegi hem unudyp, hasanaklap çykanda, goňur goýnuň bogazyndan gan akýanyny gördi, kekirdeginiň hyrryldysyny eşitdi. Doýduk:

— Wah, wah-eý! — diýip, başyny ýaýkady.

Onda pyçagynyň ganyny süpüren Japbak aýtdy:

— Doýduk eje, gam çekme, çöregiň bitin eken, biz onuň janyna ýetişdik.

— Heý, sammyk işigaýdan! Goýnuň öler-de, çöregiň bitin bolarmy?

— Biz ony halal öldürdik ahyry!

— Barybir siz ony harama çykararsyňyz.

— Doýduk eje, arkaýynja bolaý: bir übtüginem zaýalamarys!

Baggoýny soýýarkalar, Japbaklar Doýduga eşitdirmän, sadaja hiňlendiler.

Halamasyn, halasyn,

Goý, syňragyn ýalasyn,
Doýduk içini çekse-de,
Japbaklar bir gönensin!

## Ham çaryk

Baggoýun Japbaklaryň garnyny çalaja ýazdy. Emma oňa Doýdugyň jebegesi darykdy. Ol Japbaklary kowup-da bilmedi, Japbaklardan dynyp-da bilmedi, Janbaklarsyz oňup-da bilmedi. Doýduk olary has köpräk ulanmagyň küýüne düşdi.

— Japbaklar, ýatan öküze iým ýoguny siz özüňiz gowy bilýänsiňiz.

Mapbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, bikärden taňry bizardyr. Ýatyp iýmek Japbaklaryň gylygyna gelişjek zat däldir. Biziň işleýşimize sen özüň näme näbeletmi? Öz ömrüňde, belki, ýüzlerçe talaban tutup görensiň, saňa, heý, Japbaklaryňky ýaly döle gazyp beren barmydy? Ýene näme hyzmatyň bolsa buýur. Biz elimiziň ýetmedik ýerine aýagymyz bilen ýeteris.

— Siziň biriňiz samanyň daşyna ligin ediň. Biriňiz ýandak çekiň, Biriňiz döläň üstüni basyryň. Biriňiz oduna gidiň.

Topbak oňa jogap berdi.

— Doýduk eje, sen gürrüňi şeýle bir, bulaşdyrdyň, şeýle bir bulaşdyrdyň, bu buýruga bizä düşünen däldiris. Başymyzy çaşyrdyň. Belki, seň özüň hem çaşan bolsaň gerek.

Doýdyk kimiň näme iş etmelidigi barada barmaklaryny bir çommaldyp, bir ýatyryp, jikme-jik tabşyryk berdi.

Japbak oňa çiňerildi.

—Doýduk eje, bu buýruklary sen Japbaklary tanap berýämiň ýa ýene başyňa geleni ýaňrap durmuň?

— Örän bedehet tanaýan! Mugt Buharda ýok. Siz çöregi menden iýseňiz, men sizden işi talap ederin!

— Doýduk eje, sen meniň aýdýanyma düşünmediň. Japbaklaryň başy bir bolup durka, hol ilerki beýik daty gaýraky guma göçür diýseň hem göçürerler. Emma olaryň başyny bozsaň, ýeke-ýeke täkleseň, men saňa dogrusyny aýdaýyn, ana, hojagaz ýerde ýatan çöpi hem galdyryp bilmezler.

— Käşki iýeňizde-de şeýle bolaýsadyňyz!

— Doýduk eje, biz hemme ýerde şeýlediris. Hatda biz iýemizde-de, seniň öz aýdyşyň ýaly, iner otlan ýalydyrys. Biziň birimiz Kelegiňkä, birimiz Ýalagyňka gitmän, özüň bilen sözleşişimiz ýaly, hemmämiz üýşüp, seniňkä geldik ahyry.

— Käşki Kelek bilen Ýalak hem Japbaklardan ýeten resedini özleri bölüp alaýsady!

Ýapbak Doýduga çiňerildi.

— Doýduk eje, miras paýlaşygynda resede düşer ýaly, Japbaklar mal däldir. Sen ony unutma!

— Siz şeýle bütewi bolsaňyz, onda düýeleriň dört sanysyny howutlaň-da, daňdanyň özünde oduna ugraň!

Mapbak Doýduga çiňerildi.

— Bedähet bolýa! Ýöne weli, aýazly daňdanda meýdana çykmak üçin içmek gerekdir.

Topbak Doýduga çiňerildi.

— Odun ýygmak üçin depmek gerekdir, depmek üçin bolsa aýakgap gerekdir.

Japbak hem üstüni ýetirdi.

— Aňzak aýazda doň sazak bilen söweşmek üçin, endamlyja huruş gerekdir!

Doýduk saçyny ýoldy.

— Waýe-eý, waýe-eý, heý, bu «gerekdirleriň» soňy bolmazmy?

Onda Ýapbak aýtdy:

— Men muny ilki geýip ugramda her aýagymy Kelekbaýyň howdanlarynyň birine sokdummykam öýdüpdim. Eşegiň garnynyň aşagyndan aýlanan palany ýaly, her ädimde dabanymyň aşagynda bir batman mylkyldy duýýardym. Ynha, indi ham çaryk meniň aýaklarymy edil ussaň gysajy ýaly mynjyradyp barýar.

Mapbak doganlaryna seredip, gaşyny çytdy.

— Aýakgabyň dar bolsa, giň jahanyň haýry bolmajak ekeni.

Ýapbak doganlaryna seredip, gaşyny çytdy.

— Men hemişe janym kellämde diýip ýördüm, aýagyma geçenini bolsa, ynha, şu gün bilip galdym.

Topbak doganlaryna seredip, gaşyny çytdy.

— Doýduk eje, garnyny göterip bilmän, wah, muny nähili kiçeldip bilerkäm diýip, birsyhly zeýrenip ýör. Men bu beladan dynyp, sag-aman öýe dolanyp barsam, Doýduk ejä «garnyňa çaryk geýdiräý» diýjek.

Japbaklar bir ýapyda oturyp, aýaklarynyň çaryklaryny çykarmakçy boldular. Olar edil ýyl aşan süňk ýalydy. Olary ne ýazyp bolýardy, ne-de giňeldip bolýardy. Çaryk käbir doganyň aýagynyň hamy bilen gopdy. Eti gyzaryp göründi, gan sarykdy.

Aýagynyň ganyna çäge sepen Topbak doganlaryna seretdi.

— Aý, Japbaklar, biziň bugramyzy öldüreniň kimdigini bilýämisiňiz?

Mapbak oňa jogap berdi.

— Kim bolar öýdýäň? Hudaýdyr-da.

— ýok, ýok!

— Eýsem kim?

— Men ony diňe şu gün bilip galdym. Biziň bugramyzy öldüren hem ham çaryk!

Ýapbak el çarpyp güldi.

— Aý, ýigid-ä bildi-ow!, Biziň bugramyzyň näme çarygy barmydy?

— Onuň endamyndaky hamyny nätjek! Gün degendir, çürüşdirendir, çaryk bolandyr-da.

Japbaklar çaryk galasyndan çykanlaryndan soň, aýaklarynyň gan-gabarçak bolmagyna garaman, dünýeleri giňäp gitdi.

Ýeňillik bilen dem alan Japbak aýtdy:

— Bu dünýäde behişt bar eken-ow!

Gözleri ýerine gelen Ýapbak aýtdy:

— Men ony wagtynda çykaraýmadyk bolsam, ol hökman meniň aýagymy öldürýädi.

Uludan demini alan Mapbak aýtdy:

— Ah-aw, Japbaklar! Bu örän uzak oýlanyp edilen iş. Doýduk bu gün biziň aýagymyzy galypa salan bolsa, ertir garn-

ymyzy galypa salar. Garyn aýak däldir, hamyny sypyrsaň içegäň hem bile çogup çykar. Biz iň ýagşysy, ýatak jaýymyzy üýtgedeliň.

Çarygy ýere bulap uran Topbak aýtdy:

— Dowzah diýilýän şu bolsa gerek!

Doganlar ajykdylar. Gatan arpa çöreginiň gylçyklary olaryň dişleriniň arasynda hyşyldady. Onda Japbak aýtdy:

— Bä! Doýduk bizi mal hasap etdimikä?

Turşy süzme içegesini gyýyp giden Ýapbak aýtdy:

— Bä, Doýduk ýylan bolup meniň garnyma giräýdi öýdýän.

Japbaklar ojar depmekden elli bizar geçdiler, hatda olaryň ädim urmaklary hem kynalyp galdy. Olar oňly dikelip, ýazylyp hem bilmediler, içlerinden burgy tutdy.

Japbaklaryň uzyň günläp ýygan odunlary bir düýäni ýüklärlik hem bolmady. Olar her düýä bir goltuk ýükledilerde, düýeleriň üstünde aýaklaryny sozma dolap oturdylar.

Doýduk bolsa Kelekbaý bilen odun söwdasyny edýärdi. Bu ýyl bütin bazary hem odun bilen üpjünlärin, Japbaklar maňa horjun-horjun teňňe toplap bererler diýip begenýärdi. Şol süýji oýlar içinde Japbaklaryň sesini eşiden Doýduk ylgap çykdy. Emma düýeleriň üstündäki ýükler Doýdugyň lapyny keç etdi.

— Hany odun? Hany odun?—diýip gygyrdy.

Onda Topbak aýtdy:

— Aý, Doýduk eje, odun işi haýyr-la. Gözüň aýdyň!

Doýdugyň gözlerinde bagt uçganagy ýylpyldady.

— Hä, guzym, näme hezillik bar!

— Doýduk eje, men seniň garnyňa melhem tapdym.

— Näme, näme?

— Doýduk eje, sen öz garnyňa çaryk geýdiräý!

Doýduk iki elini bile galgatdy.

— Owarra boluň! Owarra boluň!

## Ajyň aňy bolmaýar

Japbaklar Doýdugyň gapysyny terk edenlerinden soň olaryň mydary has-da kynaldy. Barara ýer, edere iş ýok. Işsizlik nähili uly bela! Häzir orak-hoşa wagty-da däl. Ekerançylyk etmäge-de gurp gerek, häzir onuň wagty hem däl. Kelekbaý olary ýa günlükçi tutjak, ýa tutjak däl. Günlükçi tutaňda bäş günüňi geçirseň, altynjy gün ýene boş, ýene işsizlik. Ýalak işan, belki, olaryň habaryny hem aljak däl. Başga gidere talap, gözläre ýer ýok.

Güzeran nähili kyn bolsa-da, Japbaklar darykmaýardylar. «Ajygan ölmez, alňasan öler» nakylyna olar gowy düşünýärdiler.

Japbaklar obanyň aňyrsyndaky köne bir tümmek de gyşaryşyp, sozmalaryny tirsekleriniň aşagyna taşlap, işsizlikden göwün ýüwürdýärdiler.

Japbak doganlarynyň göwnüni biraz açmak niýeti bilen gürrüňe başlady.

— Japbaklar, beýdişip gören gapyda enteşip ýörenden, geliň, biz hem durmuşy oňat geçirmek, baý bolmak küýüne düşeliň!

Ýapbak öz gezegini aldy.

— Geliň, bizem Doýduk ýaly baý bolalyň.

Mapbak oňa garşy çykdy.

— ýok, ol bolanok. Ýetimiň haky, ýesiriň gözýaşy Doýduga kär etmese-de, Japbaklara ýokmaz. Biziň ony ynsabymyz hem götermez.

Topbak aýtdy:

— Geliň, biz iň ýagşysy, Kelekbaý ýaly baý bolalyň.

Japbak oňa garşy çykdy.

— Japbaklar Kelek ýaly ýalançylygy hem başarmaz, kasam içmäni hem oňarmaz, onuň ýaly baý hem bolmaz. Biz, iň ýagşysy, Ýalak işan ýaly baý bolalyň.

— Japbaklar Ýalak ýaly doga satmany hem başarmaz, misginsokarlygy hem oňarmaz, iliň hüşür-zekatyny hem iýmez. Onuň ýaly baý hem bolmaz... Degirmendäki kilwan siziň ýadyňyzda barmy? Biz, iň ýagşysy, şol kilwan ýaly degirmen edineliň. Ony makul bildiler.

Ýapbak aýtdy:

— Agsagyň hem aýagy ýeter ýaly, degirmeni biz oba içinde salalyň

Onda Mapbak aýtdy:

Obanyň içinde salar ýaly, biz eşek harazy guramzok ahyry. Degirmeni biz obanyň çetinden guralyň

Onda Topbak öz pikirini aýtdy:

— Japbaklar hemişe deňlik tarapdarydyr. Çarwalara-da, çomrulara-da deň bolar ýaly, degirmeni biz gumuň eteginden salarys.

Onda Japbak aýtdy:

— Daşdan garaňda-da ýakyndan garaňda-da, mesaňa-mälim bolup durar ýaly, degirmeni biz Köpetdagyň çür depesiide guralyň. Şonluk bilen, Japbaklarys degirmeni Ahal sebitinde birinji bolar. Obanyň iň birinji baýy hem Japbaklar bolar.

Japbaklar degirmeni ýöretjek suw haýsy, onuň aňyrdan geljek özeni haýsy, degirmen guraljak, daşy goýuljak ýeri haýsy, ol hakda hiç bir pikir etmändiler. Ýer gazmak üçin, daş ýonmak üçin nähili gural gerek, nähili ussa tapmaly, näçe harç-harajat gerek — ol barada oýlanmadylar. Mesele şoňa baranda, olar kürtdürip durdular. Olaryň degirmen bardaky pikirleri, üflenen gaýmak ýaly, öz-özünden ýygrylyp sowlup gitdi.

Japbak agyr oýdan soň, näme-de bolsa bir zat bilen Doganlarynyň göwnüni açmak isledi-de, geplenmedik gep tapmaga çalyşdy.

— Mapbak, hany, irkilip oturma-da, içmegiň jübüsinden düýäň ýumurtgasyny çykar-la.

Mapbak oňa onuň özüniňki ýaly jogap berdi.

— Içmegiň jübüsinden düýe ýumurtgasyny çykarman üçin, kyrk barmakly kyrk al gerek. Ony bişirmek üçin bolsa, kyrk gowalyk kyrk gulakly gazan gerek.

Olaryň gürrüňine biraz ýylgyran Ýapbak Topbakdan sorady:

— Topbak, daşa gurt düşse, näme bilen gurdap bolar?

— Düýäniň şahy bilen.

— Topbak, sen şu wagt bir agyz iýip oňmaly bolsa, näme iýersiň?

— Semiz goýnuň guýrugy bilen bir tegelek çörek.

— Hudaýdan dilemeli bolsa, şu wagt näme dilärsiň?

— Bir sanaç un.

Ýalak işan iki elini syrtyna tutup, dähedem-dessem gezip ýörkä, Japbaklaryň şowhunly gürrüňleriniň üstünden bardy. Japbagyň soňky sözi onuň gulagyna ildi.

— ...-biz şeýle bir ýag satarys, şeýle bir ýag satarys...

Olaryň üstüne göni gelen Ýalak işan Japbagyň sözüni kesdi.

— Ýagy nireden aljak?

Ýapbak oňa jogap berdi.

— Gaýyş satarys-da, goýun alarys?

— Gaýşy nireden aljak?

Mapbak oňa jogap berdi.

— Gamyş satarys-da, gaýyş alarys.

— Gamşy kim alýa?

Topbak oňa jogap berdi.

— Gamyş Maryda kümşe deňe-deň geçýämiş.

Ýalak işan biraz oýlanandan soň, ýene sorady.

— Gamyş kümşe deň geçýän bolsa, Mary bazaryny dolduraýmazmydylar?

Japbak oňa jogap berdi.

— Işan aga, ýollarda hyzharamy kän. Olar gamşyň, kümşüň ýoguna köýýämişler. Oňa diňe Japbaklar ýaly dörtler, dört ýanyny deňlänler, dört ýüze taý geljekler baş goşup bilýärler.

Ýalak işanyň kümşe nebsi otukdy.

— Siz söwda maly tapdyňyzmy?

— Taňrynyň sazy gutarmasa, biziň malymyz gutarar ýaly däl.

— Gamşy Mara näme bilen ýüklejek?

Mapbak oňa jogap berdi.

— Bir düýe kümşüň ýarysy seniňki, galan ýarysy biziňki diýsek, kim bize erkek bermez öýdýäsiň?

Topbak onuň aýdanlarynyň üstüne goşdy.

— Ýöne weli, Kelek bilen Doýdugyň haram gatançly düýesin-ä mugt berselerem äkitmeris. Gaýta olaryň şübheli mallary biziň başymyzy iýer.

Ýapbak oňa göwünlik berdi.

— Düýe ýeke Doýduk bilen Kelekde däl ahyry. Oba söwdagärleri düýäň üstüne aýagulaglyk eşekleri bilen hem bererler.

Ýalak olardan pessaý ses bilen sorady.

—Balalarym, siz näçe düýe alyp gitjek?

Japbak oňa jogap berdi.

— Japbaklar nebsini şagladýanlardan, köpi gözläp, azdan galýanlardan däldirler. Biz ilki bilen birje düýe gamyş äkidip, birje düýe kümüş getirsek bolýa.

Ýalak işan olara ýalbaryjy ses bilen ýüz tutdy.

— Balalarym, siz ýeke düýe äkitseňiz, meniň, düýämi äkidäýiň!

Topbak Japbaga seretdi. Japbak Ýapbaga seretdi. Ýapbak Mapbaga seretdi. Mapbak Topbaga seretdi. Topbak birbada oňa jogap bermedi. Işan ýene ýalbardy.

— Men siziň baryp gelýänçäňiz iýjek-içjegiňizi hem üpjünlärin. Ýöne weli, beýle işe baş uranyňyzy hiç kim hem bilmese ýagşy. Ýosam sizden öňürdenler hem bolar. Siz, iň ýagşysy, meniň düýämi alyp ötäýdiň. Şonda hiç kimiň habary hem bolmaz.

Topbak jogap berdi.

— Işan aga sen agzy keramatly adam. Seniň sözüňi biz ýerde goýup bilmeris.

Mapbak «ähem» edip ardyndy.

— Işanyň malyny Kelekbaýýňkydan...

Topbak derrew onuň sözüni kesip:

— Işan aga, biz ugramyzda, bize pata-da berer.

Japbaklar ugramakçy bolanlarynda, Ýalak işan

olara kümüş üçin mäkäm haltalar hem berdi, öwüt hem ýetdi.

— Balalarym, goşa gyraňa bir goýun emele gelýändir. Siz düýä dözmezlik etmäň, mazalyja ýükläň. Ol gaty güýçlüdir.

Japbaklar sazlyga baryp, düýäni gamyşdan ýüklediler. Şäherde häzir gurluşyk işleri gidýäni üçin, gamyş ojardan arzan däldi. Japbaklar birnäçe gün gamyş satyp, özlerine birneme harjylyk toplamak küýüne düşüpdiler. Işanyň düýesini bolsa sag boly hem kem-käs kireýi bilen dolandyryp bermek niýetleri bardy. Doganlary şol çylşyrymly ýagdaýa agyr gün mejbur edipdi.

Doganlar düýäni turzanlarynda sallanyşyp duran tozgadan ýaňa onuň gulagy hem görünmedi, guýrugy hem. Düýe janawar nirä ädýänini hem bilmän, götinjekledi, birdenkä Japbaklaryň ýakan oduna baryp ýetdi, Japbaklar ony sowmaga ýetişmänkä bolsa, sallanyşyp duran tozgalar ot aldy. Tüsse ysyny, ýalyn ysyny alan düýe bükürdi urdy, nirädir ökje göterdi.

Topbak onuň yzyndan gygyrdy.

— E-eý! Janawar! Akylyň bolsa suwa çök!

Bütin kellesine çenli gamyş bürelgi düýe ýoluny saýgarmaýardy, göýä diýersiň, Topbagyň tabşyrygyna

düşünen ýaly, köle baryp urdy. Gamyş ýalny suwuň ýüzünde lowlap ýokary galdy-da, şol sekundyň özünde söndi.

Japbak el çarpyp güldi.

— Ana gördüňizmi, Japbaklaryň sözüne haýwan hem düşünýä. Emma Doýduk düşünenok.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Düýe-ha düşündi weli, işan aga düşündirmek kyndyr. Biziň işimiz şowly bolmady. Japbaklaryň düýe otlan habary günübirin oba ýaýrar. Ondan soň Ýalak işanyň öňünde durmak bize aňsat düşmez. Hudaýa şükür: düýäň guýrugynyň gylyndan başga oňa şikes düşen ýeri hem ýok.

Japbaklar uzak maslahatdan soň, düýäni gamyşdan ýüklediler-de, işanyň gapysynda getirip çökerdiler: uzur ötündiler.

— Işan aga, ine düýäň, ine-de bir düýe gamyş. Bagyşla. Biziň Mara gitmek işimizi şowuna düşmedi.

Ýalak işan bir düýe gamşy kümüş ýaly ykjamlap goýdy.

Japbaklar Ýalak işandan arany açanlaryndan soň, garyplykdan özara derdinişip, azajyk hiňlendiler.

Indi nirä giderkäk?<br>
Niçigsi kär ederkäk?<br>
Taňry bizi görmese,<br>
Derdi kime aýdarkak?

Ýatagan

Japbaklaryň Durun obasynda durarlygy galmady.

Obanyň ala ýazy bolan Japbaklaryň obadan çykyp gitmegi daýhanlary gynandyrdy. Daýhanlaryň olary hiç ýana goýberesleri gelmedi. «Her gün birimiziň öýümizde myhman boluň» diýip töwella etdiler. Her kimden azdan-köpden toplap, Japbaklara menzillik toplamagyň çäresine girişdiler.

Emma Japbaklar oňa razy bolmadylar. Kişi zähmeti, onda-da özleri ýaly garyplaryň zähmeti bilen gün görmegi Japbaklaryň adyna laýyk bilmediler. Olar «biz ýene tiz dolanyp geleris» diýip, dost-ýarlary bilen hoşlaşdylar.

Japbaklar talap agtaryp, obadan-oba gezdiler. Japbaklar ýaly işsiz gezýänler her obada-da gyt däldi. Keseden geleni, onda-da dört adamy birden talaban tutmaga işçi güýjüni bol tapýan baýlaryň bogny ysmaýardy.

Japbaklar bir obada bir ýatagan bar sesini, bütin gazanjyny, ullakan baýlygyny ukudan gazanýan habaryny eşitdiler. Olar şol ýatagany ýzarlap tapdylar.

Ýataganyňka her obadan, her şäherden, her hili ýurtlardan ýataganlar, mugt gazanç ýzarlaýanlar kän gelýär eken, olaryň köpüsi oňa birnäçe teňňe döküp gidýän eken.

Japbaklar şol ýataganyň öýüne baryp düşdüler.

Ol edil pil ýaly bir adam ekeni. Japbaklaryň derdüsi birden onuň üstüne münseler, dördüsini bir menzile alyp giderlik güýji bar eken. Onuň her gözi käse ýaly, her gabagy bolsa elek ýaly ekeni. Onuň erinleri gazan tutajy ýaly bolup, burny bolsa goşa ýumruk ýaly ekeni. Ol bir tegelek çöregi bölmän ýuwudýan eken. Garny bolsa saman döle ýaly eken. Şonuň üçin hem bir doýsa üç-dört günläp ajykman, gymyldaman ýatýan eken.

Ol Japbaklary naharlandan soň, olaryň habaryny aldy.

— Er-ow, ýigitler, näme, gezelençmi ýa habarlyjamysyňyz?

Japbak oňa jogap berdi.

— Hawa, seýlem bir seýil, sergezdanlygam bir seýil. Bizem, garaz, çöregimizi huruşsyz iýmäni kyn görýän adamlar. Seniň bilen birsalym irkilişäýsek diýip geldik.

Ýatagan lahhyldap güldi. Onuň gülküsi bütin öýi sarsdyrdy. Mapbagyň endamy tikenekläp gitdi. Tomus wagty bolsa Mapbagy ysytma tutmagy-da mümkindi.

Ýatagan Japbaga seretdi.

— Meniň bilen ýatyşjak haýsyňyz?

— Biziň hiç haýsymyzyň hem yzymyzda işimiz galyp duranok. Haýsymyzy makul bilseň, saýla-da tutaý.

Ýatagan olara siňe seredenden soň, ýene lahhyldap güldi.

— Siziň haýsy-haýsyňyzdygyny seljerer ýaly bolmasa nätjek! Size asyl kimler diýerler?

Ýapbak jogap berdi.

— Bize Japbaklar diýerler.

— Hä-ä, boldy, boldy.

Mapbak ondan sorady.

— Hä, näme boldy?

Japbaklar atly dört dogan gulagyma ilýärdi. Halkyň soňsuz gürrüňine görä, siziň bilen duşuşmagy arzuw hem edip ýördüm. Öz aýagyňyz bilen geleniňiz gowy boldy. Men örän hoşal... Hany,

onda güýç synanyşyp göreliň bakaly. Ýöne weli, şertlije bolsun.

Topbak oňa jogap berdi.

— Hawa, Japbaklar hem öz ömrüni biderek geçirýänlerden däl. Goý, şertlije bolsun.

Az ýatan köp ýatana kyrk tylla bermeli.

Japbak Ýapbaga seretdi. Ýapbak Mapbaga seretdi. Mapbak Topbaga seretdi. Topbak jogap berdi.

— Aýyby ýok. Goý, kyrk tylla bolsun.

— Siziň onçakly harjyňyz beri barmy?

— Sen özüň nähili bilýäsiň? Japbaklar ownukuşak zadyň syrtyna bukular öýdýämiň?

— ýok, men size ynanýan. ýöne weli, bir şert bilen: meniň bilen ýatyşjagyň aýaklaryna men zynjyr urjak.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Seniň şertiň gutarmady-la! Näme, bizden ätiýaç edýämiň?

— Uka gezek galanda meniň dünýe ýüzünde ätiýaç edýän adamym bolmaz. Zynjyr urmagym başga bir zat üçin däl-de, kim bilen ýatyşýanymy saýgarmagym üçin.

Onda Mapbak aýtdy:

— Bolýa. Japbaklara ynanjyň şeýle bolsa, zynjyryňy ur.

— Ynanmazlyk üçin däl-de, işi çig galdyrmazlyk üçin.

— Aýyby näme!

Ýatagan öýüň töründe iki ýer saldyrdy. Japbagyň aýagyna zynjyr urdy. Ondan soň doganlaryň gözüne güýdüşendirin hasap edip, açary ýassygynyň aşagynda gizledi. Aýalyna-da tabşyrdy.

— Myhmanlara göz-gulak bol!

Ýatagan öli göwre ýaly gymyldaman ýatdy. Japbak gije-gündizde gözlerini dört gezek açyp-ýumdy, doganlaryna dört gezek yşarat etdi. Iň soňunda ýataganyň aýaly suwa gitdi. Mapbak ýataganyň ýassygynyň aşagyndan açaryny aldy. Japbagy boşatdy, ýerinde Ýapbagy ýatyrdy. Zynjyryň açaryny ýerinde goýdy.

Ýatagam iki gije-gündiz ýatdy. Ol bir agdaryldy, gözlerini dermirdip açjak ýaly etdi-de, ýene uka gitdi. Mapbak gözlerini dört gezek açyp-ýumdy, doganlaryna dört gezek yşarat etdi. Iň soňunda ýataganyň aýaly bir iş üçin daşaryk çykdy, Japbak Topbagy Mapbagyň ýerinde ýatyrdy, açary ýene ýerinde goýdy.

Ýatagan iki ýarym gije-gündiz ýatdy. Agdaryldy, gözlerini açdy, seretdi. Aýaklary zynjyrly Topbagyň horlap ýatanyny görüp, ýene uka gitdi. Topbak gözlerini dört gezek açyp-ýumdy, doganlaryna dört gezek yşarat etdi. Iň soňunda ýataganyň aýaly suwa gitdi. Ýapbak Topbagyň ýerinde Japbagy ýatyrdy, açary ýene ýerinde goýdy.

Ýatagan ýene iki gije-gündiz ýatdy. Ol agdaryldy, yňryljyrady, dönderildi, gözlerini açdy, ýene ýumdy, Japbagyň öz gapdalynda horlap ýatanyny gördi. Onuň indi içi goruldy. Ol iň soňunda uklap hem bilmedi, çydap hem bilmedi, dikelip oturdy, gerindi, pallady, gapdalynda ýatan Japbaga ýüzlendi.

— Japbak! Japbak, haw!

Japbakdan ses-üýn çykmady. Ýatagan ony bir aýagy bilen pyzyp goýberdi. Japbak üç-dört agdaryldy, zynjyr şakyrdady. Emma Japbak horruldysyny kesmedi. Ýatagan doganlaryna ýüz

tutdy.

— A-how, Japbaklar! Doganyňyz ölen bolaýmasyn?

Ýapbak jogap berdi.

— Ol ukyň ýaňyja keýp ine düşdi.

— Onuň ýaly bolsa turzuň. Kyrk tylla däl, başga-da näme gerek zadyňyz bolsa bereýin, siz meniň başymdan sowluň!

Onda Mapbak aýtdy:

— Gelen myhmanyň ukusyny aldyrman ugratmak nähili bolarka?

— Ýatyşyňyz şu bolsa, ukyňyzy o dünýäde alarsyňyz.

Ýapbak bilen Mapbak Japbagyň iki golundan tutup galdyrdy. Japbagyň kellesi bulandy. Topbak onuň kellesini tutdy, yralady, gygyrdy.

— Japbak, aý, Japbak, indi turaýsaň näderkä?

— Japbakdan ses hem çykmady, gözüni hem açmady. Topbak iň soňunda bir eli bilen onuň burnuny tutdy, bir eli bilen agzyny tutdy — demikdirdi. Japbak birhaýukdan soň asgyrdy: püşä-ä... Japbagyň gözi ýalpa açyldy. Töweregine garanjaklandan soň palladу.

— Men irkiläýipdirin öýdýän?

Ýatagan oňa haýrangalyjylyk bilen seretdi.

— Irkilişiň şu bolsa, ýatyşyňdan alla saklasyn!

Ýatagan kyrk tyllany sanap berdi. Japbaklaryň ol haçan gören zady! Olar biri-birlerine seredişdiler.

Ondan soň Japbak aýtdy:

— Meniň beýleki doganlarym bilen hem bir synanyşyp gör!

— Siziň bilen ýatyşmag-a beýlede dursun, siz her günüňize kyrk tylla berseňizem, menden sizi saklan ýok. Siz ýatyp-ýatyp birden ölersiňiz-de, meniň başyma töhmet bolarsyňyz.

Japbaklar ölýänlerden däldir, ýaşaýanlardandyr.

— Elbetde, şunuň ýaly bir hötjet bolmasaňyz, adyňyz il içine ýaýrasy ýokdy. Meň özüm akmak: Japbaklar adyny eşitdimmi: «Ýok gardaşlar, ýok, meniň siziň bilen oýnum ýok» diý gutar-da!

Onda Ýapbak aýtdy:

—Diňe birimiz bilen ýatyşjagyňy bilen bolsak, onda dört bolup gelmezdik.

— Siziň şeýle mahluklardygyňyzy bilen bolsam, men siziň ýüzüňize-de seretmezdim.

Onda Topbak aýtdy:

— Beýle gam çekip oturma. Bize seniň tyllaň gerek däl.

— Ýok, ol size ene süýdünden halal.

— Onda, belki, ýene bir öwrülişiňde dolandyryp bereris.

Ol gaýta Japbaklara ýol harjylyk üçin ýene bir on tyllany zorlap berdi.

— Hawa, Japbaklar, saý-sebäp bilen tanyş bolduk. Men-ä sizi indi unudasym ýok. Siz hem, elbetde, çenden öz ýataganyňyzy ýada salarsyňyz.

Japbak aýtdy:

— Sen, halypa, indi ýatagan adyňy aýyr-da, adyňa ýatmazak goýaý.

— Siz hemişe meniň daşymy alyp durasyňyz ýok. Siziň ýok ýeriňizde, men ýene şol pilmahmytdyryn.

— Oňa biziňem şekimiz ýok!

Japbaklar elli tyllany jübülerine salsalar-da, uky bilen gazanan gazançlaryndan hoşal bolman, zarynja hiňlendiler.

Dokluk näme diýdirmez,
Açlyk näme iýdirmez.
Durmuş syrly tilsimin,
Japbaklara duýdurmaz.

## Nähili söwda?

Japbaklaryň eline birinji gezek düşen elli tylla olaryň goltugyna ýylan girenden enaýy bolmady. Olar näme etjeklerini, nähili sowjaklaryny bilmän, gara güne galdylar. Ony bir ýanyndan iýip otursaň, sanly günde gutarjak. Agzyň ýetip duran nahara gözüň düşse, ony iýmän hem durup boljak däl. Japbaklar şol barada göterişdiler, goýuşdylar, iň soňunda puly biderek ýatyrmazlyk, pula pul gazandyrmak küýüne düşdüler.

Japbak aýtdy:

— Buharada biz gymmatmyş Hywadan Buhara biz ýüklesek näderkä?

Ýapbak aýtdy:

— Eýranda duz gymmatmyş. Jebelden duz getirip, Eýrana ýüklesek näderkä?

Mapbak aýtdy:

— Owganystanda gatyr gymmatmyş, eşek alyp, baýtal bilen baksak näderkä?

Topbak aýtdy:

— Hywada goýun gymmatmyş. Pulumyza goýun alyp, Hywa sürsek näderkä?

Doganlar ony makul bildiler.

Japbaklar ýarym tylladan ýüz goýun aldylar. «Hywa äkidip, birini bir tylladan beremizde, birimiz iki bolýa» diýip düşündiler.

Japbak aýtdy:

— Goýunlary satman, asyl bulary bakybersek näderkä?

Onda Ýapbak aýtdy:

— Goýun bakmak aňsat iş däldir. Oňa it gerekdir, eşek gerekdir. Gumda, uzak gyrda guýy gerekdir. Ol iş Japbaklaryň çygryndan daşarydyr. Bulary asyl bakaryna berip, birýan çetinden iýibersek näderkä?

Onda Mapbak aýtdy:

— Goýunlary ata çalşyp, toý toýlasak näderkä?

Onda Topbak aýtdy:

— Atylan ok daşdan gaýtmaz. Goýunlary Hywa äkidip satalyň, ýene bir gezek gaýtalalyň, ýene-de bir gezek gaýtalalyň, iň soňunda özümizi özümiz oňararlyk baý bolalyň.

Doganlar oňa müwessa goýdular.

Japbaklaryň ýoly uzakdy. Meňzeş gumlaryň, meňzeş oýlaryň, meňzeş takyrlaryň aňyrsy tükenmedi. Obadan azyk gögermedik Japbaklaryň özleri her günde diýen ýaly bir goýun iýdiler. Itsiz ýola çykan Japbaklaryň her gije bir goýnuny möjek aldy. Birlän-ikilän goýun ýolda buýup öldi. Bäşlän-üçläni sürä ýaraman galdy.

Japbaklar Hywa baranlarynda, diňe kyrk sany goýunlary galdy. Japbaklary baran ýerlerinde «paç!» diýip tutdular. Howla salsalar hem paç, meýdana sürseler hem paç, ýatyrsalar, tuzursalar hem paç, bazara sürseler hem paç. Şonluk bilen ýeser gassap Japbaklaryň galanja goýunlaryny sekiz teňňeden satyn aldy.

Japbaklaryň Hywada uzak durarlygy galmady. Olar derrew yzlaryna gaýtmakçy boldular. Olar gaýdyşyn ýola azyk üçin, öz satan goýunlaryndan biriniň guýrugyny şol gassapdan dokuz teňňä satyn aldylar. Keýpi kök gaasap olara eşitdirer-eşitdirmez heň etdi.

Japbak, Japbak, Japbaklar!
Bir oýnamjyk akmaklar!
Goýny berer sekize,
Guýruk alar dokuza.

Gassabyň olary aldany-ha aldany, onuň üstesine-de olary masgaralany, olary akmak hasap edeni Japbaklaryň gulaklaryndan parran geçip, beýnilerine baryp ornady.

Japbak Ýapbagyň ýüzüne gyjyt bilen seretdi.

Mapbak Topbagyň ýüzüne gyjyt bilen seretdi.

Topbak Japbagyň ýüzüne gyjyt bilen seretdi.

Japbak aýtdy:

— Bir gassaba özümizi oýnadyp barsak, bize il gülşer.

Ýapbak aýtdy:

— Ýa gassapdan goýnumyzy alalyň ýa arymyzy.

Mapbak aýtdy:

— Biz onuň özündeň ökderäk bir aldaw salalyň, hiç wagtda ýadyndan çykmasyn.

Onda Topbak aýtdy:

— ýok, çykgynsyz bir iş etmäliň. Ýöne Japbaklardygymyzy oňa tanadalyň.

Japbak onda:

— Yzyňyza dolanyň! — diýdi.

Olar gassabyň goňşusyndaky dükandan baryp zat almakçy boldular.

Japbak dükança aýtdy:

— Ýarym batman bürünç çek!

Dükançy bürünç çekip, Japbagyň gabyna guýandan soň, pul üçin elini uzatdy.

Japbak Ýapbagy salgy berdi-de:

— Puluny bu berer — diýip, torbasyny göterip gitdi.

Ýapbak dükança aýtdy:

— Ýarym batman nabat çek.

Dükançy nabady Ýapbagyň gabyna guýandan soň, pul üçin elini uzatdy.

Ýapbak Mapbagy salgy berdi-de:

— Puluny bu berer — diýip, torbasyny göterip gitdi.

Mapbak dükança aýtdy:

— Ýarym batman mäş çek.

Dükançy mäşi Mapbagyň torbasyna guýandan soň, pul üçin elini uzatdy.

Mapbak Topbagy salgy berdi-de:

— Puluny bu berer — diýip, torbasyny egnine atyp gitdi.

Topbak dükança aýtdy:

— Ýarym batman igde çek.

Dükançy igdäni Topbagyň torbasyna guýandan soň, pul üçin elini uzatdy.

Topbak gassaba bakan elini salgady.

— Puluny ol berer.

Dükançynyň birdenkä ýüregi gobsundy. Topbagyň syýyndan ýapyşdy.

— Gassabyň siziň bilen näme işi bar?

— Biz oňa goýun satdyk. Onuň bize bergisi kän.

— Ýok. Beýle söwda bolmaz. Ýa sen oňa tassyklat, ýa-da hemme alan zatlaryňyzyň puluny töläp git.

Topbak onda ýuwaşja:

— Hany entek onda eliňi çek—diýdi.

Dükançy Topbaga goýberdi.

Topbak ondan soň gassaba ýüzlendi.

— E-eý, gassap, sen bu dükança aýtsana-haw! Biz saňa goýun satmadykmy näme?

Goýny sekizden alyp, guýrugyny dokuzdan satan keýpi kök gassap, gürrüňiň näme hakda gidýänine üns hem bermän, ýüzüniň ugruna tassyklady.

— Dogrudyr, dogrudyr. Sen myhmanlara harydy köpräk satyber.

Dükançy indi Topbaga hoşamaýlyk bilen daryşdy.

— Haý, baý aga, indi näme çekeýin? Indi näme gerek bolsa alyberiň, dükan özüňiziňki.

Topbagyň dükanyň içindäki kän zatlara gözi gitdi. Emma «ynsap—diniň ýarysy» diýip düşündi. Betpäl gassaba şu-da ýeterlik diýip kanagatlandy. Dükançy bolsa:

— Baý aga, harydy köpräk alsaňyz-la — diýip, birsyhly ýalbardy.

Eýsem-de bolsa, Topbak nebsini şaglatmady.

Topbak Japbaklaryň yzyndan ýetende, olar bileleşip hiňlendiler.

Goýny alyp sekize,
Guýruk satyp dokuza,
Gassap näçe gönendi,
Kemje — kerdem däl bize.

Doganlar niredesiň Durun diýip ýola düşdüler.

## Ata watan

Japbaklar Hywadan alyp gelen harjylary bilen öý tutunmak küýüne düşdüler. Emma garyplykdan galyndyrmadyk oraçanyň ýerinde tutmagy makul bilmediler. Olar kän oýlandylar, az oýlandylar, iň soňunda uzak bir obada ak eşikli akja öý tutundylar.

Olaryň birinji ýurt tutan ýerleriniň howasy belent bolsa-da, suwy gyt boldy.

Onda Japbak aýtdy:

— Garyp nämä garyp — odun bilen suwa. Geliň, biz bu ýurtdan göçeliň, bereketli bir ýurda baralyň.

Ikinji baran ýurtlarynyň suwy bolsa-da, oduny gyt boldy.

Onda Ýapbak aýtdy:

— Garyp nämä garyp — odun bilen suwa. Geliň, biz bu ýurtdan göçeliň, bereketli bir ýurda baralyň.

Üçünji baran ýurtlarynyň oduny, suwy bolsa-da, gallasy bolmady.

Onda Mapbak aýtdy:

— Garyp nämä garyp — galla garyp. Geliň, biz bu ýurtdan göçeliň, bereketli bir ýurda baralyň.

Dördünji baran ýurtlarynda suw-da boldy, odun-da boldy, galla-da boldy, emma parahatlyk bolmady.

Onda Topbak aýtdy:

— Parahatlyk bolmasa, odunyň höziri ýok, suwuň tagamy ýok, gallanyň gurby ýok. Geliň, biz bu ýurtdan göçeliň, bereketli ýurda baralyň.

Onda Japbak aýtdy:

— Biz gezibem gördük, göçübem gördük, hiç ýerde özümiziňkiden gowy ýurt görmedik. Geliň, biz ata watanymyza gaýdalyň.

Doganlar ony makul bildiler.

Japbaklar oba gaýdyp gelýärkäler, Topbak öz pikirini mälim etdi.

— Biziň öýümiz bar. Emma at ýok, ene ýok, gelneje bolaýsa näderkä?

Öýlenjek ýigit Japbak sesini çykarman, sülmüräp ýöredi.

Onda Ýapbak bolsady ekdi.

— Gelneje bolsa, akja öýüň içi ululy-kiçili haly bilen gül pürkülen ýaly bezener. Biziň çöregimiz özümizde bişer, gazanymyz özümizde atarylar. Toýumyz özümizde tutular. Gapymyzda at kişňär. Japbaklaryň dabarasy il içine dolar. Şonda biziň murtumyzy palta kesmez!

Mapbak gümürtik gepledi.

— Gelneje ýat ilden, ýat öýden gelmelidir. Japbaklar bilen onuň mäşi bişişermi, ýokmy? Birden Doýduk ýalyň biri duşup, Japbagyň burnundan çöp ötürip, biziň agzymyzy alardaýmasyn?

Japbak ýumrugyny düwdi.

— Biziň agzymyzy alartjak bolsa, men onuň...

Topbak Japbagyň eline ýapyşdy.

— Dur, naýynsap! Gelmedik gelnejäň birdenkä gözüni gögerdäýme!

— Mapbak, senem agzyňy haýyr aç, haw! Nädersiň biziň bilen äbede-jüýbe bolaýsa!

Ýapbak hem öz göwnündäkini daşyna çykardy.

— Birinji gelneje göwnümizden tursa, öýe ikinji gelnejede gelmeli bolar.

Mapbak hem öz göwnündäkini aýtdy:

— Ikinji gelneje göwnümizden tursa, üçünjisi hem gelmeli bolar.

Topbak hem olaryň pikirine goşuldy.

— Üçünji gelneje göwnümizden tursa, dördünjisem gelmeli

bolar.

Doganlaryň pikiri Japbaga kem ýaramady.

— Japbaklar dört, gelnejeler dört. Bir öýde sekiz bolýas.

Ýapbak Mapbakdan sorady.

— Her gelnejäniň dört sanyjyk mele gulpak oglam bolaýsa, bir öýde näçe bolýas?

Mapbak iki egnini ýygyrdy.

— Men-ä gumalak sanaýmasam, onuň hasabyna ýetip bil-jek däl.

Japbaklar gyzykly gürrüň bilen oba ýetenlerini duýman galdylar.

Japbak oraçanyň ýurduny ogşady.

Ýapbak oraçanyň ýurduny ogşady.

Mapbak oraçanyň ýurduny ogşady.

Topbak oraçanyň ýurduny ogşady.

Dodaklaryny tozana bulap galan Japbaklaryň dördüsi dört ýerden seslendi.

— Seniň topragyňa gurban!

Japbaklaryň ak eşikli akja öýi gümmezekläp galdy.

Durun obasy şol gün Japbaklaryň hatyrasyna toýa aýlandy.

## GELIŇ, OÝNALYŇ

Bagymyz bar, bakjamyz,
Ýeňil biziň ökjämiz.
Haçan mekdebe gitsek,
Dolar kitap bukjamyz.

Geliň, geliň, oýnalyň,
Bag içinde ýaýnalyň.

Bakjaly biz, bagly biz,
Elýetmez bir çagly biz.
Dumly-duşdan ýygnanan
Kolhozçynyň ogly biz.

Geliň, geliň, oýnalyň,
Bag içinde ýaýnalyň.

# KYRK ÝALAN

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym wagtda bir patyşanyň akylly-başly owadan gyzy bar eken. Patyşanyň gyzy bolany, hem akylly, hem owadan bolany üçin, onuň hyrydary, oňa gelýän sawçylar örän kän eken. Patyşa gyzyna mynasyp ýigit tapmak niýeti bilen dürli oýlara çümüp, iň soňunda şeýle netijä gelen eken:

— Kim sepini bildirmän, kyrk ýalan sözlese, gyzymy şoňa berjek — diýen eken.

Bolmadyk zady bolan hökmünde bir sözlem sözlemek hem aňsat iş däl. Şol şertiň özi ýiti zehin hem döredijilik talap edýär. Patyşanyň gyzyna göz gyzdyranlaryň, şertini ýerine ýetirmäge gelenleriň sany-sagynjy bolmandyr. Şolaryň içinde, ýönekeý kyrk däl, bir ýüz kyrk, bir müň kyrk sözlänleri hem bolupdyr. Emma olaryň oslanman toplanan ýygyndy sözleri biri-birine zynjyra ýaly seplenmän, küýze döwügi ýaly çym-pytrak dagap gidipdir.

Patyşanyň şikara çykan gyzyna gözi ilen bir çopanyň akyly haýran galypdyr. Ol öz ýanyndan: «Bä, gün ýer ýüzünde-de dogup biljek eken» diýip oýlapdyr. Emma keýik kowup barýan gyz sanly-salymda onuň gözünden ýitipdir. Çopan öz ýanyndan: «Bä, meniň düýşümmikä ýa meniň gözüme peri kaklyşdymyka?» diýip oýlapdyr. Aradan kän salym geçmänkä bolsa patyşanyň şerti onuň gulagyna ilipdir. Erkin sähranyň gülälekli meýdanynda sap howadan dem alýan çopan: «Ýatyp galandan— atyp galan ýatşy. Men hem öz bagtymy synap göreýin» diýip, bir näçe gün oýa çümüpdir. Iň soňunda, günüň bir gününde egri taýagyny egnine atyp, patyşanyň gaşyna gelipdir.

Arzaçylara görä-de köpräk sawçylaryň habaryny almaga adatlanan patyşa çopana sowal beripdir:

— Eri çopan, näme habar?

Patyşanyň haýbatyndan heder etmedik çopan döşüni

gaýşardypdyr:

— Patyşahym, bagtymy synamaga geldim.

— O nähili bagt?

— Patyşamyz ýalan sözläne hormat goýýamyş diýip eşitdim. Men hem agzymdan kireý isläp duramok, bäş-üç agyz ýaňraýyn diýip geldim.

Patyşa çopanyň çogda çäkmenine, egnindäki egri taýagyna, ylaýta-da başyndaky şypyrmasyna gözi ilende, hahahaýlap gülüpdir. Birdenkä-de gyzy gözüniň öňüne gelip, ýüzüni gamaşdyrypdyr:

— Eý akmak çopan! Eşitmedim diýme, sepini bildirmän, kyrk ýalan sözlemeseň, ganyňdan hem, janyňdan hem geçmeli bolarsyň!

Çopan başyny aşak egip, taýagyna daýanypdyr

— Patyşahym, janym, ganym siziň üçin, siziň perzendiňiz üçin gurban bolsa, başga armanym näme!

Wezirler, wekiller, jemlenenden soň, patyşa öz adatyna görä çopana söz beripdir. Emma çopan, söze başlamazdan öň, patyşadan haýyş edipdir:

— Ölmezden öň meniň ýekeje arzym bar, şony kabul etmegiňizi haýyş edýärin.

— O nähili haýyş?

— Şu mejlise siziň gyzyňyzyň hem goşulmagyny haýyş edýän.

Patyşa hasasyny tarkyldadyp, zöwwe ýerinden galanda, alaran gözleri çopany iýerli görnüpdir:

— Nämähreme gyz görkezmek? Bu näme diýen söz? Seniň akylyň öz ýerindemi? Sen meni kim hasap edýärsiň?

Emma çopan özüni ýitirmän, egri taýagyny ýaňadandan egnine taşlapdyr:

— Patyşahym, niýetim ýaman bolsa — gözüme gurşun guýulsyn. Meniň duýdurmak isleýänim şunuň üçin: meniň sözüm size ýarasa-da, belki, gyzyňyza ýaramaz. Şonuň üçin ikiňiziň bilelikde diňlemegiňizi haýyş edýärin.

— Akmagyň biri akmak! Sen şerigatyň kanunyna garşy gitmek isleýärmiň?!

Şol wagtda patyşanyň ýanynda peýda bolan gyzy çopanyň tarapyny çalypdyr:

— Ata, siz nähak gaharlanýarsyňyz? Çopanyň akylly sözi bar: şert siziňki bolsa, şertiňizi ýerine ýetiren ýigit meniňki bolmaly ahyry. Goý onuň sözüni ikimiz bile diňläli.

Şondan soň çopan özüniň giň sährada oýlap tapan sözlerine dowam edipdir:

«Atam enemi almanka, men enemden bolmankam, biz atadan ýekedik. Biz ölüp, ölüp, dört bolduk. Biz günüň bir gününde dördimiz bile awa gitdik. Birdenkä, götermedik ýowşanyň düýbündäki dogmadyk towşany meniň kör agam gördi. Iki eli omurdanyndan golak agam ony kirişsiz ýaý, peýkamsyz ok bilen atyp urdy. Çüp ýalaňaç agam bolsa, ony egnindäki donunyň goltugyna saldy...»

Çopanyň sözüne diňe wezir, wekiller däl, hatda patyşanyň özi-de lokguldap gülüpdir. Enaýy dodaklarynda ýylgyrma emele gelen gyzyň gulagyna çopanyň sözi nähili ýakymly eşidilse, onuň

syraty, dik boýny, güne ýanan oraýany teni, köşk adamlaryndan sussy basylmaýan sadalygy, ylaýta-da gözlerinde balkyldaýan bagt uçganaklary gyzy bütinleýin özüne bakan çekipdir. Şonuň üçin çopanyň sözüniň dowamyny sabyrsyzlyk bilen haýyş edipdir. Çopan dowam edipdir:

«Biz barýadyk weli, öňümizden üç sany ýap çykdy. Olaryň ikisiniň içi gury ekeni, biriniň içinde bolsa öl hem ýok ekeni. Yzgarsyz ýabyň içinde üç sany balyk ýüzüp ýören ekeni. Olaryň ikisi öli bolup, beýlekisiniň jany ýok ekeni. Biz jany ýok balygy alyp gitdik. Bir görsek, üç sany öý bar ekeni. Olaryň ikisi ýykyk bolup, beýlekisiniň tärimi-de, ugy-da, tüýnügi-de ýok ekeni. Şol tüýnüksiz öýüň içinde üç sany, gazan bar ekeni. Olaryň ikisi döwük bolup, beýlekisiniň düýbi ýok ekeni. Şol öýde üç sany tagan hem bar ekeni. Olaryň ikisi aýaksyz bolup, beýlekisiniň saly ýok ekeni. Biz jansyz balygy düýpsüz gazana salyp, salsyz tagana atardyk-da, otsuz bişirdik. Balygyň gaýnan eti lagta-lagta bolsa-da, çeýnämizde ham çarykdan enaýy däl ekeni. Biz şeýle bir kän iýdik. Garnymyz ganara, boýnumyz gyla döndi, emma agzymyzyň ondan habaram bolmady...»

Köşküň içinde şowhunly gülki ýaňlananda, agzyndan gyllygyny akdyryp diňleýän patyşa:

— Sem boluň! — diýen gykylyk bilen çopanyň sözüniň dowamyna ýol açypdyr. Çopan dowam edipdir:

«Balygyň gazanda galan ýagyny çekdik: kyrk batman çykdy. Ony men ädigime çaldym weli, birine ýetdi-de, beýlekisine ýetmedi. Gije aýylganç bir gopguna oýansam, ýaglanmadyk ädigim bilen ýaglanan ädigim söweşýän ekeni. Men olara käýindim. Ertir tursam, ýaglanmadyk ädigim gije öýkeläp giden ekeni. Men bir diňe çykyp seretdim, hiç ýerde zat görülmedi. Ondan soň çuňňur gorpa girip, ýakamdaky temeni ýere dürtüp, üstüne çykyp seretsem, ädigim ullakan derýaň aňyrsynda ýer sürüp ýören ekeni. Şol ýerdäki baýtaly münüp, taýyny öňüme alyp sürdüm weli, baýtal geçmedi. Taýy münüp, baýtaly öňüme alyp süremde bolsa, derýanyň beýleki kenarynda peýda bolanymy duýman galdym. Men öýkeli ädigimi ýazdym, geýdim. Bir görsem, şol ýerde bir tümmegiň gapdalynda bir horjun ýatan eňeni. Horjuny açamda, içinden bir kitap çykdy, kitabyň içinden bir galam çykdy. Men galam bilen çyzyşdyrdym, çyzyşdyrdym weli, hemme aýdan sözüm ýalan çykdy».

Wezirler, wekiller hoşallyk bilen gülşüp, makullaşyp başlanlarynda, peýkamly hasasyny tarkyldadyp galan patyşa:

— Sem boluň!!—diýip gygyran eken.

Patyşadan heder eden wezirler, wekiller, dymanlarynda, patyşanyň gyzy öz pikirini sypaýyçylyk bilen mälim edipdir:

— Meniň göwnüme bolmasa, çopan kyrk bir söz sözledi. Şonuň kyrkysy ýalan bolup, biri çyn çykdy.

Patyşa öz gyzyna jabjynmadan çekinse-de, çopany öz gyzyna laýyk bilmäni üçin, sözlände, sesi gyryljyk çykypdyr:

— Şeýle ýalany kim sözlemeýär? Çopan diňe öz başyndan geçenleri gürrüň berýär.

Patyşanyň adalatsyzlygyny saýgaran çopan bir ädim öňe süýşüpdir:

— Patyşahym, hany onda siz eneňizden bolmankaňyz

başyňyzdan geçenlerden ha çyn, ha ýalan ýekeje agyz söz sözläň!
Patyşa hasaly elini gazap bilen galgadypdyr:
— Meniň ýeke agyz sözüm: jella-at!..
Jellat aý paltasyny egnine atyp, murtlaryny towlap gelende, patyşanyň gyzy ara düşüp:
— Ata jan, şah adyl gerek. Çopan siziň şertiňizi ýerine ýetirdi, meniň bolsa göwnümiň üstünden turdy. Men çopanyňky, çopan meniňki! — diýip, onuň boýnundan gol salypdyr.
Şol gözel görnüşe gözi ilende, ýüregi bulanan patyşa özüniň agyr göwresini lampa oturgyja goýberipdir.

**1942**

## JONNUK BATYR

Bir bap eken, bir ýok eken, gadym zamanda Jonnuk batyr diýen bir adam bar eken. Onuň dört aýaklydan diňe bir tulparja ýabyjygy bar eken. Jonnuk batyr oňa Tulpar diýip at berýän eken. Ýaşaýyş adatdan daşary kyn döwürde Jonnuk batyryň bütin güzerany şol Tulpara bagly eken: odunyny çekýän, çatmasyny ondan-oňa göçürýän, kireý edýän, çül çagasyny ekleýän diňe şol eken.
Güýzüň, gyşyň agyr azabyndan soň, Tulpar halys gurpdan düşen eken. Çülpe çagalaryny zordan ekleýän Jonnuk batyrda Tulpar üçin iým nirede, ot nirede? Süňklerinden torba asaýmaly Tulpar eňegini ýere bererli bolanda, ýaz çykyp, ýagmyr ýagyp, ýeriň ýüzi gök öwsüpdir.
Iýmiti ýetmedik iglije çagalary ýuwa-ýelmikden, kömelekden doýup başlanlaryndan soň, Jonnuk batyr:
— Goý, bu janawar hem ýazlasyn, etine-ganyna çyksyn, semresin! — diýip, Tulpary ýalaňaçlapdyr-da, meýdana kowupdyr.
Ertir gidip, agşam gelýän Tulparyň şähdi açylypdyr, etine-ganyna gelipdir, tüýüni düşüripdir, endamy ýalpyldap başlapdyr. Jonnuk batyr öz ýanyndan «Tulpary indi eýerläýsem hem boljak» diýip oýlapdyr Birdenkä bolsa, ertirki giden Tulpar giçden soňra gara dere batyp gelipdir. Onuň sebäbini bilmedik Jonnuk batyr oňa haýran galypdyr. Tulpar ertesi ýene derläp gelipdir, birigün ýene gara dere batyp gelipdir.
Tulpar aňyrsy üç-dört günüň içinde horlanyp, garny gapyrgalaryna ýelmeşip başlapdyr.
Jonnuk batyr öz ýanyndan: «Be-e, Tulpara nämebolýarka?» diýip oýlanypdyr, emma sebäbini tapyp bilmändir. Iň soňunda, Tulpara näme bolýanyny bilmek niýeti bilen, ony ýene meýdana kowupdyr-da, özi gara görnüp yzyndan garagagullap gezipdir.
Bir görse, mähnet bir aýy Tulpara atlanypdyr-da, giň otluk meýdanda aýak aldygyna çapyp başlapdyr, aradan salym geçmänkä bolsa Jonnuk batyryň gözünden ýitip gidipdir.
Tulparyň yzyndan ýetip bilmejegini, aýyny ele salyp bilmejegini aňlan Jonnuk batyr yzyna dolanypdyr-da, ýol boýy oýa çümüpdir.
Tulpar ýene giçden soň gara dere batyp gelipdir.
Jonnuk batyr az oýlapdyr, kän oýlapdyr, iň soňunda, Tul-

paryň endam-janyna ýelim çalyp, ýene meýdana kowmakçy bolupdyr. Emma Jonnuk batyra naýynjar garan Tulpar: «Ýok, indi gidesim gelenok» diýýän ýaly, kürtdürip durupdyr.

Jonnuk batyr Tulparyň maňlaýyny, ýalyny sypalapdyr, oňa ýalbarypdyr:

— Tulparym, iň soňky gezek, şu gün hem git. Men seni şol beladan dyndararyn, aryňy öteräk alaryn!

Tulpar göýä diýersiň öz hojaýynynyň diline düşünýän ýaly, bir-iki ädim ätläpdir-de, ýene yzyna dolanyp, ýalbaryjy bir garaýyş bilen ýüzüni aşak salypdyr.

Jonnuk batyr ýene ýalbarypdyr.

Tulpar ýene ýola düşüpdir, ýene yzyna dolanypdyr, bir zatdan gorkýan ýaly, sandyrapdyr.

Öz niýetini ýerine ýetirmek islän Jonnuk batyr Tulparyň halyna dözmese-de, iň soňunda oňa haýbat atyp, çybyk göteripdir.

Tulpar şondan soň närazy bir görnüşde haýal-ýagal ädim urupdyr!

Emma... Tulpar agşam dolanyp gelmändir.

Jonnuk batyr, uzak gije ukusy tutman, dürli oýa çümüpdir, eýläk agdarylypdyr, beýläk agdarylypdyr, bar-ýok ýekeje gylýalyndan hem dynsa, durmuşynyň önküdenem ýaramazlaşjagy ony aldym-berdime salypdyr, Tulpary zorlap kowany üçin ökünip, aňyrsyna ýetip bilmändir. Jonnuk batyr iň soňunda, howa ýagtylmagyna mähetdel, aýpaltasyny egnine atypdyr-da, niredesiň Tulpar diýip, ýola düşüpdir.

Jonnuk batyr giň otluk sährada eýläk bir gidipdir, beýläk bir gidipdir, Tulpara gözi ilmändir. Tulparyny elinden aldyran Jonnuk batyryň ýüregi awapdyr, az gözläpdir, kän gözläpdir, iň soňunda... bir üýşmek gara gözüňe ilipdir. Emma Jonnuk batyr onuň nämedigini uzakdan saýgaryp bilmändir.

Jonnuk batsr iň soňunda şol gara baryp görse, bir topar jandar biri-birine baglanyşyp ýatan ekeni. Ölügsi gözlerinde ýaş görüwýän Tulpar ysgynsyz dodaklaryny çala gymyldadanda, Jonnuk batyr bolup geçen wakany göz öňüne getiripdir:

Türresi, butlary, gollary Tulparyň ýelimli ýagyrnysyna ýelmeşen aýy düşjek wagty düşüp bilmändir-de, Tulpary çapypdyr, çapypdyr, çapypdyr... Ahyry gurpdan düşen Tulpar howa garaňkyranda güpürdäp gidipdir.

Ysgyny gaçan günäkär aýy ondan sypyp bilmändir.

Olaryň gymyldysy galman, çala demleri galany üçin, Tulpary, aýyny gara batgalykdyr hasap edip gelen doňuz burny bilen «batgany» dörmekçi bolanda, Tulparyň (Garnyna ýelmeşip galypdyr.

Tulpary, aýyny, doňzy öli göwrelerdir hasap edip gelen aç möjek, açyk agzyny gyssanmaç uranda, Tulparyň buduna ýelmeşip galypdyr.

Üýşmek bolup ýatan Tulpary, aýyny, doňzy, möjegi seljermekçi bolan tilki olaryň daşynda aýlanypdyr, pyrlanypdyr-da, ysyrganyp, burnuny uzadanda, Tulparyň ýalyna ýelmeşip galypdyr.

Tulpary, aýyny, doňzy, möjegi, tilkini ýykylan köne tam hasaplan baýguş gelip gonanda, Tulparyň boýnuna ýelmeşipdir.

Tulparyň ölüm halynda gözgyny ýatyşyna rehimi inen, ýyrtyjylara gazaby gelen Jonnuk batyr olaryň baryny birden gyrmak küýüne düşüpdir. Ol aýpaltasyny ýokary galdyryp, ilki bilen baýguşdan başlamakçy bolupdyr:

— Weýrançylyga buýsanýan betpäl, seni bir nas edeýin!

Ölüm howpuna düşen baýguş ganatlaryny pasyrdadypdyr-da, naýynjar ýalbarypdyr:

— Ku-ku... ku-ku... Batyr aga, meni öldürme, men galan ömrümi senden göreýin. Çaga-çugalaryňa bir sebet böwürslen iýmişini getirip bereýin!

Baýguşuň owadan gözlerindäki ýaşa gözi ileni üçinmi ýa-da çaga-çugalarynyň süýji iýmişi şüwlümli tamşanjaklaryny göz öňüne getireni üçinmi, Jonnuk batyr sesini çykarman, baýguşy emaý bilen sypdyryp goýberipdir.

Baýguş öz wadasyna wepalylyk bildirýän ýaly:

— Ku-ku...— edipdir-de, ganatlaryny pasyrdadyp, gözden ýitipdir. Jonnuk batyr aýpaltasyny egnine atyp, möjege çenäpdir:

— Heý, ganhor möjek! Seniň beri hamyňy çöpe sereýin!

Dili bir garyş süýnen möjek uzyn gulaklaryny ýapyryp, naýynjar ses bilen uwlapdyr:

— U-u-u... u-u-u... Batyr aga, başyňa döneýin, meni öldürme! Men galan günümi senden göreýin. Çaga-çugalaryňa Gulak baýyň sürüsinden tazygyp çykan, guýrugy elek ýaly bir tokly getirip bereýin!

Möjegiň janyna haýpy geleni üçin däl-de, çaga-çugalarynyň aýlar däl, ýyllar boýy şorsuranlaryny göz öňüne getirip, Jonnuk batyr öňki pikirinden dänipdir, barmagyny çommaldyp, möjege haýbat urupdyr: — Eý, ganhor möjek, men seniň wadaňa bir gezek ynanaýyn. Emma eşitmedim diýme, wadaňda tapylmasaň, dişiňi damagyňa ibererin!

Jonnuk batyr möjegiň buda ýelmeşen dodaklaryny iç ýüzünden emaý bilen kesipdir-de, boşadyp goýberipdir.

Agzyndan gan akdyryp barýan möjek tumşugyny ýokary tutup, öz wadasyna wepalylyk bildirýän ýaly, naýynjar uwlapdyr:

— U-u-u... u-u-u...

Jonnuk batyr doňzuň kirpiksiz gözlerine aýylganç çinerilipdir-de, aýpaltasyny eňtermekçi bolupdyr:

— Heý, haram doňuz! Seniň beri kelläňi togalaýyn!

Ölüm howpuna düşen doňuz kiçijik gözlerini çüýjerdipdir-de, jonnuk guýrugyny bulaýlap, naýynjar hokurdapdyr:

— Hokurrr... hokurrr... Batyr aga, meni öldürme, galan günümi senden göreýin. Sen meni azat et. Men seniň çaga-çugalaryň üçin Han mülkünden bir ganar käşir getirip bereýin!

Jonnuk batyr doňza rehimi ineni üçin däl-de, çaga-çugalarynyň ýitije dişleri bilen ter käşir gemirjeklerini göz öňüne getirip, doňzuň bir gulagyna paltasy bilen kakypdyr-da, beýleki gulagyna hemle urupdyr:

— Eý, doňuz ogly, doňuz! Seni men bir sapar synaýyn. Ýöne eşitmedim diýme, wadaňda wepaň bolmasa, ganyňy itlere ýal ederin!

Jonnuk batyr aýpaltasy bilen onuň temegini gyýyp goýberipdir.

Doňuz wadasyna wepalylyk bildirýän ýaly, ganly temegini

ýere oýkapdyr-da, hoşallyk bilen hokurdapdyr:

— Hokurrr... hokurrr...

Aýyň kinniwanja gözlerine göreji ilen Jonnuk batyr aýpaltasyny gazap bilen eňtermekçi bolupdyr:

— Heý, kyrk emjeginiň her kime birini tutup berýän ýalançy aýy! Meni gynan, meniň Tulparymy ölüm hetdine ýetiren sensiň. Seniň beri ganyňy gotura derman edeýin!

Ölüm howpuna düşen aýy mäzleşik gözlerini mölerdip, naýynjar bir ses bilen mygyrdapdsr:

— Mygyrrr... mygyrrr... Jonnuk batyr, sen maňa rehim et, meniň bir ýalňyşymy geç, meni öldürme. Men galan ömrümi senden göreýin. Men seniň çaga-çugalaryňa ýedi küýze bal getirip bereýin!

Aýa rehimi ineni üçin däl-de, çaga-çugalarynyň «bal diýilýän zady biz hem dadyp görsedik» diýip, ömür boýy arzuw edip gelýänleri ýadyna düşen Jonnuk batyr, pikirini üýtgedipdir-de, aýpaltasyny egninden düşürmän, aýa ýaňadandan hemle urupdyr:

— Eý, aldawçylaryň aldawçysy eýmenç aýy! Men seniň özüň ýaly bolmaýyn, bir saparlykça günäňi geçeýin. Ýöne weli, eşitmedim diýme, wadaňda tapylmasaň, minneti aýpaltadan çekerin, gyrmyzy ganyňy gazap bilen dökerin!

Jonnuk batyr aýpalta bilen aýynyň aýaklarynyň iç ýüzüni, garnyny gyzardyp goýberipdir.

Soýlan hamynyň awusyna çydamadyk aýy göýä diýersiň wepalylyk bildirýän ýaly, mylaýym ses bilen mygyrdapdyr:

— Mygyrrr... mygyrrr...

Iň soňuna galan tilkiniň sapjaklaýan gözlerine çiňerilen Jonnuk batyr:

Heý, ogry tilkijik, saňa näme gerek? Seniň beri hamyňy telpek edineýin!— diýip,aýpaltasyny eňtermekçi bolupdyr.

Ölüm howpuna düşen tilkijik guýrujagyny bulaýlap, naýynjar bir ses bilen çyňsapdyr:

— Waňk... waňk... Eý dost, Jonnuk batyr, sen maňa rehim et. Men galan ömrümi senden göreýin. Men saňa hiç bir zat wada berjek däl, emma derwaýys bir ýerde ullakan kömek etjegime ynandyrýan.

Jonnuk Batyr tilkiniň mekir gözlerine hyrydar garapdyr:

— Eý ogruja tilkijik! Seniň müň-de bir sapyň baryny men bilýärin. Emma men hem suwa äkidilip, suwsuz getirilýän adamlar hilinden däldirin. Eşitmedim diýme, gerek ýerinde kömegiň degmese, guýrujagyň bilen hoşlaşmaly bolarsyň!

Jonnuk batyr aýpaltanyň ujy bilen onuň temejigini sypdyryp goýberipdir.

Tilkijik guýrujagyny bulaýlapdyr-da, wadasyna wepalylyk bildirýän ýaly, naýynjar ses bilen çyňsapdyr:

— Waňk... waňk...

Zordan aýak üstüne galan, özüni dürsän, soň gök otdan mazalyja garbanan Tulpary iýdip, Jonnuk batyr öýüne gaýdypdyr.

Jonnuk batyryň öňünden ylgap çykan çülpe çagalar Tulpara ýitirip tapan ýaly ýapyşypdyrlar. Ulurajyklary onuň üstüne dyrmaşyp çykypdyrlar, kiçijikleri aýaklaryny gujaklapdyrlar, ortanjy-

sy bolsa guýrugyndan aslyşypdyr.

Ýazyň mylaýym, aý aýdyň gijesinde Jonnuk batyr öz ça-ga-çugalary bilen çatmanyň gapysynda ýazylan köne keçäniň üstünde ýatan eken, Jonnuk batyr birdenkä içki küýüni daşyna çykarypgdyr:

— Balalarym, siz böwürslen iýermisiňiz?

Çagalaryň ulujasy tirsegine daýanyp:.

— Kaka, biz näme tapdyk-da, iýmedik? — diýipdir.

Ondan kiçisi dodajyklaryny tamşandyryp:

— Kaka, böwürsleni nireden aljak? — diýipdir.

Jonnuk batyr ynamdar jogap gaýtarypdyr:

— Baýguşdan.

Ortanjasy:

— Baýguşdan böwürslen? — diýip geňirgände, hemmesi birden jykyrdaşyp gülşüpdir.

Şol wagtda bolsa, Jonnuk batyryň gulagyna tanyş bir ses eşidilipdir:

— Ku-ku... ku-ku...

Şol sesiň nämedigini geňirgän çagalar kakalaryndan soramaga ýetişmänkä, baýguş bir sebet böwürsleni süýräp gelipdir.

Jonnuk batyr onuň ýüküni düşüren badyna, baýguş:

— Ku-ku... ku-ku... — diýip, uçup gidipdir.

Çagajyklaryň ulusy oňa haýran galypdyr:

— Bä, bu nähili boldy? Biz düýş görýän bolaýmalyň?

Böwürslen şirelije tagamy agyzlaryny süýjüdenden soň bolsa, olaryň hemmesi birden kakalaryny gujaklapdyr.

Böwürslenden petekelerini gabardan çagajyklar heniz uklam-ankalar, Jonnuk batyr olara ýene bir geň sowal beripdir:

— Balalarym siziň semizje toklyň terje etini iýesiňiz gelýämi?

Çagalaryň kiçijigi ondan:

— Kaka, toklyny nireden aljak? — diýip sorapdyr.

Jonnuk batyr:

— Möjekden! — diýende, olar keýp edip jykyrdaşypdyrlar.

Çagalaryň ortanjysy:

— Kaka, möjekden hem, heý, et artarmy?— diýen sowalyny soňlamanka bolsa, ýene bir üýtgeşik ses eşidilipdir:

— Mä-ä-ä... mä-ä-ä...

Çagajyklar heşerlenişip galanlarynda, möjek guýrugy elek ýaly bir toklyny idirdedip geliňdir, wadasyna wepalylygyny bildirmek üçin bolsa uwlapdyr:

— U-u-u... u-u-u...

Şol aýylganç sesi eşidende, çagalaryň iň kiçijigi «Waý, eje-leý!» diýip, çatmalaryna kürsäp urupdyr.

Toklyny mäkämje daňan Jonnuk batyr itiniň adyny tutup-dyr-da gygyrypdyr:

— Ýolbars! Myhmany! ugrat-da bas!

Möjek tokaýa bakan ýüzüni öwrende, guýrugy jonnuk köpek onuň arkasyna hopba bolupdyr. Bogazyna ýapyşylan möjegiň boguk sesi çala eşidilipdir:

— U-u-u... Jonnuk batyr, men wadamy ýerine ýetirdim ahyry.

— Eý ganhor möjek, ýolbars sen öňküje tamşanan toklularyň üçin bogýar!

Çatmalarynyň gapysynda birinji gezek peýda bolan tokla çagalaryň biri suw. Biri ot, ýene biri böwürslen hödürläpdir, kiçijigi bolsa onuň gulaklaryny, maňlaýyny sypalapdyr.

Keýpleri kök çagalar uzak wagtlap ýatman, iň soňunda ýaňyja irkiliberjek bolanlarynda, Jonnuk batyr olara ýene bir sowal beripdir:

— Balalarym, siziň käşir iýesiňiz gelýämi?

Gözlerini ýalpa açan çagalaryň hemmesi birden:

— Kaka, käşiri nireden aljak? — diýip sorapdyr.

Jonnuk batyr arkaýyn jogap beripdir:

— Doňuzdan.

Jonnuk batyryň jogabyna çagajyklar içleri gyjyklanýan ýaly gülşüpdirler.

Şol wagtda bolsa olaryň gulaklaryna ýene bir üýtgeşik ses eşidilipdir:

— Hokurr-r... hokurrr...

Çagajyklar geň galyjylyk bilen üşerişenlerinde, doňuz bir ganar käşiriň aşagynda ýegşerilip gelipdir.

Çagajyklar ondan heder edýän ýaly, biri-birlerine ýapyşanlarynda, doňzuň ýüküni düşüren Jonnuk batyr onuň boýnuna zynjyr salyp:

— Senem şu ýerdejik galaý! — diýipdir-de, direge baglapdyr.

Boýny zynjyrly doňuz närazylyk baldiripdir:

— Hokurrr... hokurrr... Batyr aga, men wadamy ýerine ýetirdim ahyry! Meniň indiki günäm näme?

Jonnuk batyr oňa dogrusyny aýdypdyr:

— Sen öňküje parçalan gawun-garpyzlaryňdan hasap bermeli ahyry!

Çagalar ýerli-ýerden ter käşir gemrenlerinde, Tulpar bir zat haýyş edýän ýaly hokranypdyr:

— Hi-hi, hi-hi...

Jonnuk batyr şonda öz çagalaryna igenipdir:

— Balalarym, siziň üçin şireli böwürslen, semizje tokly, ter käşir söwdasyny eden Tulpar ahyry! Siz näme üçin ony ýatdan çykarýarsyňyz?

Çagalar yzly-yzyna her haýsy bir käşir oklanlarynda, Tulpar keýpihon güýürdedipdir.

Garynlary dok, keýpleri kök çagalar iň soňunda uklasalar-da, Jonnuk batyryň uzak wagtlap ukusy tutmandyr: ol häli geler, şindi geler tamasy bilen aýa garaşypdyr. Emma daňyň düýbi saz berse-de, aýydan derek bolmandyr...

Jonnuk batyryň çatmasy bir näçe günläp toýa-baýrama aýlanypdr. Şirelije böwürslen tamşanan, terje käşir gemren, şorja et çekelän çagalar bir näçe günde reňklerini dürsäp başlapdyrlar. Emma aradan hepde geçse-de, aýydan hem, tilkiden hem derek bolmandyr:

Jonnuk batyr iň soňunda öz çagalaryna:

— Siziň bal iýesiňiz gelýämi? — diýipdir.

Çagalaryň kiçijigi dodajyklaryny tamşandyryp:

— Baly nireden aljak? — diýipdir.

— Aýydan.

Çagalaryň ortanjysy:

— Aýyny nireden tapjak? — diýipdir.

— Gowagyndan.

— Aýydan gorkjak dälmi?

Jonnuk batyr döşüni gaýşardyp, arkaýyn jogap gaýtarypdyr:

— Men minneti aýpaltadan çekýän!

Çagalaryň hemmesi birden -seslenipdir:

— Käşgä, bal diýilýän zady hem bir dadyp görsedik!

Jonnuk batyr Tulpary taşlandy bir eşek arabasyna goşupdyr-da, niredesiň aýynyň gowagy diýip, ýola düşüpdir.

Jonnuk batyr az ýöräpdir, kän ýöräpdir, iň soňunda aýynyň gowagyny tapypdyr.

Arabanyň şakyrdysyny eşiden aýy gowagyndan çykypdyr. Onuň-her tüýi tar-tar, boýny bir gujak, kellesi taňka ýaly, her aýagy bolsa owlak meşigi ýalymyşyn...

Şol wagtda guýrujagyny galgadyp, bir ýerden tilkijik peýda bolupdyr. Ol burnuny ýelä tutupdyr-da, çalaja çyňsapdyr:

— Waňk, waňk... Ýeri batyr, sen näme üçin arabadan düşdüň? Sen beýle howatyrly ýerlerde näme işleýärsiň?

Jonnuk batyr arkaýyn jogap beripdir:

— Ýalançy aýy meni allady. Men onuň bilen hasaplaşmaga geldim.

Şol wagt aýynyň myşyldysy eşidilipdir.

Tilkijik ýene çawuş çakýan ýaly çyňsapdyr:

— Waňk, waňk... Batyr aga, heý, onuň bilen hem güýç deňeşdirip bolarmy? Ol seni bir zarbada para-para eder!

Jonnuk batyr döşüni gaýşardypdyr:

— Men minneti aýpaltadan çekýän!

Tilkijik Jonnuk batyra burnuny oýkap, çalaja çyňsapdyr:

— Dossum, batyrlyk gowy zat. Emma hile-de öz ýerinde bir batyrlykdyr. Oňa hile gurmak gerek, hile. Ýogsam, ol eýgertmez. Onuň hötdesinden özüm gelerin. Sen diňe meniň soran sowallaryma jogap berseň bolýa.

Onýança müňedekläp gelýän aýynyň gerşi görnüpdir. Tilkijik Jonnuk batyryň telpegini sypyryp alypdyr-da, derrew bir daşyň aňyrsynda bukulypdyr.

Aýy agzyny ak köpük edip, dişlerini jygyldadyp, penjeleri bilen ýer peşäp gelipdir. Ol Jonnuk batyryň edil alkymyna gelip, burnuny müňküldedipdir, ysyrganypdyr, art aýaklarynyň üstünde çommalyp oturypdyr, agzyny hatap ýaly açyp, haýbatly ses bilen mygyrdapdyr:

— Mygyrrr, mygyrr... Ýeri, Batyr, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň? Habaryňy ber!

Jonnuk batyr onuň haýbatyndan heder etmän, murtuny towlapdyr:

— Wadada wepaň bolmany üçin, men-ä seni iýdäp geldim.

Aýy dyrnakly penjeleri bilen çagyl pytradypdyr:

— Mygyrrr. Hä, Jonnujak, saňa bal gerekmi?

— Hawa, bal gerek!

— Mggyrrr... Ýa-da jan gerekmi?

Aýpaltasyny egnine göteren Jonnuk batyr beýleki elini bykynyna urupdyr-da, haýbat atypdyr:

— Maňa janam gerek, balam.

Aýylganç mygyrdan aýy penjesini ýalapdyr, çagyl pytradypdy, Jonnuk batyryň üstüne zyňmak üçin, iki öň aýagyny dik ýokary galdyrypdyr, Emma Jonnuk batyryň ondan tüýi hem eýmenmändir. Ol-da aýpaltasyny ýokary galdyrypdyr.

Jonnuk batyr bilen aýy çaknyşarly bolanda, daşyň aňyrsyndan kellesini çalaja galdyran tilki Jonnuk batyra bakan gygyrypdyr:

— E-he-eý, adam he-eý!.. Sen bu töwerekde aýy görmediňmi?

Daşyň aňyrsyndaky telpege gözi ilen aýy penjelerini lampa ýere goýberipdir-de, aşak ýapyrylypdyr.

Jonnuk batyr döşüni gaýşardyp, äwmezlige salypdyr:

— Eri-ow, halypa! Aýyny nädersiň?

Tilkijik oňa jogap beripdir:

— Aýynyň eti dermanmyş. Biz on sany mergen bolup, aýy awlamaga çykdyk.

Aýynyň gözüne bütin gara daşlar telpek bolup görnüpdir. Ol gorkusyna guýrugyny ýamzyna gysyp, Jonnuk batyra ýalbarypdyr.

— Mygyrrr... Batyr aga, başyňa döneýin, aýy göremok diýäýsene! Men öz wadamy hökman ýerine ýetirerin!

Jonnuk batyr bir az oýlanandan soň jogap beripdir:

— Aý, halypa, men-ä bu töwerekde aýy göremok.

— Seniň ýanyňdaky görünýän aýa meňzeýä-le!

Aýy ýene Jonnuk batyra ýalbarypdyr:

— Mygyrrr... Batyr aga, başyňa döneýin, meniň ýanymdaky agaç diýäýsene! Men saňa hökman bal bererin!

Jonnuk batyr aýa barmagyny çommaldypdyr-da. tilkä jogap beripdir.

— Seniň ol aýy diýýäniň agaç-laýt!

— Men, dost, seniň ol sözüňe ynanjak däl. Hany, agaç bolsa, ony arabaň üstüne at-da!

— Atmamda nädersiň?

— Nätjegimi bileňokmy?

Tilkijik iki daşy biri-birine uranda, tüpeňiň çekeri çekilýän ýaly şakyrdy eşidilipdir. Jan howluna düşen aýy Jonnuk batyra ýalbarypdyr:

— Mygyrrr... Batyr aga, arabaň üstüne ataýsana! Sen çalaja eliňi degirseň, arabaň üstüne men özüm çykaryn. Çaltrak bolaýsana, dost!

— Ýero-ow, halypa, mergendigiňi bildik-le, ýersiz ýere tüpeňiňi şakyrdadan bolup durmasana! Bolmanda-da men öz çapan agajymy saňa goýup gidesim ýok. Ine ýükledim. araba.

Jonnuk batyr aýa çalaja top berende, aýy araba dyrmaşyp çykypdyr.

Tilkijik ýene gykylyk edipdir:

— A ha-aw, agaç diýýäsiň weli, onuň aýagy bar ýaly-la, aýy bolaýmasyn?

Aýy ölügsi bir ses bilen ýalbarypdyr:

— Mygyrrr... Batyr aga, başyňa döneýin, agajyň şahasydyr diýäýsene!

Jonnuk batyr tilkijige igenipdir:

— Päheý-de welin, ýagşam bir mergen ekeniň. Seniň gözüň zat saýgarmasa nätjek. Olar agajyň şahalary ahyry!

Tilkijik ýene müňkürlik edipdir:

— Şaha bolsa, hany olary ýüp bilen saraşdyr-da

Aýy Jonnuk batyra ýalbarypdyr:

— Mygyrrr... Batyr aga, başyňa döneýin, çalaja saraşdyraýsana!

Jonnuk batyr tilkä garap:

— Älhepus, irginsiz adam ekeniň-ow! Saranda näme etjek bolsaň, ynha saradym! — diýip, aýyň aýaklaryny mäkäm bogupdyr.

Tilkijik iki art aýagynyň üstüne galyp, ýene gygyrypdyr:

— A-ha-aw! Sen meni aldajak bolýaň. Onuň kellesem bar ýaly-la!

Aýy ýene Jonnuk batyra ýalbarypdyr:

— Mygyrrr... Batyr aga, başyňa döneýin, agajyň düznüdir diýäýsene!

Jonnuk batyr murtlaryny towlap, tilkijige hemle urupdyr:

— Päheý, mergendirinem diýjekdir! Seniň göz diýip saklap ýöreniň mäz öýdýän. Sen-ä agajyň düwnünem saýgaraňok!

Tilkijik bäri ýanyndaky daşyň düýbüne towsupdyr-da, ýene gygyrypdyr:

Men oňa ynanamok. Düwün bolsa, hany, ony palta bilen çapda!

Jonnuk batyr gaharly jogap beripdir:

— Çapmanda nädýän bolsaň, et-de dyn-la. Men-ä şony çapjak däl!

— Oňda aýynam ataryn, senem!

Aýy iň soňky deminde ýalbarypdyr:

— Mygyrrr.., Batyr aga, başyňa döneýin, çalaja çapan bolaýsana!

Jonnuk batyr aýpaltany aýlap salypdyr. Aýynyn kellesi togalanyp, gany zogdurylyp akypdyr.

Tilkijik uzyn dilini şalkyldadyp, aýynyň gyzgyn. ganyny ýalapdyr. Jonnuk batyr aýynyň hamyny soýup, araba taşlapdyr. Ondan soň ol tilkijigi yzyna tirkäp, aýynyň gowagyna giripdir. Görse, kyrk golça bal hatara düzülgi duranmyş.

Golçanyň birini iki öň aýagyna gysan tilkijik iki art aýagynyň üstünde ýöräpdir. Jonnuk batyr bilen tilkijik aýynyň gowagy bilen arabynyň arasynda bir näçe gezek gatnapdyr. Kyrk golça bal aýynyň hamynyň töwereginde, arabanyň üstünde zordan ýerleşipdir.

Tilkijik guýrujagyny bulaýlap, Jonnuk batyra habar gatypdyr:

— Batyr aga, nätdim, wadamda tapyldymmy?

Tilkiniň sümek ýaly guýrugy Jonnuk batyryn gözüne gowy görnüpdir.

— Berekella, tilkijik! Ýeri, sen nätdiň, ganly şaradan garnyňy gabartdyňmy?

Tilkijik guýrujagyny bulaýlap, Jonnuk batyryň daşynda pyrlanypdyr-da, şelaýynlyk edipdir:

—Gurt arkasyndan guş doýmuş diýen ýaly, Batyr aga, seniň hümmetiňden biziň ýaly ýetimiň hem agzy aşa ýetdi.

Jonnuk batyr bir golçanyň agzyny açypdyr-da:

— Hany, onda baldan hem bir tamşanyp gör! — diýipdir.

— Tilkijik golça burnuny sokanda, Jonnuk batyr onuň boýnuna ýüp dakypdyr.

Tilkijik zaryn ses bilen çyňsapdyr:

— Waňk... Batyr aga, men saňa näme ýamanlyk etdim?

— Men saňa näme ýamanlyk edipdim? Sen biziň çatmamyzyň töweregindе ne towuk goýduň ne-de jüýje. Ikimiz, dost, algy-bergini indi öýe baryp hasaplaşarys.

Jonnuk batyr tilkijigi arabanyň yzyna tirkäpdir.

Şol wagtda Tulpar näme üçindir hokranypdyr:

— Hi-hi, hi-hi...

Jonnuk batyr agzy açyk golçany oňa tutup berende, Tulpar uzyn dili bilen ýalapdyr-da, hojaýynyna sag bol aýdýan ýaly, baş atypdyr.

Araba tigirlenipdir, tilkijik ýorgalapdyr. Jonnuk batyr hiňlenipdir, az ýöräpdir, köp ýöräpdir, öýüne dolanyp gelipdir.

Çülpe çagalar ony şowhunly gopgun bilen garşylapdyrlar.

Jonnuk batyr goňşularynyň her haýsyna bir golça bal, aýynyň hamyndan bolsa her haýsyna bir bölek tasma beripdir.

Şol bally golçalardan menem birini size alyp gelýärdim welin, ýolda birdenkä aýagym taýdy-da, golça elimden gaçdy. Golça kül-uşak boldy, bal hem guma garyldy. Şol ýeriň niredеdigin-ä anyk bilemok, ýöne üzümiň, waharmanyň bitýän ýerleri şol bal dökülen ýerlermikän öýdýän.

**1940**

## MYRALY BE SOLTANSÖÝÜN

### Awtordan

Nowaýynyň ady «Alyşir» bolup, «Mir» ýa-da «Emir» onuň gulluk wezipesi. Gulluk wezipesi hemişe adyň öňünden getirilip, «Mir Aly» diýilýär. Türkmen halky şol iki sözi birikdirip, gysgaltmak bilen, oňa «Myraly» diýýär.

Myraly bilen Soltansöýün barasynda türkmen halky örän köp hekaýalar, nakyllar, şorta sözler döredipdir. Meniň ýadymda bar: ýaşuly adamlar Myraly bilen Soltansöýün barasyndaky hekaýalardan, şorta sözlerden ertirden agşama ýa ilkagşamdan gijäniň bir wagtyna çenli gürrüň edip, diňçileriň ünsüni özlerine çekmek bilen, olary birsyhly güldürerdiler. Şol hekaýalar halkyň ruhy terbiýesine, zehininiň açylmagyna, ýiti sözler öwrenmegine peýda ederdi.

Myralyny — Nowaýyny türkmen halky özüniň klassygy hökmünde söýerdi. Sowat çykmak üçin mekdepde okalýan esasy kitaplardan biri Nowaýynyň lirikasy gazallary bolardy. Sowatly, düşünjeli adamlar öz töwereklerine diňçileri üýşürip, onuň gazallaryny, «Hamsasyny» hepdeläp okardylar. Nowaýynyň gazallary aýdymlarda, sazlarda ýaňlanardy. Şol aýdymlar henize çenli hem bagşylaryň agzyndan düşenok—bagşylar adatça uzak gijäniň aýdym-sazyny Nowaýy bilen başlaýar.

Nowaýynyň dili türkmen diline örän golaý bolup, çendan arapça, parsça gatylan sözleri mollalardan soraýmasalar, onuň esasyny sowatly adamlar, diňçiler terjimesiz düşünerdiler. Nowaýynyň türkmen diline golaýlygy, türkmen halkynyň ony öz klassygy hökmünde söýmegi, türkmen halkynyň Myraly bilen Soltansöýün barasynda hetdi-hasaby bolmadyk hekaýalar, nakyllar, şorta sözler döretmegine sebäp bolandyr.

Şu ýerdäki hekaýalaryň arasynda, şu günki göz bilen garaňda, belki, real bolmadyk, fantastik hekaýalar hem bardyr. Okyjy oňa halk döredijiliginiň öz döwri bilen baha berer.

Türkmen halk döredijiliginde Nowaýynyň ýiti pikirli ölmez-ýitmez obrazy kemsiz döredilipdir. Nowaýynyň ýaşan döwri bilen aradan bäş ýüz ýyl geçmegine garaman, şol adalatly, belent obraz henize-bu güne çenli halkymyzyň aňynda ýaşaýar, ýene-de ýaşar.

Men Myraly barasyndaky şu kitaba giren nakyllary edebi taýdan işläp, hekaýalar şekiline aýlandyrdym.

## Ýyldyz gören

Horasanyň patyşasy Soltansöýüniň atasy hem patyşa ekeni. Myralynyň atasy onuň ýakyn hyzmatkärlerinden biri ekeni. Günlerde bir gün guýrukly ýyldyz hakynda gürrüň çykypdyr. Patyşa alymlardan, häkimlerden sorasa-da, onuň sebäbini bilen bolmandyr. Iň soňunda patyşa gurraçylara höküm edipdir. Gurraçylar bir näçe wagtdan soň guýrukly ýyldyz dogjagyny, onuň häsiýetini mälim edipdirler:

— Patyşahy älem, guýrukly ýyldyz her otuz ýyldan bir dogýar. Onuň ömri jyzlanyň ömri ýaly gysga.

Ol diňe nahar bişim salym dowam edýär. Her kim şol ýyldyzy görse, şol ýyldyz batmanka, aýaly bilen ysgaşsa, ondan hem perzent galsa—ol perzent örän dilewar bolýamyşyn...

Gurraçylar guýrukly ýyldyzyň haýsy ýylda, haýsy aýlarda dogjagyny çen bilen mälim edipdirler.

Patyşa şäherden ses ýetim uzakda, görnükli ýerde belent minara saldyryp, Myralynyň atasyny şonuň üstünde dikme gazyk edipdir. Onuň gündizine ýatyp, gijesine kirpikli garagyny çalmazlygyna höküm edipdir. Şol ýyldyz dogan badyna patyşa habar bermegine perman beripdir.

Myralynyň atasy ahyr bir gije daňa golaý guýrukly ýyldyzyň doganyny görüpdir. Ol derrew minaradan düşüp, patyşa bakan ökje göteripdir. Şol ylgap barşyna sürli goýny ürküzipdir. Goýun çopan ony öz itleriniň kömegi bilen tutup:

— Sen ogrumysyň, ötükmisiň?—diýip sorapdyr. Myralynyň atasy itleriň agzyndan aman sypandan

soň, zordan sözüni düşüripdir:

— Men ogry däl, patyşa adamsy. Meni goýber, men örän gyssanmaç habar bilen barýaryn.

— Näme habaryň bolsa aýt, bolmasa goýberjek däl. Ýyldyz gören asmana elini salgapdyr:

— Hanha görýämiň? Sen bütin ömrüňi çölde geçirseň hem, heniz şeýle ýyldyz gören dälsiň. Onuň aýratyn häsiýeti bar.

Çopan elindäki taýagyna kybapdaşyrak ýyldyza haýran

galyjylyk bilen syn edenden soň:

— Onuň näme häsiýeti bar? — diýip sorapdyr.

— Her kim şol ýyldyz ýaşmanka, aýalyna ýanaşsa, ondan hem perzent galsa, ol perzent örän dilewar bolýarmyşyn.

Çopan egri taýagyny egnine atyp, goýunlaryny itlerine tabşyrypdyr-da, öýüne bakan ökje göteripdir. Ýyldyz gören derwezäni baryp uranda, derwezeban:

— Näme habaryň baryny aýtmasaň, açjak däl? — diýipdir.

Ýyldyz gören elini asmana salgap, guýrukly ýyldyzy görkezenden soň, onuň häsiýetini oňa hem mälim edipdir.

Derwezeban elindäki açarlaryny jyňňyrdadyp, howlusyna bakan ökje göteripdir.

Ýyldyz gören patyşa baryp habar berendei, patyşa guýrukly ýyldyza agzyny açyp garandan soň, aýagyndaky şypbyk köwüşlerini hem taşlap, iň gowy görýän aýalyna bakan ylgapdyr.

Ýyldyz gören guýrukly ýyldyza garap bir az oýlanandan soň, ýyldyz gören men, habar beren men, özgeler aýşaşrata at goşanda, meniň beýdip durmam näme? Men hakykatdan hem akmak! Goý menden hem akylly ogul emele gelsin» diýip, külbesine bakan haýdapdyr.

Aradan bir näçe gün geçenden soň, patyşa gurraçylara, ýene gurra taşladypdyr. Gurraçylar:

— Şol guýrukly ýyldyzy gören dört adam bolup, dünýä dört perzent emele geljek. Olaryň ikisi gyz, ikisi ogul bolup, şolaryň biri hem seniň ogluň boljak — diýipdirler.

Patyşa, bir ýandan, öz perzendiniň boljagyna begense, ikinji ýandan, başgalaryň perzendine göriplik edip, ýyldyz görene gargapdyr:

— Men saňa näme tabşyrypdym? Şol syry menden başga hiç kim bilmesin, guýrukly ýyldyzy menden başga hiç kim görmesin diýmänmidim? Sen öz iýen nanyňa kast edýärmiň?

Ýyldyz gören patyşanyň öňünde çöküp:

— Patyşahy älem, bir çemçe ganymy geçseňiz, onuň sebäbini mälim edeýin — diýipdir.

Patyşa rugsat berendei soň, ýyldyz gören bolan wakany habar bermäge durupdyr:

— Şahy älem, size habar bermäge gyssanyp gelýärkäm, giň sähranyň häkimi öz garakçylary bilen daşymy gabap aldy. Wakany habar bermesem, goýbermejegini mälim etdi. Wagtyň gyssaglygyny, size habar bermegiň zerurlygyny nazara alyp, mälim etmege mejbur boldum.

Patyşa hasasyny ýere gütüledip, gazap bilen gygyrypdyr:

— Meniň demim ýetýän ýerinde menden başga häkim kimmişin?

— Şahy elem bagyşlasyn, siz bütin dünýäniň häkimi. Emma siziň ýok ýeriňizde — çöl içinde çopan hem öz hökümini ýöredýär.

— Ýagşy, ikinjisi kim?

Şahy älemiň demirden galasy bar. Onuň üstünden guş bolup geçseň, ganatyň gyryljak, siziň huzuryňyza tiz ýetmek üçin, derwezebana ýyldyzyň guýrugyny tutdurmakdan başga alaç tapmadym.

Patyşa pelegiň çarhynyň aýlanyşyna bir az oýlanandan soň,

sakgalyny uşlapdyr-da zeýrenipdir:

— Eý mekgar dünýä! Men kim? Meniň bilen bile dünýäde at goşýanlar kimler? Çopan! Derwezeban!.. Ýagşy, indi onuň üçünjisi kim!

— Şahy elem, size habar berenimden soň, aşaklygyna bakan eňňit edip barýan ýyldyz guýrugyny meniň boýnuma çolady-da, süýredi, gapymdan eltip, ýeňsämden südürledi. Gulagyma bolmasa «jenaby alynyň indiki boljak perzendi üçin hyzmatkär ýetişdir» diýen sedana geldi. Şonuň üçin guluňyz hem bozsuran oýa bir tohum taşlady.

Aradan dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçenden soň, patyşadan Soltansöýün, ýyldyz görenden — Myraly, çopan bilen derwezebandan hem iki sany gyz emele gelipdir.

## Myraly bilen Soltansöýün

Soltansöýün atasynyň köşgünde ulalyp, ýigdekçe çykypdyr. Ol şäherde özüne kybapdaş gürrüňdeş tapman, ata atlanyp, il içine gezmäge çykypdyr.

Şaýly bedew atyň üstünde başy jygaly gelýän şazadany gören Myraly ony tanamazlyga, bilmezlige salyp, göýä diýersiň aýak ýoluna oturan şekilinde oturypdyr-da, elindäki çöregini iýmäge, endamyndaky bar-ýok zatlary çöplän kişi bolup, iki dyrnagynyň arasynda mynjyratmaga başlapdyr.

Myralynyň bolup oturyşyny geňirgen Soltansöýün atynyň başyny çekip, Myrala habar gatypdyr:

— Eri-ow, ýigit, seniň bolup oturyşyň nähili?

Myraly Soltansöýüne üns bermän, öňki ýagdaýyny dowam etmek bilen gäwüş arasynda jogap beripdir.

— Näme, bolup oturyşymy göreňokmy?

— Görenimden soň soraýan.

— Täzäni salýan, könäni çykarýan, şonuň bilen bir wagtda duşman awlaýan.

Myralynyň jogaby Soltansöýüne ýarapdyr-da, sowalyny dowam edipdir:

— Siziň öýüňiz nirede!

— Ho-ol ýeňseki hataryň günbatar çetindäki kyrk naýzaly zürrüjek öý biziňkidir.

— Öýüňize barsam myhman alarmysyňyz!

Myraly çermegini çekip galypdyr-da, Soltansöýüne ötgün garapdyr:

— Wiý, şazada, sizmidiňiz? Bagyşlaň, näme şäherde önüp öseniňiz üçinmi — il-halkyň däbinden habaryňyz ýok ýaly-la. Biziň halkymyz myhmany atasyndan uly hasap edýändir.

— Öýüňize barsam, öňümden çykarlarmy?

— Hökman! Biziň guýrugy küle ala köpegimiz bardyr. Ol örän gadyrlydyr—sizi taýak salym meýdandan garşylar.

— Maňa söwüş edermisiňiz?

— Tapsak, birini ederis, tapmasak — ikisini.

Soltansöýün Myralynyň sözüne düşünmädir-de, sowal beripdir.

— Ol näme diýdigiň boldy?

— Golaý-goltumdan tapsak, bir çebiş ýa bir tokly alarys,

tapmasak, bogazja geçimiz bardyr, şony soýarys.

Soltansöýün Myralynyň öz jogaby ýaly çylşyrymly hem onuň bir az janyna deger ýaly sowal bermegi küýüne getiripdir.

Myralynyň jogaby soltansöýüne ynjyly bolup eşidilse-de, onuň, söz urşy, gepe çeperligi, dilewarlygy oňa ýarapdyr. Ol öz ýanyndan «Men muny öz ýanyma çekip bilsem, onuň bilen dostlaşyp bilsem, men hiç wagtda tukat bolman, munuň gepe çeperliginden, dilewarlygyndan hem öwrenerin. Ondan soň hiç ýerde, hiç kimden gepde-de, akyldyda basylman» diýil oýlapdyr. Ondan soň Myrala mylakatly habar gatyp:

— Ýagşy ýigit, seniň adyň näme? — diýip sorapdyr.

— Myraly.

— Örän ýagşy. Meniň adym Soltansöýün. «Bir gören tanyş, iki gören garyndaş» diýen nakyl bar. Gel, indi ikimiz hemişelik dost bolaly.

Myraly Soltansöýüniň atyna, egin-başyna, ondan soň öz geýimlerine göz gezdiripdir-de, ýeňleri sal-sal köýneginiň eginlerini barlap, jogap beripdir.

— Şazada, bagyşlaň, dostluk ýagşy zat. Emma «Eşek öz deňini gaşar» diýenem bir nakyl bardyr. Siziň göwnüňiz näzikdir. Ikimiziň dostlugymyz birdenkä goýun bilen gurduň, tilki bilen şiriň dostlugyna menzärmikän öýdýän.

Myraly näçe sapalak atsa-da, Soltansöýün ony öz erkine goýman, köşge bakan alyp gidipdir.

Myraly bilen Soltansöýün bir öýde, bir otagda ýaşap, bir molladan sapak alypdyrlar, okapdyrlar, alym bolupdyrlar. Köşkde durmuş nähili ýagşy bolsa-da, «Towşana dogduk depe» diýen nakyla görä, öz önüp-ösen ýerlerini, giň sährany Myraly hiç wagtda unudyp bilmändir. Onuň üstesine-de bir gün ony Soltansöýün ynjydypdyr:

— Sen balagyň ýyrtygyny, köýnegiň bitini unutdyňmy? Maňa akyl bererçe sen kim bolupsyň? — diýip igenipdir.

Myraly Soltansöýüne jogap bermän, dilini dişläpdir-de, amatyna, wagtyna garap, köşkden ökje göteripdir. Myralyny ynjydan, Myralyny gaçyran Soltansöýüniň ýüregi gysyp başlapdyr. Ol özüne köşkde aram tapman, Myralyny agtaryp, Hyrat töweregini, Buhara ülkesini, Mary, Ahal sebtini gezipdir, emma hiç ýerde oňa, Myraly duşmandyr, ony gören-bileniň hem üstünden barmandyr.

Soltansöýün köşgüne gaýdyp gelenden soň köp oýlanypdyr; Myraly, belki, Hywa, Daşhowuz taraplaryna düşendir diýen karara gelip, şol welaýatlara heňe gelmez bir perman bermekçi bolupdyr, şol permany eşiden Myralynyň ýene durup bilmejegini aňlapdyr:

— Hywa, Daşhowuz raýatlaryna perman: siziň itleriňiziň sesinden ýaňa bize gije-gündiz ýatuw ýok. Oňa görä, size hüküm edýän: kimde kim itini üýrdürse, şol it eýesiniň hem, ýurt häkiminiň hom gözleri oýulyp taşlanjakdyr.

Soltansöýüniň şol hökümi boýunça ilat itini meýdana goýberip bilmän, kim çuň çukur gazyp, sesi-üýni çykmaz ýaly, itini-de şonda gizläpdir, kim bolsa alaç tapman, itinden dynypdyr.

Il-gün bu kynçylykdan gutulmak üçin Myrala ýüz tutupdyrlar. Myraly:

— Maňa bäş-alty sany goýun tapyp beriň, men sizi şol per-

mandan halas edeýin — diýipdir.

Myraly bölejik goýuny öňüne salyp, Hyrada ýüzlenipdir. iliň soňunda, Hyrada bäş menzil ýol galanda, goýunlaryny başyna kowupdyr. Möjekler goýunlary tike-tike paýlaşypdyrlar. Myraly şol wagtda ýüzüni Hyrada bakan tutup, bogazyna sygdygyndan gygyrypdyr:

— Aý, alabaý, ha-aw! Anbaý, ha-aw! Garabaý, ha-aw!..

Myradynyň bogazy gyrylsa-da, Hyrat itlerinden

biri hem gelip ýetişmäňdir.

Goýunlaryny baý berip, taýagyny süýräp Hyrada baran Myraly duş gelen iti ýenjip başlapdyr. It eýeleri:

— Çopan sorraý bir ýigit itleri gyrgyna saldy— diýip, Soltansöýüne arz edipdirler. Soltansöýüniň buýrugyna görä, ýasawullar Myralyny köşge alyp gelipdirler. Uzak ýoluň ýadawlygy ýüzüne möhür salan «çopana» Soltansöýün sorag beripdir.

— Eri-ow, ýigit, itleri näme urýasyň?

— Öz borçlaryny ýerine ýetirmänleri üçin.

— O nähili borç?

— Pendiniň çölünde meniň çekenäme möjek darady. Men Hyrat itleriniň adyny tutup, bogazyma sygdygyndan gygyrsamda, olaryň biri hem gelip ýetmedi. Iň soňunda çekeneden galan ýadygär ynha maňa şu taýak boldy. Şonuň üçin hem şu taýagym tike-tike bolýança, gören itimi akyla getirmegi ýüregime düwdüm.

— Sen nähili akmak çopan! Heý Pendiden Hyrada-da ses ýetermi?

— Eý, patyşahym, it alnyna gelen gurt alnyna-da gelip biler. Hywanyň, Daşhowzuň itleriniň sesi iki aýlyk ýoldan Hyrada gelende, meniň sesim diňe bäş mezil ýoldan Hyrada gelip bilmezmi?

Soltansöýün Myralyny keşbinden tanamasa-da, sözünden tanap, oňa bakan topulypdyr-da, ony mäkäm gujaklapdyr.

## Näme üçin?

Soltansöýün bilen Myraly köne kanun depderine garap otyrkalar, geň bir zadyň üstünden barypdyrlar: Soltansöýüniň atasy Guýrukly ýyldyzyň dogany, Soltansöýün bilen Myralydan başga ýene iki gyzyň dünýä geljegi barasynda altyn gaply, ýüpek kagyzly kitaba ýazdyryp goýupdyr. Şol gyzlaryň yşky ýetginjek ýigitleriň ikisiniň hem küýüne düşüpdir. Emma gyzlaryň niredeligi, olary nähili tapyp boljagy mälim bolmandyr. Olary akyl, pikir bilen tapmakdan başga çäre ýoguny aňlapdyrlar. Soltansöýün Myrala Hywa, daşhowuzlylara beren permany şekilinde bir perman bermegi maslahat salypdyr. Myraly ony makul bilmändir:

— Gyzlaryň tebigaty näzik bolar. Onuň ýaly gelşiksiz perman gyzlarda bize garşy diňe ýigrenjilik döreder. «Yagşy söz ýylany hinden çykarar» diýen nakyla görä, olary mylaýym söz bilen ýüze çykarmak ýa-da görnetin nähak işi gözlerine görkezip, dillendirmek mümkin.

Soltansöýün Myralynyň soňky teklibini makul bilipdir. Soltansöýün iki sany ýasawula buýruk beripdir:

— Siz daýaw bir ýigidi öňüňize salyň-da, ikiýanlaýyn gamçylap, şäheriň içine bütin köçebe-köçe aýlaň. Kim siziň edýän işiňizi keçje bilse, oňa zat diýmäň. Siziň ony urýanyňyzy kim hak diýip bilse, şol adamyny meniň ýanyma alyp geliň.

Ýasawullar bir daýaw ýigidi ýenjip ugrapdyrlar. Kim olardan:

— Bu ýigidi näme üçin urýarsyňyz?—diýip soranda:

— Bu ýigit biziň diýenimizi edýär — diýip jogap beripdirler.

— Il-ä diýenini etmeýän adamyny urýa, siz diýeniňizi edýäni urýarsyňyz. Siziň munyňyz keçje! — diýmek bilen, olaryň edýäň işini makullan adam tapylmandyr.

Iň soňunda, köçäniň haýaty ýykylan ýerindäki tamdyrda çörek bişirip oturan bir aýalyň üstünden barypdyrlar. Onuň ýanynda ýetişen bir gyz hem bar ekeni. Şol aýal ýasawullardan sorapdyr:

— Wiý, janlarym, bu ýigidi näme üçin urýarsyňyz?

— Bu biziň diýenimizi edýär.

— Waý, nalaç edeýin, il-ä diýenini etmeýäni urýa, siz diýeniňizi edýäni urýasyňyz. Hiý, şeýle-de bir naýynsaplyk bormy?

Ol aýalyň ýanyndaky gyz durup bilmän, ýasawullaryň edýän işini makullapdyr:

— Ýok, beýle däl! Bular gaty dogry edýärler. Haçana çenli diýip etdirmek bolar. Tä özünden bilip edýänçä urmak gerek.

Ýasawullar gyzy alyp gitmekçi bolanlarynda, çörek bişirýän aýal elden-aýakdan düşüp, gykylyk edipdir:

— Wah, seniň diliň gurasyn, diliň! Başa bela dilden geler— diýip, men aýtmaýarmydym?

Gyz onuň üçin darykman:

— Dilden başa bela-da gelip biler, bagt hem gelip biler — diýip, ýasawullar bilen göwünjeň gidipdir.

Örme gara saçlary ýyldyzyň guýrugy ýaly iki göwsüniň üstünden sallanyp ýatan gyzy synlan Soltansöýün ol gyza sowal beripdir:

— Eri gyz, meniň nähak işimi hak diýip kanunlaşdyrmagyň näme üçin?

— Soltansöýün bilen Myralynyň nähak iş etmejegini bilenim üçin.

— Seniň pikiriňçe, buýruga emel edýän adamyny ýençmek dogry-da?

— Döwlete peýda geljek ýerde, ondan agyrrak jeza bermek hem bolar.

Soltansöýün oňa başga sowal tapman, oňa öz niýetini mälim etmegi başarman, ýalbaryjy bir halda Myrala garapdyr. Soltansöýüniň ýüregindäkini gözünde gören Myraly gyza sowal beripdir:

— Keýgim, Soltansöýüniň dünýäde diňe bir arzuwy bolsa, onuň ýüze çykmagy hem diňe saňa bagly bolsa, sen onuň üçin merhemet goluňy uzadarmyň?

— Bütin janym bilen. Emma Soltansöýüniň aýagynyň tozy gözlerime sürme bolar ýaly, men ol bagtly gyzlardan, şazadalardan däldirin. Meniň atam derwezebandyr.

— Soltan seniň ataňa derwezäniň açaryny ynanýan bolsa, seniň özüňe köşgüň açaryny ynanmak isleýär.

Gyz Soltansöýün bilen Myrala baş egende, onuň örme gara saçlarynyň ujy halynyň üstünde süýrenipdir.

## Asmanyň ak towugy

Soltansöýün ýyldyz görenden bolanyň birini alany üçin, Myralydan bir az sowaşypdyr. Myraly wagty goldan bermän, ýaz aýy gidip, daýhançylyk edipdir. Onuň gawuny örän ýagşy bitipdir, tohumy hem üýtgeşik eken. Myraly öz ýanyndan: «Soltansöýün-ä meni unutdy weli, men ony unutmaýyn, oňa bir eşek ýüki gawun eltip bereýin» diýip, eşegini ýükläp ugrapdyr. Myralynyň gelýänini gören Soltansöýün ony tanapdyr-da, derwezebanyň geýimini geýip, gapy sakçy bolan kişi bolup durupdyr. Myraly derwezeden geçjek bolanda, ol oňa sorag beripdir:

— Eri-ow ýigit, gawuny nirä alyp barýarsyň?

— Gawun-a Soltansöýüne alyp barýan.

— Sen akmak bolma. Soltansöýün munuň üçin saňa gara pulam bermez. Sen ony iň ýagşysy äkit-de bazarda sat, özüňe bir az çörek puly gazan.

Myraly derwezebanyň kimdigini tanasa-da, tanamazlyga salyp, jogap beripdir:

— Men bir gawunymyň süýjüligini görkezeýin, bäş teňňesini gysgansa, eşek ýüki gawuny hem gowuz ýerine dykaýsyn.

Soltansöýün köşgüne baryp, wezirleri bilen ata atlanyp durka, Myraly eşegini sürüp barypdyr. Soltansöýün ondan habar soranda:

— Patyşam, dünýäniň iň süýji nygmatyndan size sowgat getirdim — diýipdir.

Soltansöýün gamçysyny galgadyp:

— Eý, kem akyl daýhan, seniň gawunyň üýtgeşik geň zat däl. Biderek epe pul sarp edesim gelenok — diýipdir.

— Aý patyşam, bermeseň özüň bil. Eşek ýüki gawuny hem hälki aýdanymy edäýjek ekeniň-dä.

Soltansöýün Myralynyň derwezebany tananyny derrew düşünipdir-de, oňa bir penje teňňe beripdir. Bahyl wezirleriň gözi teňňe bilen gidipdir. Birinji wezir Soltansöýüne ýüzlenip:

— Şahy älem, eşek ýüki gawuna şunça pul berseňiz, hazynanyň soňuna tiz çykarsyňyz — diýipdir.

Soltansöýün oňa:

— Teňňäni men oňa gawuny üçin bermän, sözi üçin berdim — diýipdir.

— Myralyny sözde ýeňseň, saňa-da bir penje teňňe.

Birinji wezir atyny debsäp, Myralynyň üstüne abanypdyr-da:

— Sen ýeriň ortasynyň nirededigini maňa ýa-ha görkez, ýada teňňäni bäri al — diýipdir.

Myraly eşeginiň sag öň aýagynyň toýnagyny görkezip:

— Eriň ortasy ynha şu ýeri — diýipdir.

— Ýok, men oňa ynanamok.

— Ynanmasaň, ölçe-de göräý.

Birinji wezir oňa jogap tapmandan soň, Myralynyň üstüne

ikinji wezir abanypdyr:

— Sen ýa-ha asmandaky ýyldyzlaryň sanyny maňa aýt, ýa-da teňňäni bäri al.

Myraly eşeginiň sagrysyna kakyp, jogap beripdir:

— Asmandaky ýyldyzlaryň sany — meniň eşegimiň guýrugyndaky gyllary bilen sandaş.

— Ýok, onyň dogry däl.

— Dogry bolmasa, ikisini hem sana-da göräý.

Ikinji wezir oňa jogap tapmandan soň, üçünji wezir atyny debsäp, Myralynyň üstüne abanypdyr:

— Meniň saňa bir şertim bar. Şol şertimi bilseň, pul seniňki, bilmeseň, meniňki.

— Şertiňi aýt.

— Asmandaky ak towuk näme diýip gygyrypdyr.

Myraly bir gulagyny asmana tutup diňläpdir-de:

— Ikimiziň aramyzda deňlik ýok: sen ýokarda, men aşakda. Şonuň üçin ol sesi men oňly eşidip bilmeýän — diýipdir.

Onda gyzma wezir özüni atdan oklap:

— Ynha, sen meniň atyma mün-de diňläý — diýipdir.

Myraly ata çykandan soň, ýene asmana diň salyp, Soltansöýüne garap jogap beripdir.

— Asmandaky ak towuk: at seniňki, eşek weziriňki diýýär.

Soltansöýün Myralynyň jogabyna el çarpyp gülüpdir-de:

— Myraly, sür!—diýipdir.

## Myraly bilen söwdagär

Myralynyň gerşine garyplyk atlaýyn münüpdir. Onuň üstüne gurakçylyk bolup, oba adamlarynyň ýagdaýy has hem kynlaşypdyr. Myraly durmuş tetärigini agtaryp, ikinji bir ile baranda, bir geçip barýan söwdagär oňa:

— Kim maňa talaban dursa, bir gün işledip, alty aýyň hakyny berýän — diýipdir.

Myraly öz ýanyndan: «Ýol ýakyn-da, kireý kän» diýip oýlasa-da, durmuş ony şol söwdagäre talaban durmaga mejbur edipdir. Söwdagär oňa şol ýeke günde etmeli işiň örän agyrdygyny duýdurypdyr. Olar az ýöräp, köp ýöräp, Amyderýanyň gündogar kenarynda bir oba barypdyrlar. Olar bir näçe gün dem-dynçlaryny alanlaryndan soň, söwdagär oňa:

— Taýly çuwaly düýäň üstüne at-da, iýdip ugra — diýipdir.

Olar bir näçe wagtdan soň bir gurruk guýynyň agzyna barypdyrlar. Söwdagär oňa:

— Ine ýigit, seniň bir günde etjek işiň şu: guýynyň içine girmeli. Men ýokardan torba sallaryn. Sen, süňkden başga eliňe ilen zady daş, kesek diýmän, torba salarsyň. Men ýokardan çekerin. Iň soňunda iki çuwal dolandan soň, guýudan çykarsyň, alty aýlyk işiň şonuň bilen tamam bolar — diýipdir.

Myraly biline ýüp daňyp, guýynyň düýbüne ýetende, depe saçy üýşüpdir: guýynyň düýbünde adam süňkünden basara ýer galman ekeni. Myralynyň jany agzyna gelip, çekip çykarmagyny söwdagärden haýyş edipdir. Ol oňa ýokardan gygyrypdyr:

— Işiň kyndygyny, şonuň üçin alty aýyň hakyny bir günde berýänimi men saňa ozal aýtmadymmy? Seniň eger janyňa

haýpyň gelýän bolsa, äginme-de derrew torbany doldur!

Myraly söwdagäriň buýrugyna emel etmekden başga çäre tapmandyr. Ol guýynyň düýbündäki süňkleri bir ýaňa sürüşdirip, bilindäki kepje bilen çagylly gumdan torbany doldurypdyr. Şol gumuň arasyňdaky çagyllar onuň gözüne ýalpyldap görnüpdir. Çuwallar dolandan söwdagär oňa:

— Indi boldy. Ýüpi biliňe dak-da gaýdyber— diýip gygyrypdyr.

Myraly guýyň agzyna gelende, söwdagär onuň eline bir tegelek çörek tutdurypdyr-da:

Ynha, seniň duz hakyň, sag bol! — diýip, ýüpi kesip goýberipdir.

Myraly guýynyň düýbündäki süňkleriň arasyna güpürdäp düşüpdir. Myraly özüne gelenden soň, meniň iň soňky galmaly ornum şu boldy diýip oýlanypdyr. Soltansöýünden öýkeläp gaýdanyna ökünipdir. Eýsem-de bolsa, ýatyp jan berenden, halas bolmak üçin çalşyp ölen ýagşy diýip düşünipdir. Ol kepjesi bilen guýynyň böwşeňräk tarapyny köwüp başlapdyr, gumuň arasyndaky ýylpyldaýan daşlar onuň gözüni gamaşdyrypdyr. Myraly halys ysgyndan düşende, kepjäniň agzy birden-ikä bir gorpa gidipdir. Myraly ýene bir az köwenden soň, emedekläp gider ýaly bir hine düşüpdir. Ol şol emedekläp barşyna halys gurpdan düşende, Amyderýanyň kenarynda peýda bolupdyr. Emma ýagdaý onuň üçin ýenlemäňdir: kertgaýa, dyrmaşyp çykara ýer ýok, derýa özüni ursa gark boljak yzyna dolansa, guýynyň düýbündäki süňklere gatyşjak. Ol halys aňyny ýitirende, mähnet bir balyk onuň garşysyňda peýda bolup, oňa öz ýagyrnyny hödürläpdir. Myraly balygyň arkasyna gonanyny duýman galyňdyr. Balyk ýyldyrym ýitiliginde süýnüp, Myralyny Amyderýanyň ikinji kenarynda düşüripdir-de, gadymky bir wakany oňa gürrüň beripdir:

— Seniň ýadyňdamy, sen oglanjyk wagtyňda derýanyň gyrasynda gelip oýnardyň, maňa her gün çörek getirip bererdiň, men seniň gaşyňda dürli ýüzüşler bilen saňa oýun edip bererdim, sen maňa ýene çörek bererdiň. Men ösdüm, ulaldym, seniň şol ýagşylygyňy nähili ýerine saljagymy bilmän ýördüm. Ýagşy, hoş sag bol! — diýip, balyk ýene derýanyň düýbüne bakan ýüzüp gidipdir.

Myraly birbaşa Soltansöýüniň ýanyna barman, birnäçe gün yzarlarka-yzarlarka, ahyrynda ýene şol söwdagäri tapypdyr. Söwdagär ony tanaman, ýene Myralyny hyzmatkär tutupdyr. Ýene bir gün guýynyň agzyna baryp, gir diýende, Myraly oňa jogap beripdir:

— Näme üçin gireýin?

— Seniň alty aýdaky etjek işiňi bir günde etmeli işiň — şu guýynyň içindedir.

— Men saňa talaban duramda, guýa girmeli diýip aýtmandyň ahyry. Ýeriň ýüzünde näme iş buýursaň edeýin, emma guýa girjek däl, onuň içinde näme baryny men näbileýin?

— Hiç zat ýokdur, gorkma-da giriber.

— Onda ilki özüň girip, barlap çyk, ýogsam, men ondan gorkýan.

Söwdagär iň soňunda özi girmäge mejbur bolupdyr.

Myraly söwdagäriň dolduran torbasyny çykaryp görse, gumuň arasyndaky ýyldyraşýanlar altyn ekeni. Söwdagär aşakdan:

— Meni indi çek-de çykar, ondan soň sen gir — diýip gygyranda, Myraly oňa:

— Aý söwdagär aga, indi bary bir girdiň, iň soňuna çenli gazybersene. Ýokardan çekip çykarmak-da gazandan aňsat däl — diýipdir.

Çuwallar dolandan soň, Myraly söwdagäri çekipdir. Ol guýy agzyna gelende, onuň eline bir tegelek çörek tutdurypdyrda:

— Al, bu seniň duz hakyň! — diýip, bagyny kesip goýberipdir,

Myraly ýükli düýäni iýdip, Soltansöýüniňkä barypdyr. Soltansöýün Myralynyň ýüküni geňirgäp:

— Eri Myraly, açlyk maňa-da täsir edendir — Soltansöýün ajygandyr öýtdüňmi? Düýe ýüki bugdaýy maňa getireniňden, ony özüň iýäýseň bolmaýarmy? — diýipdir.

— Aý Soltanym, soltanlaryň nebsine doýma ýokdur. Men muny seni doýurmak üçin getirmän, döwlet baýlygynyň diňe döwlet hazynasynda bolmalydygyny bilenim üçin getirdim.

Soltansöýün bir çuwalyň agzyndan elini sokanda, onuň penjesine bir gysym öl gum giripdir. Soltan elindäki gumy gazap bilen ýere urup, Myrala dazarlypdyr:

— Sen meni kim hasap edýärsiň? Sen meni oýnamak isleýärmiň? Muny ýok ediň! —diýip, elini salgapdyr.

Myralydan içi kitüwli wezirler şol göz ýumup-açarda Myralyny ýasawullaryň öňüne salypdyrlar.

Soltansöýün gazabyna bäs gelmän, endiräp, maňlaýyny eliniň aýasyna goýmakçy bolanda, aýagynyň aşagynda ýylpyldaýan tyllajyklara gözi düşüpdir. Ol hiç kime buýruk bermän, aýak aldygyna ylgapdyr-da, Myralynyň öňüne geçip, onuň gaşynda dyzyna çöküpdir.

## Patyşa ölerine

Myraly Soltansöýüniň wezirleri bilen oňuşman, Mara gaýdypdyr. Aradan bir näçe wagt geçenden soň, Soltansöýün oňa sargyt üstüne sargyt iberipdir. Myralynyň özi üçin hem dostdan aýralyk aňsat düşmändir. Ol iň soňunda Soltansöýüniň ýanyna boş gitmegi laýyk bilmän, bir ýüz semiz goýun alyp gidipdir. Myraly goýunlary Hyradyň bazaryna salanda, hyrydarlar ondan goýunlaryň bahasyny sorapdyrlar.

Myraly goýunlary nesýe sagjagyny aýdypdyr,

— Näçe wagta?

— Patyşa ölerine.

Myralynyň goýunlarynyň daşy el bolup, derrew dagadypdyrlar. Hatda goýunlaryň üstünde dawa-da turupdyr. Goýun ýetmediklerden bir näçesi baryp, Soltansöýüne arz edipdirler:

— Patyşam, Marydan bir çarwadar gelip, ölüm jezasy buýrarlyk bir iş etdi!

— Näme iş etdi?

— Hatda aýtmaga-da, dil barar ýaly däl.

Patyşa rugsat berenden soň, şikaýatçylar oňa mälim edipdirler:

— Ol Hyradyň bazarynda patyşanyň ölerine ýüz goýny nesýe dagatdy.

Soltansöýün gazaplanyp:

— Şol adamyny derrew meniň ýanyma alyp geliň!— diýip buýrupdyr. Onuň gaşyna Myralyny alyp gelipdirler.

Soltansöýün Myralyny görenine şatlanjak ýaly etse-de, özüniň ölümini isläni üçin, gazabyny içine sygdyryp bilmändir.

— Eri Myraly, bu näme etdigiň boldy?

— Şahym, men-ä näme keçje iş edenimi bilemok. Diňe ýüz sany garybyň garnyny etden doýurdym.

— Sen meň ölümi isleýärmiň?

— Ygtyýar berseňiz, jogapdan öňürti bir soragym bar.

— Aýt!

— Alla ýüz adamyň gepine ynanarmy, bir adamyň gepine?

— Bu nähili akmak sowal. Alla hasap däl, hatda men özüm hem biradamyň gepine ynanman, iki adamyň gepine ynanaryn.

Onda näme maňa azm urýasyň?

— Sen meniň ölümimi isleýärsiň ahyry!

— Bir men seniň ölümini dilesem, ýüz adam seniň uzak ýaşamagyňy dileýär.

Soltansöýün Myrala näme jogap berjegini bilmän:

— Şundan soň sen meniň baş wezirim! — diýipdir.

## Pulhatyn

Myraly baş wezir bolandan soň, ilatyň ýagdaýyna, güzeranyna göz aýlap başlan eken. Şol wagtda Marynyň derýasy Murgap joşup akýar eken. Onuň bir kenaryndan ikinji kenaryna geçmek hyllalla eken. Myraly şol Murgap derýasynyň üstünde, Pendi diýlen ýerden köpri salmagy Soltansöýüne maslahat beripdir, şol köpriniň ykdysady taýdan hem, harby taýdan hem ähmetiniň uludygyny düşündiripdir. Soltansöýün Myraly bilen geňeşli işiň laýyk düşýänini aňlany üçin şol ýerden köpri salmagy makul bilipdir. Köpri hemişelik galar ýaly ony daşdan saldyrypdyr. Şol köprä bolsa «Daşköpri» at galypdyr.

Şol wagtda Saragtda ýaşaýan baý dul hatyn bar eken. Ol puluna ýer tapmaýan eken! Ol öz ýanyndan «Soltansöýün Murgabyň üstünden daşdan köpri saldyran bolsa, men hem Tejen derýasynyň üstünden daşdan köpri saldyraýyn. Meniň köprim onuňkydan has berkräk, has owadanrak bolsun. Soltansöýün bir wagt ýoly düşüp, onuň üstünden geçer. Belki, men şol köpri bilen onuň göwnüni awlaryn» diýip oýlan eken. Pully hatyn hakykatdan-da, Saragtyň bir mezil ýokarsyndan daşdan, mydamalyk berk köpri saldyrypdyr. Ol köprä soňra «Pulhatyn» at galypdyr. Ol köpri häzir hem bar.

Günleriň bir gününde, goşun bilen barýan Soltansöýüniň ýoly şol «Pulhatynyň» üstünden düşüpdir. Ýaňky dul hatyn Soltansöýüniň gelýänini bilip, bezenip, şaýlanyp çykypdyr, şonluk bilen, belki, soltanyň göwnüni awlaryn belki, köşgüň eýesi özüm bolaryn diýip oýlapdyr.

Soltansöýün köprä golaý gelende, pully hatyna gözi düşüp, Myrala garap, bir setir goşgy aýdypdyr:

«Bezenip, çykdy geýip, saraly köýnek sowsany».

Myraly pully hatynyň mekir pikirinden habardar bolany üçin, Soltansöýüne şygyr bilen terki jogap beripdir:

«Geçme namart köprüsinden — goý aparsyn sil seni».

Soltansöýün atynyň başyny çekse-de, Myralynyň jogabyndan razy bolman, onuň sebäbini sorapdyr:

— Pully hatyn meniň üçin, meniň döwletim üçin uly iş edipdir. Ol döwletiniň ýarysyny harç edip, köpri saldyrypdyr. Mundan geçmezligiň sebäbi näme?

— Döwlet üçin, halk üçin alada eden adamynyň aýagynyň tozuny gözüňe sürme etseň azdyr. Emma munuň başga sebäbi bar. Pully hatyn «Pulhatyny» at üçin, abraý üçin saldyrypdyr. Görýämiň, onuň köprüsi «Daşköprüden» hem haýbatly. Eger sen mundan geçseň,

Pully hatyn, birinji taýdan, Soltansöýün hem maňa baş egdi, Horasanyn soltany indi iki boldy, onuň biri — men diýip, bütin dünýä jar çeker; ikinji taýdan; köprüniň iki ýanynda sakçy goýup, gelenden-geçenden muzd alar, köprüniň bahasyny on esseläp çykarar.

Soltansöýün Myralynyň jogaby bilen kanagatlanaňdan soň, towlanjyrap barýan giň derýa göz gezdiripdir-de:

— Eýsem indi nätmek gerek? — diýip sorapdyr.

Myraly:

— Töwekgeliň-endişe bilen işi bolmaz! — diýip, atyna bir gamçy çalypdyr. Soltansöýün hem bütin goşuny bilen yzyna eýeripdir.

Keremli derýa öz göwsünden ýol berip, agyr goşunyň birjigini hem alyp galmandyr.

## Menden hem bir ýüz tylla

Soltansöýün öz ýanyndan bir näçe wagt oýlanandan soň, ahyrynda Myrala maslahat salypdyr:

— Dostum, Myraly! Adam özerkli bolanda, azgyn bolýar. Bilner-bilinmez edilen günä gyt däldir. Şonuň üçin Mekgä gidipmi ýa başga ýerden agtarypmy, bir pire gol bersem, günämiň ötülmegine, ýalkanmagyma sebäpkär bol diýip ýalbarsam diýýän. Sen ony niçik görýäsiň?

— Ilki sözüňe goşulýan, soňky sözleriňe goşulmaýan.

— Ol näme diýdigiň boldy?

— Günä gazananyňa ynanýan, emma ony piriň etegi bilen ýuwup biljegiňe ynanamok.

— Eýsem nätmeli? Bilner-bilinmez edilen nähak işler meni horlaýar..

— Meniň saňa maslahatym: sen Mekgä-de gitjek bolma, pir hem agtarma, näme hyzmatyň, näme ýagşylygyň bolsa, öz halkyňa, öz raýatyňa et. Uly ilde Alla ady bar diýilýändir.

Soltansöýün Myrala jogap bermän, öz, oýun dowam edipdir. Olar günüň bir gününde uzak ýola şikara çykypdyrlar. Görseler, olaryň düşlän ýerine golaý, çolaja bir ýerde zürrüjek garaja öý oturan eken. Wezirlerden biri şol öýden habar tutup, şol öýde bir pir aýalyň ýaşaýanyny Soltansöýüne gelip habar beripdir.

Soltansöýün Myralyny ýanyna çagyryp, öz şatlygyny mälim edipdir.

— «Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna» diýilen nakyl bar. Hudaýýň özi maňa garaşyk etdi: piri meniň üstüme ýa-da meni piriň üstüne getirdi. Indi men baryp, şonuň etegine ýykylsam diýýän.

Myraly Soltansöýüne garap ýylgyrypdyr:

— Eý, Soltanym, şunça ýykylan etegiňi az görýämiň?

Soltansöýüniň Myrala gahary gelipdir:

— Meni gaýgy-gam basýar. Seniň oýun ýadyňa düşýär.

— Eý Soltanym, gatyrganmaň. Adam şekilli adam öz ýurdunda, il içinde orun tapar. Ol aýalyň beýle çete çykmagy sebäpsiz däldir.

— Näme, garakçylyk üçin oturandyr öýdýämiň?

— Onuň näme üçin oturanyny üç ýüz tylla karz berseňiz, bendäňiz saýgaryp biler, siziň özüňize-de görkezer.

Patyşa pir aýaly däl-de, Myralyny synamak isläpdir: şu ýerde juda bolmasa oňa öz ömrümde bir gezek ökde gelerin diýip, üç ýüz tylla pul beripdir.

Onuň gapysyna baryp gaýdýan wezirler, ol aýalyň takwalygy, hudaýparazlygy, erkek adamyny kabul etmeýänini, nämähreme ýüzüni görkezmeýäni hakynda dabara bilen gürrüň edişipdirler.

Myraly şol garaja öýe baryp, onuň gapysyny saklaýan aýala ýüz tutupdyr:

— Siz baryň-da piriňize aýdyň. Uzak ýoldan gelen bir adam size ýüz tylla getiripdir, onuň maksady size diňe bir gezek garamak diýiň.

Sakçy aýal baryp, habar berende, pir aýal:

— ýok, ýok — diýip gygyrypdyr. Şol sekuntda eliniň aýasyny gaşapdyr-da, asmana diň salypdyr: «hoş, hoş» diýip seslenipdir. Ondan soň sakçy aýala garap:— hatyfdan seda geldi — goý gelsin — diýipdir.

Myraly pir aýala ýüz tylla berip, ýüzüne gülümsiräp garapdyr-da, sesini çykarman gidipdir. Ertesi ýene baryp, sakçy aýala şeýle diýipdir.

— Piriňize baryň-da aýdyň: şol adam ýene geldi. Ol size bir ýüz tylla getiripdir. Onuň maksady — sizi diňe bir gezek öpmek diýiň.

Sakçy aýal baryp, habar berende, pir aýal ala gykylyk edipdir:

— Ýok-eý, Alla saklasyn!

Aýal ýene eliniň aýasyny gaşap, asmana diň salypdyr: «Ýok, aýyp bolar! Näme? Bir gezeklikçe nogsany ýok? Aý perwerdigär. Buýrugyňa emel etmekden başga alajym näme?» diýip, seslenipdir-de sakçy aýala garap:

— Hatyfdan seda geldi. Bar, aýt, gelsin — diýipdir.

Myraly orta ýaşly, sary maňyz aýalyň ýaňagyna elini goýup, öz elini öpüp gidipdir.

Myraly üçünji gije ugramakçy bolanda, Soltansöýüne:

— Siz şol aýalyň nähili pirdigini tanamak isleseňiz, şu gije öýüň daşyndan baryň-da diňläň! — diýip sakçy aýala baryp, habaryny beripdir:

— Siz piriňize baryň-da aýdyň. Şol adam ýene geldi. Size bir ýüz tylla getiripdir. Onuň maksady diňe pir aýalyň üç ädimlik

golaýynda bir gije ýatyp turmak — diýiň.

Sakçy aýal habar berende, bir bu sapar gykylyk etmän, eliniň aýasyny gaşap, asmana diň salypdyr, öz ýanyndan hümürdäpdir: «Aý Allam, men nämähremi öz golaýymda nähili ýatyraýyn? Näme, näme? Nämährem däl! Allanyň eradasy bilen. Allanyň emri şeýle bolsa, mende ne çäre?»

Pir aýal Myralyny üçünji gije öz golaýynda ýatyrypdyr. Köpden bäri adam ysyny almadyk dulsuran aýalyň süňňi gowşap başlapdyr. Ol gernipdir, pallapdyr, düýşürgän kişi bolup: «Bärräk süýş, bärräk süýş» diýip hümürdäpdir. Myralynyň gymyldysy bolmany üçin, ukuda bolan, kişi bolup, agdarylyp-dönderilip, onuň ýanyna barypdyr. Myraly onda-da hiç zat duýman, ýuwaşja myrlap ýatany üçin aýal iň soňunda durup bilmän, Myralynyň boýnundan gol salypdyr. Myraly tisginip oýanyp, arkan çekilmekçi boluňdyr. Aýal ony sypdyrman:

— Bir ýüz tyllaň özüňki! — diýip seslenipdir.

Myraly:

— Ýok. Men Allanyň gargyşyna galyp bilmen! — diýip, onuň golundan sypmaga çalyşypdyr.

Pir aýal sandyrawuk ses bilen:

— Allanyň emri şeýle, iki ýüz tyllaň özüňki! — diýip seslenipdir. Myraly:

— Maňa Alladan beýle buýruk ýok! — diýip, ýene boýun towlapdyr.

— Bar, bar. Hatyfdan seda geldi. Üç ýüz tyllaň hem özüňki!—diýip, pir aýal Myralyny mäkäm gujaklapdyr.

Myraly aýalyň gurply gollarynyň astynda:

— Ýok, ýok, bolmaz! — diýip, seslenipdir.

Daşarda diňläp duran Soltansöýün durup bilmän:

— Myraly, menden hem bir ýüz tylla!—diýip gygyrypdyr.

## Erksiz şa bolandan, erkli gedaý bolan ýagşy

Soltansöýün bilen Myraly gezelenje çykanlarynda, bir aýalyň üstünden barypdyrlar. Ol aýalyň egnindäki köýneginiň azyndan kyrk ýamasy bar ekeni. Emma geýiminiň köneligine, ýyrtyklygyna garaman, ol aýalyň keýpi örän kök ekeni. Myraly bilen Soltansöýün ol aýala geňirgenmek bilen garanlaryndan soň, olaryň ikisi hem ol aýaly tanapdyrlar: ol aýal Soltansöýüniň oňuşman, bir wagtlar köşkden çykaryp kowan aýaly ekeni.

Soltansöýün Myralynyň gulagyna pyşyrdap:

— Sen ol aýaldan sora: onuň öňki güni ýagşymy, indiki güni ýagşy? — diýen eken.

Myraly oňa:

— Onuň haýsy gününiň ýagşylygy meniň üçin mälim. Isleseň, seniň göwnüň üçin sorap bereýin — diýip, ol gelne habar gatypdyr:

— Eý janan, sen bir wagt köşkde ýaşaýardyň, geýýäniň ýüpek, iýýäniň baldy. Seniň häzir köne şylhaň endamyňy zordan ýapýar, bedeniňde garga çokasy et ýok. Sen çekinmede aýt: öňki günüň ýagşymy, häzirki günüň?

Aýal ýaşmagyny bütinleýin syryp, aç-açan jogap beripdir:

— Men köşkdekäm kyrkyň biridim. Meniň gapyma Sol-

tanyň aýagy kyrk günden bir düşmeýärdi. Meniň ýanymdaky gürrüňdeşim özüm ýaly kapasdakylar bolup, durmuşyň lezzeti bize haramdy. Ýüpek diýip geýenim ýalyn bolup ýapyşsa, bal diýip iýenim, awy bolup geçýärdi. Häzir bolsa, öz elim, öz ýakam. Ärim meni söýýär, men ony söýýän. Aç günümde onuň bir ýylgyryp garany — maňa iýmit bolýar, ýalaňaç günümde — onuň bir sözi meniň endamyma geýim bolýar. Siziň soranyňyz üçin meniň aýtmagym zerur: erksiz şa bolandan erkli gedaý bolan ýagşy.

Myraly Soltansöýüniň ýüzüne kän manyly soragly göz bilen garanda, Soltansöýün ondan:

— Näme, kyrk aýalyň birinden özgesini boşat diýmek isleýärmiň? — diýipdir.

Myraly Soltansöýüniň ýüzüne hoşallyk bilen garandan soň;

— Soltanyň zirek akylyna haýrandyryn! — diýipdir.

Soltansöýün elindäki gamçysyny eýeriň gaşyna tyrkyldadyp, bir az oýlanandan soň, Myrala näme jogap berjegini, nähili karara geljegini bilmän, atynyň başyny gowşadypdyr.

## Saman astyndan suw goýberen

Soltansöýün Myraly bilen şikardan gelýärkä, bir obanyň çetinde adatdan daşary bir owadan gelin görüpdir.. Onuň aý ýaly ýüzi, sallanjyran ýörişi Soltansöýüniň bütin durmuşyny özüne çekipdir. Soltansöýün Myrala ýalbaryjy göz bilen garap:

— Myraly, sen meniň baş wezirim, meniň ýagdaýyma diňe sen düşünýänsiň. Sen maňa maslahat ber: men bu gelni nähili ýol bilen alyp bilerin?

Myraly oňa:

— Hiç hili ýol bilen — diýip, pert jogap berýär.

— Ol meniň ýüregimi bütinleýin özi bilen alyp gitdi, men häzir boş göwre bolup galdym. Eger men ony almasam, onda meniň günümiň ýaşdygy.

— Soltanym, siz akyldan aýrylmaň. Heý biriniň aýalyny hem almak bolarmy? Oňa şerg näme diýer? Ony heý kowahat götererrmi? Siz bu päliňizden el çekiň? Ýogsam halk sizi ýekirer, sizden bütin halk ýüz dönderer.

Soltansöýün Myrala närazylyk bildirmek bilen öz niýetini oňa mälim edipdir:

— Sen maňa maslahat berme-de, bar-da şol gelniň ärine maslahat ber. Men ol gelni hökman alaryn. Şonuň üçin, il hem menden ynjamaz.

Soltansöýün bir az düşlemek, şol gelniň ärini çagyrtmak üçin, bir emeldaryňka bakan sürüpdir. Myraly şol obada bir dostunyň baryny mälim edip, şonuň bilen salamlaşyp gaýtmak üçin, Soltansöýünden rugsat alypdyr.

Myraly şol gelniň giren öýüne baryp, uzak äginmändir-de, ol gelniň ärine Soltansöýüniň niýetiniň bozulanyny, ony häzir çagyrtjagyny mälim edip, Soltan näme buýursa, bolýar diýip gaýtmagyny, soňra oňa jogap bermeli bolanda, özüniň goldajagyny mälim edipdir.

Myraly dolanyp gelenden soň, şol gelniň ärini Soltansöýüniň ýanyna alyp gelipdirler. Soltansöýün ol gelin barasynda söz açman, başga sorag, başga tabşyryk beripdir:

— Seniň adyň näme?

— Garaguduk.

— Garaguduk? Berekella! Il içine çykan wagtymda, meniň üýtgeşik bir häsiýetim bar: men haýsy obada nähili üýtgeşik ýagdaý, üýtgeşik adam baryny soraýan. Şol adamlary ýanyma çagyryp, her haýsyna bir hili tabşyryk berýän. Ýerine ýetireni sylaýan, ýerine ýetirmedige gargaýan. Sen hem şu obanyň üýtgeşik bir adamy. Seniň adyň hem üýtgeşik, keşbiň hem üýtgeşik, belki, başga üýtgeşik zatlaryň hem bardyr. Sen meniň häsiýetimi nähili görýäsiň?

Onda ol adam:

— Şalaryň huzuryny görmek, şalaryň hyzmatyny etmek — her ýetene ýetdirýän bagt däldir. Soltanym näme buýursa, — bütin janym bilen ýerine ýetirerin — diýip aýdan.

— Men saňa bir ýaby, goşa öküz, on sany hem öweç goýun berjek. Sen şolaryň hemmesini alty aýda guzlatmaly.

Garaguduk Soltanyň öňünde baş egipdir.

Myraly sorag berjek bolanda, Soltansöýün barmagyny daldalapdyr. Emma märekedäki ýarym sag, ýarym däliniň biri Soltansöýüniň baryny unudyp:

— Garaguduk işiň gaýtdy. Heý erkek janlyny hem guzladyp bolarmy? — diýipdir.

Garaguduk oňa pert jogap beripdir:

— Allanyň eradasy bilen her bir zat bolup biler. Patyşa bolmaly diýdimi, hökman bolduryn!

— Heý, berekella! — diýip, Soltaýsöýün onuň arkasyna kakypdyr.

Aradan alty aý geçenden soň, Soltansöýün Myraly bilen ýene şol oba atlanypdyr. Soltansöýün emeldaryňka sürende, dostum bilen salamlaşaýyn diýip, Myraly ýene bir az salymlyk rugsat alypdyr.

Myraly baryp Garaguduga, onuň gelnine bir näçe söz öwredipdir.

Myraly barandan soň, Soltansöýün Garagudugy çagyrdypdyr.

— Garaguduk syrkaw ýatyr — diýip gelenlerinde, Soltansöýün onuň gelnini alyp gelmäge höküm edipdir.

Gelin gelende, Soltansöýün oňa sowal beripdir:

— Hany Guduk?

— Onuň-a içinden burgy tutup, çaga dogurjak bolup ýatyr.

Soltan ol gelne ýylgyryp garap:

— Heý erkek adam hem çaga dogyrmy? — diýip sorapdyr.

— Aý Soltanym, öküz göle dogranda, erkek ýaby guzlanlanda, erkek öweç goýunlar guzy dogranda, adamynyň hem çaga dogurmagy geň däl!—diýip jogap beripdir.

Soltan ol gelniň jogabyna gaýtargy tapmandyr-da, gelniň öz tapjak jogaby däldigini bileni üçin, Myrala barmagyny çommaldypdyr.

— Heý saman astyndan suw goýberen. Munda seniň eliň bar.

Myraly oňa baş egip:

— Soltanym, munda meniň günäm ýok, men diňe siziň buýrugyňyzy ýerine ýetirdim — diýipdir.

— Ol nähili buýruk?

— Maňa maslahat berme-de, olara maslahat ber diýmediňmi?

Soltansöýün ýaman niýetiniň ýol almajagyny aňlandan soň, ol gelin bilen dogan okaşyp gaýdypdyr.

## Biz adam dälmi?

Soltansöýün bütin Horasana höküm etse-de, siňege höküm edip bilmändir. Ol Myrala ýüzlenip:

— Heý siňegiň ýok ýeri barmyka? — diýip sorapdyr.

Myraly oňa:

— Adam bolmadyk ýerinde siňek bolmaz!—diýipdir.

Soltansöýün öz ýanyndan Myralyny şu sapar gepde ýeňerin diýip oýlanypdyr-da:

— Atlan! — diýipdir.

Olar bir çöl beýewana baryp düşenlerinde, bir siňek wyzz edip gelipdir-de, Soltansöýüniň ýüzüne gonupdyr.

Soltansöýün Myrala garap:

— Adamsyz ýerde siňek bolmaz diýmänmidiň? Bu näme siňek dälmi? — diýipdir.

Myraly oňa:

— Ikimiz näme adam dälmi? —diýip jogap beripdir.

## Gysga ýorgan

Soltansöýün öz wekilleriniň akyl-paýhasyny saýgarmak üçin, olaryň hemmesini köşge ýygnapdyr-da, gysga ýorgany başaşa kellesine büräp, injigini açyp ýatypdyr, wekillerine şol ýorgany meniň aýagymyň aşagyna ýetiriň diýip buýrupdyr. Wekiller nähili oýlansalar-da, her hili tagalla etseler-de, onuň tärini tapmandyrlar.

Soltansöýün iň soňunda ýorganyň aşagyndan:

— Myraly, sen ýokmusyň? — diýip gygyrypdyr.

Myraly oňa:

— Soltanyň gahary gelmese, ýetireýin — diýipdir.

Soltansöýüniň ýorganyň aşagyndan sesi çykypdyr:

— Ýorgany aýagymyň aşagyna ýetirmeseň, gaharym geler.

— Myraly ýanyndaky gamçyny alypdyr-da, Soltanyň ýalaňaç injiklerine mäkäm çalypdyr. Soltanyň aýaklary şol bada ýorgana çolanypdyr.

Soltan ýerinden galyp:

— Näme üçin urduň? —diýip soranda, Myraly oňa:

— Buýrugyňa emel edip, ýorganyňy aýagyňa ýetirdim. Aslynda sen näme üçin ýorganyňa görä aýak uzatmadyň?— diýip jogap beripdir.

## Näme üçin ýylgyrýar?

Soltansöýüni bir baý toýa çagyrypdyr. Soltansöýün Myrala ertir daňyň alagaraňkysynda ugrarys, şaýyňy tutup ýatgyn diýip tabşyrypdyr.

Myraly ony geňirgäp:

— Näme üçin alagaraňkyda?—diýip soranda, ol oňa:
— Günüň doganyny görmälimiz kän wagt boldy. Güni ýolda doguraly — diýip, jogap beripdir.
Soltansöýün ondan soň hyzmatkärlerine:
— Myralyň atyna iým bermäň-de, torbasyna gor salyp geýdiriň — diýip tabşyrypdyr.
Myraly Soltansöýüniň jogaby bilen kanagatlanman, garaňkyda ugramakçy bolanyna bir sebäbiniň baryny aňlap, gije atyna atlanmaga barypdyr. Görse, atynyň erinleri syrtaryp, dişleri ýalpyldap görnüpdir. Myraly onuň Soltansöýünden ýetenini bilip, ahmalyna garap barypdyr-da, onuň münjek atynyň guýruguny düýbünden kesipdir.
Olar daňyň alagaraňkysynda ugrap, güni ýolda dogrupdyrlar. Soltansöýün yzyna gaňrylyp seredipdir-de, hahahaýlap gülüpdir:
— Myraly seniň atyň nämä ýylgyrýarka?
Myraly oňa:
— Soltanym, seniň atyň guýrugyna ýylgyrýan bolmasa — diýip, jogap beripdir.
Soltansöýün atynyň guýrugyna gözi düşenden, atynyň başyny yzyna dolapdyr. Myraly şonda:
— Soltanym, ýakma—bişersiň — diýipdir

## Kim öň gördi?

Soltansöýün bilen Myraly ýolsuz çölde ýanaşyp barýan ekenler. Soltansöýün atly, Myraly eşekli ekeni, Birden olaryň öňünde kelle ýaly altyn lowurdap görnüpdir. Olaryň ikisi hem birden seslenipdir:
— Hanha kelle ýaly altyn!
Olar altyny baryp ele alanlaryndan soň, «Men öň gördüm-de, men öň gördüm» bolşupdyrlar. Soltansöýün Myrala garap:
— Men senden bir gez ýokarda, şonuň üçin meniň gözüm oňa ilki düşdi — diýipdir.
Myraly Soltansöýüne:
— ýok, men senden bir gez aşakda: men ýere golaý. Şonuň üçin meniň gözüm ýere golaý, men ilki gördüm!— diýipdir.
Ikisi uzak jedel edişenlerinden soň, «gel ikimiz şu ýerde oturyp, başymyzdan geçenleri gürrüň edişeli. Kim geň, kim çykgynsyz ýagdaýa duçar bolan bolsa, altyny şonuň ilki gördügi» diýşip, müwessa goýuşypdyrlar.
Ilki bilen Myraly söze başlapdyr:
— Meniň owlak-guzy bakýan wagtymdy. Öýe gelemde, işim aşyk-topaz oýnamak bolardy. Garry enem bir gün maňa igendi: «Balam, men indi garrylyga ýüz urupdyryn. Maşgalany senden başga eklejek ýok. Sen, ýaşyň azlygyna garaman, öýüň garamatyny boýnuňa götermegiň gerek. Owlak-guzudan saňa düşýän zat ýok. Belki, birine talaban durarsyň». Meniň ýaşym az hem bolsa, enäniň şol igenji maňa ýeterlikdi. Bir gün bir adam oba-oba aýlanyp, ýaşajyk talaban gözleýär. Onuň wada berýän haky hem önjeýli bolany üçin, men oňa talaban durdum. Ol meni uzak bir oba äkidip, bir näçe günläp ýumuş buýurmady. Ahyr bir gün, şol baý semiz öküziň hamyny etliräk soýup, bir düýäniň üstüne iki

sany boş çuwal hem atdy-da, «ýör, hanym» diýdi. Men onuň yzyna düşdüm. Şol barmana, bir dagyň düýbüne baryp daýandyk. Onuň kert gaýasy daşdan salnan haýat ýaly bolup, asmana galýar. Ol baý düýesini çökerip, dyzlandan soň, öküziň hamyny çöwürip: «Hany, han ogul, şunuň içine gir» diýdi. Hamyň tüý ýüzi bolany üçin, onuň içine girmek onçakly hatarly däldi. Şeýle-de bolsa, onuň içine girmegi meniň inim söýmedi. Emma baýyň ýüzünden geçip bilmän girdim. Baý onuň gyrak-bujagyny ýokaryk galdyrdy-da: «hany, hanym, başyňy aşak egip gör» diýdi.

Meniň şonda bir az ýüregim gysyp:

— Baý aga, başymy aşak egsem, birden sen hem onuň bujagyny bogaýsaň demigerin— diýdim.

— Meniň, hanym, synap görmek isleýänim şol: seniň depäň üstünden bujagyny bogmaga ýüküm ýetjekmi, ýetjek dälmi? Emma onuň bary bir käse suw içimden artyk wagt çekmez, başyňy egäý, hanym! — diýip, meni mylaýymlyk bilen mejbur etdi.

Men başymy egenimden, ol bujagyň ýokarsyny mäkäm sarady. Men onuň içinde demigip başladym. Baýyň ol işde tejribesi kän ekeni. Elindäki demir çişi bilen deriniň her ýerinden deşişdirdi. Şol deşikler maňa dem almak üçin ölmez-ödi mydar berdi.

Ondan soň ol baý maňa:

— Han ogul, men häzir seniň ýanyňdan gidip, gizlenerin weli, asmandan seniň ýanyňa iki sany perişde geler. Olar hamyň her ýerinden çokjalarlar. Sen şol wagtda öli ýaly gymyldysyz ýatgyn. Ýogsam, olar seni derbi-dagyn eder. Emma bir salym syr saklasaň, olar seni asmana götererler: saňa behişt görkezerler. Seni gymmat baha nygmatlar bilen gerk-gäbe doýyrlar. Sen şol nygmatlary — daşlary asmandan maňa zyňarsyň. Men olary çuwala gapgararyn. Seni şol perişdeler ýene sag-aman aşak düşürerler. Ikimiz iki çuwal gymmatbaha daşa eýe bolarys. Şondan soň, seniň, eneň dünýäde horluk garasyny görmez!—diýip, hekaýa sözledi.

Baý meniň ýanymdan gizlenen badyna, asmandan iki sany garaguş gelip gondy. Olar meniň daşymdaky öküz hamyny çekeleşip başladylar. Men olardan gorkyma, sesimi çykarman, gymyldaman ýatdym. Birden-de garaguşlaryň her haýsy deriniň bir çetinden ýapyşyp, asmana alyp galdylar. Arryjak çaganyň artykmaç agramy barmy? Baýyň ýaşajyk talaban gözlemegi hem şonuň üçin eken. Garaguşlar içi Myralyly öküz hamyny dagyň depesine çykardylar. Olar şol ýerde çig hamy arkaýynlyk bilen çekeleşip başladylar. Şol barmana hem iki bölündi. Onuň içinden gözlerini petredip kiçijik Myraly çykdy.

Garaguşlar maňa azar bermän, hamyň her haýsy bir bölegini göterip, dagyň ikinji bir gerşine çykdylar.

Soltansöýün Myralynyň gürrüň bererine takady ýetmän;

— Sen näme işlediň? — diýip sorapdyr.

— Bir az sabyr et. Men özümi bir az yraslanymdan soň, töweregime garasam, dürli daşlar ýylpyldaşyp ýatyr. Onýança bolsa, aşakdan baýyň gykylygy eşidildi:

— Balam, şol daşlardan eliňe ilenini aşak togalaber. Şolar behişdiň nygmatlarydyr.

Men, bir ýandan, baýa gahar edip, birjigini hem togalamasam diýip oýlandym. Emma ikinji ýandan, baýyň gaharyny getirsem, belent dagyň üstünde hemişelik galmak howatyry ýadyma düşdi-de, ownujak daşlary togalap başladym. Baý aşakdan:

— Balam, indi besdir! — diýip gygyrdy.

— Baý aga, hany men indi mundan nähili düşeýin? — diýip soradym.

— Balam, seniň ýaly günäsiz oglanyň behiştde galmagy laýyk. Ýaşaber — diýdi-de, düýesini iýdip, gözden ýitdi.

Bütin töwerek kert gaýa. Aşak inmäge hiç ýerde basgançakda ýok. Men eýläk urundym, beýläk urundym — hiç ýerden ýoda tapman, ahyryna gurpdan düşüp ýykyldym. Ýatan ýerimden töweregime göz aýlasam, adam süňki çym-pytrak dagap ýatyr. Çaky, olar hem meniň ýaly «behiştde» galan çagalaryň süňkleri bolara çemeli.

— Ondan soň nätdiň?

— Bir haýukdan soň meniň ýanyma bir garaguş pelpelläp gondy. Ol loňk edip, eýläme geçdi, beýläme geçdi, iň soňunda meni ölüpdir hasap edip, baş ujumda arkaýyn oturdy-da, çüňküni urmaga synandy. Men şol halatda onuň iki aýagyndan ýapyşdym. Garaguş ýüregi ýarylan ýaly, bir zarbada pasyrdap galdy. Emma ol meni uzak göterip bilmän, kem-kemden aşaklady. Iň soňunda, meniň aýagym ýere degende, men onuň iki aýagyny sypdyrdym.

— Gutardyňmy?

— Ýok, dur entek. Men şol baýy gözläp tapyp, ýene oňa talaban durdum. Baý ikinji gezek meni hama salyp, depämden bogjak bolanda, men oňa: «Baý aga, ilki bilen özüň girip görkezmeseň, men ony başarman» diýdim. Baý hamyň içine girende, men onuň depesinden bogup taşladym. Ony dört garaguş itiň güni bilen ýokaryk alyp çykdy. Men baýyň düýesini gymmat baha daşlardan ýükläp ugramda, baý maňa: «Balam, meni düşürmäge kömek et» diýip gygyrdy. Men oňa: «Aý, baý aga, seniň köpüň ötüp, azyň galypdyr. Saý-sebäp bilen behişde düşdüň. Sen şol ýerde hemişelik galyber» diýip, jogap berdim.

— Hany ol, gymmatbaha daşlary nätdiň?

— Ýolda gelýärkäm, kerwen bilen Hindistana barýan söwdagäre duşdum. Men öz ýükümiň nämedigine düşünmänim üçin, bir düýe bilen bir geçä çalyşdym. Sen maňa ilki uçraňda, saňa söwüş eden iki janlym, şol söwdagärden alan geçimdi.

Myralynyň başyndan geçirenlerini höwes bilen diňlän Soltansöýün özüni bir az rastlandan soň, öz başyndan geçen wakalary gürrüň etmäge durupdyr.

— Men ilki patyşa bolan ýaş ýigit wagtymda sen, öýkeläp giden çagyňda, aýratyn ýagşy görýän atym bardy. Şol atym gün-günden arryklap başlady. Onuň sebäbini bilen bolmady. Seýisleriň, jylawdarlaryň gepine ynam etmän, aty bir gije assyrynlyk bilen özüm sakladym. Gijäniň bir wagty kenizlerden iň ýagşy görýänimiň biri geldi-de, ata atlanyp gidiberdi. Men hem atlaryň başga birini münüp, onuň yzyna düşdüm. Iň ahyrynda ol keniz bir gowagyň agzyndan baryp, atdan düşdi-de, onuň içine girdi. Men hem onuň yzyndan girdim. Şol gowakda kyrk sany jadygöý ýaşaýan ekeni. Olaryň baştutany-meniň kenizime garap:

— Anha, Soltansöýün hem yzyň bilen geldi—diýdi.

Men ol aýala gylyjymy eňtermekçi bolamda, jadygöýleriň baştutany meniň üstüme bir gysym gum sepdi. Men şol dem alar salymda, gara taza öwrülip, çyňsap çykyp gitmäge mejbur boldum.

— Hä Soltanym, çendan uwlamaň bardy weli, şondan galan alamat diýsene!

— Dur entek. Men köşge dolanyp baramda, meni kesek bilen garşyladylar. Men hiç ýerde özüme hossar tapman, iň soňunda uly bir kerweniň yzyna düşdüm. Olar mana gemrilen süňk, çendan gaty-guty çörek taşladylar. Şol barmana kerwen derýa gabat gelip, gämi bilen geçmekçi boldy. Men gämä girmekçi bolamda, kerwençiler meni kesekläp kowdular Men şol ýerde naýynjar çyňsadym. Kerwenbaş maňa dözmän, gämiň kireýini öz boýnuna göterip, meni hem gämä saldy. Ondan soň bir uly ile bardyk. Şol ilde bir baý uly toý edýän ekeni. Şol toýda süňksaňklary gemirip ýörkäm, töweregime üýşen aç itler meni daladylar. Men tapdan düşüp ýykyldym. Şol wagtda bir «selleli garryja molla gelip, itleriň gandyzyna çybyklady-da, meni göterip alyp gidip, öz öýünde bir mahmal körpäniň üstünde ýatyrdy. Şol taýdan bir tabak palaw getirip, özi meniň bilen bile oturyp iýdi. Molla meni tazy hasap etmän, özi bilen deň, belki, özünden hem ýokary adam hökmünde hormat goýdy.

— Şol molla azypdyr. Ol it bilen tabakdaş bolupdyr — diýip, ol mollany ýurduň häkimine ýamanlapdyrlar.

Mollany çagyryp, häkim soranda, molla oňa kitabyny açyp, taryhy ýazgyny görkezipdir. Okap görseler: «Soltansöýün jadylaryň aldawyna düşüp, pylan wagtda, pylan baýyň toýuna tazy sypatynda geler» diýlip ýazylan ekeni. Häkimiň hökümine görä, alymlar dürli doga-tumar bilen meni öňki sypatyma aýlandyrdylar. Meni hormatladylar. Kenizekden arymy almak üçin, maňa bir gysym tilsimli toprak berdiler. Meni dabara bilen ilime ugratdylar. Men ol mollany öz ýanym bilen alyp gaýtdym, wezir edindim Sen Marydan dolanyp geleňde, dabara bilen jaýlanymyz şol mollady...

Soltansöýün sözüniň Soňunda;

— Kimiň başyndan geçiren wakasy gyzyk? — diýip sorapdyr.

Myraly oňa:

— Ikimiziňki hem gyzyk! —diýip jogap beripdir.

— Altyn indi kimiňki bolmaly?

— Seniňki hem bolmaly däl, meniňki hem.

— Eýsem, kimiňki bolmaly?

— Döwlet baýlygy — döwletiňki bolar. Ony hazyna taşlamaly.

— Ine munyň makul!

## Gül bilen Soltansöýün

Soltansöýün bilen Myraly ikiçäk gürleşip otyrkalar gürrüňleriniň ahyry şol dördünji ýyldyz göreniň perzendi — ikinji gyzyň üstünden düşüpdir. Ol gyzdan hiç ýerde derek bolmany üçin, Soltansöýün Myrala şeýle teklip edipdir:

— Gel ikimiz ile çykaly, hem ilatyň ýagdaýyna seredeli, hem-de şol gyzdan derek araly.

Myraly Soltansöýüne bir az gyjytly söz gatypdyr.

— Soltanym, gyz hakyňda aýdanyň makul. Emma il hakynda meniň bir soragym bar: ilatyň ýagdaýyny ýöne bilmek üçinmi ýa ilatyň ýagdaýyna garaşyk etmek üçinmi?

Soltansöýün Myrala närazy garaş bilen seredip:

— Myraly, sen dogryňy aýt: seniň şu igenjiň haçan gutarar? — diýip, sorapdyr.

Olar biri-birine bir az igenişenlerinden soň atlanypdyrlar. Olar köp ýerleri aýlanyp, iň soňunda bir obanyň çetinden barypdyrlar. Şol wagt ýagyş şitirdemäge başlan ekeni. Görseler, bir topar göze görünen gyzlar arkalaryna göterip barýan odunlaryny düşürip, şol odunlaryna ykyşaklaşyp duran ekenler. Emma olaryň içinde ýaşy ötüşen bir gyz köneje geýimini çykaryp, odunyň üstüne büräpdir-de, özi hem onuň ýele gapdalyndan üstüne abanyp, odunyny ezmezlige çalyşýan ekeni.

Myraly ol gyzda üýtgeşik bir syr baryny aňlap, Soltansöýüne göz ümläpdir. Soltansöýün ol gyzyň syratyna, keşbine özüni aldyran eken. Ol diňe Myralynyn ümlemegine görä, ol gyza sowal beripdir:

— Aý gyz, başga gyzlar özüni ezmezlige çalyşsa, sen odunyňy ezmezlige çalyşýasyň. Munda näme syr bar?

Ol gyz ýagşyň haýallanyny görüp, köne geýimini endamyna çolapdyr-da, Soltansöýüne jogap beripdir:

— Soltanym, men diňe özümden habar bermek isleýän: biziň külbämizde tutaşdyrlyk hem gury çöp ýokdur. Odunym ezilse, ýagyş uzak ýagyp, yzyny sowuga tutsa, garryja enemiň buýmagy mümkin. Emma odunymy gury saklasam, sowguň hem gorkusy ýok, geýimim hem gurar, enem hem buýmaz.

— Siziň öýüňiz haýsy?

— Ho-al ýeke-çäk oturan garaja öý biziňkidir.

— Seniň adyň näme?

— Gül.

— Öýüňize barsak, myhman alarmysyňyz?

— Türkmen halkynyň henize çenli myhman kowanyny eşidemok. Ýöne weli, aýyplaşmaz ýaly, öňünden duýdurmak gerek: biziň soltanlara laýyk derejämiz, soltanlara laýyk hezzet-hormat ederlik gurbumyz ýokdur.

Myraly ara düşüp:

— Myhman aş üçin gelmän, güler ýüz üçin gelýändir! — diýipdir.

Gyzlar öýlerine baryp girýänçäler Soltansöýün bilen Myraly bir salym at otaryp, soňra olar Gülleriň öýüne baryp düşüpdirler.

Soltansöýün Gülüň özüne gyk garaýanyny saýgaryp, garaja öýüň çagarygyna seredip, kinaýa bilen:

— Mazalyja öý eken weli, arman çagarygy gyşygrak ekeni! — diýipdir.

Gül hem Soltansöýüne kinaýa bilen jogap gaýtarypdyr:

— Çagarygy gyşyk hem bolsa, tüssesi düz çykýandyr.

Gül olaryň öňünde gatyksyz, nansyz belke goýupdyr.

Soltansöýün Myralynyň gulagyna pyşyrdap:

— Men bu gyza degmek isleýän — diýipdir.

Myraly oňa:

— Ozal degip, näme aklyk aldyň? Ol seniň jogabyňy örän berk berer! — diýipdir.

Soltansöýün Myralynyň sözüne gulak asman, Güle şygyr bilen habar gatypdyr:

«Belke aşny bulap, goýdy gatyksyz, nansyz».

Gül hem oňa özüniňki ýaly, şygyr bilen jogap beripdir:

«Barny bilmeý, ýokny bilmeý—ne ajap myhman siz».

Myraly Soltansöýüniň gulagyna pyşyrdap:

— Meniň diýenimi etmän, almytyňy aldyňmy? — diýipdir.

Olar köşge gaýdyp gelenlerinden soň, ýyldyz görenleriň perzentlerinden ikinji gyzyň Güldügini aňlap, Soltansöýün onuň enesine sawçy iberipdir.

Sawçylar baryp habar tutanda, Gül enesinden öňe düşüp:

— Meniň bahamy enem bilmez, özüm bilerin! — diýipdir.

Sawçylar gyzyň salgydyny soranda, Gül şu aşakdakylary sanapdyr:

— On guzy. Ýigrimi böri. Otuz iner. Kyrk aksakal. Elli aýgyr. Altmyş agta. Ýetmiş nogta. Segsen duşak. Togsan torba.

Soltansöýün sawçylaryň getiren habaryny eşidip, şol zatlary jemlämäge höküm bermekçi bolupdyr. Onda Myraly ara düşüp:

— Eý Soltanym, sen gyzyň akylly sözlerine düşünmediň — diýipdir.

Soltansöýün Myralynyň sözüne gatyrganyp:

— Şeýle bilimdar bolsaň, hany sen onda düşündir? — diýipdir.

— Soltanym, adam on ýaşynda guzy ýaly bolar, ýigrimisinde böri ýaly, otuzda iner ýaly, kyrkda akyl käsesi dolup-daşan ýaly, ellide aýgyr ýaly, altmyşda agta ýaly, ýetmişde nogtalanan ýaly, segsende aýagy duşaklanan ýaly, togsanda başyna torba geýdirilen ýaly bolýar. Gyz seniň, birinji ýandan, akylyňy synap görüpdir, ikinji ýandan, seni garry görüpdir.

Soltansöýün Myralynyň sözüne ynjap:

— Men näme üçin garry? Ol gyzyň özi bilen ýaşdaş dälmi? — diýip gygyrypdyr.

— Soltanym, dogry sözliň dosty bolmaýanyny bilýän. Şeýle-de bolsa, gatyrganmaň. Gülüň şindi gül ýapraklary bozulmandyr. Emma sen özüňi kyrka böldüň. Kyrkyň ýaşyny üsti-üsti hasaplasaň dokuz ýüz togsan dokuz hem bolar. Sen onsoň özüňi Gül bilen nähili ýaşdaş hasap edip biljek? Sen iň ýagşysy, onuň sözüne gatyrganmada, dilini tapmaga çalyş.

Gül dürli salgytlar, dürli synaglar bilen Soltansöýüni mazaly horlandan soň, ahyrynda Soltansöýüne özüni zorlap aldyrmaga mejbur edipdir.

Soltansöýün birnäçe günden soň, uzak ýola şaýyny tutup, Güle berk tabşyryk beripdir:

— Gül, sen eger güllügiňde galmak isleseň, meniň tabşyrygymy hökman ýerine ýetirersiň. Eger ýetirmeseň, onda seniň ne ýapragyň galar, ne-de ysyň. Men ýedi ýyllyk ýola gidýän. Men gaýdyp gelemde, sen ýedi ýaşly oglany, gara atyň ýedi ýaşly dölüniň üstüne mündürip, öňümden çykararsyň!

Patyşa gidenden soň, Gül çykgynsyz ýagdaýda galyp, iň

soňunda öz ýanyna kenizlerini çagyrypdyr. Soltanyň buýrugyny olara mälim edip, olardan maslahat sorapdyr. Kenizler oňa maslahat berip bilmän, biz diňe seniň buýrugyňy ýerine ýetirip bileris — diýip, mälim edipdirler. Gül otuz sany kenize erkek lybasyny geýdirip, olary otuz baýtala mündirip, yzyna tirkäp ugrapdyr. Ol baryp, Soltanyň goşunyndan açygrak bir ýerde düşüpdir. Ol iki sany kenizi erkek lybasynda, Soltanyň üstüne gönderip, mälim ediň diýipdir:

— Biziň hojaýynymyz bizi siziň üstüňize iberdi. Eger patyşa hezretleri merhemet etse, biziň hojaýynymyz size salama geljek.

Patyşanyň ygtyýar berenini gelip habar berenlerinden. Gül erkek lybasyna girip, Soltanyň üstüne barypdyr, yzzat-hormat bilen iki bükülip, salam beripdir. Soltansöýün gadyrly myhmana öz ýanyndan ýer berip, onuň bilen söhbede başlapdyr:

— Gelşiňiz nireden? Pişäňiz näme?

— Soltanym, biz söwdagär. Biziň haryt ýükli kerwenimiz gelýä. Biz otuz atly nöker bilen kerweniň öňüni çalyp ýörüs. Siziň şu töwerekde baryňyzy eşidip, siziň bilen salamlaşyp geçmegi özümize borç bildik.

— Hoş gelipsiňiz!

Olaryň gürrüňleri gyzyşandan soň, Soltansöýün ondan:

— Eý, söwdagär, siziň başga näme kesbiňiz, hunäriňiz bar? —diýip sorapdyr.

Gül oňa:

— Kem-käs küşt bilýän — diýip jogap beripdir.

— Onda küşt oýnaly.

— Örän ýagşy. Ýöne biziň ýurdumyzyň bir dessury bar: oýna başlananda, her kimi iň gowy görýän zadyny orta goýýar, utan alýar.

— Örän ýagşy dessur. Meniň iň gowy görýän zadym gara atym bilen şu başyndaky jygam. Utulsam, şulary bererin. Orta siz näme goýýarsyňyz?

— Meniň Çynmaçyndan saýlap-seçip alyp gelýän bir gyrnagym bar. Ony görmäge göz gerek. Sizden utulsam, şony bereriň.

Köşkden çykaly bäri aradan bir näçe gün geçeni üçin, Soltanyň gulagyna gyrnak sözi örän ýagşy ýarapdyr.

Oýun iki arada gyzykly gidip, Soltansöýün ahyrynda utulypdyr. Soltansöýün gara aty bilen täjini Güle berip, ertir ýene bir gezek oýnamagy haýyş edipdir.

Gül Soltansöýüniň täjini başyna geýip, gara aty bolsa baýtallaryna goýberipdir.

Ertesi gün küşt oýnanlarynda, Soltansöýün utupdyr.

Gül gyrnak sypatyna girip, özüni Soltansöýüniňkä eltdiripdir-de, üç gün geçenden soň, ýene bir bahana bilen alyp gaýtmaklaryny kenizlerden talap edipdir.

Güle gözi düşenden Soltansöýüniň huşy başyndan uçup, oňa el urmakçy boluňdyr. Gül Soltansöýüniň eline kakyp:

— Çek eliňi! Men gyrnak hem bolsam, şerg kanunyna görä nikalamasaň, meniň ýanyma gelmersiň! — diýipdir.

Soltansöýün giňişlik bir wagt bolsa, belki, ony harema taşladardy, emma häzir onuň şertine boýun egmäge mejbur bo-

lupdyr. Kazy hem ýazyp, Soltansöýün möhürini basypdyrda, «gyrnagyň» eline beripdir.

Aradan üç gün geçenden soň, kenizlerden biri erkek adam sypatynda gelip, Soltansöýüne ýüz tutupdyr:

— Soltanym, meni hojaýyn iberip. Maňa Soltanyň täjini geýmek, atyny münmek laýyk däl. Soltana-da gyrnak bilen goş birikdirmek gelişmez. Bu işi ilgün bilmänkä, öňki-öňkülik etseň, diýip, biziň hojaýynymyz size maslahat salýar.

Soltansöýün ol sözi makul bilipdir-de, «gyrnagy» yzyna gaýtaryp, aty bilen täjini getirdipdir.

Aradan aý, gün geçenden soň, Gülüň ogly, baýtallaryň-da gara atdan döli bolupdyr.

Aradan ýedi ýyl geçenden soň, Soltansöýüniň ýetip gelýän habary düşüpdir. Gül öz ogluny gara atyň dölüne ataryp, birnäçe tabşyryk beripdir-de, atasynyň öňünden ugradypdyr.

Gülüň ogly ýüz oglana baş bolup, gara atyň üstünde Soltansöýüniň öňünden çykypdyr.

— Essalawmaleýkim, ata!—diýip, Soltansöýüne baş egipdir.

Soltansöýün ol oglana haýran galyp:

— Kimiň oglusyň? — diýip sorapdyr.

Oglan atasyna şatlyk bilen garap:

— Soltansöýüniň ogludyryn! — diýipdir.

Soltansöýün atdan düşmäge mähetdel, gazap bilen

Güle bakan okdurylypdyr. Onuň gylygynyň geň däldigini aňlan Myraly onuň yzyndan galmandyr. Soltansöýün Gülden habar hem soraman, gylyjyny syrypdyr-da, Gülden eňtermekçi bolupdyr. Myraly ara düşüp:

— Soltanym, jellatlar hem sebäpsiz ar alýan däldir. Ilki bilen munuň sebäbini bilmeli— diýipdir.

Soltansöýün gazabyna çydaman:

— Çekil! — diýip gygyrypdyr.

Myraly onuň öňünde baş egip:

— Soltanym, sebäpsiz gan dökmegi ýüregiňe düwen bolsaň, goý ol bir bolmasyn, iki bolsun, öňi bilen meniň başymy kes! — diýipdir.

Soltansöýün Myralyny çapyp bilmän, gylyjyny aşak goýberipdir-de, gyryljyk ses bilen:

— Gül, ol oglany nireden aldyň?—diýip sorapdyr.

Gül şol ýagdaýa darykman, Soltana şan berip, şatlykly garapdyr:

— Soltanym, sen şikardakaň, söwdagär bilen küşt oýnapmydyň?

— Oýnapdym.

— Utulaňda näme beripdiň?

— Gara atym bilen täjimi beripdim.

— Utaňda näme alýadyň?

— Söwdagäriň gyrnagyny alypdym.

— Sen ol gyrnaga el urmakçy bolaňda, näme talap edipdi?

— Ähtnama.

— Sen ony beripmidiň?

— Hawa beripdim.

— Sen öz ähdiňi, möhrüňi tanarmyň?

— Horasanda meniň möhrümi tanamaýan barmy?

Gül Soltansöýüniň möhürli hatyny çykaryp berende, Güli özünden ökde, Myralyny özüniň çyn dosty hasap edipdir-de, olaryň ikisiniň öňünde başyny egipdir. Şol wagtda bökjekläp gelen ýedi ýaşly ogluny gujaklapdyr-da, mäkäm öpüpdir.

## Kim hakly?

Soltansöýün bir söý bilen ýazyň güni Horasanyň beýik dagynyň başyna çykanda, tas özüni sowuga aldyran eken. Ol şol dagyň baýlygyndan peýdalanyp bilmän, haýsy ýol bilen şol dagda adam ýaşar ýaly edip bolarka diýip oýlapdyr. Iň soňunda, gyşyň güni jar çekdiripdir.

— Kim Horasanyň beýik dagynyň üstünde, kyrk ýorganyň içinde bir gije ýatyp, ertire ölmän çyksa, şol adama Soltansöýün boýy bilen altyn berjek. .

Altyna gyzygan bir näçe adam şol dagyň üstünde janyny gurban beripdir. Myraly bir gün:

— Soltanym, şoňa men hem bir synanyp göreýin— diýipdir.

Soltansöýün oňa:

— Myraly, sen akmak bolma, men seniň janyňa dözemok, sen maňa gerek adam! — diýip, ony ibermekden boýun towlapdyr. Myraly meseläni kesgin goýupdyr:

— Soltanym, jan meniňki. Men öz janymy seniň meni söýüşiňden bir näçe ýesse köpräk söýýän. Meniň hem ölesim gelenok. Men diňe seniň niýetiňi ýüze çykarmak isleýän. Sen ýa-ha meni şol dagyň üstünde ýatyp turmaga goýber, ýa-da şertiňi yzyna gaýdyp al.

Soltansöýün Myrala rugsat bermekden başga çäre tapmandyr.

Myraly dagyň üstüne çykyp, kyrk ýorganyň otuz dokuzyny aşagyna düşäpdir-de, birini üstüne ýapynypdyr. Gije onuň endamy hem tikeneklemän, ertir turanda, gaýta çygjaryp oýanypdyr.

Soltansöýün ol waka haýran galyp, Myrala sowal beripdir:

— Myraly, sen dogryňdan gel. Gije ýatanňda ot gördüňmi?

— Hawa, bir menzil çenli günbatar aşak gapdalymda bir ot ýalpyldap görünýärdi.

— Hä, saňa onuň howry bilen özüňi gyzdyranja adam diýerler. Sen meniň şertimi ýerine ýetirmänsiň!—

diýip, Myrala altyn bermekden ýüz dönderipdir.

Günüň bir gününde Soltansöýün üçin Myraly gyssagly gerek bolupdyr. Myralynyň yzyndan adam iberende, Myraly oňa:

— Soltansöýüne aýt: men ýaňyja tüňçe oturtdym, şol gaýnandan soň, çaý içip bararyn — diýipdir.

Soltansöýün gyssanyp, yzly-yzyna näçe adam iberse-de, olaryň hemmesi şol jogap bilen gaýdyp gelipdir. Mahlasy, ýüz tüňçe gaýnar salym geçse-de, Myraly gelmändir. Iň soňunda Soltansöýüniň özi onuň üstüne barmaga mejbur bolupdyr. Ol baranda, Myraly oduň üç ädimlik beýlesinde tüňçe goýup, aýbogdaşyny gurup oturan eken. Soltansöýün oňa gaharlanyp:

— Eý akmak adam, heý üç ädimlikdäki tüňçä-de odun gyzgyny ýetermi! — diýip igenipdir.

— Eý soltanym, ber menzillikdäki ýanan ot meni gyzdyranda, üç ädimlikdäki ot tüňçäni gaýnatmazmy?

Soltansöýün özüniň utulanyny boýun alyp:

— Myraly, men seniň haklydygyňy bilýärdim, emma şoňa näme jogap taparkaň diýip, seni synap görmek üçin etdim. Altyn näçe gerek bolsa, açary seniň eliňde! — diýipdir.

Myraly oňa:

— Soltanym, sen altyndan doýmyşyň ýaly, Myralyny synamakdan hem doýmaýan ekeniň. Soňra ahmyr çekme. Myraly ölýänçä näçe soragyň bolsa beriber — diýipdir.

## Bu-da geçer

Myrala görip wezirler öz aralarynda maslahat edişip, iň soňunda ony ýoklamaň küýüne düşüpdirler. Olar onuň bilen gezmäge çykan kişi bolup, Myralyny çöl içinde bir guýa taşlapdyrlar.

Iki-üç günläp, Myralydan derek bolmandyr. Soltansöýün ony hiç ýerden tapman, belki, öýkeläp gidendir diýen oý bilen gaýgygama batyp, hiňlenip oturan eken.

«Gam bilen, gaýgy bilen soldy baharyň gülleri...»

Bir söý bilen şähere gelip, Soltansöýüniň aýdymyny eşiden çopan ony ýat tutupdyr. Soňra ol çopan meýdanda goýun bakyp ýörkä, Soltansöýüniň aýdymyny ýadyna salyp hiňlenipdir:

«Gam bilen, gaýgy bilen soldy baharyň gülleri...»

Çopan aýdymyny aýaklamanka, ýeriň aşagyndan şol aýdymy dowamlandyrýan ses çykypdyr:

«Dostuny çaýa salandyr, saýramaz bilbilleri...»

Çopan sesiň nireden gelýänini bilip bilmän, ol aýdymy hem ýadynda saklapdyr. Ol ýene şähere gelende, Soltansöýüniň «Gam bilen, gaýgy bilen soldy baharyň gülleri...» diýen aýdymyny eşidip, «Dostuny çaýa salandyr, saýramaz bilbilleri» diýip geçibermekçi bolupdyr.

Soltansöýün çopany saklap, ol aýdymy nireden öwrenenini sorapdyr. Çopan bolsa şol aýdymy çölde aýdyp ýörkä, onuň yzyny dowam edýän ses eşidenini aýdypdyr.

Soltansöýün işiň nireden gelip çykanyny derrew aňlap, wezirlerini öz ýanyna çagyryp, olaryň önünde şert goýupdyr:

— Size günortana çenli möhlet berýän. Siz şol möhletiň içinde şeýle bir söz tapyň, şol söz meni hem şatlandyrsyn, hem gynandyrsyn... Eger şol sözi tapmasaňyz, onda siziň baryňyzyň hakyňyz ölüm.

Soltanyň «söz» diýmekden maksady — Myralyny tapyň diýdigi eken. Emma oňa wezirler düşünmändirler. Olar öz aralarynda näçe göterişip, goýuşsalar-da, Soltany şatlandyryp, gaýgylandyryp biljek söz tapmandyrlar. Olaryň ajallary golaýlany üçin, ýene Myrala ýalbarmakdan başga çäre tapman, at başyny çekmän, onuň ýanyna barypdyrlar. Olar öz eden işlerine ökünýänlerini mälim etmek bilen, Soltanyň şertini aýdyp, özlerini goldamagyny, ony guýudan çykarjaklaryny, ol işi bütinleýin basyrmagyny ondan haýyş edipdirler.

Myraly olara bir söz öwredipdir.

Wezirler Soltansöýüniň huzuryna gelip, baş egipdirler. Soltansöýün olardan soranda:

— Bu-da geçer — diýip, jogap beripdirler.

Soltansöýün olaryň üstüne gygyrypdyr:

— Haramzadalar! Bu söz öz erkine adamyň agzyndan—siziň agzyňyzdan çykjak söz däl. Bu söz—ölüm öňündäki ýatan adamynyň sözi. Bu sözi kimden öwreneniňizi derrew aýdyň. Bolmasa, baryňyzyň ganyňyzy gotura derman ederin.

Wezirler ol sözi Myralydan öwrenenlerini, ony ondan ozal guýa taşlanlaryny boýun alypdyrlar.

Soltansöýün olara buýrupdyr.

— Siz guýy bilen arany gidişiniňiz ädimläp, gaýdyşynyňyz Myralyny gezegine arkaňyza göterip getiriň!

Myralyny göterip getirenlerinde, Soltansöýün wezirlerden ar almagy Myralynyň özüne tabşyrypdyr.

Myraly Soltasöýüne garap jogap beripdir:

— Eý soltanym, siz Myralyny näçe synlasaňyzam, siz ony entek tanap bileňzok. Myraly öz ýüreginde kitüw saklaýan adam däl. Size-de maslahatym şeýle, ar almakçy bolsaň, adam şekilli adamdan, özüň bilen deňdeş adamdan almaly. Her aýaga batan tiken üçin, eliňi gana bulap durmaň hem manysy ýok.

## Nirä harç edýäsiň?

Myraly öz öýüne Soltansöýüni hiç wagtda çagyrmaýan eken. Bir gün olaryň ýoly Myralynyň öýüniň duşundan düşende, Myraly ýene sesini çykarman, geçip gitmekçi bolupdyr. Emma Soltansöýün bu sapar dillenmän durup bilmändir:

— Myraly, seniň bir sapar hem öýüňe mürehet edeniňe men miýesser gelmedim. Munuň sebäbi näme?

— Onuň sebäbi: Soltansöýüniň Myralynyň ýaşaýyş halyndan habar almaýany üçin.

— Hany onda öýüňe baryp göreli.

— Ýörüň, Soltanym.

Soltansöýün içerik girip seredende, onuň gözüne hiç bir zat ilmändir. Öýüň üstünden müň daş oklasaň, biri galman içine düşerli. Myralynyň aýaly düşeksiz öýde, takyr deriniň üstünde ik egrip oturan eken. Soltansöýün onuň Myralynyň öýüdigine ynanman:

— Bu öý kimiň öýi? — diýip, oturan aýaldan sorapdyr.

— Soltanym, bu öý siziň baş weziriňiz Myralynyň öýüdir.

— Siz näme üçin beýle hor ýaşaýarsyňyz?

— Hudaýa şükür. Janymyz sag. Etmäge ýarpasyna iş tapýas.

— Men seniň äriňe aýda ýüz tylla aýlyk berýän. Ol pullar nirä gidýär?

— Soltanym, nireden ýygnanýan bolsa, belki, şol ýerlere gidýändir? Biz-ä şu öýde ýokaryk seretsek, ýyldyz, aşak garasak, şu takyr deriden başga hiç zat görýän däldiris.

Soltansöýün Myrala sowal beripdir:

— Eri, Myraly, haznadan alýan puluňy öýe getirmän, nirä harç edýäsiň?

Myraly:

— Şol puluň nirä harç bolýanyny bilmek isleseň, meniň yzyma düş! — diýipdir.

Soltansöýün onuň bilen gitmäge razylaşanda, Myraly oňa şert goýupdyr:

— Meniň esbabymy sen geýmeli, seniňkini men. Meniň atymy sen münmeli, seniňkini men. Sen yzdan ýöremeli, men öňden.

Soltansöýün oňa-da razy bolupdyr.

Olar şäheriň çetinde, bir topar maýyp-müjrübiň üstünden barypdyrlar. Ol ýeri — özüni oňarman, ile geregi bolman, ilden saýlanyp çykan bagtsyzlaryň ýeri eken. Myraly soltan sypatynda atyny öňden sürüp barany üçin, ony tanaman, duşlaryndan geçiripdirler. Emma Myralynyň geýimindäki Soltansöýüniň daşyna üýşüpdirler. Onuň biri atyny jylawlap, biri aýagyndan, biri elinden ýapyşyp, atdan göterip düşüripdirler.

— Gözümiziň göwheri, derdimiziň dermany Myraly geldiňmi? Alla saňa uzak ömür bersin? — diýip, Soltansöýüni geplemäge, gymyldatmaga-da goýmandyrlar.

Soltansöýün bogazyna sygdygyndan gygyrypdyr:

— Aý Myraly, ýeteweri! Seniň puluň nirä harç bolýanyny men indi bildim. Bularyň patyşasy men däl-de, sen ekeniň.

Myraly maýyp-müjüriplere garap, Soltansöýüni tanadypdyr:

— Soltansöýün siziň üstüňize siziň halyňyzy soramaga geldi. Siz ondan näme hajatyňyz bolsa diläň.

Maýyp-müjüripler Soltansöýüniň daşyna ýamaşgandan geçipdirler. Onuň daşyna ýag garynjasy ýaly üýşüp, endam-janyndan, geýim-gejiminden ogşap başlapdyrlar.

Agyr ýagdaýda galan Soltansöýün Myrala:

— Näme alsaň al-da, meni bularyň elinden sypdyr! —diýip ýalbarypdyr.

Myraly:

— Maýyp-müjüripler, körler-şeller üçin ýörite jaý saldyryp, harjyny döwlet hasabyna götererin diýseň boşadaýyn— diýip, şert goýupdyr.

Aýylganç ys başyny aýlan Soltansöýün:

— Onuň üstüne maýyp-müjüripleriň serkerdesi Myralynyň öýüni hem täzeläýiň!—diýip, boýun bolupdyr.

## Nätmek gerek?

Soltansöýün gara aty bilen Gül atly aýalyny bütin dünýä deňeýän eken. Ol olaryň ölümini gözüniň öňüne getirip bilmän, bir gün wezirleriniň ýanynda:

— Kim gara atym bilen Gülümiň ölen habaryny maňa ýetirse, şol adamynyň jany howp astynda galar! — diýen eken.

Nirede jan bolsa, şol ýerde ölüm hem bar. Gara atyň bir gün demi gelip-gitmesi kesilen eken. Wezirler ol habary Soltansöýüne mälim edip bilmän, ony duýdurmagy Myrala ýalbaran ekenler.

Myraly Soltansöýüniň ýanyna baryp, ýüzüni aşak salyp, sortduryp durupdyr. Soltansöýün ondan:

— Eri Myraly, bu nä boluş! Bu saňa gelişjek häsiýet däl-le. Munuň sebäbi näme? —diýip sorapdyr.

Myraly başyny galdyryp, şygyr bilen mälim etmäge durup-

dyr:

Gara atyňyz ýatypdyr,
Aýaklaryny atypdyr,
Gulaklary gatypdyr...

Soltansöýün onuň sözüni kesip:
— Öldi diýseň bolmaýarmy? — diýipdir.
Myraly oňa garap:
— Soltanym, «öldi» habaryny biz-ä özüňden eşidýäris! — diýipdir.
Soltansöýün bir az salym ýüzüni aşak salyp oturandan soň:
— Beýle diýmek bilen, meniň janymy howp astyna salmak isleýärmiň? — diýipdir.
— Ýok, Soltanym, öz janymy howp astyndan sypdyrmak isleýän.
— Aýyby ýok. Gara at ölen bolsa, gyr at ölmändir.
Goralan göze çöp düşer diýen ýaly. Soltansöýüniň iň
gowy görýän aýaly Gül hem bir gün aradan çykypdyr. Wezirler ol habary Soltansöýüne aýdyp bilmän, ýene Myrala ýalbarypdyrlar. Myraly Soltansöýüniň ýanyna baryp, baş egipdir:
— Soltanym ygtyýar berse, bir setir şygyr bilen sowal berjek.
— Rugsatdyr.
«Serwi agajynyň saýasynda solsa Gül, nätmek gerek?»
Soltansöýün hem oňa şygyr bilen:
«Serwiden tabyt kylyp, gülden. kepen etmek gerek»— diýip, jogap beripdir-de, ýüreginiň awusyny çydap bilmän, öwhülläp dem alypdyr:
— Wah! Gül öldi diýseň bolmaýarmy?
— Gül öldi diýsem, öz ölümimiň gursagyma pyçak direjegi ýadyma düşdi.
Soltansöýün ýöne bir soltan bolman, Myralynyň yzyny basyp ýatan şahyr ekeni. Ol Gülüň gaýgysy bilen, pelekden şikaýat edip, şu aşakdaky şygry goşupdyr:

Çarhy bet mähriň elinden eýlerem men dady, heý!
Çünki kyldy bizni gamgyn özgelerni şady, heý!
Nije ýyllyk aşnamyz boldy bizden ýady, heý!
Sernigun olmuş, ýatyr, ol kamaty şemşady, heý!
Jennetiň burçundaky tubumny ýykdyň bady, heý!

Pyrkat eýýamynda Mejnun şunça köp lap urmasyn,
Hijri, derdi, dagyny hiç kimse menden sormasyn,
Mert eger tohmun ekip, bimahal sowuk urmasyn,
Tiz göteriň jismini, çyksyn ki, çeşmim görmesin,
Tabytyn tizräk ýonup, gönderewer harradi, heý!

Ýary kim kyldy sapar, hijrana dözseň wagtydyr,
Pyrkatyndan ýaş döküp, bagryňny ezseň wagtydyr,
Ýagşylarnyň husny bardyr, bir gül üzseň wagtydar,
Leýliýu Mejnun sypat diwana gezseň wagtydyr,
Jany Şiriniň çykyp, çyksyn gözüň Perhady, heý!

Hapyzy dek göwsüňe daş urmadyň Soltansöýün!
Akdyryp eşki rowanyň ýörmediň Soltansöýün,
Ol ki teslim kyldy jan, sen kylmadyň Soltansöýün!
Ýar bilen göre neçün girmediň Soltansöýün!
Täki dünýä bar eken. galardy senden ady. heý!

# Mazmuny


TÄSINJE OGLAN 3
PIONER ÖÝ HOJALYGYNDA 4
MELEJE 9
NÄRAHAT GYLYK 12
ATASYNYŇ OGLY 21
ERTEKI DÄL, HAKYKAT 34
BATYR 45
YHLASA—MYRAT 75
ÇEKIŞMÄN — BEKIŞMEZ 92
JAPBAKLAR 112
JONNUK BATYR 185
MYRALY BE SOLTANSÖÝÜN 194